A t a j a n   T a g a n

# O G U L

(çeper filmiň ssenariýsi)

AŞGABAT—2008

*

Waka 1988- 90-njy ýyllarda bolup geçýär.
Ýetmiş ýaş töwereklerindäki, entek daýanykly bolsa-da, eli taýak-hasaly, üst-başy tämiz, çep aýagynyň üstüne çalarak agsaýandygy bildirýän Gyzdurdy ene arassa şäher köçesiniň ýanýolçasy bilen gidip barýar.Ol öz içki pikiri bilen gümra, keýpi çag, bir zatlara begenýän ýaly dodaklaryny müňküldedýär, çalarak ýylgyrýar, iş-aladasy bulen geçip barýan nätanyş adamlara-da, olar üns bermeseler-de, ýylgyryp seredýär.Ol bir ýere howlukýan ýaly. Birdenem ol soňky gabat gelen ýaş ýigidi ýolundan saklaýar.Gyzdurdy enäniň ýaş ýigitden bir zat soraýandygy bildirýär.Ýaş ýigit golaýdaky kaşaň jaýa tarap elini salgaýar.Oňa herekedi bilen minnetdarlyk bildiren garry ýoluny dowam edýär.

Gyzdurdy ene ýüzüne "Geologiýa gözleg işleri" diýlip ýazylan jaýa girip gidýär.Ol gapyda oturan nobatça-da üns bermän, ondan rugsadam soraman, aňyrlygyna ýöräberýär. Gözi äýnekli, inçeden uzyn ýaşuly nobatçy eli hasalay garrynyň yzyndan ýerinden turup seredip galýar. "Rugsat-beýlekem soranog-aýt. Kimiň ýanyna barjagynam aýdanok.Özi bu ýeriň hojaýyny ýaly".

Biziň kempirimiz uzyn zal bilen gidip baryşyna, ýene bir öňünden çykandan salgy alyp: "Başlygyň kabulhanasy" diýlip ýazylan mähnet gapyny zordan açyp içerik girýär. Başlygyň kömekçisi, görmegeý ýaş gyz gelene geň galyp seredýär.Kempir oňa onçakly üns hem bermän:
--Başlyk barmy?—diýip soraýar.
--Bar—diýip jogap gaýtaran gyz uly gapa tarap seredýär.
Gyzdurdy ene şol gapa tarap ýönelende, ýerinden haýdap turan gyz kempiriň ýoluna böwet bolýar.
--Girmek bolanok, garry. Başlygyň ýanynda adam bar.Her gelen adam kürsäp giriberse, başlygyň öz işini etmäge mümkinçiligem bolmaz. Öňi bilen-ä siz

kimdigiňizi, nireden, näme mesele bilen gelendigiňizi aýtmaly.Girmäge rugsat soramaly.Düzgün şeýle. Başlyk häzir zerur bir meseläni çözýär.Garaşyň!

--Men Aşgabatdan geldim, gyzym…Maňa Gyzdurdy ene diýýäler.

--Aşgabatdanam bolsaň, Gyzdurdy ene diýselerem, barybir, garaşmaly bolar. Garaşyň.

Gyzdurdy ene ýüzüne dermatin örtülen diwanda aýak epýär. ”Garaşyň” diýýäň. Men kyrk ýyllap garaşdym ahyryn, garagöz. Kyrk ýyl bäri! Şonam az görýäňmi sen?”

Gyzdurdy enäniň ýatlamasy: Agşam ýeke perzendiň doglan gününe çagyrylan myhmanlary ugradan Gyzdurdy bilen Orazly taýly gezek çaganyň başyndan sypaýar.Gyzdurdy: “Ine, Atamerdan jan, bu gün bäş ýaşyň doldy.Myhmanlar saňa näçe gowlyk arzuw etdiler. Arzuwlar hasyl bolsun!”.
ORAZLY: “Ýene iki ýyldan birinji klasa okuwa gidersiň.Ilkinji gün seni mekdebe özüm alyp giderin”.
GYZDURDY: “Ýatar wagtyňam boldy, Atamerdan jan. Sen ukla, menem gap-gaçlary ýuwuşdyraýyn”.Ene çagany öz krowatynda ýatyryp çykyp gidýär.

Gijäniň birmahaly ýer titreýär. Jaýyň üsti aşak çökýär. Apy-tupan, goh-galmagal, perýat. Alagaraňkylyk.Ölmän abat galanlar ýaralananlara, kesek astynda galanlara hossarlyk etmäge başlaýarlar.Gyzdurdynyň özi bir aýagyny döwdürip ölmän sypýar, adamsy welin kesek astynda galýar.Ol aýagyny tutup uwlap ýatyrka; “Atamerdan nirede? Çagany tapyň!” diýip gygyrýar. Aman galan Atamerdany goltuklap göterip barýan uzyn donlumy ýa-da halatly halas edijiniň ýanyndaky eli kagyzly biri “Oglanyň ady näme?” diýip gygyrýar.Gyzdurdy agyly ses bilen “Atamerdan Orazly” diýip jogap berýär.Gyzdudy adamsynyň heläk bolandygyny ertir, gün dogansoň, kesek astyndan onuň jesedi tapylanda bilip galýar.

Ýatlama gutaransoň, Gyzdurdy ene öz aladasy bilen gümra bolup oturan owadan gyza alarlyp seredýär.Içgepletme: “Sen, garagöz gyzym, meň gören günümiň ýüzden birinem görme. Görjegiň gowulyk bolsun.Ýöne sen kyrk ýyl bäri gözlenen ýeke perzendime sataşmaly ýoluma böwet bolmaly däl ahyryn.Men ony kyrk ýyllap gözledim…”

Gyzdurdynyň ýatlamasy: Gyzdurdy otuz ýaşlarynda.Haýsydyr bir şäherde otludan düşen gahryman gelen şäheriniň çagalar bagyna barýar.Oňa Atamyrat, Atagurban, Atadurdy atly, Orazow, Orazgulyew familiýaly oglanlary görkezýärler. Ol çagalaryň özüniňki däldigini Gyzdurdy şobada seljerýär.

Ýollar.Ýodalar.Köçeler.Ýanýodalar…Gyzdurdy kyrk ýaşlarynda. Haýsydyr bir raýon merkezinde awtobusdan düşen gahryman gelen ýeriniň çagalar öýüne barýar.Ýene şol öňki ýatlamadaky ýagdaý gaýtalanýar… Otlynyň, awtobuslaryň tigirleri ýol külterleýär.Gyzdurdy otluda.Gyzdurdy awtobusda. Gyzdurdy kä ýük

maşynyň kabinasynda, kä sandygynda, kä pyýada. Hemişe, hemme ýerde-de Atamerdanyň keşbi onuň göz öňünde.Emma özünden derek ýok…

Gyzdurdy bir çagalar öýüniň derwezesinden girende, eýýäm on-on iki ýaşly Atamerdana sataşýar. Oglanyň bedeni berdaşlanyp, ýigit çykyberenem bolsa, ýüzi, esasanam gara gözleri üýtgemändir. Özüni bagty çüwen hasaplan ene oglana tarap ýykylyp-sürşüp atylýar.Emma iki ädim aralyk galanda, Gyzdurdy aýagy duşaklanan ýaly bolup doňup galýar.Atamerdana meňzeş oglanyň ýüzi başga bir oglanyň ýüzüne öwrülýär. Der basyp ysgyndan gaçan ene özüni skameýka goýberýär.Ony görensoň, bir bulgur suw alan terbiýeçi aýallaryň biri oňa tarap ylgaýar. "Bir zadyňy ogurlatdyňmy, aldyrdyňmy, daýza?" Gyzdurdy tassyklap baş atýar: "Men ýüregimi aldyrdym, ýüregimi!" Mana oňly düşünmedik terbiýeçi egnini gysýar….

Ýollar, ýodalar, mekdepler, çagalar öýleri… Keýpsiz Gyzdurdy bir mekdebiň sport meýdançasynda oýnap ýören oglan- gyzlary esli salym synlap duransoň, öz-özüne "Atamerdan ýok" diýip pyşyrdaýar, gulagynda bolsa "Eje, men bar. Gözläber. Taparsyň.Men bar" diýen ses ýaňlanýar. "Gözüm görmesini, aýagym ädilmesini goýýança men seni gözlärin, balam".

Gyzdurdy gartaşypdyr.Ol öz öýünde çagalar öýlerine, redaksiýalara ýazylan haýyşlaryna gelen jogap bukjalaryna seredip otyr.Gaşýetleriiň bolsa çagalar öýlerinde alnan suratlary çap eden onlarça sany bar…

…Ýatlama gutarýar.Başlygyň huzuryna garaşyp oturan Gyzdurdy ene sumkasyndaky bäş-alty sany gazetiň birini çykarýar-da, eli kaskaly, işçi eşigindäki ýigidiň keşbini synlaýar. Suratyň aşagyna "Burawçy Atamerdan Orazow" diýlip ýazylypdyr. Suraty synlaýan garrynyň ýüzi göz-görtele ýaşalýana meňzeýär.Ol hekgerýär, garran bedenine täze güýç goşulýan ýaly bolýandygy bildirýär.

Kän garaşdyran gapy ahyr açylýar.Gyzdurdy ene başlygyň ýanynda gaty kän oturyp çykyp giden adamy nägile nazary bilen ugradyp goýberýär.Ol ýerinden turanda, ondan öňürti gapa baran kömekçi gyz: "Duruň!" diýip içerik girýär-de, gapyny aňyrsyndan ýapýar. Nägile garry: "Men ýene garaşmaly!" diýip içini gepledýär.Owadan gyz peýda bolýar-da, gapyny açyp berip:
--Indi giräýiň, garry!—diýip, Gyzdurda ýylgyryp seredýär.
"Häliden şeý diýmelidiň-dä!" diýip içini gepleden enäniň ýüzi ýagtylýar.

Giň kabinetiň töründäki stoluň başynda keýpsiz oturan garamurt adam, salam-a berse berdi welin, huzuryna geleni sowuk-sala garşylaýana meňzedi. Eli gazetli Gyzdurdy ene: "Kyrk ýyl mundan ozal Aşgabatda ýer titredi.Biziň obamyzam şähere egin diräp otyrdy…" –diýip habaryna başlaýar.

Gyzdurdy enäniň gepleýşiniň fonunda Aşgabat ýer titremesiniň kabir kartinalary garamurt başlygyň göz öňünde janlanýar.Jaý ýykylýar.Gyzdurdy aýagyny tutup

ýatyr. Atamerdany kimdir biri göterip alyp barýar.Gyzdurdy gygyryp galýar.Gün dogansoň Gyzdurdynyň adamsynyňam jesedini gara mata dolap alyp gidýärler.Weýran bolan şäheriň depesinde samolýotlar aýlanýar.Esgerler adamlary halas etjek bolup ýykylan jaýlary dörýärler…

Gyzdurdy enäniň elindäki gazýet garamurt başlygyň eline geçýär.Ol Atamerdanyň suratyny baş ýaýkap synlansoň, derrew ýerinden turup kempiri gutlaýar,elini gysýar.

--Bu täsin waka, ene. Ýöne, Atamerdan bilen duşuşmak üçin üç gün-hä garaşmaly bolar.

Garaşylmadyk habara garrynyň gözleri petreýär.

--Aýdýan gepiň manysyna özüň düşünýäňmi, garagöz!? Heý, ýene üç günläbem garaşyp bolarmy? Men oňa çydaman.

--Kyrk ýyl garaşypsyň, ýene üç gün çydamaly bolarsyň.

--Ol bolmaz, ogul. Sen meň ýagdaýyma düşün…

--Men ýagdaýyňa düşünýän welin, Atamerdanyň işleýän ýeri bu ýerden iki ýüz kyrk kilometr.Tä barýançaňam aňňat-aňňat alaňlar, çägelik, ýol-ýoda ýok.Men beýle şatlykly günüň hormatyna seni maşynly ugradybam bilerdim. Ýöne, garry, sen o ýollara çydamarsyň. Özümä, entek ellä-de ýetemok welin, iş bilen şol ýere gitmeli bolamda-da, öňünden ýaýdanyberýän. Üç günden Atamerdanyň topary nobatçylgy gutaryp gelmeli. Saňa, ene, gitmekden garaşmak amatly bolar. Gül ýaly myhmanhanamyz bar…Myhmanhanany islemeseň, meniň çagalarymyň arasynda boluber

--Men, dünýäm, tutuş ömrümi şoňa garaşyp geçirdim ahyryn…

Gapydan giren çypar sary adam başlyk bilen garrynyň gürrüňiniň arasyny bölýär.

--On altynja gaty gyssagly halda generator ýetirmesek, iş togtaýar, başlyk.Jaň etdiler.

Ýerinden laňňa galan başlyk ýumrugyny stola urýar, başyny ýaýkaýar.Iki adamyň iş meselesi barada gürrüňleşip durka Gyzdurdy ene içini gepledýär: “Bu adamlaň ogly-gyzy ýokmyka? Çagalaryndan aýra ýatyp görmedilermikä?”

Çypar sary adam çykyp gidensoň, başlyk Gyzdyrda ýüzlenýär.

--Garry, sen gorkman, wertolýota münüp bilermiň?

--Wertolýot diýýäniň şahly uçarmy?

--Hawa.

--Wah, men ýerde-de hasa bilen ýöreýän ahyryn…

--Ýogsam ogluň bilen şu gün duşuraýjakdym. Barybir biz ol ýere wertolýot ýollamaly bolduk.Garaşylmadyk ýerden. Bir sagat çemesi wagtyň içinde eltip taşlardy…

--Oglumyň ýanyna ýetirjegini bilsem, wertolýot däl, men şeýtanyň üstüne münmäge-de razy.

--Sertolýotam edil şeýtan ýaly. Şahlaram bar—diýip, başlyk “loh-loh” gülýär.—Şeýtanyň şahyndan ýapyşyp uçup baryşyň göz öňüme gelýär…

Garamurtyň öňündäki telefon jyrlaýar.Başlyk başga dilde gepleşýär.Gepleşigiň arasynda Atamerdanyň adynyň tutulandygyny eşiden ene tisginip gidýär, başlyga

tarap üşerilip seredýär.Trubkanyň agzyny bir eli bilen tutan başlyk Gyzdurda ýylgyryp garaýar.
--Häzir seni ogluň bilenem gepleşdirjek, garry.—Azajyk garaş.Häzir ony telefona çagyrarlar.
Gyzdurdy: "Men hemme ýerde garaşmaly bolaýýan-da!"
Başlyk jaýyň içini ýaňlandyryp gygyrýar:
--Gutlaýan, Atamerdan! Seň ejeň tapyldy.Aşgabatdan ýörite gelipdir. Meň ýanymda otyr.Sen oňa meňzäbem dursuň. Ynha, baranda özüňem meň aýdýanymy tassyklarsyň, arkadag.
Gyzdurdy tekepbir görnüşe girýär: "Meň oglum bolsa, elbetde, maňa meňzär-dä!"
Başlyk telefon gepleşigini dowam edýär.
---…Generator eltmeli wertolýot bilen ýanyňa iberýän.Toý şaýyňy tutuber.Ýöne bu hoş habary kimiň öňürti buşlandygyny welin unutmagyn, arkadag!—Trubka garra tarap uzaýar.—Hany, gepleş!
Garrynyň eli öňe uzanam bolsa, sandyraýan barmaklary diýen etmejek bolýar.Trubkanyň gulaga tutulýan ýeri onyň kä ýaňagyna degýär, kä maňlaýynda oýnaýar.Telefonda "Alýo?" ýaňlanýar.
--Balam, Atamerdan ja-an!—diýen jogap jaýy dolduryar.Trubka garrynyň elinden gaçýar. Ol özüni oturgyja goýberensoň, zordan ýykylman oturýar.
Başlyk garra tarap ýylgyryp seredýär."Men saňa düşünýän, garry!"

Wertolýot asmanda.Ömründe ilkinji gezek ýerden aýagyny üzen ene özüni erbet duýýar.Wertolýotdaky işçiler oňa ýardam edýärler.
--Gaýrat et, ene! Ynha, derrew aşak düşeris.
--Kyrk ýyl garaşypsyň, ýene on minut gaýrat et.Ýogsam…--diýip, biri degişjek bolýar.
Gyzdurdy ene zordanam bolsa, ýylgyryp jogap berýär.
--Ölmen.Ölsemem ýere düşemsoň, oglumy bir gezejik görüp ölerin.Meň kyrk ýyl bäri hudaýdan dilegim şoldy.
--Hudaý dilegiňi kabul etdi. Senem biziň dilegimizi kabul et-de, azajyk saklan!
Aýnadan aňňat-aňňat depeler görünýär.Uzakdan takyryň gyrasynda ýalňyz oturan nebit skwažinasy göze kaklyşýar.

Skwažinanyň golaýyndaky wertolýotyň düşmeli ýeri. Atamerdan hem onuň işdeş ýoldaşlary uçary garşylamak üçin ýygnanypdyrlar.
Işçileriň biri Atamerdana ýüzlenýär.
--Ejeňi gözläp, seňem-ä ýüz titmadyk, hat ýazmadyk ýeriň galmandy welin…
Beýleki işçi:
--Ynha, gözlenende tapylmadyk ene indi oglunyň üstüne özi uçup gelýär.Nesibe-dä.Hiçden giç ýagşy. Muňa-da begenmeli.
Ýene bir işçi:
--Begenmek diýen gepiň az bolýar.Atamerdan Balkan daglaryny sandyradyp toý tutmaly bolar!

Uzakdan sudury görnen wertolýotaa tarap seredip duran Atamerdan hem geçmişiniň käbir sahnalaryny ýatlaýar:

“Atamerdan çagalar öýünde.Ol özi duşdaş oglan bilen bu ýere gelen ýat aýallary synlap, ejesini gözleýär. Geçip barýan bir aýalyň özlerine tarap seredenini gören ýoldaşy Atamerdana ýüzlenýär.
--Şol aýal saňa tarap seredýär welin…
Atamerdan:
--Ýok, ol meň ejem däl. Meň ejemiň çep ýaňagynda peşehordanyň yzy bardy. Ejemiň ýüzüniň tegelekdigi hem ýaňagynda peşehorda yzynyň bardygy ýadymda. Diňe şol iki zat ýadymda saklanypdyr.Wagt adamyň ýüzüni süýrelip, tegeläp ýüýtgetse-de, peşehordanyň yzyny hiç mahal ýitirip bilmez…

Atamerdan şäher köçesiniň ýanýolçasyndan barýar.Aňyrdan oňa tarap bir aýal gelýär.”Belki şoldur!” Deňinden geçip giden aýalyň ýüzünde peşehorda ýok… Awtobusda bir aýal aňyrsyny bakyp otyr.Atamerdanda ol aýalyň ýüzüni görmek höwesi döreýär.Ulagyň yz tarapynda duran Atamerdan ýuwaş-ýuwaş ädimläp, aňyrsyny bakyp oturan aýalyň öňüne geçýär.Assyrynlyk bilen onuň ýüzüne seredýär. “Ejem däl”…

Awtobusdan düşüp gidip barýan Atamerdan içini gepledýär: “Belkem, ejem bireýýäm dünýäden ötendir? Ýogsam men özümiň çep ýaňagy peşehordaly aýalyň ogly bolmalydygymy gazýete-de ýazdym ahyryn…”

Wertolýotyň perleri pyrlanmasyny goýup, açylan gapysyndan Atamerdana ozaldan tanyş iki sany adam görünýär. Atamerdan tolgunýar: “Ejem meni tanarmyka? Tanasa näder? Men näderkäm?”

Elinden tutulyp ýere düşürlensoň, köpüň içinde duran daýaw adama gözi ilen garry hasasyny hem taşlap oňa tarap okdurylýar. Emma Atamerdandan hiç hili hereket bolmaýar.Garrynyň tomaşaça ( Atamerdanyň nazary boýunça) uly planda görkezilen ýüzünde peşehordanyň yzy ýok. Aljyran Atamerdan içini gepledýär: “Ýok. Sen meň ejem däl. Atylyp gelseňem, men seniň ogluň däl. Sen başga bir ogluň enesi.Menem başga bir enäniň ogly… Men indi näme etmeli? Hakykaty aýdaýsam ceniň ýüregiň ýarylar.Aýtmasamam…”
--Tolgunmakdan ýaňa gymyldap bilmän duraýt bi!—diýip, ýoldaşlarynyň biri Atamerdanyň arkasyndan itekleýär.Atamerdanyň uly planda görünýän çaň basan adikleriniň gonçlary gymyldasa-da, başlygy duran ýerinden süýşmeýär. Atamerdanyň dodaklary çalaja gymyldaýar: “Näme etmeli?”
--Bala-a-m!—diýen çirkin ses çägeli çöli endiredýär, nebitçileriň ýüzlerinde tolgunma alamatyny döredýär.

Boýnundan asylsa-da, agramy bardygy hem bildirmedik garry göwre kyrkdanam geçen adamy tolgundyrýar.Atamerdanyň gözlerinde ýaş damjalary görünýär. Ol töweregine garaýar.Ümüriň içinde ýaly bolup görünýän ýoldaşlarynyň hemmesi

müzzeren çaga meňzäp, ýüzlerini aşak salyp durlar.Wertolýotyň alkymynda duran daýaw uçarman hem elýaglygyny gözüne ýetirýär.

Atamerdanyň boýnundan gujaklap asylyp duran enäniň hortaň barmaklary ýuwaşjadan ýazylýar. Garry göwre aşak sallanýar.Emma Atamerdan ony ýere ýetirmän saklaýar.Ylgap gelen biri köne penjegini çykaryp, garrynyň kellesiniň astyna ýassyk edýär.

Işçilerden biri gözlerini süpürýär.

--Kyrk ýyldan soňky duşuşygyň netijesi şeýle bolmalam-da!

Gyzdurdy enäniň ýüzüne garap oturan Atamerdan hasratly ýylgyrýar.Ýylgyryşyň manysyna özleriçe düşünen işçiler Atamerdanyň şatlygyna goşulyp hoşal bolýarlar.

Ýüzüne "lkinji medisina kömegi" diýlip ýazylan gapyrjakdaky käbir dermanlar bilen garryny özüne getirmäge synanyşýarlar.Emma netije bolmaýar

Gyzdurdy enäni göterip wertolýota mündirýäler. Onuň gözi ýumuk.Garryny götermäge kömekleşen işçi daş çykanda degşip gidýär.

--Ogluňa çykdajy çekdirmejek bolup, bizi toýdan mahrum edäýmegin, garry!

Sertolýot gelen yzyna tarap uçup barýar. Gözleri ýumuk enäni Atamerdan gujaklap otyr. Wertolýot şäher aeroportuna gelip gonýar."Tiz kömek" maşyny garaşyp dur.Atamerdan Gyzdurdy enäni gyjaklap düşürýär. Lukmanlar oňa kömege ýetişýäler.

"Tiz kömek" şäher keselhanasynyň gapysyna gelip saklanýar.Götergiçde ýatyrlan Gyzdurdy enäni lukmanlar keselhana alyp girýärler.

Atamerdan ukuda ýaly bolup, gözi ýumuk ýatan garrynyň ýüzüne garap otyr. Gelip duran şepagat bajy oňa ýüzlenýär.

--Garrynyň haçan özüne geljegi belli däl. Gözüni açsa, doktorlar derrew halyndan habar alarlar. Siz öý telefonyňyzy goýuň-da, aladaňyz bilen boluberiň. Biz bu ýerde näsagy ýeke goýmarys.

Atamerdan öz öýüniň işigine ýetip gelýär. Gapydan eli pökgüli atylyp çykan on ýaşlaryndaky Balkan: "Eje, kakam geldi!" diýiip gygyransoň, Atamerdan bilen gujaklaşýar.Ol kakasy bilen öýe tarap ýönelende, Atamerdan:

--Sen stadiona gidiber, Balkan. Türgenleşigi sypdyrma. Geleňsoň gürleşibereris.

Iç işikde Atamerdany aýaly Ýazgül garşylaýar.Är-aýal duşuşygy.Atamerdan aýalynyň ýaňagyndan ogşaýar.

--Gaty ýadow hem aladaly görünäň-le, Atamerdan?

--Sen ýadowlygymyň sebäbini sorama-da, näme üçin wagtyndan ir gelenimiň sebäbini sora, Ýazgül.

--Şol sowal-a edil dilimiň ujunda welin, adamsy öýe gelmeli wagtyndan ir dolansa, aýaly hem onuň sebäbini sorasa, birhiliräk boljakd-a.
--Ol “birhiliräk” bolsa “Näme boldy?” diýip soraý.
--Soradygym-da.
--Araky gazýetde çykan suratymy görüp, meni öz ýiten ogly diýip kabul eden bir garry aýal, Aşgabatdan ýörite gelip, meniň yzymdan bardy…

Atamerdanyň aýalyna berýän düşündirişi çöle wetolýotyň baryşy, garrynyň garşylanyşy, düşen ýagdaýy, onuň şäher keselhanasyna getirlip ýerleşdirilişiniň sahnalary çalt hem gysgaldylan nusgada gaýtalanýar.Ol kartinany göz öňünden geçiren Ýazgül gaýnan çäýnegi demlemän söndürýär-de, stol başyna geçip aňk bolup oturýar.
--Ýaňagynda peşehordanyň goýan yzy barmy?
--Gepem şonuň ýoklygynda-da.
--Sen o barada garrynyň özüne aýtdyňmy?
--Nätjegimem bilmedim birbada. Onsoňam, garry bilen gepleşibem boljak däldi. Ol häzirem özüne gelenok. Gözünem açanok. Lukmanlar-a howply zat ýok diýýärler…
Esli dymyşlykdan soň Ýazgül gepleýär.
--Peşehorda barada eşitdirmäniňem gowy bolupdyr.—Adamsy özüne sowal bilen garansoň, aýaly pyşyrdap dowam edýär.—Şu mahal men özümi şol garrynyň ornunda goýup görýän…
--Eýsem ýalan sözlemelimi?
--Çynam sözleme, ýalanam sözleme.
--Bu meselede geplemeseňem ýalan sözledigiň bolar ahyryn… Hawa-da, adama ýagşylyk edip bolýan bolsa… O pahyryň näçe gün ömrüniň bardygam bir Hudaýa belli. Aşgabatda ýer yranaly bäri hem kyrk ýyl geçip ýör…
--Peýdasyz hakykatdan peýdaly ýalan gowudyr diýjek bolýaňmy?
Atamerdan aýalynyň ýüzüne garap oturýar.Ýazgüliň ýaňagyndan gözýaş togalanýar.Atamerdan ýüzüni aşak salýar.

Gyzdudy enäniň keselhanada ýatan ýeri.Ol henizem özüne gelmändir.Atamerdan bilen Ýazgül onuň krowatynyň gapdalynda otyr.Näsagyň başujyndaky stoljygyň üstinde iýer-içer ýaly zatlar bar.
--Men işden gijä galmaýyn, Atamerdan—diýip, Ýazgül ýerinden turýar.
Ýazgül gidýär.Atamerdan garrynyň ýüzüne seredip otyr.Gyzdurdynyň “Balam!” diýen çirkin sesi Atamerdanyň gulagynda gaýtalanýar. “Men ol sözüň seň ýüregiň teýinden çykandygyna ynanýan. Ýöne özümüň seň balaňdygyma welin ynanamok. Şeýle bolansoň, sen meniň ýürekden çykmaýan “eje” diýen sözüme nädip ynanjak, garry? Seniň gaty duýgur bolmaly ene ýüregiň Atamerdanyň başga bir enäniň ogludygyny syzmaýarmy? Ýa-da sen perzent aýralygynyň görgüsini göreý –göreý enelik duýgusy kütelip giden enemikäň? Sen meni öz ogluň hasap etdiň. Ol öz işiň.Ýöne men näme etmeli? Men indi hanja ýöremeli? Gözüňi açan badyňa men seniň ogluň däldigimi aýdaýsam, gözüň baky ýumilmazmy? Men nätmeli, garry?”

Atamerdanyň öýi. Ýazgül otaglaryň birindäki krowatyň üstündäki ýorgan-düşekleri tertipleşdirýär.Balkan gelýär.
--Bu krowatda enem ýatmalymy, eje?
--Hawa, Balkan jan, bu düşegi eneň üçin taýynlaýan.
--Ol keselhanadan haçan çykýar?
--Ertir günortana çenli goýberjekler.
--Enemi çykaryşmaga menem gitjek.
--Agşam kakaň gelsin, ony bile maslahatlaşarys…
--Nähili oňat enemiz bar eken-ä!
--Kakaň gowy bolsa, eneňem gowy bolmaly-da, Balkan jan.
-- Eneň gowy bolsa-da, kakaň gowy bolýar-a?
--Umuman, sen mamala,Balkan jan—diýip, Ýazgül ýylgyrýar.--Eneň gowy bolmasa, kakaňam erbet bolardy.
--Enem bizde näçe gün bolar, eje?
--Ýadaýança bolar.Ýadasa Aşgabatdaky öýüne äkideris.Ol ýerde ýadasa, bärik alyp gaýdarys…

Şäher keselhanasynyň öňi. Gyzdurdy enäniň keýpi çag. Ol, birhili, ýaşalan ýaly bolup görünýär.Onuň birgapdalynda Atamerdan, birgapdalynda Ýazgül.
Balkan:
--Men enemiň niresinden tutaýyn?
Gyzdurdy:
--Gel, balajygym, sen meniň hasamdan ýapyşaý!
--Ýok, taýak enem däl, enem—ene.
Ýylgyran Ýazgül garrynyň gapdalyndan aýrylýar.Onuň ýerini Balkan eýeleýär.
Täze ene, täze ogul, täze gelin, täze agtyk şeýdip gidip barýarlar.Garrynyň şatlygy şähere sygmaýar.

Gyzdurdy enäni ugratmak üçin keselhananyn gapysyna çykan ak halatly lukman olaryň yzyndan seredip baş ýaýkaýar: “Nähili bagtly garry! Nähili täsin durmuş!”

Atamerdanyň öýi.Öňi fartukly Gyzdurdy ene aşhananyň aladasy bilen gümra.Ol bir zatlary ýatlaýar, ýylgyrýar, baş ýaýkaýar.
Gapy jyrlaýar.Goltugy bir desse gülli aýal içerik girýär.Ol güli kempire gowşuryp, onuň ýaňagyndan ogşaýar.
--Gyzdurdy ene, siz bagtly ene! Gözüňiz aýdyň! Men sizden iki jaý beýleräkde ýaşaýan.Gutlaýyn diýip ýörite geldim.
--Taňry ýalkasyn, garagözüm, taňry ýalkasyn! Geçiň, caý goýaýyn. Taýýar nahar bar.
--Ýok, häzir men oturmaýyn.Ýazgül gaýnenesine duşany sebäpli goňşy-golam aýallary ýygnap dabara gurjak diýýär. Şonda arkaýyn oturaýarys.Men gideýin. Ýene bir gežek gözüňiz aýdyň.Siz bagtly adam!

Aşhana giren Gyzdurdy ene güli içi suwly ullakan bankada oturdýar. ”Dogrudanam, Gyzdurdy, sen bagtly adam! Hudaý köp görmesin!”

Balkan okuwdan gelýär.Ol arkasyndaky sumkasyny hem aýyrman, aşhana barýar.
--Men geldim, ene.
--Gelen bolsaň, gowy-da.Men saňa garaşyp otyrdym—Gyzdurdy Balkanyň ýüzünden-gözünden sypaşdyrýar.—Senden aýlanaýyn, agtyjagym, senden aýlanaýyn!
--“Nädip geldiň?” diýsene, ene!
--Meň agtyjagym nädip geldi, Balkan jan?
--Seň Balkan jan agtyjagyň ajygyp geldi, ene.
--Wah, diljagazyňdan aýlanaýyn, balam. Ajygyp gelen bolsaň, sumkaňy aýyr-da, eljagazlaňňy ýuw. Nahar taýyn.

Balkan stol başynda nahar iýip otyr.Gyzdurdy ene edil garşysynda oturyp, ony synlaýar.Çaga işdä bilen nahar iýýär, ene oňa guwanýar.
--Balkan jan, men öläýsem, sen aglamagyn, balam?
--Nämüçin?
--Sebäbi men dünýäde iň bagtly adam. Hudaý iň bagtly adamlaň dilegini kabul edýämiş. Men kyrk ýyl ýalňyz ýaşap, bir günüň içinde hem ogully, hem gelinli, hem agtykly ene boldum.Onda-da nähili ogul, nähili gelin, nähili agtyk!
--Sen ölmelimi, ene?
--Ahyr bir gün ölmeli bolar-a, balam. Ölüme bagt diýilmeýär.Ýöne meňki bagtly ölüm bolar.--Balkanyň gözüne ýaş aýlanýar.Gyzdurdy çaganyň gözýaşyny aýasy bilen süpürýär.—Gözýaş etme, balam. Men seňden önen çagalaram görmeli.Köýen kyrk ýylyma derek hudaý meň ömrüme ömür goşar.Ynha, özüň görersiň…
Ynjalan Balkan ýylgyrýar.
--Ene, seň ozalky ýaşan ýeriňde mekdep barmy?
--Bar, köşegim. Iki gatly ullakan mekdep bar. Ony näme üçin soraýaň?
--Sen aňryk gitseň, men aňyrda okajak, sen bärik gelseň, men bärde okajak.
--Olam bolar, balam.

Otlyny ýola salyp, öz ýerine tarap barýan nobatçynyň öňünden çykan başga bir demirýolçy, aýak çekýär-de, aňyrrakdan peýda bolan Gyzdurdy enä tarap ümleýär.
--Şo kempirem ýygy –ýygydan şu ýerde görünýär welin, bir aladajygy bardyr-da.
Nobatçy ýylgyrýar.
--O kempir her aýda bir gezek demirýol menziline hökman geläýmelidir.Oňa Gyzdurdy ene diýýändirler.Ol hakda gazýetlere-de ýazdylar.Ol Nebitdagyň otlusyny garşylaýar.
Demirýolçy sagadyna seredýär.
--Nebitdagyňkyň gelmegine tutuş bir sagat bar ahyryn?
--Gyzdurdy ene her gezek bir sagat gowrak wagt öňünden geläýmelidir.
--Işsiz garrydyr-da.Öýünde oturup bilýän däldir.
Nobatçy baş ýaýkaýar.

--Beýele däl, gardaş. O pahyry çäksiz begenç öýünde oturdanok.Ol tüýs bagty çüwen kempir.
--Öýüňde oturmaga goýmaýan bagtdanam bagt bolarmaýt!?
--Gyzdurdy ene ýer yrarnanda ýitiren ogluny kyrk ýyl geçensoň tapdy.Nebitdagda ýaşaýan ogly hem sypynsa Aşgabada, ejesini görmäge gelip gidýär.—Nobatçy ýetip gelen Gyzdudy enä üns berýär.—Kempiriň şatlygynyň üstüne şatlyk goşaly..
--Nädip?
Nobatçy garra ýüzlenýär.
-- Ogluňy garşylaýasmy, garry?
Sowala keýpi göterilen kempir guş bolup uçýar.
--Hawa, balam, Atamerdan jany garşylaýan.
Gyzdurdynyň gulagynda; "Ogluňy garşylaýasmy, garry?" diýen sowal gaýtalansa, nobatçynyň gulagynda: "Hawa, Atamerdan jany garşylaýan" diýen jogap gaýtalanýar. Şol sowal-jogaby demirýol menzilindäki adamlaryň hemmesi gaýtalaýan ýaly bolýar.
--Atamerdanyň gelmeli güni ir oýanýan. Bu jahanda meň Atamerdan jandan derwaýys aladam ýok.
--Her gezek seni göremde, menem begenýän, garry. "Döwletliden döwlet, bagtlydan bagt ýokuşarmyş" diýýäler.
--Hawa, oglum, bagtlam men boldum, döwletlem men boldum.Hudaýyň edenne şükür!.. Oglum-a "Eje, sen azap çekip, otla çykjak bolma-da" diýýä welin…

Günbatar tarapdan peýda bolan otly ýuwaşjadan demirýol menziline golaýlaýar. Otly golaýladygyça-da, Gyzdurdy enäniň dem almasy kynlaşýar. Ol tolgunýar. Çep döşüne elini ýetirýär. "Agzymdan çykjak bolma.Kanagat et!"

Oňat geýnüwli, syrdamdan daýaw, eli gara diplomatly Atamerdan wagondan düşüp gelýär. Bagtyýar enäniň ýaňaklaryna şatlyk gözýaşy togalanýar."Edil kakasy-da. Boýyňdan-syratyňdan aýlanaýyn, balam, Atamerdan jan!"
--Salowmaleýkim, eje!
--Aleýiksalam, oglum!
Garrynyň çepiksi göwresi oglunyň uly gujagyna dolýar.Diplomatyny ýerde goýan Atamerdan kempiri mäkäm gujaklaýar.

Atamerdan bilen Gyzdurdynyň münmeli awtobusynyň oturgyçlarynyň hemmesi eýýäm eýelenipdir. Garryny göterip diýen ýaly ulaga mündiren Atamerdan şadyýan ses bilen:
--Haýsy oturgyçda ýaşy otuz bäşden bärdäki adam bar bolsa, ýaşy iki otuz bäşe ýeten ejeme ýer bersin!—diýip gygyrýar.
Ýolagçylar gülüşýärler.Bir ýaş ýigit Gyzdurdy enä ýerini berýär.Garry oturgyjyň ýapyşylýan ýerinden däl-de, gapdalynda dik duran Atamerdanyň goşaryndan ýapyşyp oturýar.

Şäher bilen egin deňäp oturan, göni hem arassa köçeli oba. Atamerdanyň elinden ýapyşyp awtobusdan düşen Gyzdurdy ene köçäniň gyrasyndaky tamdyra tarap elini salgaýar.
--Şol tamdyry görýäňmi, Atamerdan jan? Ol ýer titremezinden ozalam bardy.Ýöne biraz bärräkdedi. Bir gezek sen gözüme çöp atyp, öýden çykypsyň-da, şol tamdyryň deňine ýetäýipsiň. Tamdyryň gapdalynda-da ala köpek ýatan eken. Hernä, edil şol mahal bärden kakaň peýda bolaýypdyr. Baý şonda käýnendir-ä! Ýogsam o pahyr sesini gataldagan däldi welin…
--Ala köpek maňa topulmanmy?
--Topulmandyr hernä. Topulaýan dagy bolsa kakaň pahyr meni öldürmekdenem gaýtmazdy… Göwnüme bolmasa, şu ýollarda seniň aýagyň yzy bar ýaly bolup dur…
Atamerdan: “Ýalňyşýaň, Gyzdurdy ene, ýalňyşýaň. Bu ýerlerde meniň çaga dabanymyň yzynyň galmaga haky ýok.” Ol ýylgyran bolýar.
--Meň-ä o zatlar ýadyma düşenok, eje. Tamdyram, ala köpegem hakydamda ýok.
--Sen o mahallar kiçijikdiň, balam.
Atamerdan: “Bu garry islendik gepden özüne bähbitli çykalga tapaýýaraýt!”

Derwezäniň öňünde üç-dört sany towuk ýer peşäp ýör. Gyzdurdy ene towuklara tarap seredýär.
--Sen kiçijikkäň towuga, näme üçindir,”pyt-pyt” diýýädiň.Bir gezek men köwüş geýdirjek bolamda: “Pyt-pytlaram öz aýagy bilen ýöreýä.Menem öz aýagym bilen ýörejek” diýip, köwüş geýmejek bolup aglapdyň.
Atamerdan: “Sen ýene ýalňyşýaň, garry.Towuga “pyt-pyt” diýýänem, köwüş geýmejek bolup aglanam men däl, başga çaga bolmaly”.
--Onsoň men şeýdip, aýakýalaňaç gezýämidim, eje?
--Aýakýalaňaç kän gezdirmeýädim. Basyp-bagyrtlap, derrew köwüş geýdirýädim.- Birdenem ol ýaşyl derwezä tarap gygyrýar.—0gulbossan-yw!
Howlynyň daş işişiginde bili eriş bilen guşalan, eli sübseli aýal peýda bolýar.
--Waý, ogluň geldimi, Gyzdurdy ene? Amanmyň, Atamerdan, gurgunmyň? Sag-salamat geldiňmi?
Atamerdana derek Gyzdurdy gepleýär.
--Hawa, Atamerdan janam ejesini görmek üçin gaýdyberipdir… Towuklaň daşarda gezişip ýör eken-de, ýene araky ýaly, kowalap tutmaly bolaýma diýip gygyraýdym..
Towuklara ünsem bermedik Ogulbossan goňşynyň howla girensoň şaňňy sesi köçede ýaňlanýar.
--Sizem ýüregime düşüp ýörmäň-de, howludan çykyň ahyryn, garasarlar.Ýetiň, anha, Gyzdurdy enäň ogly Atamerdan gelipdir. Baryň, salamlaşyň! Menem bir salym siziň galmagalyňyzdan dynaýyn…

Gyzdurdy enäniň kiçeňräk, ýöne ykjamdan arassa howlusy. Içerik giren Atamerdan öý eşiuklerini geýnip daş çykýar.Ogulbossan goňşynyň iň ulusy on ýaş töweregi,iň kiçisi bäş ýaşlaryndaky bäş sany garaýagyzja ogullary güpürdeşip howla girýärler.
--Ana, Ogulbossan goňşyň jüýjelerem geldiler, Atamerdan jan!

Olar edepli uly adam ýaly bolup, Atamerdan bilen salamlaşansoňlaram, bir zada garaşýan ýaly bolup durýarlar.
--Eje, diplomaty açyp bereýinmi?
--Aç, oglum, aç. Bulaň agzyny süýjetmeseň bolmaz-a.
Atamerdanyň açyp beren diplomatyndan alyp, her oglanyň eline owadan kagyzly ýekeje şokolad tutduran garry öz eden işine agyzlary süýjerjek çagalardan beter begenýär. Göwünleri biten çagalar dasyrdaşyp, howlyny terk edýrler. Pessejik haýatyň aňyrsyndan ýene Ogulbossanyň sesi eşidilýär.
--Garasar ýaly eýýäm uçup geldiňizmi, harteçjallar?!

--Nahar-a taýynlap gitdipdim, oglum.Çaý goý diýseňem…
--Ýok, eje, häzirlikçe hijisem gerek däl. Işim kän.

Atamerdan howlynyň töründäki kiçijik jaýa tarap gidýär.Jaýdan elbyçgymy, paltamy alyp çykýar.Ol üýşüp ýatan tagta böleklerinden haýsydyr bir zat üçin gereklerini saýlap başlaýar.Gapyda bärik bakyp duran Gyzdurdy ene oglunyň edýän hereketlerine guwanç hem buýsanç bilen seredýär.

Gyzdurdy ene içerde bir zada gümra.Salam berip Ahmet ýegen gelýär.
--Gel, Ahjmet ýegen! Ýegençi, çagalar gurgunmy?..
--Oňat, daýza, gurgunçylyk.
--Sen meň şu töwereklerde ýeketäk garyndaşym bolýaň, Ahmet ýegen.Ýöne bir obada ýaşasaňam, garry daýzam bardyr diýip, günde-günaşa gapymdan-a gelip duraňok.
--Aý,daýza, iş-alada…
--Atamerdan jan ilki gelende bir gara berdiň-de…
--Ol aýdýanyň-a dogry, daýza.
--Atamerdan daýyň bilen salamlaşdyňmy?
--Wiý,ol bärdemidi?
--Hawa, şu gün geldi. Howluda iş-alada bilen gümradyr.Ejesiniň pytraşyp ýatan zatlaryny tertipleşdirjek bolýar.

Ahmet ýegen daş çykyp Atamerdan bilen salamlaşýar.Onuň edýän işlerini synlap durýar.Gapdalda iki bölek bolup ýatan rezin turba çiňerlip seredýär.
--Atamerdan daýy, sen o turbany kesip zaýalaýypsyň-ow!
--Zaýalamok, Ahmet ýegen, gerek boldy, kesdim.
--Kesmeli däl ekeniň-dä.Ony men alyp gidäýjekdim.
--Geregiň şular ýaly turba bolsa, indiki gezek gelemde tapyp beräýerin.
Atamerdan kesen tagtalaryny jemleşdirýär, ölçeýär…
--Atamrdan daýy,sen bir zatjagaz-a etjek bolýaň. Hajathana gurjakmy? Ozalam-a biri bar. Bir howluda ikisi nämä gerek?
--Ýalňyşdyň, Ahmet egen. Tomus suwa düşüner ýaly jaýjagaz gurmakçy.
--Ol kime gerek?
--Ejeme gerek.

--Ýetmişden geçen garry aýalam duşa girip, suwa düşer ýörermaýt!? Senem, daýy, birhili… türkmençiligi bilmeýän ýaly…
--Türkmençilikde "Garry aýal suwa düşmän, porsap ýörmeli" diýen kanun barmy? Beýle düzgüni kim tapypdyr? Türkmençiligi bozýan özümiz.
--Ýazmaça kanun, düzgün-ä ýok welin… Gyzdudy daýzamyň duşa suwa düşüp ýörenini göz öňüne getirip bilemok-da…
--Daýzaň suwa düşsün-düşmesin, ol onuň öz işi. Men öz ogulluk borjumy berjaý edýän.
--Aý, seň Gyzdurdy daýzamyň hakyky ogludygyňam entek belli däl bolaýmasa…
Atamerdanyň elindäki byçgy ýere gaçýar.Ol aljyraýar, tolgunýar.
--Ony kim aýtdy saňa?
--Hiç kimem aýdanok. Özüm çaklaýan… Gyzdurdy daýzamyň şu obada menden ýakyn garyndaşy ýok ahyryn.Men ony, kempiriň ýakyn adamy bolamsoň, çak edýän…

Ahmet ýegeniň aýdan sözleri netijesinde Atamerdanyň göz öňüne getirmesi:Aşhanada Gyzdurdy gap-gaç ýywyşdyrýar. Ahmet ýegen onuň hereketlerini synlap dur.
--Daýzaň bilen salamlaşmaga geläýdiňmi, Ahmet ýegen?
--Salamlaşmaga-da geldim. Ýöne men saňa bir derwaýys habar aýtjakdym welin, aýdyp bilmän ýördüm-de…
--Aýdyber.
--Aýtsam, daýza, sen Atamerdanyň öz ogluň däldigini bilýäňmi? Ol seň howlyňa göz gyzdyrýan kezzap bolmaly.
Gyzdurdynyň elindäki zatlar gaçýar.Özi hem şalkyldap ýere ýazylýar.Ahmet ýegen ony saklamaga ýetişmeýär.Ol garryny süýräp, beýleki otaga geçirýär-de, onuň döşüne gulagyny tutýar.Aljyran Ahmet haýdap daşaryk çykýar.
--Haý, adamlar, geleweriň, daýzama bir zat boldy! Ýetişeweriň!—diýip, ol uly ili bilen gygyrýar.

Göz öňüne getirmeden soň: "Näme üçin adamlar hemme kişiden erbetlige garaşýarakalar? Ýa-da erbet dälden erbetlige garaşýanlaryň özleri erbetmikä? Betbagt garra ýagşylyk isläp, ýagşylyga derek ölümine sebäp bolmalymy? Ýok, muňa çykalga tapmaly" diýip içini gepleden Atamerdan hiç zat bolmadyk ýaly, parahat ses bilen Ahmede ýüzlenýär.
--Özüň beýle zady çak edýän bolsaň, çaklamanyň döremegine tutarygyňam bolmalydyr ahyryn?
--Tutaryk kän. Başga ýerlerden Aşgabada göçüp gelmek isleýän hilergär gytmy näme? Biziň Aşgabada degip oturan obamyz bolsa şäherdenem gowy. Ümsümlik, bag-bakja… Şu mahal bir sümelgejik edinjegem bolsaň gaty kän pul gerek… Bu bolsa taýýarja howly. Daýzamam, indi näçe günüň adamsy…
Atamerdan Ahmet ýegeniň ýüzüne siňe seredýär.
-- Seň şu çaklamaňy özüňden başga adama aýtdyňmy, Ahmet?
--Senden başga adam oglunyň ýanynda dil ýaramok.Men ýat adam däl, men ýegen.

--Sen ejemiň ýegeni bolýan bolsaň, meniňem şu obada iň ýakyn garyndaşym bolýaň-da? Şeýle dälmi?
--Bolmalysy-ha şeýle welin…
--Onda, häli gün ýaşansoň, üstüňe baraýyn welin, iň ýakyn garyndaş bolup, ikiçäk gepleşeli.
--Sen meň nirede ýaşaýanymy bilýäň dälsiň-ä?
--Salgy berseň, taparyn.
--Tapmak aňsat.Şu köçäniň gutaran ýerindäki saraý ýaly jaý meň öýümdir .Çep tarapda.Ondan aňyrda diňe jar bardyr.
"Atamerdan jan-uw!" diýiip, Gyzdurdy enäniň sesi gelýär.
Atamerdan öýe tarap, Ahmet ýegen howlynyň gapysyna tarap ýönelýär.

Jaýyň daşişigi.Tutuş ak geýnen, ak sakgally, eli hasaly peşeneli ýaşuly Gyzdurdy enäniň ýanynda dur.Atamerdan gelýär.
--Söýün aga,essalowmaleýkim!
--Wa-a-leýkimessalam, inim Atamerdan! Hany görşeli!—Hasasyny goltugyna gysan goja,iki elinem uzadyp,gaýym görüşýär.—Inim, hoş gelipsiň! Sapa gelipsiň!
--Saglyk gowumydyr, Söýün aga?
--Aý, inim, Atamerdan, men saňa nähili jogap gaýtarsamkam? Men seň kakaňdanam kän uly bolmaly.Bir kem segsen.Bu ýaşda öwnüp durar ýaly saglyg-a hiç kimde-de ýok bolsa gerek. Seň bilen görüşmäge-de ýolda iki gezek durup geldim.Ýogsam, aralyk üç ýüz ädim. Emma ki, Hudaýa şükür… Seň geljegiňi bilýädim-de, ýüzüňi göreýin diýip gaýdyberdim.
Atamerdan kempire tarap elini salgaýar.
--Ejem bilen-ä deňleşjek bolmagyn, Söýün aga. Biý-ä, tüweleme, demirýol wokzalyna-da pyýada gidip geläýýä. Özem orta ýolda dem-dynç hem alanok.
Söýün aga ilki ýylgyrýar, soňam agras görnüşe girýär.
--Saňa sataşansoň, ejeň bili kuwwatlandy, inim, Atamerdan.Muňa uly il begendi. Ejeňi tanaýan-u--tanamaýan öz ýiten perzendini tapan ýaly bolup begendi.Alla bendesiniň dişini ýylgyrtjak bolsa, maý tapar eken. Menem, inim Atamerdan, siziň ýagdaýyňya gaty şat…
--Ahmet ýegen nä "gidýänem" diýmän gidiberdi-le, Atamerdan jan?
--Seň şo ýegeniňem düşnüksiz bir yşarat, Gyzdurdy.Petepet gabat gelse-de, öz beremeli salamyny diläp almaly… Sag oturyň. Gitdim. Şeýdip, ejeňi görmäge gelip durgun, Atamerdan, inim.
--Bor, Söýün aga. Senem biz illere gezmäge bar.
--Biz indi o ýollardan galdyk, inim!—diýip, derwezä tarap ýönelen Söýün aga ýylgyryp gidýär.

Ýaşuly giden badyna Ogulbossan goňşynyň çagalarynyň biri haýdap gelýär.
--Gyzdurdy ene, suratçy gelýä, suratçy! Ol günki gelen agsak suratçy.
--"Agsak" diýme, köşek.Eşidäýse, ýaman görer.
--Ol adam agsag-a?
--Agsagam bolsa, agsak diýme.Ynha, sen garaýagyzja-da welin, hiç kim saňa "gara" diýenog-a…

--Hany gelsin, eden işini göreli!—diýip, Atamerdanam suratça garaşýar.
--Garry ene, sag-aman otyrmyň?—diýip, egni uly sumkaly suratçy peýda bolýar
--Hudaýa şükür, sag-amandyrys.
--Çagalaň suratyny tanarmyň, ene?
--Öz çagalarynyň şekilini tanamazam ene bolarmy, garagöz?
--Özlerine meňzedip çykaran bolsaň-a, tanar welin—diýip, Atamerdan ýylgyrýar.
Suratçy öýkeli ýaly gepleýär.
--Men o tetelli suratçylardan däldirin, gadyrdan. “Agsak suratçy” diýen ýörgünli at agsaklygym üçin berilen däldir. Tutuş Türkmenistanda, inçe sungatdan baş çykarýan adam bolsa meni tanaýandyr.
Suratçy uly rama salnan suraty Gyzdurdy enä uzadýar.
--Garry ene, şu portretiň bir ýetmezi bar…
--Hä, erbediräk çykaýypmy?
--Meň elimden erbet iş çykmaz, ene…
--Onda näme?
--Şu portretde seň keşbiň kemlik edýär.Men şo hakda aýdýan. Ogluň, agtygyň, gapdalynda olary dünýä beren enäniň keşbi bolmasa, elbetde ýeri oýular durar.Şeýle dälmi?
--Dogry.
--Dogry bolsa, garry ol kemçiligi düzetmeli.
--Aý, ynha, ejem bize gezmäge baranda ýa-da agtygy bilen gelni bärik gelip jemlenende täzeden surata düşäýeris.
--“Nagt algyl, nagt bergil, nesýe söwda kylmagyl”. Siziň hemmäňiziň başyňyz jemlenýänçä, häzirlikçe ejesi bilen oglunyň bile oturan suratyny alaýyn.Bir hepdedenem ulaldyp getireýin. Razymysyňyz?
--Biz razy.Ýöne men iş köýnegimi çykaryp, başgasyny geýeýin—diýip, Atamerdam içerik girýär.
Gyzdurdy ene portreti synlaýar.
--Edil janly ýaly-da…
--Ony çykarýan adam ussat bolsa, şeýle çykýa-da. Öwünýä diýme, garry.Men hakykatçydyryn.Gowam bolsa, erbedem bolsa, hakykaty aýdaýmalydyryn. Enemden şol häsiet bilen dogupdyryn.
Atamerdan geýnip gelýär.
Eneli-ogly münjede ýanaşyk oturdan suratçy öz ussatlygyny görkezjek bolýan ýaly her hili hereketler edip surat alýar.

Suratçy gidensoň,ýene portreti synlan Gyzdudy ene:
--Muny maňa asyp ber,Atamerdan jan!—diýýär.
--Nireden sajak?
--Sen çüýüň bilen çekijiňi alyp gel. Asylmaly ýerini saňa özüm görkezerin.

Gyzdurdy enäniň ýatýan otagy.Eli çekiçli, çüýli Atamerdan görkezmä garaşyp dur. Diwarlary synlap çykan ene öz ýatýan krowatynyň garşysyndaky diwary saýlaýar.
--Ine,edil şu ýerden as!—Ol belli bir nokady hem görkezýär.—Gyşaryp ýatyrkamam siz bilen gepleşerim ýaly şu ýer gowy bolar.

--Surat bilen nädip gürleşjek,eje?
--Wah, balam, seň eneň jpgap gaýtarmaýan garamça bilen sessiz gepleşmäge ökdeläp gidendir.
--Geň zat!
--Geň däl. Surat-a bir göze görnüp duran şekil.Biriş etjek bolsam,aýatda ýokkakaň pahyr bilenem gürleşýän.
--Dur,eje—diýensoň, portreti görkezilen ýerinden asan Atamerdan ejesini elinden tutup krowatyň gyrasynda oturdýar.Özi hem gapdaykna oturýar—Boldumy? Göwnüňe jaýmy?
--Boldy,boldy.—Portrete golaýlan ene şekildäkileri barmagy bilen görkezýär.—Balkan jan, Ýazgül jan, sen…
--Ýene bir hepdeeden seň suratyňam aňky ýoldaş getirter.Indiki gelemde özüm asyp bererin ony.
--Bor, balam.Sen gelinçäň garaşaýaryn.
--Hany, gürrüňi dowam et.Onsoň kakama näme diýýäň sen?
Gyzdurdy ene ýene krowatyň gyrasyna geçip oturýar.
--Maslahat soraýan.
--Olam jogap gaýtarýarmy?
--Olam jogap gaýtarýa. Şoň "hä" diýen maslahatyny alsam, işim oňuna bolýa ötägidýä.
--Haýran galaýmaly.
--Oňa haýran galma. Men seň bilenem näçe ýyllap hyýalymda gepleşip gezdim. Ynanaý, Atamerdan jan, seň sesiňem eşidýädim men. Çagalyk sesiňi.Ýap-ýaňylaram ýorgana giremde sen maňa: "Eje, ýatjakmy?" diýýäň. "Hawa, Atamerdan jan, ýataýsam diýýän" .Ertir gözümi açamda sen maňa: "Eje, sag-aman turduňmy?" diýýäň.Hyýalymda seň bilen bileje oturyp çaý içýäs.
--Ýanyňda bolmasamam…
--Wah, balam, sen diri ýitikdiň ahyryn. Ozal-ahyr sataşjagyma umydym bardy-da. Uruşdan ýaman hat alanlaram garaşýar-a. Ene kalby duýgur-da…
Atamerdan garrynyň goşaryndan tutup ýüzüne garaýar."Ene kalby duýgurdyr welin… Ynam, ynanmak nähili gowy zat! Ynamsyz ýaşaýşyň boş howadygyna men şu kempiriň mysalynda göz ýetirdim… Ýöne Ahmet ýegen ýaly haýwanyň dili seniň ynamyňy puja çykaryp, ýüregiňi ýarmasa ýagşydyr…"
--Eje, sen çagalaň şekline seret-de otur, men-ä öz aladam bilen bolmaly.
Atamerdan gapa tarap ýönelýär.

Ähli ünsüni diwara gönükdiren Gyzdurdy enäniň nazary Atamerdanyň şekilinde saklanýar. Enäniň oýlanmasy: "Garyp bol, baý bol, bagtly bol, betbagt bol—adam ahyr bu dünýäni terk etmeli. Ölüm—deňlik. Senem bur gün gitmeli bolarsyň, Gyzdurdy. Oň üçin birjigem gam çekme. Gitmek hemmäň maňlaýyna ýazylan. Ýöne adam gidende-de sarpaly bolup gitse gowy-da. Ölädе abraý gerek. Şol abrýam hemme kişä ýetdirip duranok. Sarpaly ölüm—bagtly ölüm. Ölmüňem bagtlysy, betbagty bolmaly. Hudaý saňa sarpaly ölüm bagyşlady, Gyzdurdy… Edenne müň şükür!"

Enäniň göz öňüne getirmesi: “Howlynyň içi-daşy adamdan doly.Garrynyň tabydyny alyp ugraýarlar.Tabydyň başyny, elbetde, merhumyň ogly Atamerdan göterip barýar.

Gonamçylyk.Enäniň jesedi jaýynda goýlansoň, baş molla:
--Merhumyň ýakyn hossaryndan kim bar?—diýip soraýar.
--Ogly bar.Atamerdan.
--Rugsatmydyr, Atamerdan?
--Rugsat!—diýip Atamerdan logap gaýtarýar.
--Eneň mazaryna bir penje toprak taşla onda, Atamerdan.
Atamerdan aýdylanyny edýär.
Merhum jaýlanansoň, aýat okan molla agyr märekä eşitdirjek bolup, batly sesi bilen;
--Gyzdurdy pahyrdan algyly bende barmydyr?—diýýär.
Köpçülik jogap gaýtarýar.
--Ýok.
--Ýok.
--Ýok.
--Gyzdurdy pahyrdan algysy bar adam öýüne baryp, ogly Atamerdany habardar etsin.
Gyzdurdy pahyra bergili adam barmy?
Köpçülik jogap gaýtarýar.
--Ýok.
--Ýok.
--Ýok.
--Gyzdurdy pahyra  bergili adam öýüne baryp, ogly Atamerdana gowşursyn…
Köp sanly gölegçi oba tarap gaýdanda onuň öňünden Atamerdan ýöräp gelýär.”
Gyzdurdy ene  hyýaldan şu güne geçýär.
--Edenňe şükür,Hudaýym. Ölsemem, mazaryma bir penje gum atyp, hossarlyk etjegim, algymy alyp, bergimi berjegim bar yzymda.

Agşamara.Uly köçäniň gutarýan ýeri. Gamyşly jaryň gyrasyndaky hütdük jaýa golaý baran Atamerdan emeli ardynjyraýar.Ahmet ýegen daş çykýar.
--Hä, Atamerdan daýy, geljek diýipdiň welin, oýun edýämikäň öýdüpdim. Geläýdiňmi?
--Atamerdan daýyň gelerin diýse geläýýändir—diýip Atamerdan ýowuz gepleýär.—Atamerdan daýyň köçede gezip ýören ejize ganymam däldyr.
--Gelen bolsaň, gaty gowy-da. Öýe gireli, daýy!—diýip.Ahmet ýakymly gepleýär.— Daýy-ýegen bolup çaý içeli.
--Daýyň ýegeni bilen ikiçäk gürleşäýsem diýýä. Şony nähili görýäň?
--Oňat görýän welin, içerik giräýeli!
--Içerik girmäli.Gaýtam, içerden daşlaşaly.
--O näme üçin?
--Sebäbi, biziň gürrüňimiz içeri gürrüňi däl, daşary gürrüňi.
--Bor, Atamerdan daýy, sen näme diýseň, şolam bolar.

--Hany, meniň yzym bilen jara tarap ýöre.
Jaryň gyrasyna ýetip aýak çeken Atamerdan yza dönýär.
--Hany golaýragyma gel.—Ahmet iki-üç ädim golaýlap durýansoň: --Bolgusyz gep tapmaga gorkman, maňa golaýlamaga gorkýaňmy?
--Meň gulagym ýiti. Näme diýseňem eşiderin, Atamerdan daýy.
Atamerdanyň sesi sandyraýar.
--Men saňa daýy däldirin, Ahmet.Ýöne Atamerdandyryn.
--Gyzdurdy daýzamyň ogly bolsaň, maňa-da daýy bolarsyň-da.
--Men gaýtalap soraýan. Şu günki maňa aýdan gepiňi başga adamyň ýanynda agzyňdan sypdyrdyňmy?
--Adam oglunyň ýanynda aýdamok. Aýtmajagyma-da saňa söz berýän.
--Gepiň erekegiň gepimi? Men häzir seni şu jara-da süssürip gidip bilýän.Ýöne men saňa ilkinji hem iň soňky gezek ynanyp, aman goýaýyn. Seň şu günki aýdan gepiň gulagyna ýetäýse, ejemiň ýüreginiň ýaryljakdygyny sen bilýäňmi, Ahmet?
--Bilýän.
--Şony bilýän bolsaň, ýene bir zady bilip goý. Eger seň töhmediň sebäpli ejeme bir zat bolaýsa, men seni ýagty jahanda ýaşatman. Düşünýäňmi?
--Düşünýän,Atamerdan daýy, düşünýän.

Atamerdan daşardan gelende Gyzdurdy ene köne şkafynyň öňünde bir topar düwünçegiň arasynda otyr.
--Eje, ömür boýy ýygnan baýlygyňy hasaplaýaňmy?—diýip, Atamerdan ýylgyrýar.
--Ejeňde üç sany baýlyk bardyr. Biri sen, biri Balkan jan, Biri-de gelnim. Başga baýlygy men baýlyk hasap etmeýän… Balkan jan üçin düýe ýüňünden elluk örüpdim-de, şony tapaýyn diýip yşgaby açdym.—Etegindäki ellikleri Atamerdana uzadýar.—Öz elim bilen ördüm. Indi bi beýle sowgadyň iň soňkuay bolaýmasa…
--Näme üçin beý diýýäň, eje? Öňde segsen bar.Seçsenden aňyrda togsanam bar…
--Togsandan aňyrda ýüaem bardyr welin… Indi göz ýok, Atamerdan jan. Inçe işden galynaýdy öýdýän.
Atamerdan ellikleri synlap:
--“Eneň öz eli bilen öreni” diýip gowşuraryn welin.Balkan gaty begener, eje.
--Ýadyňdan çykaraýmagyn ýöne!
--Ýatdan çykmaz ýaly edäýerin.
Düýeýüň ellikler Atamerdanyň diplomatyna girýär.
Ynjalan ene ýylgyrýar.

Atamerdanyň düýşi. Gyzdurdy enäniň ýaşaýan obasynyň adamlary elleri çarşaklymy-da, orakly Atamerdany kowalap ýörler.Gaçyp-teşip surnugan Atamerdan ahyr ele düşýär. Sud başlanýar. Hemme kişi garalowjy. Ses, söz eşidilmese-de “gepleýän” adamlaryň elleriniň herekedinden, seredişlerinden, tolgunyşlaryndan hemme kişiniň Atamerdany günäkär edýädikleri bildirýär.Gyzdurdy ene bir gyrada ýüzüni aşak salyp dur. Suda başlyklyk edýänem Söýün aga. Söýün aga söz alýar:
--Sen Gyzdurdy enäniň çep ýaňagynda peşehorda yzynyň ýokduginy bileniňden soňam…

--Men bagty ýatan ýalňyz kempire ýagşylyk etmek isledim…
--Biz sen ýaly adamlaryň bagtypese nähili ýardam edýändiklerine belet.Saňa nälet bolsun, nälet!
Märekäni iki tarapa bölüp, polisiýanyň maşyny peýda bolýar.Maşynyň rulunda oturan hem Ahmet ýegen…
Der basan Atamerdan oýanýar.

Atamerdan howluda başlan işini dowam edip dur.Garaşylmadyk halda Ahmet ýegen derwezeden girýär.
Atamerdan: "Bu näme üçin gelýärkä? Öten agşam gören düýşüm hakykatda dowam etjekmikä?"
--Atamerdan daýy, salowmaleýkim!
--Salam.
--Meň näme üçin gelenimi bilýäňmi?
--Bilemok, ýöne bilesim gelýär.
--Men ötünç soramaga geldim.
--Agşam sesimi gataldanym üçin, gaýtam men senden ötünç soramaly.
--Ýok, beýle däl. Men sen hakda ýalňyş pikir edipdirin.Eger sen meniň çak eden adamym bolsaň "Ejeme bir zat bolaýsa, seni ýaşatman" diýmezdiň-de, gaýtam Gyzdurdy daýzama çaltyrak "bir zat" bolmagyny islärdiň. Şeýle dälmi?
--Adamçylyk nukdaýnazaryndan garasaň dogry netyijä gelipsiň.
--Dogrudanam, meň eden çakymyň manysy gulagyna ýetäýen bolsa, daýzam pahyr nä güne düýşerdi!
--Ýalňyşyňa düşünip, ony boýun almagam mertligiň alamaty, Ahmet ýegen. Ir bilen şeýle habar bilen geleniňe men begenýän. Daýy-ýegeniň arasynda tow galmasa gowy-da.
Ahmet baş atýar.

Ahmet ýegen gidenden soň Gyzdurdy ene ýanyna gelip, garry tut agajyna elini diräp,Atamerdanyň edýän işini synlaýar.
--Arma, oglum!
--Bar bol, eje. Senem arma!
--Aryp-armaz ýaly men näme iş edýämişim?
--Girip-çykyp ýörmegem iş ahyryn.
--Onyňam dogry. Adam garrasa, girip-çykmagam iş ýaly bolýar eken.—Az-kem dyman ene goja tuda seredýär.—Atamerdan çan, şu tut agajy seň bilen gözlüje ýaşyt diýsemem ýalňyşman.Özem iki düýpdi. Kakaň pahyr nahallary oturtdy-da: "Gyzdurdy, bu şatutlaň biri seňki, birem meňki bolmaly"-- diýdi.Ýer yranandan soň iki tuduň biri gurady.Şol guranam kakaňky bolmalydyr… Anha, indi biýem gurap gutarjak.
--O tudy entek-entek guratmarys, eje. Arkaýyn ýaşaber. Düýbüni ýumşadarys, wagtly-wagtynda suw bereris…
--Ömürdir-dä, oglum. Baky ýaşaýan barmy? Ýogsam, bu güne ýetilensoň, bäş-üç ýyl ýaşalaýsa-ha kem däl welin… Agtyk gelin görerin diýib-ä hörpi aňyrdan tutup biljekgä. Ýöne agtygyň özüne guwanyp biraz ýaşasam-a kem görmerzdim.

--Gelniň bilen agtygyň-a şu gezek saňa garaşjakdyram.”Alyp gelgin” diýip tabşyrypdylar.Ýöne men şu ýerden baran badyma iki hepdeläp çöle gitmeli. Öýde bile bolar ýaly, indiki gezek äkidäýeýin.
--Bolar, balam, bolar.—Ýene tuda seredip ýylgyrýar.—Öňümizdäki ýazda şu tuduň tudanasyndan bir banka ýygnap, Balkan jana iberjek.Atasynyň özüni-hä görmek oňa nesip etmedi welin, onuň eken tudunyň miwesinden bir datsyn çaga.

Derwezäniň aňyrsyndan peýda bolan jygyldy gapyda maşynyň saklanandyugyny habar berýär.
--Bir ulag-a gelip saklandy. Sen geleňde öýümiň gelim-gidimem köpeliberýär, Atamerdan jan. Men şoňa gaty begenýän, balam.
Derwezeden üç-dört sany adam girip gelýär.Olaryň biiriniň egninde kino surata alýan uly kamera bar.
--Begenseň, ana geldiler, eje,
--Gelsinler! Gelen –döwlet!
Gelenler baş atyp salamlaşanlaryndan soň, olaryň biri ýylgyrar.
--Gowy bolaýdy.Ikisem bar eken.
Başga biri öňe saýlanýar.
--Bagt guşy depäňe gonupdyr, garry. Üç-dört aý mundan ozalam gutlapdyk, ýene bir gezek gutlaýas! Gowulygy ilden gizlejegem bolmaly däl, garry. Şeýle dälmi?
--Gowulgy gizlemeli däl.Ýöne aýdan gepiň manysyna men düşünmän galdym-la.
--Gördüňmi, Atamerdan? Köp ýaşan adama gulak asmaly.Sen öňki gezek gaty az gepalediň.
--Ejem dogry aýdýar, gowulygy gizlemeli däl, ýöne ony mazamlap ýörmegem gelşiksiz bolar.
--Geň galmaly! Şöhratdan gaçýan adamam bolýar eken. Telewizorda bäş sekund görünmek üçin bize para hödürleýän adamlaram kän…
--Şöhratdan bagt bolmaz. Bagtyňy şöhrata öwürmegem agraslyk bolmaz.Men telewizorda ähli aýtjagymy öňki gezekde aýtdym. Bir zady zol-zol gaýtalap durmakdan siuze-de, bize-de abraý bolar öýtmäň...
Gelenleriň biri:
--Abraýymyzy arzan nyrha satmalyň, gideliň…

Gyzdyrdy ene öz ýatýan otagynda diwardaky suratlara seredip begenip dur.Indi öňki suratyň ýanynda agsak suratçynyň enäni ogly bilen alyp portet edip getiren suraty hem asylgy. Gyzdurdy ene edil çaga ýaly bolup her kimiň şekline aýratynlykda barmagyny uzadýar.
--Bi-- gelnim Ýazgül jan, bi-- agtyjagym Balkan jan, bi-- oglum Atamerdan jan, bi men—Gyzdyrdy, bi ýene men—Gyzdurdy, bi ýene Atamerdan jan… Alla köp görmesin!
Telefon jyrlaýar.Gyzdurdy ene trubkany göterýär.
--Sen kim?.. Balkan jan? Wah, sesiňden aýlanaýyn, balajygym… Oňatmysyňyz? Ejeňem,kakaňam gurgunmy?... Olar işde diýýäňmi?.. Enem salam aýtdy diýgin…Bararyn, balam, bararyn… Göresiň gelen bolsa hökman bararyn. Sagja bol, balajygym, sag-amanja bol… Wah, “ene” diýen diljagazyňa döneýin, sesiňden

aýlanaýyn, agtyjagym!--Gyzdurdy ene trubkany goýansoň portrete tarap seredip ýylgyrýar.—Özüňjik jaň edäýdiňmi? Eneňi ýatlaýdyňmy? Göresiň gelip giden bolsa men gezmäge baraýaryn…

Balkanyň sesi: “Men garaşýan,ene!”

Eli sübseli Gyzdurdy ene howlynyň içine ser salyp ýör.Atamerdanyň guran agaç jaýjagazynyň daşyny elläp görýär. ”Bir enaýy jaý-da.Üç günde dikeltdi ötägitdi, balam. Hudaý köp görmesin—elinden gelmeýän iş ýok!”

Oba mekdebiniň mugallymy Jumaguly gelýär.Ol garry bilen gaýym görüşýär.
--Seni görsem, ejemi gören ýaly bolýan-da, Gyzdurdy gelneje..
--Ejeň pahyr bilen gowy görüşýädik, işde-de bile paý alýadyk…Agtyjaklaryna guwanyp entejik ýaşamalydy welin… Jumaguly jan, öýe gir.Derrew çaýnegi oda goýaýyn. Garry ýeňňeň bilen çaýlaşyp git.
--Ýok, Gyzdurdy gelneje, mekdebe barmaly.Ýene bir gün çaý içmäge ýörite geläýerin. Şähere jaň etmek aladam bardy-da…
--Öýe gir-de,nirä jaň etmeli bolsa, ediber Jumaguly jan.Tilpun işläp dur.Ýaňyja agtygym Balkan jan bilen gepleşip goýdum.Özi jaň etdi.
--Tüweleme! Enesini ýatlap dursa gowy-da! --Jumaguly jaýa tarap gidip barýarka-da gepleýär.--Ömri uzak bolsyn Atamerdanyň. Şu telefony çekdirip uly iş etydi. Durmuşda zerurlyk bar, gyssagly iş bar. Şähere jaň etjek bolsaňam kantura ylgap ýörmelidi.Atamerdan uly iş etdi. Ynha, özüňem agtygym bilen gepleşdim diýýäň.
--Hawa, agtygym Balkan jan bilen gepleşdim!

## Iki sany sözsüz epizod

1.Aşgabatdan günbatara tarap barýan otlynyň içi.Kupede Gyzdurdy ene, Atamerdan hem orta ýaşy iki sany aýal bar.Atamerdan bir alada bilen daş çykýar.Onuü yzyndan mäirli garap galan ene ýanyndaky aýallara çykyp gideniň kimdigini, nähili mährem oguldygyny “gürrüň” berýär. Iki aýal kempiriiň gňrrňini haýran galyp, baş ýaökap,kä ýerine ýylgyryp,kä ýerine tukatlanyp diňleýrler.Olar şeýle bagtyýar bolmak üçin Gyzdurdy enäni ýüzlerine sylýarlar. Eli birki sany çüýşeli Atamerdan dolanyp gelýär. “Gep-gürrüň” gutarýar.Döt sany bulgurta suw guýan Atamertdan olary ýolagçylara paýlaýar.Gyzdyrdy ene, elbetde, guwançly tolgunýar.
2.Günbatardan Aşgabada tarap barýan otlynyň içi.Kupede Gyzdurdy ene, Ýazgül hem iki sany ýaş gyz bar.Ýazgül bir alada bilen daş çykýar.Onuň yzyndan mähirli garap galan ene çykyp gideniň kimdigini, nähili gowy maşgaladygyny, özüne mähremdigini gyzlara “gürrüň” berýär.Gyzlar garrynyň gürrüňini aňk bolup “diňleýärler” baş ýaýkaýaarlar,kä gamlanyp,kä şatlanýarlar.Ýazgül dolanyp gelýär.Ol kagyz gaba dolap getiren owadan almalaryny ortada goýýar-da, öňürti garryny, soňam ýolagçygyzlary hezzetleýär.Gyzdurdy ene, elbetdse, guwançly tolgunýar.

Gyzdurdy enäniň howlusyny tanar ýaly däl.Terslin-oňlyn çekilen simleriň bir böleginde ýuwlup tämizlenen ýorgandaşylar, ýassykdaşylar, enäniň köýnekleri,

beýleki tarapda kiçeňräk haly, palas, düşekçe bary asyldy. Gyzdurdy enäniň özi daşardaky münjäniň üstünde Balkan bilen bir zada güýmenip otyr.Münjäniň üsti, töwerekleri akan-dökänçilik.—geýilmejek köne eşikler, apgyrdy eplenip giden köne aýakgaplar, süzgüli deşik köne elek, "igläp" giden sübse we ş.m. ulanyşdan galan zatlar.

Içerdäki otaglaryň birinde kellesine maňlaýynyň üsti bilen ak ýaglygy çümre bürenen,eli gigiýena ellikli Ýazgül Gyzdurdy enäniň "mülkünde" tertip-düzgün, arassaçylygy amala aşyrýar". Ol şifonerden tapylan jüründigi mazaly döwlen üstesine-de bili hem çeňkli hum çäýnegi eline alyp, her tarapyndan seredensoň, çalarak baş ýaýkap daşaryk ugraýar.

Eli köne çäýnekli Ýazgül Gyzdurdy enäniň ýanynda aýak çekýär.
--Enesi, rugsat soramanam zyňsam, sesiňi çykarmazdyň welin, özüňe-de görkezäýeýin diýdim. Indi biz hiç mahal şu cäýnege demlenen çaýy özümizem içmeis, gelen myhmana-da hödürlemeris. Şeýle dälmi?
--Nebis gursun, Hudaýym!—diýip, garry ýylgyrýar.

Şäher keselhanasy.Gyzdurdy enäniň ýagdaýy gaty pes.Atamerdan bilen Ýazgül onyň krowatynyň gapdalynda otyr.Garry esli mahaldan soň gözüni açýar. Onuň goşaryndan tutup öturan Ýazgül:
--Göwnüň isleýän zady barmy, enesi?—diýýär.
--Näme isleýäň, eje?—diýip. Atamerdanam soraýar.
--Ýekeje islegim bar, balalam, ýekeje..
--Näme isleseň, taparys.
--Islegim… meni öýe eltiň.—Atamerdanyň elinden tutýar.—Seň dünýä inen ýeriňe baryp, aýagymy uzatmak höwesim bar…

Keselhanadan öýüne getirilen ene öz otagyndaky krowatynda ýatyr.Onuň daşynda Atamerdan,Ýazgül hem Ahmet ýegen bar. Garrynyň ýagdaýy göz-görtele agyrlaşýar.Onuň gözüne ýaş aýlanýar. Bir zat diýjek bolýar. Dili aýlanmaýar. Ýazgül Atamerdana ümleýär. Atamerdam has golaýyna süýşüp garrynyň elinden tutýar.
--Eje!—diýen Atamerdan tolgunýar.
Ol ses gulagyna ilendigini aňdyrýan Gyzdurdy enäniň dodagynda çalaja ýylgyrýan ýaly görnüş peýda bolýar.
--M—m-men ra-azy…
Birdemem şol ýylgyryşa meňzeş görnüş garrynyň tutuş ýüzüne çaýylan ýaly bolýar. Gyzdurdy ene doňup galýar.
Atamerdan ýerinden turup Ahmet ýegene seredýär.
--Ejem-ä işini bitirdi, Ahmet ýegen…
"--Hemme adam bu dünýäden şeýdip, ýylgyryp gdýämikä?"— diýip Ahmet ýegen özüne sowal berýär.
Ýazgül merhumyň ýüzüni örtýär.
Atamerdan Ahmede ýüzlenýär.

-- Sen git-de, Söýün aga habar ýetir. Däp-dessuryň talap edýän zatlarynyň hemmesi deňli - derejeli edilsin!

Agşamara. Atamedan dik duran ýerinden sanan pullaryny hem bir sahypa kagyzy stoluň üstünde goýan badyna Ahmet ýegen gelýär.

--Çagyran ekeniň, Atamerdan daýy…

-- Habar geldi.Men gyssagly Nebitdaga gitmeli boldum… Ejemiň kyrkynam abraý bilen geçirdik. Hyzmat etdiň. Sag bol, toýuňda gaýtsyn!.. Ertir öýlän sagat üçde ýanyma bir hudožnik gelmelidi.Sen öýde bol.Ynha-da oňa tölenmeli pul.Soň özüm oňa jaň ederin. Häzir ol şäherde däl. Şu kagyzam oňa gowşur. Bu ejemiň mazar daşyna edilmeli ýazgy. (Ahmet ýegeniň alan kagyzynyň ýüzüne ullakan harplar bilen: " GYZDURDY ENÄ OGLY ATAMERDANDAN" diýlip ýazylypdyr).Ynha-da ejemiň howlusynyň, jaýynyň açarlary…

--Açarlary men nätmeli?

--Açarlar seňki bolar. Howla-da özüň eýelik et.

--Sen näme?!—diýip, ör-gökden gelen Ahmet aňk-taňk bolýar.

--Meň bu ýerde ýaşamak meýlim ýok, Ahmet ýegen. Öwrenşen ýerim, işim, öýüm beýlede. Ejemiň ýylyny geçirip gidemsoň, men bu oba ýa gelerin ýa gelmerin. Howlam, içindäki zatlaram seňki. Ejem bolmasa, bu ýere aýagymam çekmeýä. Bu meň üçin indi boş jaý.Ýöne gapysy ýapylmasa, gowy bolar.Senem ejemiň ýegeni ahyryn…Ertir hudožnige gowşurmaly zatlaryňy özüň bellije ýerde goý. Men-ä giçki otly bilen ýola düşerin.

Pullary elindäki kagyza dolan Ahmet ýegen beýleki otaga girip gidýär.

Atamerdan Gyzdurdy enäniň krowatynyň gyrasyna geçip oturýar-da, diwardaky suratlary synlaýar.Onuň nazary enäniň şekilinde saklanýar.Garrynyň wertolýotdan düşüp, özüne tarap okdurylyşy göz öňüne gelýär, gulagynda "Balam, Atamerdan jan!" diýen ses ýaňlanýar.Atamerdanyň gözleri nemlenýär. "Sen Ene, men ogul…"

S o ň y

2008.

Atajan Tagan

# A R Z Y  Ý E Ň Ň E

ýa-da

# D Ü Ş N Ü K S I Z   D Ü N Ý Ä…

Uly göwrümli kinokomediýanyň
ssenariýsi

Aşgabat--2009

# 1.POSSUN

## Obanyň eteginde

Göni-göni köçeli, kaşaň-kaşaň jaýly häsirkizaman türkmen obasy. (Obany Gojuk diýip atlandyrýarys.) Güýz paslynyň säheri. Hatar-hatar belent daragtlaryň aňyrsyndan Gün dogup gelýär. Orta ýaşlaryndaky lal çopan göni tagtalardan edilen giň agyla obanyň sürä gidýän sygyrlaryny ýygnaýar.Çopan sygryny goşmaga gelen aýallaryň birine el hereketleri bilen bir "täsin" habary janygyp-janygyp düşündirjek bolýar.Ol güpbüsiniň ýakasyny galdyryp geýilýän eşik, barmaklary bilen "pul sanap" şol eşigiň bahasynyň gaty gymmatdygyny baş ýaýkap, howada "san ýazybam" ýigrimi müň manatdygyny düşündirýär.

--Men şu neressäň diline düşünmäm ömrümi ötürtjek-dä. Ýogsam bu şu mahal gara çyny bilen maňa bir zatlary-ha aýdyşdyrýar welin..

Lal çopan "dile" düşünmeýän aýaly "tankyt" edýär. "Seň kelläň ýok" diýip elini silkýär. Soň öňki eden hereketlerini ikinji aýalyň öňünde gaýtalaýar. Sag eliniň süýem barmagyny çekgesine eltip, kimdir biriniň kellesiniň boşdugyny, asla düşünjesiniň ýokdugyny tekrarlaýar.

--Sen heý bir zat düşündimi?

--Diňe düşünmek däl, aňyrsyna-da ýetdim.

--O nämä beýle janygýar?

--Bu pahyram şol possun üçin jibrinýär.

--O nä possun?

--Wiý, sen nä ol possun hakda eşitmediňemmi? Eý, Hudaý! Öten agşamdan bäri possunyň dabarasy dag aşyp, owazasy dünýä ýaýrady. Obada ýondan gaýry gürrüň ýok ahyryn. Düýn dükanymyza bir aýal possuny gelipdir welin, oň bahasam ýigrimi müň manatmyş!

--Köne puldanmy?

--Ýok, täzeden.

--Bir possunyňam onça bahasy bolarmy, gyz?!—diýip, geň galan aýal elini agzyna ýetirýär.—Şonça pul döküp bir possun aljak adam tapylarmyka?

--Çopan pahyram şony aýdyp janygýar-da. “Ol possuny şonça baga berip aljak aýalam akmakdyr” diýýä.

Gürrüňiň näme barada gidýändigi düşündirilen aýal çopana tarap seredýär-de, tassyklaýyjy baş atýar.

Özi bilen pikirdeş adam tapylanyna begenen çopan hoşamaý ýylgyrýar hem ýene-de bir topar hereket edýär: bilindäki pyçaga ümleýär, şol pyçak blen kimdir biriniň damagyny çaljakdygyny görkezip, bokurdagyna elini ýetirýär.

--O ýened-ä bir zatlar diýýä, gyz…

--Ol aýdýa, eger meň aýalym şol possuny alyp öýe getirmek däl, almaga hyýal edäýse-de, blimdäki pyçak bilen damagyny çalaryn diýýä.

--Ýok-la, gyz, biziň Gojuk obamyzda-ha ýigrimi müň manat berip bir possun aljak aýal tapylmaz.

--Ol possuny aýalyna alyp berjek erkegem tapylmaz.

Aýallaram, çopanam hyrçlaryny dişleşip, baş ýaýkaşýarlar.

## Köçede

Göni köçe bilen otuz bäş- kyrk ýaşlaryndky bir zenan sygryny öňüne salyp, ony sürä goşmaga alyp barýar.Ol görmegeý zenan Arzygül –Arzy- Arzy ýeňňe—biziň komediýamyzyň baş gahrymany, obanyň balalar bagynyň aşpezi, başy boş birki ýyllykda adamsyndan aýrylyşan. Arzygül öz tamynyň köçe tarapynda bir zada güýmenip duran Arabaçy aga gözi düşenden dünýäni unudýar.

--Dükana üýtgeşik bir possun gelendigini eşitdiňmi sen, Arabaçy?

-- Possunly habardan öňürti taňry salamyny bermeli bolar-a, Arzygül?

--O possunyň bahasynyň näçedigini eşiden adam salam-heligi şol dem ýadyndan çykarýa, Arabaçy. O bahany eşitseň, senem üç günläp hiç kimiň salamynam almarsyň, hiç kime salamam bermersiň.

--Beýle bolar ýaly o possunyň bahasy näçe manatmyş?

--Tegelek ýigrimi müňmüş.

--Köne puldanmy?

--Täzeden.

--Düýnden bäri men şo possun barada müň adamdan müň bir gezek eşitdiim. Biziň öýmüzde-de şol possundan başga gürrüň etmek gadagan ýaly. Ine, men şu mahalam şol possunly gürrüňden gulagym biraz dynç alsyn diýip daş çykypdym. Köçä çyksamam ýene şol gürrüň.

Arzy ýeňňäniň sygry gollay köçä golaý ýere-de uzap giden kädi biýaranyň ýapraklaryny iýmäge başlaýar.

--Aý-u, Arzygül, Hudýym şol possun seň başyňa ýetsin, sygryňa seret ahyryn!—diýip, gapdaldaky öýden aýal sesi gelýär.

Arsy ýeňňe sygryny kädi biýarasyndan kowýar.

--Dogrudanam, bir possun diýip biz dünýäni unudyp barýarys!

--Elbetde unudarsyň! Eýsem bir possunyň bahasy şonça bolarmy? Megerem ol üýtgeşik bir haýwanyň derisi bolmalydyr.

--Ol dogrudanam şeýledir, Arabaçy! Oten agşam şony öz gözüm bilen bir göreýin diýip dükana iki gezek bardym…

Gygyr ýene kädi biýara hüjüm edýär.Arzy ýeňňe ýene ony kowýar.

--Possun görjek bolup wagt ýitireniňden sygryňý otdan doýurmaly ekeniňd-ä.

--Ol possunyň bahasyna bäş sany sygyr alyp bolýar, Arabaçy…

## Arzy ýeňňäniň öýünde

Arzy ýeňňe şifonerini açyp, esli salym içindäki eşikleri synlap durýar. Soňra indi könelşen paltony çykaryp, öňünden-yzyndan synlaýar. “Bu-da öz wagtynda ak bazarda tapylmaýan gymmatbaha paltody. Indi mumy geýip daş çyksaň…” Soňra paltony ýerinde goýup, şifonýeriň agzyny ýapan Arzy esli salym oýlanyp durýar-da, jaýyň daşky gapysyny ýapyp, ata-babadan galan haşamly sandygy açýar.Ol ykjamlanyp oturýar-da, sandykdan çykaran düwünçeklerini çözüp, pul sanamaga başlaýar.Pul sanap bolandan soň ýene şifoneri açýar, köne paltony synlaýar.”Iň bolman-da hiç kimde ýok palto geýip, ilden-ä tapawutlanarsyň-da. Bu dünýäde başga näme gerek! Görüp aýallary geplemez ýaly edäýsemmikäm?”

## Dükanda

Oba dükany.Arabaçy aga, Wekil, onuň aýaly Annajemal, Arzy ýeňňe, oba okalgasynyň nüdiri Ýagşylyk dagy bar. Adamlar öz gerek-ýaragyny satyn alýarlar. Söwda etmän, ýöne harytlara biparh garap duranlaram bar. Dükanyň iň görnükli ýerinde oba adamlaynyň dilinden düşmeýän, edil janly aýy ýaly bolup görünýän şol possun asylgy dur.Possun dükandaky arzan-u—gymmat harytlaryň hemmesinden tapawutlanyp göze ilýär. Dükana gelen adamlaryň hemmesiniň ol possuna aýratyn üns berýändigi hem düşnükli zat. Satyjy Şükür ozal asmagy ýadyndan çykaransoň, aňyrdan alyp gelen bir garyş ýaly gaty kagyzyny possunyň ýakasyndan asýar. Gaty kagyzyň ýüzüne ullakan edilip “20.000” diýlen san ýazlypdyr.

WEKIL Ana, saňa gerek bolsa, ap-arzanja possun! Puluny töle-de, hezil ediniup geýiber!

ARABAÇY. Söwda işgäleri bizi derňäp görjek bolýarmykalar ýa-da bu ýerde başga bir gep barmyka?

WEKIL. Sen näme diýjek bolýaň, Arabaçy aga?

ARABAÇY. Diýjek bolýanym düşnüki ahyryn. Heý, onça pul beribem bir possun alyp bolarmy?

WEKIL. Aýalyny sylaýan adam beterem alar. Aýala ýaranjak bolup, aýalyň göwnünden turmak üçin nämeler edilmeýär. Aýal göwni diýip, her tarapyndan müňlerçe adam gyrylýan uruşam turzulýar. Senem ýaş ýigit bolup görensiň-ä?

ARABAÇY. Biz ýaş ýigit döwrümizde beýle nysaklar ýokdy, inim. Egnimiz açylyp durmasa, garnymyz doýsa oňňut eder ýörerdik. Indi döwrem üýtgedi, senedem.

ANNAJEMAL. Döwrem üýtgändir, senedem.Ýöne akly ýerindäki erkek ýigrimi müň manat seçip, aýalyna possun alyp bermez. Akly ýerindäki däl erkek ony

alaýanda-da akly ýerindäki aýaly beýle possuny geýmez. Geýäýse-de possunyň her tüýi endamyna çümer durar. Bu possunyň bahasyna men diýen alty sany süýtli sygyr bolýar ahyryn.
ARABAÇY. Menem şony diýjek bolýan-da.
WEKIL. Diýseňizem… On ýyl mundan ozal şu possun dükana gelen bolsa, men muny Annajemala sowgat ederdim.
ANNAJEMAL. Sokul-da dursa-na, kakasy. Beýle puldar bolsaň, ogluňy öýerip uly toý et-de, ili agzyňa aňkart. Maňa possundan şol zerur.
ARABAÇY. Ikiňiz dawaňyzy goýaýyň, bu possuny hiç kimem almaz. Dükanda gum basyp ýatany galar.
ARZYGÜL. Döwlet şonça bahaly possun çykaran bolsa, alyjy tapyljagyna-da ynanýandyr-da.Ýogsam-a dükandan çykman ýatjak haryt öndürilmäýjek ýaly.
ARABAÇY. Senem biziň döwletimiziň bir raýaty, Arzygül. Eýsem seň özüň bir possuna şonça baha berermüň?
SATYJY. Özüni sylaýan, medeniýete düşünýän aýal bu possun üçin pul gaýgyrmaz.
ARABAÇY ( satjja ynamsyzlyk bilen elini silkip, okalga müdirine ýüzlenýär.) Inim, Ýagşylyk, sen okalga müdiri bolanyň üçin, ertirden agşama çenli kitap okap oturmakdan gaýry pişäň ýok. Şonuň üçinem sen biziň obamyzyň iň bilimli adamy hasap edilýärsiň. ( Ýagşylyk tekepbirlik bilen baş atansoň) Sen dogryňdan gel, inim. Men ýaly çala sowatlynyň gözüni aç. Bir possunyň bahasy ýigrimi müň manat bolup bilermi? O possunyň ýakasyna-ýanyna altyn suwy berilmäni hem görnüp duran hakykat.
SATYJY. Eýýäm maňa müňkür bolýalar. Söwda işgäriniňki mydama şeýledir!
ARABAÇY. Ýok-la. Men saňa müňkürlik edemok-da, hakykaty biljek bolýan. (Ýagşylyk ýylgyransoň). Nämä ýylgyrdyň, inim? Ýa senem biziň üstümizden güljek bolýaňmy? Ýigrimi müň manat gaty kän zat bolýar-a. Özem biziň täze pulumyzdan!
ÝAGŞYLYK. Aý, şü biziň obamyzyň adamlarynyň sadadanam sadadygyna ýylgyrýan, Arabaçy aga. Ýigrimi müň manadyň nämejik. Kyrk müň manatlygam possun bar.(Arabaçy aga ýylgyransoň). A sen hämä ýylgyrýaň? Ýa-da meniň aýdanyma ynanmazçylyk etjek bolýaňmy?
ARABAÇY. Ynanmazçylyg-a edemok welin, biziň obamyzyň adamlarynyň gaty sadadyklary üçin ýylgyrýan. Ýigrimi müňüň nämejik? Elli müň manatlyk possunlaram bar. Ynanýaňmy?
ARABAÇY. Aýdýanyňa ynansamam, ynanasym-a gelenok, inim. Sebäbi egniňe elli müň manatlyk possun geýip daş çyksaňam gapdalyň janpenaly çykmaly bolaýmasaň.
ÝAGŞYLYK. Ol maňa degişli sowal däl.
ARBAÇY. Saňa degişli sowalymam bar. Şu obada şu possuna hyrydar tapylarmy?
ÝAGŞYLYK. Tapylar, Arabaçy aga, hökman tapylar.
ARABAÇY. Men tapylmaz diýýän. Kimiň mamladygyny, ynha, wagt görkezer. Ýene üç ýyldan gelseňem, possun şu duran ýerinde durandyr. Ýöne çaň basyp, bir az reňki üýtgär diýäýmeseň.

ÝAGŞYLYK. Özüni sylaýan aýal, medeniýeti, düşünjesi belent aýal, özüniň beýleki aýallardan birneme ýokarrakdadygyny bilýän aýal bu possuny alyp biler. Alyp biler däl, hökman alar.Ýöne medeniýeti pes aýallar bu possuny alan aýalyň eden hereketiniň manysyna düşünmezler, görüplik etmeklerem ahmal. Adam psihologiýasy, onda-da aýal psihologiýasy şeýle, Arabaçy aga.

Ýagşylygyň aýdanlarynyň esasynda Arzy gyýal ýüwürdýär. Oba köçesi. Gar küräp dur. Howa sowuk. Eginleri donlumy ýa-da ýuka paltoly aýallar tizräk öýe ýetjek bolup digdirekleşip barýarlar. Arzy bolsa howlukman, tekepbirlik bilen ädim urup barýar.Oňa sowuk täsir etmeýär.Sebäbi egninde ýigimi müň manatlyk palto bar.Gabat gelen obadaş öňa tarap geň galyp, belkem hyrydar, belkem görübilmezçilik bilen seredip galýar.

ARABAÇY. Psiholigiýa-msihologiýa diýip düşnüksiz gep tapmasa-na, Ýagşylyk.
ÝAGŞYLYK. Men saňa bar, hem bolup biljek hakykaty aýdýan, agam. Sen-a sowal berdiň, menem jogap gaýtardym… Bu possun erkek adamyňky bolsa alynman ýatar diýseň, men ynanardym. Erkekler bilen deňeşdireniňde aýallar özlerine has belent sarpa göýýarlar. Aýallar öz aladasyny edgen bolýarlar. Şonuň üçinem durmuşda aýalyň hormaty erkegiňkiden ýokarydyr.
Ýagşylygyň gürrüňini üns bilen diňläp duran Arzy aýdylanlary tassyklap baş atýar.
ARABAÇY.Birneme pessaýlaweri, inim. Adam köp okadygyça bilmeýän zady hem köpeläýýän ýaly. Sen erkek adamyň mazarda-da aýal maşgaladan bir depik ýokarda goýulýandygyny ýadyňa sal.
ÝAGŞYLYK. Men ony bilýän. Ol Gündogarda, ýagny musulman halklarynda şeýle.
ARABAÇY. Gündogarda-da, demirgazykda-da aýal aýallygyna galýandyr. (Satyja.) Üçlük kaloş ýokmy, Şükür?
SATYJY. Dükana kaloş gelmeýänine ýarym ýyl boldy.
ÝAGŞYLYK. Kaloş ýok bolsa, Arabaçy aga ikimiz çekeleşigi ýolda dowam ederis
ARZYGÜL. (olar gidensoň). Kitaby köp okaýan adamyň gepi-gürrüňem başga-da.
SATYJY.Ýogsam näme! (Possunyň ýeňlerini düzedişdirýär).Ýagşylyk mydama-da akylly gürrüň edýär…

Balalar bagynda

Iň soňky çaganyň tabagyna nahar guýansoň, Arzy ýeňňe oýa batýar. Gulagynda Ýagşylygyň sözleri gaýtalanýar: "Bu possuny diňe özüni sylaýan, özüniň beýleki aýallardan medeniýetlidigini bilýän aýal alyp biler!" Arzy ýeňňe "Tuwakbibi!" diýip, işdeş ýoldaşyny çagyrýar. "Sörap göreýnin. Şol possun hakda munuň pikiri nähilikä?"
--Näme hyzmat, Arzygül?
Arzygül oýlanýar: "Aýtmalymy, aýtmaly dälmi?"
--Kaşa iýjekmi?
Tuwakbibi onuň ýüzüne geň galyp seredýär.
--Şu mahala çenli heý, meň kaşa iýenimi görüpmidiň?

--Şu gün iýermikäň öýdüpdim.
--Ýok, ezizim, sen meni kaşa üçin-ä çagyrmaly däl. Kalbyňdaky alada kaşadan, palawdan ýokarrakdaky mesele bolaýmasa… Ýa, birine aşyk bolduňmy? Ýakynda toýa garaşmalymy?
--Kalbymda näme bolsa-da, toý tutmak ýaly erbetlik ýok, Tuwakbibi jan. Öň toý tutup näme gördüm. Boýnumdan ilen duzakdan kazynyň güýji bilen zordan dyndym. Gaýdyp men äre çykmak däl, äre çykmagyň pikirini etsemem baryp ýatan samsyk aýal boldugymdyr…
--Ant içme. Pelek işini öňünden bilip bolmaz.
--Men şony öňünden bilýän.
Tuwakbibi Aýrzygülüň ýüzüne mekir ylgyryş bilen seredýär.
--Diýseňem, aňryňda bir galagoplug-a bar, Arzygül jan.Aýtmagam, aýtmazlygam öz işiň.
--Ynanaý, kalbmda kaşa hödürlemekden başga hiç hili pikir ýok.
Tuwakbibi güdensoň Arzy ýeňňäniň gulagynda ýene şop Ýagşylygyň aýdanlary ýaňlanýar.

Oba dükanynda

Dikanda satyjy Şüküriň täk özi. Ol işsizlikden ýaňa meýmiräp otyr. Arzygül gelýär. Satyjy onuň  bu mahal ýönelige gelen däldigini çaklaýar.Ol derew ýerinden turup, possunyň ýeňlerini düzedişdirýär.
--Hoş gördük, Arzy ýeňňe. Geleniň gowy bolaýdy.Içimi hümledip otyrdym.
--Içiňi gysdyrmajak bolsaň, dükana täsinje-täsinje haryt getirerler.
-- Ýene alty günden meniň şu dükanda işleýänime göni ýedi ýyl dolýar. Şol ýedi ýlyň içinde bular ýaly haryt birinji gezek geldi.Ýene ýedi ýyldanam gelerinden gelmezi ýakyndyr. Myny, Arzy ýeňňe, alan adamam geýmezmikä öýdýän.
--Geýmejek adam näme üçin alsyn?  Aslynda muny bir adam geýmeli bolar diýip tikendirler ahyryn?
--Ol şeýledir erlin,bu geýmäge dözer ýaly mal däld-ä. Duluňdan asyp, seredip otursaňam tükeniksiz lezzet bolar. Guwandygyňça-da guwanasyň geler.Ýöne…
-- Halaýan ýokmyka?
--Arzy ýeňňe sen şu obaň iň medeniýetli zaenany hasaplanýaňam welin.. Hawa-da, käte akylly adamlaram akylsyz gep ataýýalar-da…
--Näme boldy?
Satyjy possuny eliniň aýasy bilen sypalap, başyny ýaýkaýar.
--Heý, bular ýaly maly hem halamaýan adam bolarmy? Muňa dil ýetirjek ýa akmakdyr, ýa-da kördür… Göreniň gözi gidip agzy suwaryberýä welin..
--Onda näme?
--Birinjiden-ä, alym bolmasagam, hat okap bilýäs.Ynha, seret!—Possunyň bahasyny barmak basyp görkezýär.—Ikinjidenem, puly baryň äri göwnänok, äri göwnäniňem puly ýok. Iň esasam üçünji sebäp. Bu haryr medeniýeti ýokarrakdaky zenanlaryň harydy. Dogrumy aýtsam, Arzy ýeňňe, şu harydyň uly manysyna

düşünäýjek şu obada iki sany aýal bar. Bir-ä sen, birem oba geňeşiniň başlygy Hüsünjemal Allapenaýewna.

--Ol näme üçin muny alaýmaýaka?

--Özünden başga hyrydar tapylmaz öýdüp arkaýynlaşýan bolaýmasa. Ýörite iki gezek gelip synlap gitdi.

--Seň öz aýalyňam şepagatuýa bolup işleýär. Özem aga-gara düşünýän, şular ýaly harydyňam manysyny biläýjek medeniýetli maşgala…

--Seň näme diýjek bolýanyňa düşünýän, Arzy ýeňňe. Men " Görüpleň gözi çyksyn" diýäýjek welin, bizde bu possunyň bahasyna ýeter ýaly zerurymyzdan artykmaç pul ýok. Karza girip haryt almagam…

Arzy ýeňňe satyjynyň "Görübiň gözi çyksyn" diýen sözlerini öz ýanyndan gaýtalaýar."Dogry aýdýaň. Ýene bir ýyldan elli ýaşyň onlugynyň gyrasyndan girýäň, Arzygül. Häzir geýmeseň, haçan geýjek? Ýigrmi müň manat bahaly possuny egniňe atyp bir gezek daşaryk çykmagam ýigrimi müň manada degmeýämi! Üstesine, sende-de dostam bar, duşmaham.."

Lal sygyr çopan almaga gelen papirosyny kisesine salansoň, dabarasy dag aşan possuny synlaýar-da, başdaky sygyr goşmaga gelen aýala "aýdanlaryny" gaýtalaýar.Soňundanam "Aýallarda kelle ýok" diýip çykyp gidýär.

--Sygyr çopanyň näme diýip gidenine düşündiňmi, Şükür?

--Düşündim welin, durmuş diýilýäň çylşyrymly närse sygyr çopanlaryň görkezen ýoly bilen däl-de, akademiklwriň görkezen ýoly bilen gitmeli. Onsoňam, Arzy ýeňňe, possuny obadaşlaymdan kimdir biri aldy-almady meniň üçin atyň gulagy ýaly dep -deň. Aýlyk planym dolmasa, muny bazara çykararyn welin, elli ýerinden ýapyşyp alarlar.

Bir eli bilen çalarak bilini tutup, Arabaçy aga dükana girýär.

--Iki kile şeker çek, Şükür.

Satyjy şeker çekip durka:

--Biliň agyrjak bolýamy, Arabaçy aga?

--Hawa. Bilagyrym bildirjek bolýa welin, howa bulaşsa gerek. Indi howa-da bulaşsa bulaşybermeli. Çak boldy.

--Güýz ýyly gelse, gyş gaýly gelermiş diýýäler, şol çynmy, Arabaçy aga.

--Şol hakykat, Şükür.

Arabaçy aga gidensoň, dükanyň telefony jyrlaýar.Satyjy gepleşýär.

--Hawa, bar… Iň gowusy… Ýekejesi galdy… Geliberiň!

--Possuny soraýalarmy?—diýip Arzygül gyzyklanýar.

--Ýok.Üç sany tikin maşyn bardy. Hiç kim almady. Ikisini başga ýerden gelip aldylar. Ana, iň soňkusynam şäherden gelip aljaklar.

Arzy ýeňňe tekepbir gepleýär.

--Tikin maşyny şäherden gelip alýan bolsalar, possunam men alýan, Şükür.

Satyjynyň barmaklary jadyly ýaly çalt hereket bilen pul sanamaga başlaýar.

## Köçede

Goltugy possunly Arzy ýeňňe uly köçe bilen öz öýüne tarap gidip barýar.Onuň gulagyna dürli ses, dürli sözler eşidilip başlaýar. "Sen biziň obamyzyň iň medeniýetli zenanydygyňy tekrarladyň!" , "Gutly bolsun!" , "Sen ahli aýallardan

zor çykdyň!", " Ärsiz bolsaňam, ärli aýallardan agramly bolduň!" Emma köçede gabat gelenleriň hiç biri-de onuň goltugyndaky zada üns bermeýär.Kimdir biri köne motosikli bilen tozan baryny asmana göterip, Arzy ýeňňäniň edil gapdalyndan geçip gidýär."Täze possunyň üstüni tozandan doldurdy, ýezit. Hudaým, iki tigriňem birden ýarylsyn!"

Arzy ýeňňe possunyny tozandan gorap, köçäniň gyrasyna çekilýär.

Eli orakly gelýän Annajemal onuň öňünden çykýar.Ol salamlaşýar-da, säginmän, başga sözem diýmän geçiberýär.Arzy ýeňňe ony saklamaga melbur bolýar.

--Haçan görseň, nirädir bir ýere eňip barýansyň. Aýak çekip, arkaýyn salam-helik soraşjak gümanyň ýok.

--Wah, doganjyk, aýak çekmäge wagt tapmasam nädeýin. Iki sygyr, dört göle, alty tokly… Hemmesiniňem agzy bar, hemmesem ot iýjek…

Arzy ýeňňe Annajemaly närazy nazar bilen ugradyp goýberýär.

--Ýeri, "Goltugyňdaky näme?" diýip soraýanyň-da gynanyp öläýerin öýtdüňmi? Ýogsam näme alyp barýanymy çaklaýansyňam welin…

Arzy ýeňňäniň öýünde

Arzy ýeňňe ullakan aýnaly şifoneriň öňünde. Onuň egninde eýýäm täze possunyň bardygyny aýdyp durmasagam düşnüklidir welin… Ol possunyň bolluk bilen edilen ýakasyny agzyna ýetirýär, ysgap görýär, gözlerini süzüp, arzur kölüne gark bolýar: Demirgazygyň aýazly gyşy.Asyl çapgyn şemalyň sowukdan ýasalan ýakymsyz şuwwuldysam eşidilýär. Şemal aýaz bilen mäjum bolup tutuş dünýäni doňdurýar. Sümme tokaýyň belent daragtlaram agaçdan däl, buzdan ýasalypdyr. Hemme zat üşeýär.Emma biziň Arzy ýeňňemize welin aýazly çapgyn şemalam täsir etmeýär. Ol üşemege derek, tersine, derleýär.Gözüni açyp sowuk tokaýdan çykan Arzy ýeňňe aýna seredip duruşyna ýylgyrýar.

--Gutly bolsun, gyz! Hiç kimiň alyp bilmedik possunyny toýdan-toýa geýmek nesip etsin! Ýaş wagtymda-ha bular ýaly zat ýetdirmedi. "Öňüm gelenden soňum gelsin" Serpaýyň gutly bolsun, Arzygül!

Ol yssa ýakyn güýz howasynda derledip barýan possuny çykarmaga mejbur bolýar.

--Possun-a tüýs possun eken. Edil tamdyra çoýlan ýaly ediberdi. Şu possun egniňde bolsa, kyrk çilläniň aýazynyňam etjek alajy bolmaz. Muňa beren puluň azdyr!

Possunyny şifonerden asan Arzy ýeňňe radiony açýar.

Diktoryň sesi: "Gadyrly radiodňleýjiler! Indi bolsa ertirki boljak howanyň ýagdaýy bilen tanyşdyrýarys. Türkmenistanyň howa gullugynyň çaklamagyna hem garaşmagyna görä, ertir biziň ýirdumyzyň hemme ýerinde ýuwaşdan arama çenli şemally, açyk howa bolar. Otuz-otuz bäş derejede maýyllyk bolar dyýlip çak edilýär…

Arzy ýeňňe radiony gahar bilen öçürýär.

--"Çak edlýär, garaşylýar" Garaşaňda näme? Sen nä Hudaýmy? Meýdandan ak-gök ýygnanasoň, dekabryň ortasyna ýetilensoň, näçe garaşsaňam yssy howa bolmaz. Size men belet. Siziň açyk howa boljak diýen gepiňize ynanyp, keçe etjek

bolup ýören ýüňümi ýagyşyň aşagynda galyrmadymm?—Arzy ýeňňe şifoneri açyp, possuny gaýtadan synlaýar, öňe süýşüp, yza çekilip, başyny ýaýkap edinen harydyna guwanýar.—Possunly habar eýýem tutuş oba ýaýrandyr. Ynha, aýal bary "Arzygül, sen-ä är işini bitirdiň, gyz. Gutly bolsun!" diýip geler. "Taňryýalkasyn! Size-de nesip etsin!" diýip ýetişseň bolar. Beýle haryt olara-ha hesip edermi-etmezmi welin, diýilmeli gepi diýmeli bolar.

Daşarda

Şol başky oba görnüşi. Daşda-içde adamlar öz iş-aladasy bilen gümra.Howa maýyl. Ozalam belent asman hasam aňryk süýşäýen ýaly öňküsindenem belent bolup görünýär.Gözýetimde bir übtügem bulut ýok. Tebigatyň görnüşi gyşyň golaýdygyny däl-de, güýzüň başky günlerini ýatladýar.

Arzy ýeňňäniň öýünde

Şifonerden çykarylan possun bu gezek diwanyň üstünde ýatyr.

--Üç gün geçdem welin, meni gitlamaga gelýn ýok-la? Muňa nähili düşünmeli? Gowulyga guwanmagy adamlar ýatlaryndan çykaraýdylarmyka?

Açyk duran gapynyň bosagasynda Wekil uzynyň aýaly Annajemal görünýär.

--Arzygül, sen öýdemisiň?

--Öýdedirin, Annajemal, geliber! Caçakçy gyrýas diýip, balalar bagynam birki günlük ýapdylar. Gel, geç, otur! Çaý goýaýyn.

--Geldim-ä welin, çaýlaşyp oturmaga wagtym ýok, dogan. Mallara tirt, ot yaýynlamagam ertirden –agşama iş bolýar. Basym toý etmek meýlimiz bar. Mal-lgara-da şonda birneme azalar-da.

Arzy ýeňňe Annajemalyň possuny görmegini, agzyny açyp, haýran galmagyny isleýär.Emma gelen aýal possuna tarap seretmeýärem.Arzy ýeňňe: "Görse-de, görmediksirän bolýarmyka? Umuman, aýallar erkekler bilen deňeşdireniňde hasam görip bolýar diýýärler weln, şol çyn bolsa gerek"

--"Işe gutarma ýok." Beýdip dünýäni tutup bolmaz-a.

--Seňem aýdýanyň jany ýok däl, Arzygül. Aramyz uzak bolmasa-da, gep-gürrüň alyşmaga wagt tapamyzok. Nähili, dogan, saglyk gowumy? Gaty görme, dogan. Ýene bir aýdan dagy toýa çagyrmaga gelerin-dä.

--Oň bolsun! Meni ýadyňdan çykaraýmagyn.

--Ilden öňürti seni çagyraryn.Arkaýyn bol.

--Tamdyry otlamalydym welin, öýde kükürt gutaran eken.Ýogsam tutuş iki manatlyk kükürt alanymam ýap-ýaňy ýalydy welin… Bir guty kükürt dilemäge geldim.

Arzy ýeňňe beýleki otaga kükürt almaga geçýär. Ýol ýerde-de hüňürdeýär.

--Utanman, tutuş iki manatlyk kükürt alyp, dükany göçürip getirendirin ödýär. Şol dükandan bir bada ýigrimi müň manatlyk possun alyp gaýdýan nätmelikä?

--Maňa bir zat diýýäňmi, gyz?—diýip, bosagada duran Annajemal gygyrýar.

Arzy ýeňňe kükürt alyp çykýar.

--Hawa. Obada näme täzelik bar?—diýip soraýan.

--Men-ä täzelik eşidemok, gyz. Täzelik ýok hem bolaýmasa.

--Biziň obamyz maýda-iri täzeliksiz-ä ýaşamaz.

--Hawa, Tüňňi aga Ogulsapar çişigiň baggoýnuny iki ýüz manada diläpdir. Ogulsaparam “ Ýene bäş manat galmasaň, berjekgäl” diýip goýnuny satmandyr. Şol täzelig-ä bar.

--Tutuş oba bäş manadyň gürrüňini edýä. Emma meniň ýigrimi müň manat töläp alan possunymyň bolsa gürrüňi edlmeýä. Bu dünýä düşnüksiz dünýä-dä.

--O nä possun?—diýip, Annajemal ör-gökden gelýär.—Şol bahasy ýigrmi müň manatlyk possunmy?!—Ol ýakasyny tutýar, kükürt elinden gaçýar.— Waý, gara çynyňmy, gyz?

--Anha, seredäý!—diýip, Arsy ýeňňe possuna tarap elini uzadýar.

Aljyran Annajemal dili tutulan ýaly bolup, aňk bolup durýar.

--Jan iller, bu akmak Arzygülüň eden işini görüň-le! Meň gözüm-ä görenok, gulagymam eşidenok. Hiç haýsyna-da ynanamok… Gara çynyňmy ýa-da sen meňi oýnaýjak bolýaňmy?

--Görüp durkaň, nämä ynanmazçylyk edýäň?

Ýere gaçan kükürdi alyp, gaty geň galýandygyny agzyny bir eli bilen tutup aňdyran Annajemal aňk ýaly bolup gidýär. Onuň yzyndan garap galan Arzygül baş ýaýkaýar.

--Zannyýama heleý göwnüm üçin “Gutly bolsynam” diýmedi-dä. Hawa-da, gije-gündiz mal-gara seretmekden başga zady bilmeýänden dagy nämä garaşjak? Wekil uzynyňam aýal diýip saklap ýörenini! Bir bedre süýdi bular ýaly iki possundan artyk hasaplaýar…

Arsygül radiony açýar-da, diwanda possunyň gapdalynda oturýar.

DIKTORYŇ SESI-- Daşary ýurt habaralaryna geçýäris. Hindistanda Gang derýasynyň şoşmagy bilen agyr sil geldi. Ýurduň käbir ştatlary heläkçilikli zona diýlip yglan edildi. Deslapky maglumatlara görä, adam ýitgileride bar…

ARZYGÜL.—Ýeriň ol ujynda sil geleni bilen siziň näme işiňiz bar diýse-ne. Öz ýurduň täzeliklerini aýt-da, howa maglumatyna geç-dä!

DIKTORYŇ SESI.—Düýn Hytaý Halk Respublikasynda dünýä medizinasynyň taryhynda heniz gabat gelmedik täzelik boldy. Gwansi welaýatynda ýaşaýan otuz iki ýaşly Minhiniň bäşem çagasy boldy. Sinhua agentliginiň habar bermegine görä, lukmanlar änäniň hem dünýä inen çagalaryň saglyk ýagdaýyny kanagatlanarly hasaplaýarlar..

ARZYGÜL.—O habaryň bilenem ili aňk ederin öýtme. Hytaýda bäşem däl, onam çaga dünýä inse-de geň görmeis. Hytaý Hytaýdyr-da. O ýuirtda ozal nä adam azmy? Bäşden-altydan dogurmasalar Hytaýda milliard ýarym adam nireden peýda bolsun!

DIKTORYŇ SESI.—Indi howa maglumatyna geçýäris.

ARZYGÜL.—Munyň başga gürrüň.

DIKTORYŇ SESI. Ertir Türikmenistanyň ähli ýerimde az bulutly, ýagynsyz, gündogardan öwüsýän ýuwaşdan aram şemally howa bolar. Otyz-otuz iki, kä ýerlerde otuz bäş derejä çenli maýyl bolar…

Radio tarap närazy nazar bilen sereden Arzy ýeňňe başyny ýakaýar.

Obanyň agşamky görnüşi

Töwerek garaňkyraýar.Köçe ugrundaky çyralar ýnýar.Obanyň agşamky şowhuny kem-kem ýatyşýar.

Arzy ýeňňäniň öýünde

Arzy ýeňňe birneme köşeşen ýaly.Ol ýatmaga taýynlanýar.Ýatsa-da, ýatyşy birhat, sagyna-soluna agdarynýar.Uklan ýaly edensoňam ýene gözüni açyp, alagaraňkyda diwanyň üstünde çala görünýäň possuna tarap seredýär.

Irden oýanan öý eýesi diwara ýelmenen asma kalendaryň "21 dekabr" diýen sahypasyny ýyrtyp mynjyradýar-da, daş çykýar. Asman arassa. Lowurdap gün dogup gelýär.Arzy ýeňňe mynjyradan kalendar kagyzyny ýazyşdyryp ýene bir gezek seredýär. "Ýerde-hä dekabryň ýigrimi biri, asmandan bolsa jokrama tomsuň Güni dogup gelýär.Obadaşlara göz edip üýtgeşik possun geýjekdiň welin, Hudaý nesip etdirjek däl öýdýän?".

Köçede

Arzy ýeňňe irden işe baýarka okalga müdiri Ýagşylyga gabat gelýär. Iki obadaş gara-gadyr bolup salamlaşýar.Edil tomus aýlarynda gezip ýören ýaly Ýagşylygyň egninde ak, ýukajyk ýeňsiz köýnegi bar. Arzy ýeňňe oňa üns bermän durup bilmeýär.

--Işe köýnekçe gidäýýäňmi, Ýagşylyk jan?

--Wah, Arzy ýeňňe, şu ýeňsiz köýnegem agyr ýük bolup duýulýar. Howany göreňokmy?

-- Howa diý-de, goýaý sen. Munuň soňy bir abat gutaraýsa ýagşydyr.

--Erbetlig-ä bolmaz welin… Gazetleriň ýazmagyna görä, bütin dünýäde maýylgançylyk. Soňy oňat bolar-da, geýlmän ýatan gyş eşiklerden häzir bolmaly. Bular ýaly maýyl howada güýe köpelýär. Sütükli ýa ýüň eşiklere-de ýekeje güýe düşse-de zyňaýmaly bolýar.

Şifonerden asylgy duran possun Arzy ýeňňäniň göz öňüne gelýär. Possunyň ýakasynda, ýeňlerinde güýe bary moýmuldaşyp ýör.

Arzy ýeňňäniň öýi.

Arzy ýeňňe asma kalendardan "28 dekabr" diýlip ýazlan sahypany goparyp alýar-da, ony diwanyň üstüne zyňyp göýberýär.Şifoneri açyp possuny synlaýar. Possunyň ýüzünde güýä garşy düýnki sepen dermanynyň yzy çala bildirýär. "Näme sepenimi kim bilýär. Belkem bireýýäm güýji gaçan dermandyr. Şähere gidip, täzesini tapmaly bolar. Possun satyn aldyňmy ýa-da başyňa bela satyn aldyňmy? Munam güýä iýdirip, beren pulumam köýdüsem…"

Arzy ýeňňe radiony açýar.

DIKTOR.—Häzir howa maglumatyny diňläň!

ARZYGÜL.—Sizň nähili maglumat berjekdigiňizi men indi öňüňnden bilýändiirin.

Radionyň sesini ýatyran Arzy ýeňňe daş çykýar. Ýene şol gyş aýynyň howasyna meňzemeýän güýz görnüşi. Parlak gün dünýäni ýagtyldýar.

Arzy ýeňňäniň düýşi

Howa birden bulaşýar. Şatlama aýazly gyş düşýär. Çapgyn şemal şuwlaýar. Eşikleri ýuka adamlar ýolda-yzda dygdyraklaşýarlar. Üşäp buza dönen Araabaçy aga Arzy ýeňňäniň ýanyna gelýär.

--Meni seň ýanyňa oba geňeşliniň başlygy iberdi.Possunyňam geý-de, derrew orta çyk. Häzir seň şanyňa bagyşlanan ullakan ýygnak başlanýar.

--Ahyr aklyňyza aýlandyňyzmy, biderekler?

--Depämizden inen aýaz oýlanmaga mejbur etdi.

--Ýeri, başgalar-a başgalar welin, Arabaçy aga, seni ne döw çaldy? Ýekeje gezegem possunyň gutly bolsun diýmediň.

--Hatamy öt, gyzym. Men ýalňyşypdyryn. Şeýtana özümi oýnadypdyryn. Üstesine görüpligem gurasyn!

Ýygnakda adamlar çykyş edýärler.

ÝAGŞYLYK. Arzy ýeňňe, sen bizi bagyşla. Görüplik erkekde-de bolýar aýalda-da.

SATYJY. Menem görip.

WEKIL. Menem.

BATMAN. Men görip däl. Men Arabaçy aganyň ýegeni. Bu oba ýaňy göçüp geldim. Men göripdäl. Adyma-da Batman ýuwaş diýýäer.

ARZYGÜL. Görüp bolmasaň, sen näme üçin gutlamadyň.

BATMAN. Birinjiden-ä men seni tananok…

ARZYGÜL. Tanamasaň tanşarys. Sypjak ýeriň bolmaz. Dünýäde görip däl adam ýok eken…

ARABAÇY. Gadyrly obadaşlar, men köp gepläp, siziň wagtyňyzy almaýyn. Ýazylany okaýaýyn. (okaýar). “Oba geňeşliginiň karary. Gymmatbaha possun almak ilen pähim-paýhas babatda obamyzyň ähli aýallaryndan medeniýetli ekendigini subut edeni üçin Gojuk obasynyň balalar bagynyň sada aşpezi Arzugüli şol balalar bagynyň müdiriniň orunbasary wezipesine bellemeli” Gutlaýan, Arzygül. Sen öz akyllydygyňy subut etdiň.

Arzy ýeňňe oýanýar-da, keýpsiz hüňürdeýär: “Indi şo possun üçin maňa arkaýyn ýatuwam ýok. Däliremesem ýagşydyr ýene!

Köçede

Arzy ýeňňe daş çykanda sygryny sürä goşmaga barýan Arabaçy aga bilen salamlaşýar.

-- Gaty irläpsiň-le, Arabaçy?

--Täze sygyr aldyk-da, süri bilen öwrenişdirmek üçin irräk alyp çykaýýan.

--Näçä aldyň?

--On manady kem dört müň. Süýtli çykdy hernä.Bähbitli mal…

“Seň possunyňdan bähbit ýok” diýdigimikä?” diýip Arzy ýeňňe içini gepledýär.

--Saglygyň nähili? Guragyryň gozgaman durmy?

--Saglyk, şükür, oňat. Guragyry diýýäňmi? Ol-a şu ýyl ýadyma-da düşenok diýen ýaly. Howadan habaryň barmy? Ýalbyrap dogup gelýň Güne seret! Don

geýmän, possun geýmän gyşy geçirmeli bolaýjak öýdýän… Höw!—Arabaçy aga elindäki çybygy bilen sygrynyň sagrysyna çalaja kakýar-da, gidiberýär.
--Gör-ä, şu goja-da maňa gepini gyşardan bolýar.Ýa-da ondan dynaýsammykam? Dükanam satan harydyny yzyna-da almaýar-da.

Bazarda

Uly bazar. Zat alýanlardan, satýanlardan, tomaşaçy ýaly ýöne aýlanyp ýörenlerden ýaňa ýer-ýurt ýok. Goh-galmagal dik asmana göterilýär.Arzy ýeňňe milli geýim-gejim satýan aýýalaryň ýanyna baryp durýar.Megerem uly bazarda täk özi possun satýan aýal köpüň ünsüni özüne çekýän bolarly, geçen adam Arzy ýeňňä tarap siňe-siňe seredip geçýär.

Egninden radio asylgy gaty üýtgeşik geň eşik geýnen ýaş ýigir Arzy ýeňňäniň ýanynda aýak çekýär.

--Sibirden geldiňmi, daýza?

--Sibirde näme işim barmyş? Men Gojuk obasyndan geldim.

--Aý näbleýin, satýanyň Sibiriň harydy bolansoň soraýdym—diýip, ýigit ýoluny dowam edýär.

--Ana, Wekil uzynam göründi! Oglunyň toýy üçin zat almaga gelendir. Annajemalam ýanynda bolaýsa-ha… Meni bir görmän geçäýbilsediler hernä!

Wekil uzyn, iki adim aralykdan geçip gitse-da, Arzygüli gömeýär. Göze ilmänine begenen Arzy ýeňňe hereket etmäge başlaýar.Ol geçip barýan ýaş hem görmegeý rys aýalyna ýüzlenýär.

--Aý-u, sary gelin! Gowy possun almak meýliň bar bolsa-ha, öz nyrhyndanam ýüz manat bäri hem bererdim.

Sarýgyz gelin possuny synlap gidýär.

Arzy ýeňňäniň keýpi bozulýa

--Halamady öýdýän.

Geçen possuna seredip geçýär.Emma hyrydar bolýan ýok.

Esli wagtdan soň ýaňky sary gelin bir erkek adamyny hem yzyna tirkäp gelýär. Olar possuny çar tarapyndan synlap, käbir ýerini garyşlap, düýpli gözden geçirýräler. Saryýagyz gelin possuny ýeňlenýär. Possun onuň edil özüne tikilen ýaly egninde ykjam oturýar.Erkek adam öňe-yza çekilip possunyň aýalyň egninde oturşyny synlaýar, ahyram “Otliçno!” diýýär. Saryýagyz gelin nyrh barada çekeleşigem gurman, döşünden bahasy ýazylan resmi kagyzy hem aýrylmadyk possunyň puluny sanap berýär. Arzygül ýüz manady yzyna gaýtarýar. Sary gelin ony ýylgyryp kabul edýär. Şonluk bilenem Arzy ýeňňäniň bir aýlap keýpini bozan possun bazar tolkunynyň içinde ýitip gidýär.Arzy ýeňňe saryýagyz gelniň yzyndan guwanç bilen garap galýar.

--Possunyň toýda tozsun, sary gelin!

…Oba tarap barýan ulagyň içinde oturan Arzy ýeňňe egninden agyr ýük aýrylansoň keýpiçag bolup görünýär.

Arzy ýeňňäniň öýi.

Ertir ir bilen. Ukusyny hem mazaly alan Arzy ýeňeňe oýananda-da keýpli oýanýar.

--Heziller edip ýatypdyryn!

Ol daşaryk ýönelýär. Mundan ozal ýeňillik bilen açylyp-ýapylyp duran jaýyň daşky gapysyny öý eýesi bar güýji bilen iteklabem zordan açýar. Kynlyk bilen açan gapysyndan daşaryny synlan Arzy ýeňňe gyşyň birinji garynyň dyz boýy galandygyny görýär. ”Hudaý meň possunymy satanymy nädip bildikä?”

Daragtlar gardan telpek geýen ýaly. Mellegiň joýalary tep-tekiz. Görýän ahwalatyna aňk bolup, gapyny ýapmagy hem unudansoň, Arzygülüň ýüzüňe ýaňagyny ýalap barýan sowuk şemal urup başlaýar. Sowukdan ýaňa kibtini gysyp, titräp duran Arzy ýeňňe uludan dem alyp, başyny ýaýkaýar.

--Alhepus, bu dünýäniň düşnüksizdigini!

## 2. WEKIL OGUL ÖÝERÝÄR…

Obanyň ýazky görnüşi.Birki sany ýetginjek hem görmegeý, bezemen gyzlar toý çakylygy bilen öýme-öý aýlanyp ýörler.

--Birigün Wekil aga gelin edinär. Toýa baryň! Toýa çagyýas!

Çakylykçylar Arzy ýeňňäniňem gapysyndan barýarlar.

--Arzy ýeňňe, birigün Wekil aga ogul öýerýär. Sizi toýa çagyrmaga geldik. Toýa baryň!

Arzy ýeňňäniň keýpi kök.

--Oň bolsun! Hökman bararys, hökman! Hoş habar bilen gapymdan geleniňiz üçin men siziň agzyňyzy süýjedeýin!—Ol şkafdan bir penje daşy owadan kagyzly süýji çykaryp, gelenleriň hersiniň eline iki sanysyny berýär.

Ýolda

Arzy ýeňňe sähjer bilen ýola düşýär.Örän howlukmaç görünýär.Welosipedli barýan Ýagşylyk onuň yzyndan ýetýär-de, edil gapdalyna baryp aýylganç jygyldy bilen tormoz berýär. Arzy ýeňňe tisginip gidýär.

--Salam, Arzy ýeňňe!

--Salam welin, bütin dünýäni gohlap ýörmän, tigriňe ýag çalaýsaň bolmadymy, han?

--Ol tigirden däl, tormozdan.

--Tapawudy näme.Niresi jygyldasa, öo ýerine-de ýag çalynýandyr-da.

.Salam-helik alşygyndan soň Ýagşylyk:

--Gaty irläpsiň welin, eýgilikmidir, Arzy ýeňňe?—diýýär.

--Arzy ýeňňäň niýeti-päli eýgilikdir. Şonuň üçinem onuň ugran ugry toýdur—dabaradyr, Ýagşylyk jan.

--Bazara barýansyň-da.

--Ony näbilýäň?

--Sebäbi, beýle ir diňe başara gidilýär-dä.

--Dürs aýdýaň. Bazara barýan.

--Ýene possun almakçy bolýaňmy?
--Daň bilen keýpimi bozma, Ýagşylyk. Özüň-ä bir gowy ýigit welin… Şol possunly gürrüňiň gutardygy bolsyn ylaýym.
--O gymmatbaha possuny ile göz edip alaňda-ha hiç kim duýmady welin…
--Ilden gizlenip satanymy welin uly il bilendir.
--Menem şony aýtjak boldumd-a.
--Bi zamanda adamlar ýagşyny gizläp, ýamany ýaýýalar.
--Ol mydamada şeýle eken,Arzy ýeňňe. Onuň üçin keýpiňi bozup ýörme. Bazarlyk näme aladaň bar?
--Seň habaryňam ýokmy? Wekil ýegen toý edýär ahyryn.
--Habarym-a bar welin..
--Bar bolsa, iliň begenenine begenmegem başarmaly. Wekil ýegen ogul öýerýär, menem şol toýa eltmek üçin ullakan goýun almakçy.Pul gysganman. Dünýä iki gezek gelinmeýär. Adamlara hormat goýmaly.
--Ol düşnüki welin, Wekil aga size nähili ýegen bolýar?
--Birinjiden-ä, mekdepde okamyzda adamyň aňyrsy maýmyndyr diýip öwredýärdiler. Hemmämiziň aňrymyz bir. Yzarlaşybersek, seň bilenem garyndaş çykjagym hakdyr.
--Ol şeýledir welin, iň ýakyn garyndaşyň toýuna mal eltilýär-ä. Goýun ýüz manada, iki ýüz manada berilmeýär ahyryn?
--Gepem şonda-da. Garyndaş däl halyňa toýa goýun eltseň, ony uly il gürrüň eder. Olam Wekil ýegen üçinem, meň üçinem erbet bolmaz. Düşündiňmi, Ýagşylyk jan?
--Indi düşündim, Arzy ýeňňe, aňry ýany bilen düşündim…

### Awtobusda

Şaýoldaky duralgada adam kän eken.Ýetip-ýetmänkä awtobusyň gelmegi bilen Arzy ýeňňe ulaga münenleri doly saýgarybam bilmeýär. Ýöne özi welin münmäge ýetişýär. Öz obadaşlaryndan diňe Aýperi eje onuň gözüne ilýär. Arzy ýeňňe awtobusuň yzyragynda duran Wekil agany welin görmän galýar. Aýperi eje bilen ara esli bolansoň, hemem motoryň güwwüldisi gepleşmäge päsgel berensoň, Arzy ýeňňe gygyrybrak geplemeli bolýar..
--Aýperi eje, senem bazara barýaňmy?—garry “ýok” diýen manyda baş ýaýkansoň, Arzy ýeňňe dowam edýär.—Men-ä bazara barýan. Wekil ýegen toý edýär. Toýa bir zat almaly-da. Ýöne sen meň ol toýa eltjegim kiçi-girim zatdyr öýdäýmegin. Ile göz edip, ullakan goýun aljak. Ýogsam,Wekil meň garyndaşymam däl welin…

### Bazaryň öňünde

Bazar howlusynyň derwezesiniň öňünde gelip saklanan awtobusdan Arzy ýeňňeden başga-da Arabaçy aga bilen Wekil hem düşýär. Wekiliň ýüzi salyk. Arzy ýeňňe olar bilen salamlaşýar.
--Wekil jan, toý gutly bolsun! Ynha,menem seň toýuňa goşantlyk zat almak üçin bazara geldim…

Wekil baş atsa-da, sesini çykarman geçip gidýär.

Bazarda

Şowhunly bazar. Arzy ýeňňe sygyr satylýan ýerden geçip, goýun satylýan ere barýar.Ol üç-dört sany goýun saklap duran aýalyň golaýragynda saklanýar. "Ýok, söwdada aýal bilen iş salyşmaly däl. Aýal halky bir manady adam janyndan eý görýär. Erkekleriň köpüsi tarhandökerligem edäýýä…" Ol beýleräkde goýun satýan ýaş ýigidiň ýanyna barýar.

--Öweçlere häçe nyrh kesýäň, jigim?

-- Birinjiden-ä, bular öweç däl. Üç ýaşdan geçen maň goýun. Iki ýüz bölekden ybarat. Söwdalaşybermeli, ýeňňe. Muňa bazar diýýäler.

--Bir goýnam iki ýüz manat bolarmy!

--Bazaryň göterýäni şol. Diläber!

--Dilär ýaly nyrh aýtsaň dilener-dä.

--"Iki ýüz bölek diýdim-ä". Sen biraz ýokary galarsyň, men biraz aşak düşerin.Ýeýdip, iki taraplaýyn keýp çekeris. Bazaryň neşesem şondadyr, ýeňňe jan!

Arzy ýeňňe ýene aňryk ýöreýär. "Ýaş oglan welin tapýan sözlerini gör! Hawa-da, bular öýde dogulman, bazarda doglanlar-da. Göbeklerinem göbegenäň päkisi däl, pul kesen bolmaly. Heý, göbegenesiz doglanlar diýsänim!"

Arzy ýeňňe goýun saklap duran aksakalyň ýanyna baryp durýar.

--Mal almak meýliň bolsa-ha, gel, keýgim.

--Mal almak meýlim bolansoň bazara geldim-dä, agam. Wekil ýegen ýeke ogluny öýerýär. Şoňa toý goşant etmekçi bolýan.

Wekil aga geçip barýarka, tötänden öz adyny eşidip aýak çekýär.

--Men seň Wekil ýegeniňi-hä tanamok welin, ynha şu goýny goşant diýip eltip bilseň il gözüne abraýyň beýgeljegihini-hä mem saňa öňünden aýdaýyn.

--Näçe diýýäň?

--Ýüz segsen.

--Ýokary bolýa. Ýüz altmyş bereýin.

San gulagyna ýakmadyk ýaşuly aýdylany eşitmedik bolup, keserip durýar.

--Ýüz ýetmiş.

--Men hiç zat eşidemok.

--Eşidiler ýaly edäýerin. Ýüz ýetmiş bäş.

Ýaşuly goýnuň ýüpüni alyjysyna uzadýar.

--Nesip etsin!

Alan malyny zordan süýräp, Arzy ýeňňe bazardan çykyp barýar. Derwezäniň Öňünde eli täze pilsaply hem orakly Arabaçy aga gabat gelýär.

--Arzygül, ak goýny näçä düşürdiň?

--Bäşi kem ýüz segsen .

--Ýüz ýetmiş bäş diýseň hasam düşnükli bolaýjak ýaly welin… Nesip etsin!

--Maňa däl, Wekiliň toýuna nesip eder, enşalla!

--Sen-ä gaty zor, Arzygül. Wekiliň ýakyn garyndaşlaryndanam toýa bular ýaly goýyn süýräp barjagy bolar öýdemok. Sen obany haýran edersiň.

Arzy ýeňňe tekepbirlik bilen ýylgyrýar.

Geçip barýan ýaş ýigit:
--Ýeňňe, goýny satjakmy ýa aldyňmy?
--Aldym. Wekil ýegeniň toýuna goşant diýip aldym.
--Sen-ä ak bazarda Wekiliňem abraýyny göterýäň, Arzygül!—diýip, Arabaçy aga ýaňsyly ýylgyrýar.—Toýuna ullakan goýun goşant eden adama seň Wekil ýegeniň özi näme sertpaý gaýtararka? Olam gatybir eli açyk adamam däldir.Gör-dä!
Arabaçy aganyň soňky aýdany Arzy ýeňňäni oýa batyrýar.

Arzy ýeňňäniň gapysynda

Arzy ýeňňe getirip öz malýatagynda baglan göýnuny kesesinden synlaýar. "Arabaçy aganyň ýdanynyňam jany ýok däl. Men-ä toýa iki ýüz manadyň bäri ýany tölenip alnan goýun eltsem, toý eýesem serpaý diýip düwünçegime bäş manatlyk ýaglyk salsa… Etjek zadyň häme? Ýok, Wekil ýegen beýle husyt däldir. Üstesine-de ol bazarda malyň häçe nyrhlanýanyny öz gulagy bilen eşidip gaýdandyr ahyryn…"

Köçede

Toý eşiklerini geýnip öýünden çykan Arzy ýeňňe toýa eltmeli goýnunyň ýüpündn tutup, Wekil agalara tarap ugraýar. Geçip giden Ýagşylygyň welosipediniň şakyrdysyndan ürken goýun tas eýesiniň elinden sypyp gaçypdy.
--Welsepit münmeseň seni ýer göterýän däldir!—diýlen sözleri Ýagşylyk eşitmän gidýär.—Elimden sypaga-da, ümdüzüne gaçyp ötägiden bolsa näderdim?
Öňünden çykan bir ýetginjek Arzy ýeňňä:
--Arzy ýeňňe, sen şu goýny bir ýüz ýetmiz bäş manat on ýedi köpüge satyn aldymy?—diýen sowal berýär.
--O gepi kim tapýa?—diýip, Arzy ýeňňe gaharlanjak bolýar.—Köpüklär ýaly, teňňelär ýaly men nä bu goýyny döwlet dükanyndan aldymmy? Bazardan aldym ahyryn.
--Aý, näbleýin, men-ä o gepi toý ýerde eşitdim. Toý eýelerem size goýuna derek näme halat ýapjaklaryny bilmeýärmişler.
--Soňky sözler gulaga ýakman duranok, han ogul. Elbetde, toýa ullakan goýun eltilensoň, mynasyp jogabam gaýtarmaly bolar-da.
Keýpi göterilen Arzy ýeňňe tiziräk toýa ýetmek üçin howlugýar.

Toýda

Toý ýeri. Arzy ýeňňäniň öňünden ilki Wekiliň aýaly Annajemal çykýar.Wekil uzyn bir çeträkde seredip dur.
--Şümi alan goýnuň!?—diýip, geň galan Annajemal elini agzyna ýetirýär.
--Näme, göwnüň ýetmedimi?

--Göwnüm ýetmezmi! Biz beýle maly ýakyn garyndaşlammyzdanam göremizok. Agyla seret. Wekiliň süýtdeş dogannyň getirenem ýumruk ýaly kel tokly. Terezä goýsaň, sekiz kile-de çykmyýa.

-- Muňa-ha ýirimidenem ýokary geler diýýäler.

--Ýigrimi kilodan ýokarydygy görnüp dur ahyryn.

--Bahasyndan gaçmadym-da.

--Ony eýýäm tutuş oba bilýär.

--Adam adamy sylasa ol bilinmeli-dä.

-- Sylanyň üçin biz saňa ömrümiz ötýänçä minnetdar, Arzygül jan. Hany, ýör öe gireli. Goýnuňy oglanlar agyla salarlar…

Bir ýigit Arzy ýeňňäniň getiren goýnuny alyp gidýär.

Toýdan soň

Içine toý serpaýy salnan ýaglygy goltugyna gysyp barýan Arzy ýeňňäniň dünýä bilen işi ýok. Ol näme serpaý salnanyna tizräk göz ýetirmek üçin öýüne tarap howlugýar.

Töweregine garaman, haýdap öýüne giren Arzy ýeňňe gapyny ýapmaga-da, aşak oturmaga-da kanagaty çatman, dik duran ýerinden düwünçegi açýar. Düwünçekde ullakan gyzyl seçekli ýaglyk bar eken. "Bular ýaly gowy ýaglyk dükanlara-ha düşmeýär. Bazarda-da muň bahasy ýüz manada golaý bar"

Açyk gapydan goýnuň mälänini eşiden Arzy ýeňňe daşaryk seredýär-de, gymmatbaha ýaglygy hem unudyp agyla tarap ylgaýar. Onuň toýa elten goýny öz agylynda agaja baglangy durdy."Özüniň gaçyp gelmedigi hem belli zat"

Wekil agalar tarapgan toý sazynyň owazy eşidilýär. Arzy ýeňňe şol tarapa seredýär:

--Alhepus, bu dünýäniň düşnüksizdigini!

## 3. NOWRUZ ALMASY

Obanyň uly köçesinden bir arryk aýal barýar. Başga bir semiz aýal hem oňa tarap gelýär.Olar ýüzbe-ýüz bolanlarynda, arryk aýal öz aýdýan habaryna gaty geňirgenýän ýaly bolup:

--Eşitdiňmi, gyz, Arzygül äre çykýamyş?—diýýär.

--Kime?

--Arabaçy aganyň göçüp gelen ýegeni Batman ýuwaş bilen nikalaşjakmyş.

--Menem saňa şol habary aýdaýyn diýip gelýädim-dä. Ol iksini birleşdirmegiň aladasyny edýänem Arabaçy aganyň özümiş.

Iki aýal hoşlaşýar. Arryk aýal köçäniň aýak ujuragyna ýetende öňünden başga bir aýal çykýar.Olar öňki görnüşdäki ýaly ellerini agyzlarya ýetirip bir-birege habar berýärler. Elbetde, gürrüňiň Arzy ýeňňäniň äre çykmagy barasynda gidýändigi düşnükli. Semiz aýal hem köçäniň beýleki tarapyny ädimläp tamamlap barýar.Onuň öňünden hem bir aýal çykyp, olaryň ikisi hem aýak çekýär. Köçäniň beýleki tarapynda arryk aýal bilen bolup geçen görnüş bu ýerde hem gaýtalanýar.

Giň oba köçesinde garrylyk serhetleriniň hemmesinden geçiberen, hasasyna söýenibem zordan “dähedem-dessemläp” ýöreýän garry adam peýda bolýar. Onuň öňünden çykan bir ýaş ýigit, salam-helikden soň:

-- Kerwen aga, eşitdiňmi? Arzygül äre çykýamyş—diýýär.-- Ony Arabaçy aganyň Batman ýuwaş diýen ýegeni alýamyş.

--Kim aýal alýan bolsa, akyl iş edýäler. Aýal durmuşyň bezegi. Aýal erkegiň hossary. Aýal erkegiň daýanjy. Aýalym bolan bolsa, menem şeýdip, ýeke özüm köçede süssenekläp ýörmezdim, köşek…

Arabaçy aganyň öýünde

Arabaçy aga bilen Batman ýuwaş çaý içip otyr.

--Batman ýegen, seniň ýanyma göçüp gelmegiň meň üçin gowy boldy. Ýaşyň belli bir derejä ýetensoň, ýanyňda hossaryň bolsa kem däl. Muňa durmuş diýýäer. Muň garaşylmadyk öwrümleri kän bolýar.

Ýuwaşdan ýygra Batman hem çaý içýär hemem daýysynyň edýän pendini diňleýär.

--Öýlenmek meseläňi-de men oňlaýan ýegen. Sen entek garry däl. Öňki pahyr ýaşap ýörenliginde sen häzir üç-dört çaganyň atasy bolardyň. Olam nesibe işidir. Seň häzirki öýlenjek bolmagyňam nesibe işi. Ýekelik Hudaýa ýagşy. Arzygül badyhowaragam bolsa, erbet maşgala däldir. Onuň badyhowalygy bilenem şu oba-ha öwrenşip gidipdir, ýuwaş-ýuwaşdan senem öwrenşersiň-dä. Göwnüňden turmaýan hereket etse-de,känbir garşysyna-da gitmejek bol. Häzilikçe. Birden yza tesip durmasyn. Arzygül bilen ýaşasaň, içiň-ä gysmaz, egen… Oň bolsun!

Annajemalyň öýünde

Arzy şatlyk hem joşgun bilen öz toý maksatlaryny Annajemala gürrüň berýär.

--Ertir agşamlyk öýümde “Geňeş toý” diýen ýaly bir kiçijik üýşmeleň etmekçi. Kän adamam çagyramok. Batman tarapdan özi, Arabaçy daýysy, ýene bir dosty geler. Men tarapdaham Annagül bilen sen barmaly.Barsa, adamyňam çagyr. Menem hossarsyz, ýalňyz ýaly bolup oturmaýyn.Çaý içeris, gep-gürrüň taparys.

--Oň bolsun, Arzygül, oň bolsun! Hökman bararys. A, sen ol Batman ýuwaş diýilýäni gowy tanaýaňmy?

--Gow-a tanamok. Ýöne lakamy “ýuwaş” bolsa, erbet adam bolmaly däldir. Arabaçy aga-da meni öz eli bilen oda iteklejek bolup durmaz ahyryn.

--Ol-a dogry.

--Batman Owgan urşuna-da gatnaşan. Olara döwlet bir topar ýeňilligem berýä.Arzan bahasyndan maşyn dagam alaýmagymyz mümkindir.

--Belki, şeýle bolsun!

Arabaçy aganyň öýüniň işiginde

Batman ýuwaş ýüzüni aşak salyp, utanjyrap gepleýär.

--Arzygül, “ Geňeş toý”--bu ýanky diýip ýörmän, işimizi salyhatlyrak edäýsek bolmazmyka? Ili örüzüp ýörmek nämä gerek diýjek bolýan. Ikimizem on sekiz ýaşly juwan däl-ä…

--Näme, ilden gizlär ýaly nä biz ogurlyk edýäsmi? Özüň näme diýseň, ilem şony diýer-dä. Iliň pikiri diýilýän gep belli bir damyň pikirinden döreýändir..

--Ýeri, bolýa-da. Göwnüňi ýykmaýyn.

--Meň göwnümi ýyksaň-a işiň rowaç bolmaz, Batman.Şony bil. Urşa gatnaşandygyň baradaky güwähatyňy aldyňmy?

--Ol nämä gerek?—diýip, Batman geňirgenýär.

--Nämä gerekdigini bilmeýäň bolsaň, bilýäne gulak as—Batman içerik girip gidensoň—Şüýem uruş weteranymyş-da. Ondan peýdalanmagyň ugruny bilenok.

Esli salymdan soň Batman daş çykýar.Onuň ýüzünde närazylyk alamaty bar.

--Tapdyňmy? Aldyňmy?

Batman baş atýar.

Köçede

Arzy bilen Batman uly şaýola tarap pyýadalap barýar.Batmandan ses-seda bolmansoň,  ýene Arzynyň özi geplemeli edýär.

--Näme dymýaň?

--Dymman, näme geplemeli?

--Lakamyň “ýuwaş” bolsa-da, birneme janlan, Batman.  Häzir sagat näçe boldy?

Penjeginiň gapdal kisesinden çkaran jübi sagadyna sereden Batman:

--Sekiz—diýýär.

--Sekiz bolsa sklizdir, ýöne indi sen ol traktoryňy hem goşara dakylýan elektron sagat bilen çalşyrmaly bolarsyň.

--Parhy näme? Sagat sagatdyr-da. Ragty görkezse bolýa-da.

-- Sagat sagatdyr. Ýöne seň adam ýaly bolup ýaşasyň gelenokmy? Seňki ýaly sagady biziň obamyzyň sygyr çopanam göterenok. Men saňa ýene bir zat barada duýduraýyn. Maslahat toýa ýaşulylar gelende, başan-aýak geplemän oturmagyn. Kän gepleýäne ýaňra diýýäler, asla geplemeýäne-de samsyk diýýäler.Men  öz adamyma samsyk diýlenden ýaňra diýilse gowy görerin.

Awtobusda

Arzygül bilen Batman münensoň, awtobus ugraýar.Ulag adamdan ýaňa hyryn-dykyn bolmasa-da, oturyçlaryň hemmesi eýeli. Awtobusyň içini başdan-aýak nazaryndan gçiren Arzygül:

--Boş ýer ýokmy, adamlar?—diýip gygyrýar.

--Ýeňňe, sen aýak üstünde durmaga boş ýer soraýaňmy?—diýip, dili gijäp duranyň biri jogap gaýtarýar.

--Gep oýnadanm bolma, jijim—diýip, Arzygülem onuň jogabyny berýär.—Men boş ýeri özüm üçin soramok, uruş weterany üçin soraýan.Olara hökman oturmaga ýer tapylaýmaly. Kanuny okamak gerek, ýaş ýigit.

--Urşa gatnaşan diýer ýaly pişegine söýenip duranam-a ýok ýaly-la.

Utançdan ýaňa ýüzi gyzaran Batman özüni nirede gizlejegini bilmeýär.

Artobusyň içine ümsümlik aralaşansoň, Batman pessaý ses bilen Arza gowal berýär.

--Aslynda biz nirä barýas, Arzygül?

Bu gezek Arzygülem pyşyrdap jogap gaýtarýar.

--Seň bilen-ä şähere baramsoň gepleşerin. Sen eýýäm eden gürrüňlerimiziň hemmesini ýadyňdan çykarypsyň.

## Aýakgap dükanynda

Şähere gelip ýeten geljekki täze çatynjalar maňlaýyna “ Aýakgap dükany” diýlip ýazylan dükana girýärler. Hatar-hatar edilip goýlan köwüşleriň hemmesi gözden geçirilse-de, hiç haýsysy Arzygülüň göwnünden turmaýar.Batmanyň haýsydyr bir köwüşi synlap “Şüý-ä hiç neneňem däl ýaly” diýenini hem Arzygül elini silkip, halamaýandygyny aýdýar.Ahyr Arzygül dükanyň satyjysyna ýüzlenýär.

--Aýakgaplaryň hemmesi şu ýerde duranlarmy?

--Hemmesi däl. Ýöne şu ýerde görkezilenler nusgakyk üçin goýuldy. Aňyrda-da şulardan üýtgeşigi ýok. Indi öňki döwürdäki ýaly haryt gizlenip satylmaýar.

Dükanda bar bolan köwüşleri gaýtadan gözden geçiren Arzygül ýene satyjynyň ýanyna barýar.

--Sizde uruş weteranlaryna niýetlenen üýtgeşigräk zadam ýokmy?

--Ýeňňe, soňky wagtlarda baýramçylykda sowgat ediläýmese, indi urşa gatnaşanlar üçin aýratyn dükan saklap ýörülenok. Dogry etdiler. Urşa gatnaşanlaryň özlerem urşa gatnaşmadyklardan tapawutlanyp ýörmegi halap duranoklar.

--Olaryň parhlandyrylmagyny ýa-da parhlandyrylmazlygyny ikimizden sorap duranoklar, jigim. Ol barada ýörite karar bar.

Özi sebäpli başlanan ýakymzyz gürrüňi ahyryna çenli diňläp durmaga utanan Batman ýuwaş dükandan çykmak bilen bolýar.

## Köçede

Dükandan keýpini bozduryp çykansoň, Arzygül Batmanyň üstüne hüjüm edýär.

--Urşa gatnaşan adam ýaňky ýaly satyjyň öňünde egnini gysyp durmaz. Dogumlyrak bolar. Satyjy kimmiş? Satyjy-- gyrp-çyrp edip, ili aldap ýören bisowat ütüji. Olarda agram, abraý bolmaz. Hany, ýör!

--Indi nirä?

--Surata düşmeli.

-- Surat nämä gerek?

--Bir haýyşym bar, Batman. Hudaýyň haky üçin sen meň garşyma gitme. Durmuşdan öz hakyňy alyp bilmezlik… men seň göwnüňe degip durmaýyn. “Surat nämä gerek?” diýýäň. Uruş weteranlary hakda gazetlerde hälimi-şindi öwgüli makalalar çap bolup dur. Sen hakda-da ýazsalar surat gerek bolar. Özüňem surata düşeňde, ýuwaşlygyňy edip, boýnuňy sallap oturmagyn.

--Surata düşmek meň halamaýan zadym-da, Arzygül.

--Garşyma gitme diýmedimmi?

Batman içini gepledýär: “Soňam “Urşa gatnaşan ärim hakda gazete makala ýazanoklar” diýip edara baryna arz edip ýörse men näderkäm?”

Batnam bilen Arzygül mňlaýyna “Surathana” diýlip ýazylan jaýyň öňüne baryp saklanmaly bolýar. Jaýyň aýnasyna “Surathana bu gün işlemeýär” diýen ýazgyly kagyz ýelmenipdir.

Arzy ýeňňäniň keýpi bozulýar, Batmanyň keýpi göterilýär.

… Köçe gyrasyndaky dükanjykda üýtgeşik gyzyl alma satylyp dur. Nobata duranlaryň sany hen gaty kän.

--Ýaz çykyp barýaka-da beýle ter alma satylar eken!—diýip, Arzygül geňirgenýär.—Agşam ýaşulylar gelende saçagyň üstünde goýsaň, olar haýran galarlar. Birki kilo alaly, Batman.

--Nobatyň uzyndygyny göreňokmy?

--Bolanda näme? Seň weteranlyk dokumendiňi görkezeris welin, bizi binobat goýbermäge mejbur bolarlar. Hany, ýör!—diýip, Arzygül buýruk beriji äheň bilen gepleýär.

--Nobatyň yzynda duruberelі-le, Arzygül!—diýip Batman ýaýdanýar.—Seret, garry adamlaram nobata dur ahyryn…

--Olaň binobat barmaga haklary ýokdur. Sen kanun boýunça hereket edýäň. Kanuny berjaý etseň hiç mahal ýalňyşmarsyň. Şuny berk belle!

Öz isleginiň garşysyna hereket etmäge mejbur bolan Batman zordan-zara nobatyň öňüne barýar.Nobatyň yzyragynda duran ýaş ýigit närazylyk bildirýär.

--Aý, halypa, yzda nobata duranlaryňam özüň ýaly adamdygyny bilýäňmi? Ýa, sen üýtgeşik adammy?

Batmana derek eýýäm Batmanyň ýanyna golaýlaşan Arzygül jogap gaýtarýar.

--Ol siziň adamdygyňyzy bilýär. Ýöne sen welin, “halypa” diýýäniň uruş weteranydygyny bileňok, ýaş ýigit. Olaryň hemme ýerde binobatdygyny sen sowatly bolsaň bilmelisiň.

--Biri ýaramok diýip binobat girýär.

--Biri uruş weterany diýýär. Garaz…

-- Men ýaş çagamam goňşyma goýup gaýdypdym-da…

Ýadow görünýän satyjy gaşyny çytyp gepleýär.

--Galmagal etmeseňizläň, adamlar! Ozalam kelläm agyryp dur. Uruş weterany bolsa, binobat zat almaga haky bar. Galmagal etmäň. Alma kän.Hemmäňize-de ýeter.

--Biz kanuna görä hereket edýäs—diýip, arka tapynan Arzygül arkaýyn gepleýär.

Alma almaga nobaty ýeten aýalyň yzynda duran gaty garry hem keselbent sypat, uzyn boýly adam gürrüňe goşulýar.

--Kanagatly boluň, adamlar! Gaharyňyzy getirmäň! Watan üçin gan döken adam iki kilo almany binobat alany üçin keýpiňizi bozmaň!

--Dokumendiňi görkez, Batman!—diýip, Arzygül heserlenýär.

--Dokumet görkezmek nämä gerek? Ynanmazçylyk edýän ýok ahyryn.Gel, inim meniň öňümden duraý!—diýip, biraz yza süýşen garry adam Batmana öz öňünden nobat berýär.

--Üç kilo çekäý!—diýip, Batmana derek Arzygül gepleýär.

Satyjy üç kilo almany Arzygülüň torbasyna guýanda owadan gyzylalmalaryň biri tagtanyň üsti bilen gapdala togalanyp gidýär.Batman almany tutjak bolanda ýaşuly ondan öňürdýär.Onuň uzyn ýeňiniň astyndan görünýän melemtil barmaklary gaýyşdan adam eline meňzedilip ýasalan jansyz sulba eken.Goja şol protez eli bilen togalanyp barýan almany saklaýar.

--Al, inim, hesibäňi gaçyrma!

Gören ahwalatyndan ýaňa utanyp, imany göçen Batman togalanan almany almagy-da unudup yza çekilýär-de, derrew nobatdan daşlaşýar.Öz eden hereketinden göwni hoş Arzygül onuň yzyndan ýetýär.

--Gördüňmi? Nobata duran bolsaň, üç kilo alma diýip bir sagat wagt ýitirerdiň. Dürs ýaşasaň, durmuşda kynçylyk ýokdur, Batman… Indi näme? –Edilmeli işler ýazylam kagyzyna seredýär--Süýji-köke almaly, suw almaly, tikinçilerden köýnegimi almaly. Indiki köçede bir joram ýaşaýa. Salamlaşyp geçmeli. Olam bir käse çaý içirmän goýbermez. Agşamky myhmanlara nahar taýynlamaga wagtam galmaýar.

--Bir zat edeli, Arzygül. Eger razy bolsaň..

--Hawa?

--Sen öz şäherlik etmeli işleriňi ýeke özüň arakaýyn edýäň. Menem öňürti oba gidip, nahar ataryan. Şeýdibem, hemme işimizi howlukman edýäs. Razymyň?

--Razy-la. Wah, paýhasyňdan aýlanaýyn, Batman jan!

### Arzygülüň gapysynda

Ulagdan düşen Arzygül öz gapysynda Arabaçy aganyň garaşyp duranyny görüp geňirgenýär.

--Irläpsiň-le, Arabaçy aga? Eýgilikmi?

--Eýgiligiň bar bol-a, Arzygül. Sizi ne döw çaldy? –Arzygül gorkuly hem soragly nazar bilen seredensoň.—Batman ýegen iki sagat mundan ozal ýanyma geldi. "Geňeş toý" goýbolsun edildi, özümem ýene iki hepdeden aýlanaryn" diýip gitdi. Bu nä beýle boldy?

Aňk bolan Arzygülüň torbasy elinden gaçýar.Gyzylalmalar saga-sola pytrap gidýär. Arzygül başyny ýaýkaýar.

--Erkeklere ýagşylyk ýaraşmaz eken!.. Äl, bu dünýäň düşnüksizdigini…

2009

ATAJAN TAGAN

# “K L E P T O M A N I Ý A”

( hekaýa )

Şäher etegindäki daçalyga tarap barýan maşynyň sürüjüsiniň gapdalynda oturan orta ýaşly adam aýnadan daşaryk seredip, gyş paslynyň görnüşi bilen gyzyklanýan ýalydy. Emma ol tebigat bilen däl-de, maşyn sürüp oturan ýoldaşy hem kärdeşi Esen barada oýlanýardy.Näme üçin beýlekä? Hemme kişi gürrüňini edýär? Gülýänem bar, gaharlanýanam, ýigrenýenem az däl. Bir tarapdan seretseň, Esen ýigrenilmäge-de mynasyp. Emma biz welin ýigrenilmäge mynasyp adamy-da ýigrenip bilmeýäris, iň bolmanda gatnaşygy-da kesmeýäris. Ýigrenilmäge mynasyby ýigrenip bilmeseň, arany kesip bilmeseň, “Deň etmän duş etmez” diýlene barar-da.

Özüne Esen aga, Esen halypa diýilmän, Esen Orazowiç diýlip ýüzlenilmegini halaýan, altmyşa golaýlan lukman “dokuzy doly” hasap edilýänlerden.Ýokary bilim, düşewüntli iş, gymmatbaga ulaglardan ikisi, içi kemsiz bezelen-beslenen sekiz otagly jaýy bar giň howly, tükeniksiz bolmasa-da, dözse ýaýdanman sowup ýörmeli pul… Çynmy-ýalanmy, gumda bäşdir-üçdür dowary bar diýibem gürrüň edilýär.

Şäher bilen daçalygyň arasy üç kilometrden açyk däldi. Howanyň mazaly sowgunyň bardygyny aňladýan ýaly ýagýan ygal ýuwaşjadan pelpelläp gelýän ýeňiljek ak gar däldi-de, yzyndan üflenýän ýaly bolup, ýere howlugup düşýän çal jöwenekdi. Şeýle howada maşyn sürmegem, ýola pyýada çykmagam kynrakdy. Şonuň üçin bolsa gerek, giň şa ýolda göze ilýän ulaglary-da barmak basyp sanaýmalydy.Öňden ýol gyrasynda duran eli çagaly aýala gözi düşen Almaz Eseniň etjek hereketini göz öňüne getirjek boldy. Çagaly aýal geçýän ulaglary duruzjak bolup yşaratam etmeýärdi, onuň islegi yşaratsyzam düşnüklidi.Gyş howasynda ýol gyrasynda durany, onda-da eli çagaly aýal maşgalany sähel ynsaby bar adam yşarata garaşman ulagyna mündüräýmelidi. Hany, Esen nädýärkä? Ol aýdyşlary ýaly diňe özi hakda oýlanýan harsydünýämikä ýa-da kalbynda rehim-şepagat barmyka?.. Ol bu gezek rehimdar boldy—maşyn eli çagaly aýalyň edil ýanyna ýetip saklandy.

Özi bilen maşynyň içine ýakymsyz sowuk şemal hem alyp giren ýaş aýal:
--Ýarym sagadam duramzok welin, mazaly üşäýdik!—diýip, hem-ä ýagdaýyny habar berdi, hemem minnetdarlyk sözüni aýtman, minnetdarlygyny beýan etdi.

---

1). "Kleptomaniýa—(grek sözünden dörän medisina termini). Käbir psihiki näsazlyk sebäpli gitdikçe ýaýbaňlanýan hem adamy ogurluk, açgözlük ýoly bilen harsydünýälige iterýän öňi aldyrmaýan ýagdaý. Lukmanlar dermany tapylmaýan ol derdiň näsaglykdygynam, endikdiginem onçakly parhlandyryp bilmeýärler. (Lukmançylyk ensiklopediýasyndan)

Ýeňil ulagyň ýanynda ýol gaýgy däl, gep- söz alşylmanka daçalygyň bäri ýanyna ýeten maşyn saklandy. Gapjygyny çykaran aýalyň "Näçe tölemeli?" diýen sowaly Almazy geňirgendirmedi. Nätanyş bolup maşynyňa münen ýolagçynyň beýle sowal bermegi adaty zat. Ýöne " Iliň berýän iki manadyny beräýiň!" diýen jogap Almazy haýran galdyrsa-da galdyrdy welin, iň ýamany ony nätanyş bir gelniň öňünde utandyrdy.Gelniň maşyna nünüp geçen ýoly iki kilometr hem barly-ýokludy.Şol aralyk üçin eli çagaly aýaldan iki manat alyp biljek bolsa… Ýöne Almaz ondan beterine haýran galmaly boldy.Çagaly gelin sürüjä on manat uzatdy. Esen Orazowiç puly aldy-da, onuň puldugyna müňkürlik edýän ýaly, iki tarapyndanam synlap, jübüsine elini sokdy, gaýtargy bermäge özünde maýda pul bolmansoň, ýoldaşyna tarap seretdi. Mana düşünen Almaz, jübüsinde näme baryny anyk bilmese-de, "ýok" diýen manyda başyny ýaýkady.

Gelniň elinde ýene bir manatlyk tutup oturandygyny gören Almaz ony aslynda kireý üçin diňe şol birlgi göwnünden çykarandyr öýtdi.

Esen maşyndan çykmak bilen boldy. Almaz üçin bolsa kesesinden seredip oturmasy ýeňil düşmedik ýagdaý şondan soň başlandy. Ýyly maşyndan çykansoň egnine sepelenýän sowuk jöwenekden goranjak bolup boýnuny penjeginiň ýakasyna sokaýjak bolup ýygrylýan Eseniň bolşy hem gözgynydy, hem gülkünçdi, hemem utançdy. Penjesi gyzyl onlukly epeý adam geçýän maşynlary ellerini kelemenledip saklajak bolýardy. Ilkinji geçen ulag-ha el galgadylany üçin aňyrdan gelýän öňki tizliginem gowşatmady.Esen Orazowiç ulaglaryň ýöreýän ýerine has golaý süýşeni üçinmi, nämemi ikinji maşyn ony kakyp geçäýmekden heder edip, az-kem gyra çekilende, ýere düşensoň birneme şypyljan jöwenekden dörän ýeňiljek gara läbik Eseniň diňe bir köwşüniň üstüne hapa suwukluk syçradyp gitdi.

Uzyn boýly, eginlek, görmegeý adamynyň iki manat pul üçin görene göz bolup, gyşyň ygally howasynda göz-gülban bolup ýörşüni synlaýan Almaz, has beterem ýolagçy gelniňem oňa seredip oturuşyndan utandy. Gelin içinden nähili pikir edýändir?! Iki sany epeý adamyň biri-hä wagt baryny ýitirip, garaşyp otyr, beýlekisem şaýolda iki tarapa elewräp, geçýän maşynlary saklajak bolýar. Şeýdlip gazanylan puldanam her haýsysyna ýetjek ýekeje manat.Adamlaryň dilinde mährew barmy, geçip gidýän sürüjiler näme diýýändir?!
Gabat gelen üçünji maşyn saklandy. Emma Eseniň haýyşyny diňlänsoň, sürüjiniň möhümini bitirjegem bolman, baş ýaýkap gitmegi nämäni aňladýar?

Esen Orazowiçiň jöwenek ýagyp duran howada bolup ýörşi başda Almazda gülki oýaran bolsa, soňy gahara sapdy. Ol jübüsinden çykaran pullarynyň arasyndan bir manatlyk tapdy-da:

--Sizde-de bir manat bar dälmi?--diýdi.
Gelin manatlygy öňe uzadansoň, çal jöwenekden don geýnen ýaly bolup duran ýoldaşyna tarap elini salgan Almaz:
--Esen Orazowiç, gelniň gapjygynda maýda pul bar eken, gaýdyber!—diýen gowy habary bilenem ýoldaşyny begendirdi.
Esen gapyny açan badyna onuň elindäki onlugy alyp gelne uzadan Almaz iki sany birligi sürüjiniň oturmaly ýerine taşlady. Şol mahalam "Häzir gelin maşyndan düşüp giden badyna, men muňa agzymdan ajymy pürkerin" diýip özüne wada berdi.
Gelin maşyndan düşüp gitdi. Gelin gözdenem ýitip gitdi. Emma Almazyň agzyndan Eseni mugyra getirjek ajylyk pürkülmedi.
Almaz ýoldaşynyň ýagdaýyna-ha düşünmeýär welin, öz bolşundanam baş çykarmaýar. Ol Esen Orazowiç bilen köp ýyllar bäri tirkeşýär. Ýagdaýdan "Pis—pisi, suw—pesi" diýen ýaly netije çykarjak bolsa-da, ikisiniň hüý-häsiýeti hem kän gabat gelmeýär. Umuman-a, açgözlügi diýäýmeseň, Esen Orazowiçem il-günüň şatlygyna gynanyp, tukatlygyna begenip ýörenlerden däl..Onsoňam, elli ýaşdan soň täze dost gözläp tapjagyň Esen Orazowiçden gowy boljagyny sen nä bilýäň?
Esen Orazowiçiň binýady giňden tutulan jaýynyň ýerzeminine aşakdan girilýän gapynyň gapdalynda bir adam zordan sygaýar ýaly pessejik işik bar. Aýratyn bir jaýjagazy esasy ýerzeminden bölmek üçin oturdylanyna otuz ýyl dagy bolup ýörendir welin, şol işigi Eseniň özünden başga taňry bendesi açyp gören däldir.Öý eýesiniň ynanjaň hem örän gowy aýaly bar. Adyna Dünýä diýýärler.Ol dünýä ýaly düşnüksiz bolmasa-da, dünýä ýaly giň, üstesine-de sadarak. Ol açary hem görkezilmeýän gapydan seýregem bolsa, girip-çykýan adamsynyň ýerzemini bilen gyzyklananda ýigrimi ýyl mundan ozal alan jogaby bilen henizem kanagatlanyp ýör. Uly ýerzeminden bölünip gurlan jaýda Dünýäniň adamsynyň lukmançylyk işine degişli zatlary saklanýarmyş.Olary lukmançylyk bilen iş salyşmaýan adamlara görmek zerurlygy hem ýokmuş. Dünýä-de şol lukmançylyga degişli däl adamlaryň biri.Üstesine-de, adamsyny ýalan sözleýän ýa-da eli egri hasaplamaýan o pahyr hemme aýdylana ynanaýýar. Lukman kişiniň gabat gelene görkezilip ýörülmeýän adam süňk-saňklaryny ylym üçin saklaýan bolmagam ahmal. Ol ýerde gaty gizlin hem örän zerur gerek däri-derman bar bolmagam mümkin. Dünýä ýol çak edýän mümkinliklerine ynansa-da, äriniň öz ýerzeminine öýdäkileriň hemmesi uklandan soň, howlynyň derwezesini-de ýapyp girýändiginiň manysyna welin onçakly düşünmeýär. Ýene Dünýäniň şol giňligi-dä. Ol öz ynanmazçylygyna özi jogap tapyp özüni köşeşdirýär. Syr saklamaýan adam barmy? Dogtorlar-a hasam. Olar Hudaýyň beren keseliniň nämediginem näsaga aýtmaýarlar ahyryn.
Ýerzemindäki kiçijik gapynyň aňyrsynda ini-boýy dört ädim barly-ýokly jaý bar.Jaýyň dört diwaryna-da galyň tagtadan edilen kitap goýulýan tekjeler ýaly seki aýlanypdyr. Her öňýeten şol sekileriň üstündäki sanardan kän zatlaryň hemmesiniň adyny hem biläýmese gerek. Olaryň arasynda, adamsynyň Dünýä aýdyşy ýaly lukmançylyk işine, lukmançylyk ylmyna degişlilerem görünýär. Mysal üçin, megerem, bir eýýäm ulanyşdan galan, matasy brezentden edilenem bolsa, tozup

giden tonometriň iki sanysy, demir bölegi poslap, üstüne kerep örtülip giden köne şprisler, çaganyň içini ýumşadýan ujy suw sorýan çüňkli rezin pökgüjikler, adamyň gyzgynyny ölçeýän gurallar. Garaz, gulp astynda goralýan, ýöne köçä zyňsaňam, almak üçin egleniňe degmejek zatlaryň nämä gerek boljakdygy-da düşnüksiz. Sekileriň üstündäki sanardan kän bolup göze görünýän zatlaryň arasynda almaly diýlende garbaýmalylaram bar. Mysal üçin Awisenanyň "Lukmançylyk ylmynyň kanonlary" diýen kitaby. Gynyna altyn çaýylana meňzeýän uly pyçak, bir tarapy pyçak beýleki tarapy gyrgyçly çakgy, gyýnsyz jöwher pyçak, kümüş çemçeler, üflenip çalynýan owadan saz guraly, bu çaklarda hiç ýerde göze ilmeýän, ujuna altyn pero oturdylan alahekkäniň ýelegine çalymdaş saply ruçka, uruş yyllaryndanam ozal gözden ýiten kaşaň gapakly syýa çüýşesi, el terezileriniň telim görnüşi, köne döwürden gürrüň berýän kinoda ýa-da muzeýde gabat gelýän, ulanyşdan galan, oltaňlanan ýeketaý çaryk, çilim salynýan kümüş gapyrjak, tutaýy seçekl dürre gamçy… garaz, Esen Orazowçiň ýerzeminindäki zatlary kesesinden synlap oňaýmasaň, atlaryny sanap gutarar ýaly däl. Bu hakykat. Ýöne goraglanyp saklanýan ol zatlaryň sowgat berilmändigi hem hakykat. Olar Eseniň ilde gaty seýrek gabat gelýän gylygynyň kömegi bilen ýygnan harytlary bolmaly. Şonça zadyň haýsysynyň haçan, nähli ýol bilen ele salnandygyny Esen Orazowiç edil öz adyny bilşi ýaly takyk bilýär.Sebäbi olar soňky eýesiniň ömür taryhydygyndanam başga tükeniksiz lezzet. Esen Orazowiç maýdamy-irimi, parhy ýok, ogurlyk etmekden diňe lezzet alýar.Ogurlyk onuň üçin erbetlik däl. Çünki erbetlik adama lezzet berip bilmeýär.Ýene bir geň zat ol şu ýaşyna çenli ogurlyk edip gelenem bolsa, obadan gaýdyp şäherleşen otuz ýylynyň dowamynda tapynan dost-ýarlarynyň, gatnaşyk saklaýan tanyş-bilişleriniň hemmesi onuň çakdanaşa açgözdügini-de, bir manady öz şirin janyndanam eý görýän gysykdygyny bilselerem, bilmediksirän bolýarlar. Diýmek, Eseniň edýän hereketi ilden çykmaklyk däl.

Esen Orazowiçiň ýerzemininiň ýene bir aýratynlygy ol ýerde elektrik yşygyna derek üsti çüýşeli pelteli çyra ulanylýar.Şonuň üçinem daşardan şemal geläýjek deşigi ýok jaýda nebitiň tutuk ysy derrew burnuňa urýar.Çyrany bolsa ýerzemine gündiz girseňem, ýakmaly bolýar.

Esen Orazowiçiň ýerzemindäki zatlarynyň günde-günaşa üsti ýetirilip durulmaýar. Käte bir günde iki zat gelse, käte üç aýda-da ýeke zat gelmeýär.Ýöne ýigrimi ýyl bäri, seýregrägem bolsa damyp duransoň, kliçijik ýerzeminde köl döredi.

Esen Orazowiç lezzet berýän gowulyk hasap edýän endiiniň özünde haçan başlanandygyny ýatlap bilmeýär.Ol özüni bileli bäri mydama ogurlygy küýseýär. Diýmek ol endik onuň özi bilen bile doglan bolmaly.Ol her bir zatda, her bir hereketinde özi üçin diňe bähit araýar.Öz bähbidine gezek gelende kalbynda bar bolmagam ahmal utanmaklyk, haýalylyk şol bada ýok bolýar.Bir gezek Esen Orzowiç dosty Almaz bilen şäheriň gaýrasynda döredilen emeli köle suwa düşüp gelýärkä, sebäbini-de aýtman, ýoldaşy üçin nätanyş bir howla sowuldy. Onuň maşyny gaty ynam bilen sürşi, howluda arkaýyn öwrüm edişi bu ýere birinji gezek gelmeýäninden habar berýärdi.Maşyn saklanyp-saklanmanka, iki tarapy-da serilgi duran derwezä meňzeş gapydan togalanyp diýen ýaly haýdap çykan boýy gaty

kelte, oňa derek agram bereketi berlen, semizden dörtgyraň lokga adam Esen Orazowiçi elinden tutup ulagdan düşürdi, Almaz bilenem köne tanyş ýaly bolup gadyrly salamlaşdy. Almaz iki adamynyň saglyk hakdaky alşan sowal-jogaplaryndan Esen Orazowiç togalak adamyň saglygyna seredendir diýen netije çykardy.

--Ýoldaşym bilen suwa düşüp gelýärdik-de,salamlaşyp geçäýeýin diýdim. Başga mesele ýok.Sag bolsaň bolany.

--Täzelikde daşary ýurt towugy gelip düşdi. Iýip görenler gaty öwdüler welin, doktorlaram onuň tagamyny barlasyn.

Togalak adam doktoryň "gerek" ýa-da "gerek däl" diýen jogabyna-da garaşman, derrew yzyna gitdi-de, doňdurylan towuk salynýan neniz açylmadyk karton gutyny alyp çykdy.Guty maşyna salnansoň, togalak adam Almazyň ýüzüne seretdi.

--Saňa näçesini getireýin, gadyrdan?—Ol Almazyň "Maňa gerek däl" diýen jogabyna ilki elini silkip jogap gaýtardy.Soňam—Bu gapydan gowy adamlar gelip boş gitse gelşiksiz bolar—diýdi.

Togalak adam ýene öňki hereketlerini gaýtalady.Ol açyk gapydan girip çykanda elindäki ýukajyk sellofan haltada iki sany towugyň bardygy göründi. Almazyň garşylygyna garalman, ol iki towugam maşyna taşlandy.

Esen Orazowiç towuklaryň bahasyny hödürlejek adama mezemän, arkaýyn durdy. Almaz ýoldaşyna öýkünip bilmedi, ýöne jübüsine eline sokanda, togalak adam onuň goşaryna ýapyşdy.

--Pul çykarjak bolma. Pul görsem meň başym aýlanýar. Üstesine, sen bu gapydan birinji gezek gelýäň. Puly indiki sapar alaýaryn.Bu gezek pul hödürleme. Gaty görerin…

Eseniň çalaja ýylgyryp durşy tytuş bir guty towugyň bahasyny hödürlejek adama-da meňzemeýärdi. Öz ýoldaşyny tanaýan Almaz ol ýagaýy geňlik diýibem kabul etmedi.Ýöne onuň üçin hakyky geňlik ýüzugra, öýüne ýetilensoň bolup geçdi. Maşyndan düşüp sagbollaşan Almaz mugt düşen iki towugyny hem alyp ýöräberende "Dur!" diýen haýbatly sese yzyna gaňryldy. Eýýäm maşyndanam düşen Esen Orazowiçiň ýüzi nätanyş bir adamynyňky ýaly bolyp göründi. Yslam saklanmaly bolandygynyň sebäbini soramanka Esen:

--Iki towugyň bahasyny goýup git!—diýdi.

Beýle habar habar Almazy aňk etdi.Esen Orazowiçiň sesinde öýun-henegiň alamaty bolmansoň, ol "Şu gezek bir ejizligini ýüzüne basaýyn" diýen aýgyda geldi. Emma ýene başarmady.

--Towuklar ikimize-de mugt berldi ahyryn?—diýip geňirenmekden başga ýol galmady.

Almazyň hakykaty ýüzüne aýdyp, namartlygyny gökezmäni sebäpli, ozalam özüniň mamladygyna müňkür bolmadyk Eseniň tersiniň dürsdigine ynamy berkedi.

--Towugy mugt beren adam seň tanşyň däl, meň tanşym.

Almaz ýene bir gezek ýoldaşynyň ýüzüne garady.Ýoldaşyň ýüzünde hamy galyňlykdan başga alamat görünmedi.Nähili hereket etmelidigi hakda oýlanyp gelen netijesini mertlik hasaplan Almaz jübüsinden çykaran iki däl, belki-de, dört

towugyňam bahasyna ýetjek puly ýoldaşyna tarap zyňdy-da ýöräberdi.Onuň puly şemal alyp gider diýen çaklamasy-da amala aşmady. Pul ýere gaçsa-da, ýerde uzak ýatmady, şemala-da berilmedi.

Öýüne giren Almaz öz-özi bilen gepleşdi. Eseniň eliniň egridigini, nebsine gaty ejizdigini, şol iki häsýeti bilen diňe özüni däl, gatnaşýan adamlarynam biabraý edýändgini bilselerem hiç kim Eseniň ýüzüne gelmeýär. Adamlar özleri biabraý bolmak derejesine ýetmäge razy bolsalaram hakykaty ýoldaşynyň ýüzüne aýdyp özlerinem, ýoldaşynam biabraýçylykdan halas etmegiň gamyny iýmeýärler. Almaz şeýle kesgitlemäniň manysyna düşünse-de, özi hem şol dogry piklir bilen hereket etmeýär. Näme üçin beýlekä? Ýoldaşyň kemçiligini açyk aýdyp bilmezligiň ösüňe-de ullakan zeper ýetirýär ahyryn.Emma adam diýilýän mahluk köplenç halatda öz bähbidiniň, ýoldşynyň bähbidiniň garşysyna hereket edýär. Almaz durmuş düşnüksizligi hakda, Esen hakda oýlananda özüni hem ak guş hasaplamaýar. Sen öz ýoldaşyň aýylganç kemçiligini ýüzüne aýdyp bilmeýärsiň. Sebäbi oňa ýigrenji görünerin öýdüp gorkýarsyň. Ýigrenji görünmek islemeýän bolsaň, ýigrenji häsiýetli adam bilen gatnaşygyňy näme üçin kesmeýärsiň?. Häsiýetleri gabat gelýän adamlar bile tirkeşýärler ahyryn.Bu näme üçin beýle? Almaz ol sowalynyňam dürs jogabyny bilýär.Ýöne şol dürslügi durmuşa geçirmeli bolsa welin, ol eýýäm başga adam.

… Lukmançylyk institutynyň dekanlarynyň biri on-on iki adam çagyryp, doglan gününi belledi. Oňa Esen Orazowiç hem çagyryldy. Ol çagyrylan täk özi bolsa-da, edepli kişileriň etmejek işi – institutyň çagyrylmadyk mugallymalarynyň birini hem ýany bilen alyp bardy. Şeýtmek bilen ol özünem, mugallymanam öý eýesiniň öňünde gelşiksiz ýagdaýa saldy. Kalbynda ýaramaz bir maksat saklamasa-da, Esen Orazowiç şol görmegeý mugallymany käte maşynyna mündirmegem, ýygy-ýygydan köçede gabatlaşmagam kem görmeýärdi.

Myhmançylyga institutyň rektorynyň ylmy işler boýunça orunbasary, atly alym hem çagyrylypdy. Hem-ä şonuň üçin hemem beýleki çagyranlary-da köçede pyýada ýöremeýänler, sähel mürähet edilen ýere baryp ýörmeýänler bolany sebäpli, öý eýesi elini gaty açdy. Çaklaňja howlynyň ortasynda goýlan stoluň üstündäki nazy-nygmatlaryň deňli-derejelidigi hakda-ha gürrüň ýokdy welin, hemme myhmanyň öňünde goýulmaýan gymmatbaha gap-gaçlar-da orta çykarylypdy. Satyn alnany bäri megerem ilkinji gezek myhmana hödürlenýän altyn çaýylan çaklaňja çemçeleriň saçak başynda goýylmagy bolsa tarhandökerlik edilip joşulýandygyndan habar berdi. Ähli zatdan öňürti Esen Orazowiçiň ünsüni çeken hem çyranyň şöhlesi bilen çaknyşyp, bolşundanam owadan görünýän şol çemçeler boldy.

Myhmanlar stol başyna geçen badyna altyn çaýylan çemçeleri ýakyndan synlan Eseniň nebsi erkinden rüstem geldi, agzy suwardy.Ol gapdalynda oturmaly mugallyma hyzmat edýän kişi bolup, bir eli bilen onuň oturgyjyny süýürende, beýleki eli bilenem oňa niýetlenen altyn çemçäni öz tarelkasyna tarap çekdi.Soňam ol çemçe hiç kime görünmän, Eseniň täze penjeginiň goltuk jübüsine girdi.Nahara başlanmazyndan öňürti hyzmat edýän iki sany ýigide tarap elini salgan myhman: “Bärik bir çemçe goýuň!” diýip gygyrdy. Entek oturmanka özüne niýetlenen çemçäniň bardygy gözüne ilen mugallyma sesini çykarman, öňündäki tarelkanyň

sagyna-çepine seredişdirdi. Onuň ýap-ýaňy gören çemçesini gözleýändigi düşnüklidi.Ýöne Esen oňa üns bermedik kişi boldy. Ýigitleriň biri derrew çemçe getirip gitdi.Ýöne altyn çaýylan çemçeler gaty hasaply ekenmi-nämemi, getirilen owadanam bolsa, adaty çemçedi.

Magnitofondan ýaňlanan ýeňiljek saz keýpleri köklenen myhmanlaryňam birnäçesiniň ökjesini ýeňletdi. Esenem şolaryň biri boldy.Ol görmegeý mugallymany tansa çagyrdy.Olar ýaňy birki öwrüm edenlerinde, mugallymanyň elindäki akja ýaglyk ýere gaçdy. Öňem oňa özini medeniýetli kişi edip görkezmegiň aladasynda ýören Esen gabat gelen bu pursatdanam, elbetde, peýdalanmalydy. Ol elýaglygy almak üçin çaltlyk bilen aşak eglende, goltuk jübüdäki altyn çaýylan çemçe aşak gaçdy.Çemçäniň şaňňyrdysy öý eýesiniňem ünsüni çekdi.Çagyran adamlarynyň her haýsynyň hüý-häsiýetine belet dekan şaňňyrdynyň nähili ýol bilen dörändigine derrew düşündi.Ol Esen Orazowiç sebäpli myhmanlarynyň öňünde gelşiksizlik duýdy, erte-birigün ony ýörite tapyp, beýle ýaramaz ýagdaý üçin ýüzüni gyzartmagy özüne pent etdi.

Çemçe ýere gaçanda, ol wakanyň döremegine gözli ýaýat bolan mugallymanyň aýagy duşaklanana döndi, doňup galdy.Ol Esen Orazowiçi utanç diýilýän ynsaby aýagynyň astyndaky haşamlanan beton örtügiň bir adamyň göwresi sygaýar ýaly ýerini opurup, aşak alyp gider öýtdi.Onuň yzy bilen mugallymanyň özi-de ýer astyna girip, töwerekden haýran bolup seredýän abraýly gözlerden gizlenmäge taýyndy.Emma betonam ýarylmady, hiç kimi ýer hem ýuwutmady. Gaýtam, Esen Orazowiç özünden gaýry hiç kim çemçäniň gaçanyny gören däldir, özünden gaýry hiç kim şaňňyrdysyny eşiden däldir öýdüp, ony ýene jübüsine salansoň, tansy dowam etdi.

Bolan iş mugallymany aňk etd1.Ol Esen Orazowiç bilen tirkeşip bu ýere gelmeginiň, onuň bilen tansa çykmagynyň ökünip yzyndan ýetip bilmedi.Hut şu mahalyň özünde bu ýerden ulukjyn alyp gitmäge kaýyl geldi.Ol eýýäm bir gezek köpüň öňünde gözden düşen Esen Orazowiçi ikimji gezek masgara edip durmagy uslyp görmän, oňa aýdylmaly zäwekli sözleri ertire goýdy. Mugallyma bile tans edýän ýoldaşynyň gözüne garap bilmän, ýüzüni gapdala sowanda, görejine kaklyşan dekanyň howlusyndaky ullakan hurma agajynyň güýz howasyna tylla sary reňke aýlanan ýapraklary boldy. Ýapraklaram mugallymanyň gözüne şahalardan sallanyşyp duran altyn ýaýylan çemçe ýaly bolup göründi. Mugallyma özüni köpüň öňünde gelşiksiz ýagdaýa salan çemçelere seredip bilmän, ýüzüni aşak saldy.Ol ertirmi ýa birigün Esen Orazowiçi ýekelikde görmäge howlukdy.

Görmegeý mugallymanyňam, öýüne myhman çagyran dekanyňam ertir diýenem geldi, birigün diýenem. Olar Esen Orazowiç bilen ikiçäk bolubam görüşdiler. Ýöne hiç haýsy-da mert duragada, açyk gepleşip bilmedi, telege telek diýilmedi. Dost-ýarlary tersine ters diýmeýäni üçinem Esen Orazowiç tersini dürs hasap edýärdi, özünde kemçilik bardyr öýtmeýärdi. Şonuň üçinem onuň harsydünýälik keseli örüsini giňeldýärdi.

…Wagt entek onçakly giç bolmasa-da, ulag gatnawy kiparlap, köçeler çolarypdy.Şaýol bilen maşynyny ýuwaş sürüp gelýän Esen Orazowiç köçe gyrasynda elini galdyranyň ýanyna ýetip saklandy.El galdyran ýigrimi ýaşlaryndaky ýigit eken. Esen Orazowiç öýüne çenli benzini netijesiz ýakyp

gideninden, bir manadam bolsa, gazanç edenini kem görmedi.Asyl ýigidiň ýoly onyň bilen ugurdaşragam eken. Ýöne welin nyrh meselesindäki çekeleşme iki tarapyňam esli wagtyny aldy.Sürüji ýedi manat kesdi, ýolagçy bäş diýdi. Ýolagçynyň "bäşi" hem ýaýdanybrak diýenini aňan Esen Orazowiç köpi isläp, azdanam galmagyň mümkindigininiň pikirini etdi. Bäş manadam pul.Olam köçede pytrap ýatanok…

Eseniň gapdalyna münen ýigidiň elinde owadan ilikler bilen bezelen ýaly klarnet diýilýän saz guraly bardy.Sürüji şol gural hakda sowal berdi, ýolagçy hem jogabynyň üstüni indiki hepdede konsert bermek üçin daşary ýurda gidilýändigi sebäpli, goşmaça bellenen saz türgenleşiginden gelýändigininiň habary bilen ýetirdi. Esli ýörelip, "Supermarket" diýlýän mähnet dükanyň deňine ýetilende, ýaş ýigit çörek almalydygyny aýdyp, birki minut saklanylmagyny haýyş etdi.Ol daşaryk çykansoň, pul tölenmän gaçyp gitmek diýen ýaly döräýmegi ahmal müňkürlige öňünden jogap berýän kişi bolup, elindäki saz guralyny öz turan oturgyjynyň üstünde goýdy-da, dükana tarap gitdi.

Supermarkete sereden Esen çalaja ýylgyrdy. Ýaş ýigidiň girip giden dükany oňa tanyşdy.Ýatlama Eseni şol tanyş dükanyň erkek adamlaryň başgaby satylýan bölümine alyp gitdi.Ol kaşaňdan-kaşaň şlýapalara, her dürli papaklara, üýtgeşikden üýtgeşik telpeklere howlukman ser salyp çykdy. Şol aýlanyp ýörşüne-de howlykmanam bir gymmatbaha şlýapany başyna geýdi-de, ýuwaş ädimläp, çykalga tarap ýöneldi.

Ýaşy birneme gaýdyşan diýäýmeseň, synçy gyz – gelinler tarapyndan ogryn garalaýmaly boýly-syratly kişi dükana başy açyk girip, gidende bahasy tölenmedik şlýapa geýip çykar diýip harytlara gözegçilik edýän bir topar aýal maşgalanyň biriniňem kellesine gelmedi.

Esen Orazowiç içini gepletdi: ýolagçy ýigit ulagyň döwlet belgisine tarap gözünem aýlamady, sürüjiniň ýüzünem alagaraňkylykda ýatda saklar ýaly derejede gören däldir.Aslynda, on minut ulanan ulagyň sürüjisiniň sypatyny ýatda saklajak bolmak kime derkarmyşyn? Hut ertir gabatlaşylsa-da, birek-biregi tanamarsyň. Sürüjiniň şol ynamy hem maşynyň birden öňe okdurylmagyna sebäp boldy.

*

Ýaz pasly gutarmanka, yssy gaty düşmänkä, baýyrlaryň maýsasyny Gün çirkizmänkä, sekiz sany ýoldaş bolup sähraýy meýdana çykmak maslahatlaşyldy, gidýänleriň baryndan deň-derejede pul ýygnaldy, gerek zatlary jemlemegem Almaza tabşyryldy.Ol hemme işe ýeke özi ýetişmänsoň, ýoldaşlarynyňam käbirinden peýdalanmaly etdi.Eline bahasy sanalyp berien Esene bolsa on kilogram et almak paýy düşdi. Ol ertir gezelenje ugralmaly diýlen gün öýlänler, Almazyň özi hem öýde ýokka, alan etini onuň çagalaryna goýup gitdi.

Gijara öýe dolanan, ýoldaşynyň endiklerine-de belet bolup giden Almaz getirilen eti saldarlap gördi-de, onuň on kilogramdygyna müňkürlik etdi.Ol el terezini tapyp çekip görende bolsa, getirilen et sekiz kilogram boldy.

Almaz Esen Orazowiçe aýtmalysyny ertire-de goýman, şu gün aýtmaly etdi. Onuň aýtmaly sözleri bolsa gaty ýowuzdy, mert adamyň sözleridi. Bu ýaşda, bu durmuşda, bu ýagdaýda iki kilogram et üçin bigaýratlyk etmek nämä derkar? Saňa sekiz däl-de on kilogram etiň bahasy berildi ahyryn. Köçe jüwlügi ýaly bolup,

hökman ogurlyk etmelimi? Nebsiňe “haý” diýmäge çak bolmadymy? Almazyň aýtmalylarynyň arasynda şu sözlerem bar. Günäsini boýun alýana meňzän Esen dymýar.

Trubkany Esen Orazowiçiň özi göterdi. Ýap-ýaňy hem gönümel, mert adam hökmünde ýoldaşynyň kemçiligini ýüzüne aýdyp biljek Almaz salam-helikden soň birden başga adama öwrüldi duruberdi. Onuň hakykat diýip aýtmaly hakyky sözlerine derek entek hakykatdygy näbelli: “Et-ä getiripsiň welin, garry malyňky bolaýmasa” diýen sözler boldy, oňa derek bolsa “Sen nä ony iýip gördüňmi?” diýen gödek sowal eşitdi.

Trubkany goýan Almaz dostuna aýdylmaly igenji özüne gönükdirdi. Adamlaryň aglabasynyň bir göwresinde iki adam ýerleşýär.Birinjisi—içki adam.Ol ýapyk hakykatçy.Hakykaty daşyna çykarmaýany üçinem onuň hakykatçylygyndan bize nep ýok. Beýlekisi—daşky adam. Ol açyk, ýöne ýalançy.Onuň hakykaty aýdyp bilmän ýalan sözlemeginden bolsa biziň özümize-de,ýoldaşymyza-da diňe zelel bar. Ynsan içki ýapyk kalbyny açyp ýaşasa dünýä-de düzelerdi. Hawa, Almaz şeýle pikir etdi. Ýöne ol pikirem ýapyk zat bolansoň, ondanam hiç kime peýda ýokdugyna düşünýärdi. Düşünse-de, ýagdaý üýtgmeýärdi. Iň ýamany hem düşünilenden soňam üýtgdilmeýän ýagdaýdy.

*

Esen Orazowiç iki hepde bäri öz ýerzeminine girmändi.Iki hepde başgalar üçin on dört gün diýen many berýän bolsa, aşak düşmän geçiren iki hepdesi oňa iki aý bolup duýulmalydy.Ýene ol öýdeçileri ýatansoň aşak düşdi.Guwanýan zatlary öňat görner ýaly pelteli çyrany ýakanyndan soň, çüýşesini hem esgi bilen gowy edip süpürdi.

Ýygnan zatlaryna gözi düşende Esen her gezek şatlanýar, keýplenýär. Ol tekjedäki närseleri öz halal puluna satyn alan däldirin öýtmeýär, şonuň üçinem eden işinden utanmagyň ýerine özünde göwnüşoşluk döredýär. Ýerzeminde ýüz sany zat bar bolsa, Esen Orazowiç ýüz gezegem şatlanan bolmaly. Özi-de şol ýüz şatlyk ol ýerzemine täzeden girende täzedenem gaýtalanýar.Onuň gije-gündiz edýän pikiri bir ýerdn zat ýonmak, bir zady pul bermän gazanmak bolany üçin, şol pul berilmän gazananlarynyň hemmesiniňem taryhyny edil gara daşa ýazylan ýaly edip ýadynda saklaýar. Ine,ol şu mahalam tekjelere ser salyp durka bir ýany pyçakly,bir ýany gyrgyçly çakga bakyp ýylgyrdy. Gyrgyçly çakgynyňam öz taryhy bar. Esen Orazowiç gawun baýramy edilýän ýerde harman-harman bolup duran gawun üýşmekleriniň arasyndan geçip barýarka, aýbogdaşyny gurup oturan silkme telpekli ýaşulynyň ýanynda aýak çekdi. Onuň ünsüni bölen gawun däldi-de, bir ýany pyçak, bir ýany gyrgyç çakgydy.Özi-de ol geçeniň gözüne ilsin diýlip lowurdaýança süpürilendi. Baýamçylygyň göçgünine goşulan goja ýanyna sowlana bir gyz dilim gawun dadyryp, edýän işinden leşşet alýardy. Ol özünden bir ädim aňyrda bolup geçýän wakalara ünsem bermeýärdi.Şoi üns berilmezligiň netijesinde hem neniz beýle zady görmedik şäherlilere göz etmek üçin bir gujak waharamanyň üstünde duran gyrgyçly çakgysynyň kimdir biriniň jübüsine girip, bazardan çykyp barýanyndanam bihabar galdy.

Esen Orazowiç telim ýyl mundan ozal bolup geçen wakany ýatlanda, gawun baýramçylygyna gelen ýaşulynyňam, onuň ýanynda durup gyz dilim gawun iýýän adamlaryňam gözlerine çöp atyp, çakgyny duýdurman alyp gaýdyşyna häzirem guwandy, ony ogurlyk däl-de ussatlyk, edermenlik hasaplady.

Tekjeleriň üstünde zat kändi. Eger Esen Orazowiç ol zatlaryň hemmesini gözden geçirip, hemmesiniň taryhyny, iň bolmanda, gysgaldylan görnüşde ýatlap çykjagam bolsa, tä ertir işe ugramaly wagtyna çenli ýerzeminde galaýmalydy.Ýöne ortaky tekjäniň gyraragynda duran iki daňy pul, puldugy üçin bolsa gerek, Esen Orazowiçi biparh goýmady.Iki daňy pul iki ýüz müň manatdy. Bäş ýyl myndan ozal pul çalşylandan soň hümmetini ýitiren pul heniz-henizlerem Eseniň ahmyr damaryny titredýär.Şol pul öz wagtynda peýdalanylan bolsa, ak bazardan altmyş tokly alyp bolýardy.Olaram bu mahala çenli köpelip-köpelip… Onsoň neneň ahmyr damaryň titremesin! Indi ol iki desse pula bir arryk towugam berilmeýär. Ahmyr Esen Orazowiçi näzir samana öwrülen puluň kakyky pul döwrüne alyp gitdi.

…Esen Orazowiçiň nebit-gaz ulgamynyň söwda guramasynda işleýän duldegşir goňşusy bardy.Olar içgin gatnaşyp ýörmeselerem, kyrk ýaşlaryndaky gara murtly, görmegeý goňşynyň puly arabaly getirip, çarşakly agdarýarmyş diýen haý-haýly tarypy Esene-de ýetýärdi. Eseniň Rustem bilen ýakyndan tanyşmak islegi bardy, ýöne işi çöldäki nebitçilere, gazçylara hyzmat etmek bolan goňşy öz öýüne myhman diýen ýalydy.

Bir gezek işden gelen Esen Orazowiç howlusynyň gapysyny açjak bolup durka, Rüstemiň aýaly gözýaş döküp daşarda peýda boldy.

--Esen goňşy, ýetişeweri, Rüstem gidip barýa!—Ol habaryny aýtdy-da, eglenmänem yzyna ylgady.

Göňşusynyň öýüne baran Esen Orazowiç köwşüni çykarmaga-da gyssanyp, diplomatyny gapdaldaky stoluň üstünde goýmaga-da ýetişmän, içerik girilýän ýerdäki diwana gyşaran hem dünýäni unudan ýaly bolup ýatan Rüstemiň ýagdaýyny halamady.Onuň aňryk çöken ýaly çuňalan gözleri ýumukdy, demini hem garny bilen alýan ýalydy.

Lukman goňşy Rüstemiň göşaryndan tutup oturyşyna:

--Derrew bizden gan basyş ölçelýän tonometri getir!—diýip, aýala tarap seretmän gygyrdy.Aýal giden badyna näsagdan nazaryny bölen lukman, diwanyň gapdalynda öz aýagyna degip duran gara diplomaty stoluň üstüne geçirdi. Gara diplomatyň hyýalyna näme alada salanyny Esen Orazowiç soňky eden hereketi bilen düşündirdi: agzy açylan gara diplomat rejelenip goýlan heniz adam eli degene meňzemeýän täzeje pullardan gapagyna çenli doludy.Esen Orazowiç bol pula gözi düşenden soň, kellesine näme hyýal urandygyny hem ýene öz hereketi bilen beýan etdi—onuň penjeginiň iki goltuk jübüsiniň her haýsynda bir daňy ýüzlük gizlendi…

Rüstemiň gan basyşyny ölçän Esen Orazowiç derrew telefona ýapyşdy.Kän mahal geçmänkä-de, howlynyň gapysynda böwrüne ”Tiz lukmançylyk kömegi” diýlip ýazylan maşyn peýda boldy.

…Pulluguny ýitiren pul Esen Orazowiçiň keýpini bozanam bolsa, hümmetini ýakyn ýyllarda ýitirmejek, el telefony, klarnet, jöwher pyçak, taryhy dürregamçy,

altyn çaýylan çemçe ýaly zatlar onuň peselen keýpiniň öwezini doldy. Şol gowy keýpiň ýelgini bilenem arkaýyn ýatyp ukudan ganmagy ýüreginde beslän lukman gapyny mäkäm ýapyp gulplady-da, ýokaryk çykylýan basgançaga tarap ýöneldi.

Emma Esen Orazowiçiň keýpini kökeldip gazanan rahat ukusy ertire çenli dowam etmedi. Gijäniň bir mahaly ony siltäp-siltäp oýaran aýaly "Öýümüz ýanýa!" diýip jynssyz gygyrdy.Ukudan açylyp-açylmadyk lukman öz ýatan jaýynda ot-tüsse görmänsoň, ilki ýadyna düşen ýerzemin boldy.Ol daş çykmanka telefon apparatyna elini uzatdy.Aýaly oňa eýýäm ýangyna garşy gulluga habar ýetirendigini aýtdy.

Esen Orazowiç daş çykanda ýangynyň ojagynyň ýerzemindedigine göz ýetirdi. Aşakdan diňe tüsse çykman, mahal-mahal ýanar oduň sary dili hem görünip gidýärdi. Esen Orazowiç şol gyssagarada ýangynyň näme sebäbe dörändigini anyklajak boldy. Onuň çak etmegine görä, ýerzeminden gaýdanda söndürmek ýatdan çykarylyp galdyrylan pelteli çyra gapy batly ýapylanda sarsgyna ýykylan bolmalydy.Dökülen nebitdenem uly ýangyn döremelidi. Onuň şeýle bolmagy ahmaldy.Ýöne iň esasy mesele ýerzemindäki ýigrimi ýylyň dowamynda ýygnalan zatlardy.Altyn çaýylan çemçe, jöwher pyçak, muzeýe tabşyrsaň kän pul tölenjek gadymy egri gylyç, üç ýüz dollar bahaly el telefon… Bu gyssagarada ýerzemindäki zatlaryň hemmesini göz öňüne getirmegem, sanamagam mümkin däldi. Ýöne olaryň hemmesiniň ýanyp küle öwrüljekdigini göz öňüne getirmek mümkindi.Ol ýerzemie girip, entek ýanyp ýetişmedik zatlardan näçesini alyp çykyp bilse, özüne peýda boljakdygy hakda oýlandy.Aýylganç ses edip gelen ýangyn södürýän maşynlaryň peýda bolmagy-da Esen Orazowiçi ölüm howpy bilen bagly bolaýmagy gaty ahmal adimi ätmekden saklamady.Hatda adam nebis diýilýän arzan nägehany şirun jan diýilýän iň gymmat zadyndanam özüne ýakyn saýdy. Esen Orazowiç tamyň gapdalynda ýatan kiçeňräk ýyrtyk palasy başyna atdy-da, arzuwyna tarap ylgady, aýalynyň öňünde keserip durmagy-da, çagalarynyň ýalbarmagy-da ony pälinden gaýtarmady.

Ýangyn söndürijiler haýdaşyp howla girende, olaryň öňdäkisiniň elinden ýaşyşan aýal:

--Jaýyň ýanany jähennem, Eseni halas ediň!—diýip gygyrdy.Ol habaryň manysy düşündirilen ýangyn söndürijiler aňk bolup sägindiler.Birdenem olaryň has dogumlusymy ýa-da şeýle ýagdaýda başgalardan öňürti hereketi etmelisimi agzyndan tüsse çykyp duran gapa ýetip gözden ýitdi.Ýangynçy ýerseminde uzak eglenmedi.Ýöne şol gysga wagt hem onuň ýoldaşlary üçin, Esen Orazowiçiň aýaly, çagalary üçin bir dogsa ýaşmaýan güne meňzedi.

Esen Orazowiçi süýräp ýerzeminden çykaran ýangynçy otdan goraýan başgabyny başyndan aýyrdy-da: "Munyňyz sähnemidi?" diýdi.

Ýangyn söndürijileriň ýolbaşçysy çala jany bar lukmany howlynyň burçuna eltip ýatyrmagy buýurdy-da, "tiz kömege" habar ýetirmek üçin telefona ýpyşdy.

Oktýabr, 2009.

Atajan Taganyň ähli ýazan eserleriniň arasyndan özüniň okyja hödürlenmäge mynasybrak hasaplaýan larynyň sanawy hem göwrümi

1. Sallançak mukamy, powest --150 sah.
2. Lal perişde, powest --150
3. Aglasy gelýäň ak bulut, --90
4.Aýylganç baharyň jybarly güni, powest, --80
5.Serwi gelin ( “Uiruşdan soňky söweşiň” täzeden ýazylan nusgasy) powest --75
6.Ýalňyzlyk, powest --70
7.Jennet derwezesiniň açary, powst –75
8. Ogul, (Gyzdurdy enäniň ogly) powest--80
9.Hasaplaşyk pursaty, powest --60
10.Mähnet dünýädäki kiçijik jaý, powest --80
11. Keseki (Pereňli ýesir), romam --310
12.Gowşut han ( “Saragt galasynyň” täzeden işlenen nusgasy), roman -400
13.40 ýylda ýazylan kitap, ýatlama--esse –800

Hekaýalar:

1. Uruş haçan gutarýar --24
2. Ýekşenbe güni öýleden soň –24
3. Sazyň piri nirede --24
4. Ýedi derýanyň aňyrsynda—12
5. Kim günäkär? --17
6. Goňşy gelin – 12
7. Hojaýyn -- 15
8. Şol agşam ýagyş ýagypdy –6
9. Awda --6
10. Goja, çoluk, Garagöz—15
11. Wekil ýegen ogul öýerýr –18

12. Gara garganyň gözlegi --16
13. Possun --18
14. Nowruzda satylan gyzyl alma --18
15. Çekir Goşanyň aladay --15
16. Leksiýa –10
17. Sergin şemal –10
18. Gara pagta –18
19. Ülker bireýýäm ýaşypdy –10
20. Gara seçekli arzan ýaglyk –18
21. Hajy aga --10
22. Ak çeşmäniň aýdymy –10
23. Annagül –24
24. Gara dogan –10
25. Ýazylmadyk hat –7
26. Bossan ene --14
27. Üç aýlyk bagt—15
28. Ykbal köçesi –60
29. Galada –10
30. Köne goňşy –6
31. Ýekegöz --22
32. Halanmaýan adam –20
33.Ajal bilen duşuşyk –5
34.Gijeki waka –5
35.Hassalyk –14
36.Süýji kekre –15
37.Iň soňky kempir –15
38.Gök derwezä barýan köçe –8
39. Toýçy –10
40. Otly geçip barýar –14
41. Ägä –11
42. Tersmaňlaý—25
43. Bugdaýreňk gyz –7
44. Ahyrzaman—11
45. Sähra balasy-10
46.”Tamdyr”—10
47.”Kleptomaniýa” –20

Jemi 3150 sahypa töweegi. 130 a.l.
630 sahypadan ( 27 a. listden) 5 tom.

2009.

ATAJAN TAGAN

# Y K B A L K Ö Ç E S I

( Köp seriýaly çeper filmiň ssenariýsi )

1.

Paýtagtdaky täze gurlan kaşaň jaýly orta mekdepleriň biri. Mekdebiň birinji gatyndaky “Bildirişler” tagtasynda: “Ertir paýtagtymyzyň ähli mekdepleriniň ýokary synp okuwçylary üçin bag ekmek boýünça ýowar günüdir. Ýokary synplaryň okuwçylarynyň hemmesi ir sagat dokuzda mekdebimiziň öňüne ýygnanmaly. Hormatly Prezidentimiziň tutuş ýurdumyzy hem paýtagtymyzy daş—töweregi blen gür baglyga bezemek baradaky çagyryşyna zähmet bilen jogap bereliň!”

2.

Synpda sapak geçip gutaran ýaşuly mugallym Berdi Möwlamowiç okuwçylara ýüzlenýär:

--Gadyrly okuwçylar! Aşakdaky bildirişden siziň baryňyz eýýäm habarlysyňyz. Oňa garamazdan, ertir hemmämiziň ýowara çykmalydygymyzy menem size ýene bir gezek ýatladaýyn. Beýle ýowaryň örän uly manysy bar.Bag-bakjasy kän ýurtlar, bag-bakja bezelen şäherler gadym zamanlardan bäri medeniýetli hasap edilip gelnipdir. Topragynda suw, yzgar ýetmezçilik etmeýän käbir ýurtlarda çybygy ýere taşlasaňam, aladasy edilmegine mätäç däl, öz-özünden agaç bolup ýetişýär.Biziň suw gytlyk edýän Orta Azyýa ýurtlarymyzda bolsa her düýp nahal saýaly agaç bolup ýetişýänçä, gaty kän zähmet talap edýär. Şäherimiziň daşyny saýaly agaçlardan doldurmak üçin edilýän işlerden bizem çetde durmaly däl. Biziň mekdebimize, şol sanda biziň 10-njy “B” synpymyza-da belli bir meýdan, oturtmak üçinem belli bir san nahal bölünip berildi. Biziň okuwçylarymyz bu derwaýys işde hiç kimden yza galmaz diýen umyt edýärin.Ýowara siziň synp ýolbaşçyňyz hökmünde meniň özümem gatnaşýaryn.Ýöne ertirki uly döwletli işimize gözegçilik etmegi bolsa Hajy Nuryýewe tabşyrýaryn. Garşy dälmisiňiz?

Uzyn boýly, görmegeý ýetginjek ýerinden turýar.Ol Hajy Nuryýew. Okuwçylar el çarpýarlar.

3.

Ýaşlar synpdan çykyp ugranlarynda, jorasy Gunça bilen tirkeşip barýan Aýläle atly gyz Hajynyň egnine kakyp geçýär.
--Nen seni başlyk saýlanmagyň bilen çyn ýürekden gutlaýaryn, Hajy Batyrowiç Nuryýew!
--Bir günlük başlyklygymy çyn ýürekden gutlanyň üçin menem saňa halys ýürekden çykýan minnetdarlygymy bildirýärin, Aýläle Şadyýewna Muhadowa!—diýip, Hajy hem az-kem Aýläläniň gepleýşine meňzedip, ýaňsyly hem ýasama äheň bilen synpdaşyna jogap gaýtarýar.

4.

Ikinji gatyň basganҫagyndan aşak düşüp barýarkalar, pes boýly, çypar sary, dykalanan ýaly semiz Yklym atly okuwçy bile barýan uzyn boýly ýoldaşyna:
--Ýolbaşçylyga saýlanan bolsam, synpymyzyň iň owadan gyzy Aýläle meniňem egnime kakyp geçerdi—diýip tukatlanýar.
--Näme, egniňe kakylmany üçin kemsinýäňmi? Onuň üçin kemsinip ýörme! Me!—diýip, ýoldaşy Yklymyň egnine mazaly kakýar.
Entireklänsoň, özüni dürsän keltejik oglan urlan egnini tutup durka:
---Sen Aýläle däl ahyryn, sen Artyk--diýýär.—Özüňde-de et bolman, diňe süňk bolansoň, eliňem daş ýaly. Aýläläniň Hajynyň egnine kakan eli ýup-ýumşajykdyr. Bolsa-da, men kemsinibem baramok welin, egnime kakýan sen däl-de Aýläle bolaýsa, maňa hoş ýakardy.
--Aýlälä gowy görünjek bolsaň, senem Hajy ýaly uzyn bol, görmegeý bol…
--Hiç mahalam meniň boýum uzyn bolmaz, Artyk.
--Alada et.Sporta gatnaş, azrak iý.Irden öýňüzdenem garnyňy doýrup gaýdýansyň. Mekebe gelibem, her arakesmede bir ullakan bulka iýýärsiň. Beýtseň, boýuň ösmez, iniň öser.On sekizem ýaşaňok welin agramyň ýüz kilodanam geçýär.
--Bulka iýýänim hakda aýdýanyň dogry.Ýöne agram hakda aýdýanyň ýalňyş. Men ýüz däl, segsen sekiz kilo.
--Şu boýuňa segsen sekizi az görýäňmi?
--Az göremok. Ýöne men sen ýaly üç günde bir bulka iýip oňup bilemok. Ajygsam aşgazanym awaýar, başym aýlanýar. Ýöne men aç gezsemem boýum ösmez.Sebäbi meň kakamam gaty keltejik. Ol kelte bolansoň, özündenem kelte boýly ejem bilen tanyşýança, kän mahallap öýlenip bilmänem gezipdir. Ejesi, kakasy kelte oglan uzyn bolmaz diýýäler.
--Ol-a ýalan welin, kelte boýlularam söýýäler ahyryn. Aýläle-de seni birden söýse-de söýer ýörer-dä. Söýgi görk-görmege garamaz diýýäler.
--Ol mümkin welin, hiç kim seni söýmese-de, boýuň uzyn, görmegeý bolsaň erbet däldir-le.
--Onyň başga gep. Ýöne egnine kakyp geçeni bilen sen Aýläle Hajyny halaýandyr öýtme.
--Meni halama, seni halama, Hajyny halama.Onda Aýläle kimi halaýarka?
--Biziň mekdebimizde okaýan oglanlaryň ikimizden başlap, hemmesi Aýläläni halaýar.Ýöne Aýläle welin biziň mekdebimizde okaýan oglanlaryň hiç birinem halanok.

-- Ahyr soňy Aýläle-de kimdir biri bilen durmuş gurmaly bolar ahyryn? Ýa ol durmuş gurmak hakda pikir etmeýärmikä?

-- Sen oňa özüňi halatmagyň aladasyny ediber. Belkem maňlaýyň çüwer.

Yklym süýem barmagyny çekgesine ýetirip, ýoldaşyna “Sende kelle ýok” diýen yşarar edýär.

--Beýden bolma. Durmuşda her hili ýagdaý bolýar.Ynha, meň kakam bigörk, ejemem gaty owadan.Özem kakamdan on bir ýaş kiçi. Dawa-jenjelsiz, agzybir ýaşaşyp ýörler.Senem Aýläleden tamakin boluber.

--Aýläle häzir hiç kimi halamaýan bolsa, ahyrynda näme bolar?

--Görmegeý hem ulumsyja gyzlar ikimiz ýaly gowy oglanlara göwünleri ýetmän, deň-duşlarynyň hemmesi öýlenýänçä tumşuklaryny ýokaryk tutup gezýäler-de, iň soňunda-da, ikimizçe ýoga barmaga mejbur bolýarlar.Aýläle-de şolar ýalynyň biri bolar.

--Nähili boljagyny-ha bilemok welin, ony birneme götergileýälerem. Ynha Maksadam, Hajy Nuryýewem şu mahala çenli dörtlüksiz okaýalar. Emma Türkmenistan boýunça geçirilýän olimpiada bäsleşigine bolsa Aýläläni iberjekmişler.Gögmegeý gyz bolany üçinmi?

-- Dogrusyny dogry aýtmaly. Olimpiada meselesinde, meniň pikirimçe, sen ýalňyşýaň,Yklym. Ynha, himiýa dersinden menem bäşlikçi.Ýöne himiýa gezek gelende, hemmämiz Aýläla boýun bolaýmaly. O gyz, dogrudam, himiýa üçin doglan ýaly.

--Näme, ol diňe himiýa bäsleşigine gatnaşmalymyka?

--Men bäsleşigiň düzgünini bilemok.Ýöne olimpiadada matematika bilen himiýa kökman bolaýmaly. Ynha, görersiň, eger iberseler, Aýläle himiýadan ýeňiji bolubam geler.

--Näbleýin-dä! Olimpiada tutuş Türkmenistan boýunça geçirilýän bolsa, başga welaýatlarda-da özüne göwni ýetýänje okuwçy gyt däldir.

-- Ol mümkin…

4-a.

Aýläl bilen Gunça mekdebiň howlusyndan çykyp barýarlar. Derwezäniň daşynda köçe tarapda ýigrimi bir—ýirimi iki ýaşlaryndaky gaty uzyn hem biörküräk ýigit dur. Ol saga-sola garan bolup, syrbildirmezlige salan bolsa-da, gyzlary synlamak üçin durandygyny aňdyrmaly. Ol Aýläle bilen Gunça köçä düşüp daşlaşýançalar, yzlaryndan seredip durýar. Ahyram hem ahmyrly hem begençli tolgunma bilen mekdebiň derwezesinden daşlaşpar.

5.

Iki ýoldaş mekdebiň gapdalyndaky köçä ýetenlerinde, owadan ýaş aýalyň özünden gaty uludygy mese-mälim bildirip duran çal saçly adamynyň tirseginden tutup gelýändigini gören Artyk ýoldaşyny hürsekläp, geçip barýanlara tarap çalarak ümleýär.

--Düşündim—diýip, Yklym ýylgyrýar.

--Düşünen bolsaň, göwnüçökgünlik etme.

6.

Köçäniň gyrasynda owadan hem täze “Toýota” dur. Çal saç adam şol maşynyň gapysyny açyp, ýaş aýaly medeniýetlilik hem uly hormat bilen ulaga mündirýärde, özi hem rula geçýär.Bu gezek Yklym Artyga yşarat edýär.

--Menem düşündim—diýip, Artyk jogap gaýtarýar.

--Eşitdiňmi? Hajy mekdebi gutaran badyna, ene-atasy oňa ýeňil maşyn sowgat etjekmiş—diýip Yklym habar berýär.

--Ony-ha eşidemok welin, kakasynyň Haja uruşgan it satyn alyp berendigi-hä gulagyma ýetdi.    Maşyn edinse-de, gaty gowy-da. Gabat gelse, barjak ýerimize çenli äkider…

--Puluny töleseň.

--Puluny tölemeseňem mündirer. Hajy beýle gysganç däl-ä.

--Gysganççdygyny, däldigini maşyn alansoň bilersiň.

--Olam ahmal. Gysganç däl adamlar birneme baýansoň birden gysganç bolýamyşlar.

--Men-ä hiç mahal gysganç bolman.

--Şonuň üçinem sen hiç mahal baý bolmarsyň.

7.

Uly şäheriň etegi. Aňyrsyna göz ýetmeýän giň meýdana çykan adamlaryň sany sanardam kän. Ýük maşynlary agaç nahallaryny getirip ýör. Başga bir maşyndan pil, bedre düşürýärler. Ullakan çeleginiň ýüzüne “Suw” diýlip ýazylan ulaglar peýda bolýarlar. Üýşürlip otlanan hapa-haşal otlaryň ýeňiljek tüssesi asmana göterilýär. Ses güýçlendiriji apparatlardan şowhunly saz ýaňlanýar.

8

Okuwçylaryny daşyna üýşüren synp ýolbaşçysy Berdi mugallym ellerini hereketlendirip, bir zatlar aýdyşdyrýar.Onuň özi-de pile ýapyşýar.Saýaly agaç ekmeklik başlanýar. Kim çukur gazýar, kim maşynlardan nahal, kim bedreläp suw getirýär.Okuwçylaryň arasynda bize eýýäm çalarak tanyş Aýläle, Hajy, Artyk, Gunça, Yklym dagy hem bar. Olaryňam her haýsy bir alada bilen.Asmana az-kem bulut ýygnanypdyr.Adamlar ýokaryk seredişýärler.Belkem ýagyş şitirdär.

9.

Uzaklardanam, golaýdanam göni hatarlar bilen ekilen ýaşajyk arça nahallary ozalky  ýalazy meýdana  eýýäm görk berýär.Ekinlere suw guýlansoň çelekleri, nahallar düşürilensoň sandyklary boşan maşynlar ýuwaş-ýuwaşdan gaýdyp başlaýarlar.

10.

Hajynyň  synpdaşlary hem edilmeli işleri tamamlap, bir ýere üýşýärler.Emma ýoldaşlaryndan uzraga galan hem ekilmän galan bir düýp nahala gözi ilen Aýläle ony taşlap gaýtmaga dözmän, şol ýerde güýmenýär.Aýläle tapan nahalyny ekmekçi bolýar.Onçakly ýumşak hem däl ýerde çukur gazmak gyz maşgala aňsat hem düşmeýär.Çala urulýan pil yza zyňylyp dur.Golaýdaky ýodajykdan geçip barýan uzyn boýly, görmegeý bir ýigit gyzyň çukur gazjak bolup kösenip duranyny

görýär-de, aýak çekýär. Nätanyş ýigidiň ady Berkeli..Ol Aýläläniň ýanyna sowulýar.

--Gaty ýerde çukur gazmak saňa ýeňil düşmez, gyz. Garşy bolmasaň, men kömekleşäýeýin?

--Garşy däl—diýip, elindäki pile söýenen Aýläle ýylgyryp seredende onuň gözlerinde ýigide bolan hyrydarlyk duýgusy bildirýär.—Sizem arça ekmäge geldiňizmi?

--Hawa. Bu gün tutuş şäher ýowarda. Bize-de bölünip berilen ýer bar. Hany, pili bäik ber!

Berkeli pili alanda, eli tötänden Aýläläniň eline degýär.Ol iki çaknyşykdan inçe duýgynyň uçgunlary döreýär.Bir-birege garan gara gözler ytanýan ýaly bolup, nazaryny başga tarapa gönükdirýär.

Berkeli derrew çukur gazýar.Aýläle ekilmän galan nahaly çukurda oturdýar. Berkeli çukura az-kem gum atýança, Aýläle aňyrrakda duran içi biraz suwly bedräni alyp gelýär.Bedrä tarap gidende-de, eli bedreli yza gaýdanda-da, gelip duranda-da Berkeli Aýläläni assyrynlyk hem höwes bilen synlaýar.Ol Aýläle suw guýup bolansoňam, (Gyz bilen ýigidiň göreçleri çaknyşanda ýa-ha jadyly saz ýaňlansa, ýa-da ýyldyrym çakyp gitse, ýaşlaryň duýgusynyň tomaşaça gowy ýetmegine ýardam ederdi.) aljyran ýaly bolup, oňa seredip durýar.

--Suw guýlansoň, çukury gumdan doldurmaly ahyryn, oglan!

--Wiý, ýogsa-da…--diýip, aljyramakdan soň özüne gelen Berkeli çukura gum atmaga başlaýar.Onuň gulagynda Aýläläniň “Oglan,Oglan!” diýen näzik gyz sesi sol-zol gaýtalanýar.

11.

Aňyrda üýşüp duran synpdaşlarynyň arasyndaky Yklym Aýläläniň bir nätanyş ýaş ýigit bilen güýmenip durandygyny görüp, beýlekilere duýdurman, Hajy “başlyga” ümleýär.Hajy Aýlälä tarap ugraýar, Yklym hem onuň yzyna düşýär.Ýöne olar Aýläläniň ýanyna ýetýänçäler, gyza kömekleşip bolan Berkeli ol ýerden eýýäm ara açan eken. Hajy onuň yzyndan seredip galýar.

--Kim ýaňky oglan?—diýip, ol Aýläleden soraýar.

--Men näbleýin onuň kimdigini.Öz-ä nahal ekmäge gelenleriň biri bolmaly.

--Adyny soramadyňmy?

--Ýok.

--Kimdigini tanamaýan halyňa, ol näme üçin ýanyňa gelýär? Ýa ozaldan tanyşmysyňyz?

--Birinji gezek görýän.

--Birinji gzek görýäniň seň bilen näme işi barmyş?

--Geçip barýar eken-de, kösenip duranymy görensoň, çukur gazyşmak üçin sowlaýdy.

--Çukur gazdyrmak üçin öz oglanlarymyzyň birini çagyraýmaly ekeniň-dä… Biz entek ol oglanyň kimdigini tanamaly bolarys.

--Men onuň kimdigini bilerin--diýen Yklym Berkeliniň giden tarapyna seredýär.

--Näme etjek ony tanajak bolup? Gaýdyp biziň ony görjegimizden görmejegimiz ýakyn bolaýmasa.

--Bolsa-da, biz ony tanamaly, Aýläle. Başga bir mekdebiň oglany öz oglanlarymyz barka, biziň gyzymyza kömekleşen kişi bolup, sokulmasyz ýere sokulýar, bizi kemsidýär.Sen şoňa düşüneňok.

--Kemsider-kemsitmez ýaly bu iki ortada näme mesele barmyş? Ol meň kimdigimem bilnok, hatda adymam soramady. Kömekleşdi, sag bol diýdi, ýene ýoluny dowam etdi.

--Mesele bar, Aýläle.Özi-de biz üçin uly mesele. Biz onuň kimdigini gaty tiz bileris.

Hajy Aýlälä duýdurman, Yklyma gözüni gypýar. Ol hereketden many alan Yklym Berkeliniň yzyndan gidýär.Aýläle bilen Hajy pildir, bedräni alyp, synpdaşlarynyň topar bolup dyran ýerine tarap ýönelýärler.

Egni sport eşikli Yklym türgenleýşik geçýän sportsmen ýaly bolup, ylgawuny ýazdyrman eňip baryşyna, Berkeliniň deňindenem aňyrrak baryp, ýene yzyna aýlanýar.Şeýdip ol yza gaýdanda Berkeliniň ýüzüni elin synlamakçy bolýar.Ol maksadyny amala aşyryp, Berkeliniň deňinden geçibem elli ädim çemeleri ylgansoň, gurpdan gaçyp aýak çekýär.Ýadawlykdan ýaňa zordan dem alýan Yklymyň ýüregi agzyndan çykaýjak bolýar.Ol sojap-sojap gepleýär.

--Sen näme beýdip, öljek bolup ýörsüň? Aýlälä kim çukur gazyşanda näme? Oň azary saňa galypmy?

12.

Okuwçylar getirilen iş gurallaryny ýük ulaglaryna ýükläp bolan batlaryna Yklym hem peýda bolýar.Ol assyrynlyk bilen Hajynyň ýanyna barýar.

--Ýetdim.Ylgap, deňinden öňe geçen boldum, ylgap, yzyma gaýdan boldum… Men ol oglanyň haýsy mekdepde okaýandygyny bilemok, ýöne ýüzünden tanaýan. Biziň töweregimizde ýaşaýar.Käte-käte köçede gabat gelýär.

--Sen Aýläläniň ol oglany tanamok diýenine ynanmagyn. Ol gyz şeýtanlygyny edýändir.

--Dogry aýdýaň, Hajy. Tanamaýan bolsa, ol öz ýoldaşlaryndan aýrylyp, biziňem gapdalynda ýokdugymyzy peýläp, Aýläläniň ýanyna gelmezdi ahyryn.

--Ýogsam näme. Şonuň üçinem sen ony yzarla,Yklym. Ony biziň mekdebimiziň gyzlaryna tarap seretmäge-de ýaýdanyp durar ýaly etmeli bolarys.

Yklym baş atýar.

13.

Owadan myhmanhananyň öňi parahat. Bir gapdalda uzyn gyzyl matanyň ýüzüne uly harplar bilen: “Türkmenistanyň mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän bilim olimpiada bäsleşigine gatnaşýanlara üstünlik arzuw edýäris”- diýlip ýazylypdyr.

Muhmanhananyň öňündäki aýmançada dört-bäş sany täze awtobus ýolagçylara garaşyp dur.

Sport eşigini geýnen olimpiýaçylar myhmanhanadan çykyp başlaýarlar. Olaryň arasynda Aýläle hem bar. Ýaşlar awtobuslara münýärler.

14.

Owadan köçe bilen ýola düşen ulaglar daga tarap ýönelýärler.Şäheriň gyrasynda bäş-alty ýyl mundan öň ekilen saýaly agaçlat töwerege görk berýär. Awtobuslar asmandan çekilen “Urgan ýoluň” (“Kanatnaýa doroga”) öýjüklerine münülýän ýerine ýetip saklanýarlar. Ýaşlar, aýratynam Aşgabatdan başga ýerlerden gelenler ol täsin “howa ýoluna” haýran galyp tomaşa edýärler.Soňra olaryň özlerem “howa gämisiniň” ýolagçysy bolýarlar. Daşyndan göräýmäge birki ýyl mundan ozal orta mekdebi tyamamlandyr öýdüp çak edilmeli gödeňsi oglan “Howa gämisine” münmekden ýüz öwürýär.Oglalaryň biri oňa:

--Sen näme gyzlarça-da ýokmy? Seret, hemme gyzlaram gorkman münýärler ahyryn?—diýýär.

--Näme diýip kemsitseňizem, men şoňa münüp biljek däl. Siziň münýäniňizi görsemem, ýüregim agzymdan çykypmyka öýdýän..

--Olar ýaly ýüregiň bilen sen olimpiada nädip gatnaşjak?

--Olimpiada symdan asylgy kabinada geçenok, ýerde, adaty jaýyň içinde geçýär ahyryn. Onsoňam, meni sym üzüler diýip gorkýandyr öýtmäň. Meň bolşum şeýle. Kakamam beýiklikden gorkýar.Belkem ol kesel ýaly bolup nesil yzarlaýandyr.

--Düşnükli. Onda biz aýlanyp gelýänçäk sen on bäş-ýigrimi minut ýaly şu ýerde garaşaý.

--Symdan sallanman, ýerde durmaly bolsa, men ertire çenli diýseňizem, arkaýyn garaşaryn.Gidiberiň!

Oglan-gyzlary goltugyna alan “Howa gämisi” ýuwaşjadan hereket edip ugranda, täk özi ýoldaşlaryndan galan ýigit oňa tarap seredip bilmän, tersine bakyp durýar-da;

--Sag-aman ýere düşüň!—diýip pyşardaýar.

15.

Sessiz “Howa gämisine” münen ýaşlar al-asmandan ýere garap hezil edinýärler. Uly ak şäher Aşgabat, ondaky beýik ymaratlar eliň aýasynda ýaly bolup görünýär.Aňyrrakda Türkmenistanyň döwlet baýdagy pasyrdaýar, Garaşsyzlyk binasy we şuňa meňzeş belli nokatlar aýratyn saýlanyp görünýärler. Aşgabat aeroportundan asmana galan ak uçar gündogara tarap süýnüp barýar, golaýrakda bir bürgit howada gaýyp ýör.Uzakda türkmeniň ýaşyl sährasy, aňyrrakda sary çöl ýaýylyp ýatyr. Kimdir biri:

--Üstünde gezip ýöremizsoň, biz oňa ünsem bermändiris welin, asyl biziň çölümizem gözel çöl eken!—diýip gygyrýar.

Başga bir oglan ol sözleri ýapyşalga edinip, göçgünli sesi bilen aýdyma gygyrýar:

--Çölümiz gözel,
Ilimiz gözel.
Geljege barýan,
Ýolumyz gözel.
Ilimiz gözel,
Ýolumyz gözel…

Aýdyma gygyran oglanyň dirižýorlyk etmeginde “Howa gämisindäki” oglan-gyzlaryň hemmesi soňky iki setiri, hor bolup, telim gezek gaýtalaýarlar:

--Ýolumyz gözel,
Ilimiz gözel…
Aýläläniň gapdalynda oturan oglan:
--Aýläläniň örän ýakymly sesi bar eken.—diýýär.-- Muňa “Howa gämisiniň” birinji baýragyny bermegi karar edýäris.Makulmy?
--Makyl!
--Makul!

16.

”Howa gämisi” yza dolanyp, ýene öňki ýerine gelýär.Oňa münmäge gorkup, täk özi galan ýigit aşakda ýylgyryp dur.
--Asmanda keýp çekip hezil eden-ä biz. A, sen nämä begenýäň? Biz bilen gitmäniňe begenýärmiň?—diýip, ýere düşen oglanlaryň biri sowal berýär.
--Men siziň sag-aman ene topraga dolananyňyz üçin begenýän—diýip ol jogap berýär.—Aşakdan seredip durmak münmekdenem kyn bolsa gerek. Sim üzülermikä diýip janym bokurdagyma geldi.
--Sim üzülen bolsa-da, ýene ýere düşerdik-dä? Dagy nirä giderdik?
--Sim üzülen bolsa, nirä gitjekdigiňi özüň menden gowy bilýänsiň.
--Hany, akyllyja gürrüň etseňizläň, oglanlar!—diýip Aýläle gaşyny çytýar.

17.

Ýaşlar ýene awtobuslara münüp, saglyk ýolunyň başlanýan ýerine barýarlar.Olar saglyk ýolunyň ilkinji basgançaklaryna basyp ugraýarlar.”Howa gämisine” münmedik ýigit hemmeden öňde dogumly-dogumly ädimläp barýar.
--Saglyk ýolundan-a sen gorkman ýöräberdiň-le?—diýlen sowala ol:
--Men ýerden aýagymy üzmesem, hiç zatdanam gorkmaýaryn—diýip jogap gaýtarýar.
Ýaşlar saglyk ýolunyň öwrüminiň aňyrsynda gözden ýitýärler.

18.

Uly zal adamdan doly.Olaryň agramly bölegi ýaşlar.Öň hatarlarda elleri gül desseli oturanlar köp. Biziň Aýlälämiz hem birinji hatarda.Onuň keýpi kök.Ol ýanyndaky gyz bilen bir gyzykly zadyň gürrüňini edip otyr.
Gowy geýnüwli adam sahnada peýda bolýar.
--Hormatly adamlar häzir biz ýurdumyzyň çäginde mekdep okuwçylarynyň arasynda bilim boýynça geçirilen olimpiada gatnaşanlaryň bäsleşikde gazanan netijelerini seljeren emin agzalaryny sahna çagyryp, gelnen aýgyt bilen hem ýeňijiler bilen sizi tanyşdyrmakçy.
Emin agzalygyna girýän on-on iki adam sahna gelip, hatar bolup durýarlar.
--Emin agzalaryýň başlygy, Aşgabadyň 2-nji orta mekdebiniň müdiriniň okuw boýunça orunbasary, Türkmenistanyň at gazanan mugallymy Saparmämmet Gurbanmämmedowa söz berilýäris.
Gurbanmämmedow hatardan saýlanýar.Ol elindäki ýazga seredip, söze başlaýar.
--Gadyrly myhmanlar! Hormatly ýaşlar! Siziň kän wagtyňyzy alman, Türkmenistan boýunça geçirilen bilim olimpiadasynyň eminleriniň gelen netijesini

beýan edýärin. Eminleriň kararyna  görä, 1-nji, 2-nji, 3-nji hem 4-nji orunlary alan 40 okywçynyň atlary bilen sizi tanyşdyrýaryn..

-- Taryh dersi boýunça birinji ýer Jumanýaz Artykowa berildi.—Hojambaz etrabyndan.

Jumanýz öňe çykyp, olimpiadanyň diplomyny alýar.

--Matematika dersinden  Aşyrmet Saparow—Daşoguz etrabyndan.

Aşyrmet öňe çykýar.

--Himiýa dersi boýünça birinji ýeri Aýläle Muhadowa aldy.—Aşgabat şäherinden.

Aýläle hem öňe çykýar.Oňa-da olimpiadanyň diplomy hem gül dessesi gowşurylýar.Zal el çarpýar.

19.

Olimpiada  gatnaşan mekdep okuwçylaryny Tükmenistanyň Prezidenti kabul etmekçi. Birinji ýer alanlar hem olaryň ýany bilen köşge çagyrylanlar kaşaň köçe bilen köşge tarap barýarlar.

--Mem-ä entek köşge ýetmänkäm tolgunyp başladym welin, prezidentimiziň ýanynda ýykylyp, gelşiksiz ýagdaýa galmasam ýagşydyr, Aýläle—diýip, birinji ýer alan gyzlaryň biri Aýläläniň öňünde syryny açýar.

--Biziň ýagdaýymyzam edil seniňki ýaly, Aýgül jan—diýip, Aýläle çalaja ýylgyryp jogap gaýtarýar.—Özümizi ele alyp, saklanjak bolarys-da.

20

Prezident köşgünde.Kiçiräk zala mekdep olimpiadasyna gatnaşanlar hem beýleki çagyrylan adamlar ýygnanypdyrlar. Kän garaşdyrman, ýurduň Prezidenti ozaldan duran kiçijik memberiň arkasyna geçip, köpçülige garap  ýylgyrýar-a,   çalaja baş atyp, söze başlaýar.

--Mekdep okuwçylarynyň arasynda ýurdumyz boýunça geçirilen bilim olimpiadasyna gatnaşan gadyrly ýaşlar!

Hormatly emin agzalary!

Hormatly myhmanlar!

Ýurdumyzda medeni, tehniki, sport forumlary, oba hojalyk, senagat sergileri ýygy-ýygydan geçirilip dur. Beýle çäreleriň hemmesi-de Watanymyzyň öňe gitmegine, işimiziň ilerlemegine ýardam edýän çärelerdir.Ýöne siziň şu günki tamamlan ýaşlaryň bilim boýynça olimpiadasyna men has-da ýokary baha berýärin. Sebäbi ylym, bilim bolmasa, ylym- bilim ösmese hiç bir ýurtda beýleki ugurlaryňam ösüşi kanagatlanarly bolmaýar. Ylymly hünärmenleri ýok ýurt yza gitmese-de, öňe gitmeýärler.Geçen olimpiýadanyň diňe ýaşlar olimpiapadasy bolmagy has-da guwandyryjydyr.Sebäbi siz, ýaşlar, biziň şu günümiz hem ertämiziň daýanjy bolup durýarsyňyz. Şu güni hem ertesi ýaş, bilimli, zehinli  nesil bilen üpjün ýuirduň birigünininiňem, ýeneki günlerininiňem  rowaçlyga sepleşjekdigi öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Atalaryňyzyň, agalaryňyzyň ýeten ýeňişli sepgitlerini dowam etjek siz bolup galýarsyňyz.Biz size guwanýarys, buýsanýarys, ynanýarys.Geçirilen olimpiada gatnaşanlaryň ýokary orun almadyklarynyňam  ýekejesi-de utulan däldir. Olaryň şeýle jogapkärli, her kim üçinem bähbitli bäsleşige gatnaşmagynyň özi-de, meniň pikirimçe, uly utuşdyr. Siziň utuşlaryňyzyň sanynyň köpelmegi, aň-

düşünjäňiziň giňemegi,   mähriban Watanymyzyň mundan beýläk-de  has rowaçlanmagyna ýardam etjekdigine men çyn ýürekden ynanýaryn. Biziň öňe gitmek üçin tutýan maksadymyz biziň durmuş ýolumyzdyr, ykbal käçämizdir.Şol ykbal köçesinde halkymyzyň rahat ýöräri ýaly ony çarkandaksyz edip saklamakda siziň edip biljek işiňiz örän uludyr.Siziň ertirki şol jogapkärli borjy doly berjaý etjekdigize bolsa şu günki bilim olimpiadasynyň netijeleri şaýatlyk edýär.  Emin agzalaryna, olimpiadanyň guramaçylaryna  eden uly işleri üçin minnetdarlyk bildirýärin.Işiňiz şowly bolsun, gadyrly ýaşlar! Indi bolsa olimpiýadanyň ýeňijilerine Türkmenistanyň hökümetiniň  adymdan ýadygärlik sowgatlaryny gowşurmaga rugsat ediň!

El çarpylýar.

Olimpiadanyň çempiony bolan oglan-gyzlaryň 10-12 sanysy sahna çykyp, hatar bolup durýarlar.Prezidente ýardamçylyk edýänleriň biri ýeňijileriň atlaryny okaýar, ýene biri döwlet ýolbaşçysynyň  ýaşlara gowşurmaly sowgatlaryny eltip berýär.

--Taryh dersi boýunça çempion Jumanýaz Artykow.Hojambaz etrabyndan.

Jumanýaz Artykow Prezidntiň sowgatlaryny kabul edýär.Zaldakylar el çarpýarlar.

Preziden oňa;

--Geplejekmi, Jumanýaz?—diýýär.

Jumanýaz egnini utançly gyzmak bilen geplemejekdigini duýdurýar-da, ýerine baryp durýar.

--Himiýa dersi boýunça birinji ýer alan Aýläle Muhadowa. Aşgabat şäherinden.

Aýläle prezidente golaý barýar.Prezident onuň boýnundan zynjyr asýar hem öz kitabyny sowgat berýär.

--Bir zat aýtmak isleýäňmi?—diýip, Prezident beýleräkde duran mikrofona tarap elini salgaýar.

Aýläle-de Jumanýaz ýaly egnini gysýar.Ýöne, utanjyrasa-da, çalaja ýylgyrýar-da mikrofonuň öňüne barýar.

--Hormatly Prezidentimiz! Olimpiýada gatnaşanlary kabul etmäge wagt tapanyňyz üçin, aýdan atalyk sözleriňiz, gutlagyňyz üçin biz size çäksiz minnetdar.Biz siziň Watanymyzy gülletmek üçin amala aşyrýan ägirt uly işleriňize guwanýarys, buýsanýarys, şol oşüşlerde size ýardamçy bolup ýetişmegi arzuw edýäris.(Elindäki kitaba seredär).Siziň maňa öz ýazan “Türkmenistanyň dermanlyk otlary” diýen kitabyňyzy bolsa, edil yrymçy adam ýaly bolup kabul edýärin. Sebäbi men lukmançylyk institutyna girmäge taýynlyk görýärin. Siziň meniň haýsy okuwa girmek isleýändigimi bilmeýän halyňyza maňa hut lukmançylyga degişli kitabyňyzy bermegiňizi uly sowgat  hem  rowaçlygymyň, maksadyma ýetjekdigimiň alamaty diýip kabul edýärin. Sag boluň! Uzak ýaşaň!

Prezident baş atýar.

Aýläle ýene bir gezek Prezidentiň elini gysýar. Zaldaky adamlar ör turup el çarpýarlar.

21.

Şäheriň gyraragynda gurlan beýik täze jaý—Aýläle bilen Gunçanyň ýaşaýan ýeri.Giň, üç otagly jaý.Aýläle stol başynda kitaba güýmenip otyr,ejesi Ejegül daýza aşhanadan çykýar.Ol elindäki sellofan haltajygy gyzynyň ýanynda goýýar.

--Öýde  bir döwümem çörek ýok, gyz. Eliňi boşadanyňdan soň dükana gidip-gelersiň-dä.

22.

Aşak barýan liftiň gapysy açylanda, Aýlälä Gunça gabat gelýär.
--Salam, Aýläle!
--Salam welin, ikimiz  irden daşarda salamlaşdyk ahyryn?
--Daşarada salamlaşdyk. Ýöne, liftde salamlaşan däldiis.
- Ýeri, bolýa-da. Nirä ugradyň?
--Dükana.Kükürt alyp geljek.
--Onda, ikimiziň ugrumyz bir.

23.

Şäher gyrasy bolansoň, töwerek giňişlik bolup görünýär. Aňyrrakdaky boşluga on-ýigrimi sany adam ýygnanypdyr.
--Adamlar ol ýerde näme üçin üýşüp durkalar?—diýip, Aýläle goňşusyna sowal berýär.
-- Seň habaryň ýokmy? Täzeden bäri her dynç güni şu mahallar ol ýerde it uruşdyrýarlar. Ikimiziň bir synpdaşymyzam käte şolaryň arasynda görünýär.
--Haýsy synpdaşymyz?
--Hajy. Hajy Nuryýew
--Çyndyr. Hajy  Nuryew it  alypdyr diýip eşidipdim welin, iti guwanmak üçin edinendir öýdüpdim…
--Ýok. Ol iti uruşdyrmak üçin alypdyr diýýäler.
--Ol-a bir hili bolýar.
--Elbetde, bir hili. It uruşdurmakdanam oýün bolarmy?
Men henize çenli it urşuny göremok-da, Gunça.
--Menem göremok.Ýör,  syn edeli!
--Ýör!

24.

It uruşdurylýan ýer. Aýläle bilen Gunça hem adamlaryň ýanyna gelip durýarlar. Ozlam ol ýerde birki sany aýal  bar eken.Şonuň üçinem gyzlara-da hiç kim üns hem bermeýär.Bäş-alty sany it bar. Her kim, şol sanda  Hajy hem öz itiniň boýnundaky ýüpünden tutup dur.Aýläläniň göwnüne bolmasa, Hajynyň iti beýleki itlerden daýaw hem has hyýrsyz ýaly. Gyzlara gözi düşen Hajy birneme tolgunýan hem gabarylýan ýaly bolýar.

25.

It uruşy başlanýar.Öňürti Hajynyň iti bilen başga bir iti orta  çykarýarlar.Hajynyň iti garpyşan badyna garşydaşyndan güýji ökdedigini tomaşaçylara äşgär edýär.Ol beýleki iti ilki mazaly dalaýar, soňan onuň bokurdagyndan agyz salyp ysgynyny alýar. Hajy itiniň rustemdigine gabarylyp, “Gördüňizmi?!” diýýän ýaly zol-zol Aýlälä bilen Gunça tarap seredýär.Garşydaşy ýykylandan soňan,  Hajynyň iti onuň bokurdagyndan agzyny aýyrmaýar.Hajynyň itiniň ýüzünde, beýleki itiň bokurdagynda gyrmyzy gan tegmilleri görünýär.”Bes ediň! Öldürmänkä aralaň!” diýen haýbatly sesler ýaňlanýar. Hajynyň itiniň garşydaşy zaryn çyňsaýar. Iki eli bilenem ýüzüni tutan Aýläle özüni aşak goýberýer.Ol tolgunýar, aljyraýar,

gözleri ýaşly. Birdenem onuň gözýaşa gark bolan göreçleriniň öňünde başga bir surat janlanýar: Orta çykyp uruşýanlar itler del-de, itleriň eýeleri—Hajy bilen başga bir garynlak hem daýaw adam. Olaryň itleri bolsa gyrada durup, iki adamyň bir-birini ýenjişine heşelle kakyp towsaklaşýarlar. Hajynyň garşydaşy uruşgan eken.Onuň salýan ýumruklary Hajynyň ýüzünde, maňlaýynda ganly tagma baryny goýýar.

-- Hajynyň iti ýeňdi, Aýläle!—diýip, Gunça habar berenden soň, Aýläle özüne gelýär..

--Ýeňmän geçsin-le—diýip, ýerinden turan Aýläle pyşyrdaýar.Ol aňyrlygyna ýöreýär.Gunça hem ondan galmaýar.

Itiniň ýüpüni biriniň eline beren, keýpi kök Hajy gyzlaryň yzyndan barýar.

--It uruşdurmak hähili erbetlik eken!

--Erbetlik däl, Gunça jan, wagşylyk eken.Onda-da baryp ýatan wagşylyk. Men şu gün ömrümde ilkinji hem iň soňky gezek it uruşyny görüp, adamçylygy bar adam, ýüreginde rehimdarlyk bar adam it uruşdurmaz diýen netijä geldim. Iki sany aňsyz janawaryň bir-birini çeýnemeginden lezzet alyp bilýän adam adam däldir, haýwança-da ýokdur, wagşydyr…

Golaý gelensoň. Aýläläniň soňky sözlerini eşiden Hajy aýak çekip, oýa batýar. Onuň göwnüne bolmasa Aýläläniň: “It uruşdurmakdan lezzet alyp bilýän adam adam däldir, wagşydyr!” diýen sözleri müň gezek ulaldylan görnüşde asmanda ýaňlanýar. Hajynyň gelip durandygyny görmedik gyzlar ýuwaş-ýuwaşdan daşlaşýarlar.

26.

Ýowar güni Aýlälä nahal ekişen ýigit Berkeli köplenç sportsmenleriň göterýäni ýaly sumkany egninden asyp asyp, uly köçäniň ýanýodasyndan gidip barýar. Köçäniň beýleki tarapyndaky awtobuslaryň saklanýan ýerinde duran Yklym Berkelini görýär.Ol derrew köçäniň beýleki tarapyna geçýär-de, ony “yzarlap” başlaýar. Berkeli uzak ýöremän, şäher stadionuna girip gidýär.Yklym hem Berkeli stadionuň belli bir seksiýasyna sowulýança onuň yzyndan galmaýar.Ol Berkeliniň giren gapysyndan geçip aýak çekýär-de, giň zalyň öňündäki mähnet aýnaly penjiräniň gyrasyna çekilip, yzarlaýan adamynyň etjek hereketlerine garaşyp durýar.

Geýip gelen eşiklerini çykaryp, sport eşigine giren Berkeli el-aýagyny ýazmak üçin az-kem maşk edýär-- towsaklaýar, ylgaýar. Soňam boksýor elligini geýýär-de, özünden biraz öň gelip, eýýäm maşk edip bolan hem “söweşe” taýyn bolup duran ýoldaşynyň ýanyna barýar. Olar salamlaşan badyna, aňyrdan peýda bolan sport eşikli, ýüzi agyr, çal saç adam elini çarpýar-da, iki oglany ringe “söweşe” çagyrýar.Berkeli bilen ýoldaşy aýaklaryna ot basylýan ýaly towsaklaşyp, bokslaşyga başlaýar.Çal saç trener käte olaryň “söweşiniň” arasyny bölüp, bir zat-bir zatlar öwredýär. Iki ýoldaş baş atyşyp, aýdylany kabul edýändiklerini aňdyrýarlar. “Söweş” ýaňadandan başlanýar.Berkeli gaçgaklap-gaçgaklap, maýyny tapansoň, bir uranda garşydaşy tüwdürlip gidýär. Çal saç trener Berkelä başam barmagyny görkezär, beýlekä süýem bamagyny çommaldyp “käyinç”

yglan edýär hemem onuň ýalňyşyna düzediş berýär. Şondan soň “söweş” ýene dowam edýär.Mana düşünip, telim gezek baş atan Yklym: “Hajy ikimiz muny urmakçy bolýas. Muň ýeke özi biziň synpymyzyň oglanlarynyň hemmesini uryp ýykar” diýýär-de, stadiondan çykmak bilen bolýar.

27.

Berkeliniň düýşi: Düýşde onuň Aýlälä sataşan wakasy edil hakykatda bolşy ýaly gaýtalanyp ugraýar. Aňyrrakda oglan-gyzlar öz işleri bilen gümra.Galan bir düýp nahaly ekmek üçin çukur gazyp bilmän duran Aýläläniň ýanyna sowulan Berkeli oňa:

--Çukur gazmaga kömekleşäýein, gyz?—diýýär.

Gyz oňa ýylgyryp seredýär.

--Kömekleşäýseň-ä kem görjek däl, oglan.

Gyzyň ýylgyryşy, mylaýym sesi Berkeliniň gözünden girip, ýüregine ýetýär.

--Hany pili ber bärik!

Pili uzadan gyz:

--Adyň kim?—diýip soraýar.

--Meň adym Berkeli. Seň adyň näme?

--Saňa meň adymy bilmek hökman däl.

Berekeliniň ýere uran pili topraga çüýlenen ýaly gymyldaman durýar.Ýaş ýigidiň özi-de doňup galýar”

Düýşdäki görnüş şol pursata ýetende, Berkeli oýanýar. “Onuň adyny düýşde soraman, oýalykda, ýanyňda durka soramaly ekeniň-dä, samsyk. Indi sen ony, juda bagtyň çüwäýmese, taparynam öýtme. Adyny bilmeseň, familiýasyny bilmeseň, okaýan mekdebini bilmeseň, ony nireden gözlejek? Şäherdäki onlarça mekdebiň her haýsynyň gapysynda nobatçylyk etjekmi? Ozalam tötänden gabat gelişi ýaly belki, köçeden barýarkam öňümden çykar. Durmuşda her hili tötänlik bolýar ahyryn… Aý, nesibedir-dä!”

Berkeli dikelýä-de, başujunda duran magnitofona elini ýetirýär. Aýdym ýaňlanýar:

--Başky söýgim, şatlyk-gaýgym, nirde sen?
Ala gözli, ak maralym, nirde sen?

Berkeli magnitofonyň sesini haýalladýar.

--Dogrudanam, şol gyz meniň başky söýgim bolaýmasyn? Henize çenli hiç bir gyz beýdip meniň ünsümi çekmändi ahyryn.Hiç kim düýşüme-de girmändi. Ol gyzyňam, ýaňky aýdymda aýdylyşy ýaly, ak maraldygam çyn, ala gözlüdigem hakykat. “Nirde sen?” diýen sowalam beribermeli. Ýöne ol “Saňa meň adymy bilmek hökman däl” diýdi. Diýmek, gözlämde-de men ony tapmaly däl. Ol gyz meniň nesibämde ýok. Ýogsam, iň bolmanmda, düýşde-hä adyny gizlemezdi ahyryn.

28.

Berkeli, ejesi hem kakasy aşhanada ertirlik edinip otyrlar.Aýjan adamsynyň ogluna siňe-siňe seredişini synlap, çalaja ýylgyrýar.

--On bäş gün aýra gezýäň welin, ogluňy gaty göresiň gelip gidäýýär öýdýän, Atak?

--Men bu mahal Berkelä seredip, ogul hakda däl-de, gyz hakda oýlandym, Aýjan.

--O nä gyz?

--Burawçy işgälerimiziň biriniň ýetişen gyzy bar welin, her gezek öýüne baramda, gözüm gidip gaýdýan. Özlerem balkanly.Şäherde ýaşaýalar.Şol maşgalany gelin edinip dulumyza geçiräýsek, men-ä arman çekmezdim welin, Berkelem ykbalyndan närazy bolmazdy. Edepli, işeňňir, ortaça görmekli. Öňňil mekdebi tamamlady.

-- Berkeli bilen kän bir ýaş tapawudam ýok eken-dä?

-- Hawa. Şol gyz-a meň maňzyma batýar, Aýjan. Ogluň ikinji kursy gutaran badyna öýeräýsek nädýär?

--Wah, men seň şol pikiriňe garşy däl-le, Atak.

--Sen garşy bolmasaňam, men garşy, eje. Entek öýlenmek diýen gürrüň bolmaz. Instituty dagy gutarmaly.Aspirantura hyýallanmaly.Ondan soň öýlenmegiň pikirini etmeli. Prezidntimizem ylymlar akademiýsynyňam, aspiranturanyňam işini gaýtadan ýola goýdy.

--Öýleneňsoňam institut gutaryp bolar, ogul. Üç-dört çaganyň atasyka okap ýören talyplaram görüpdik.Gaýtadan açylan akademiýa-da, aspirantura-da indi hiç ýere gaçyp gitmez. Özümiň giç öýlenenime-de henizem ökünüp ýörün. Mekdebi gutaran badyma öýlenäýen bolsam, häzir üç-dört sany agtygyň atasy bolardym. Meň ýalňyşymy sen gaýtalama, ogul.

--Nesip bolsa, uzaga çekdirmän, seň aýagyňy duşaklarys, Berkeli. Menem gaty garramankam agtyk hüwdülemeli ahyryn.

--Ir öýlenýänleriňem ökünip ýörenileriniň bardygyny siz bilýäňiz-ä?

--Sen hökman şol ökünýänleriň hatarynda bolaýmalymy?—diýip, kakasy Berkeliniň pikirine garşy gopýar.-- Hemme zat tebigatyň kanunyna görä öz wagtynda bolsa gowy.Mysal üçin, ýaz pasly öz gelmeli möwrütinden gaty gijä galyp gelse, güýzem ir düşse, şol ýyl daýhan oňly hasyl almaz. Öýlenmek, durmuşa çykmagam edil şonuň ýaly mesele. Meniň bir akylly işgärim “Ajala sataşmakdan başga zada gijä galmaly däl” diýýär.Senem akyllyja bol, Berkeli. Men ol gyzyň suratynam ele saljak bolaryn.

Çaýyny içip bolan Berkeli ýylgyrýar-da, başyny ýaýkap, ýerinden turýar.

Ejesi oňa gyýa garaýar.

--Kellejigiňi ýaýkan bolma, ogul.

Atak käsesine çaý guýýar.

--Aýjan, şu meselde meň gara çynymdyr. Sen şony bil.

--Men nä saňa garşy gopýanmy?

--Garşy gopmasaňam, esasy ýüki sen götermelisiň. Men-ä, nä, özüň bilýäň, öýe myhman.Şoň üçinem ogluňy özüň yrmaly bolarsyň.Onuň hemme islegine bolýa diýip otursaň, saçy çalarýança öýlenerem öýdemok.Indiki ýaşlar şeýleräk-dä.

Aýjan baş atýar.

29.

Mugallym klasda sapak geçýär.Ol aňyrsyny bakyp, gara tagtanyň ýüzüne san baryny ýazyşdyryp dur.

Hajy bir bölek kagyza “Aýläle, men uruşgan itimi kakamyň tanyş çopanyna sowgat edendigimizi aýtmak üçin şu haty saňa ýazýaryn. Hajy.” diýen sözleri, ýazyp, kagyzy epländen soňam daşyna “Aýlälä” diýen sözi ýazyp, öňündäki okuwça uzadýar. Hat eýesine gowuşýar. Aýläläniňem: “Itiňi çopana sowgagt edendigiň baradaky habaryň gelip gowuşdy.Men oňa gaty şat. Sebäbi men it uruşdurmaklygyň örän erbet zatdygyna göz ýetirdim. Aýläle” diýip ýazan haty Haja tarap gaýdýar.

Ýeňsesinde gözi bar ýaly, aňyrsyny bakyp işläp dursa-da, mugallym:

--Bu ýer hat gatnadylýan poçta däl. Bu er ylym alynýan öý—diýip, okuwçylaryň köpüsine düşnüksiz bolup galan sözleri aýdýar-da, arasyny kesmedik işini dowam ediberýär. Okuwçylaryň käbiri bir-birine soragly hem geňgalyjy nazar bilen seredişýärler.

30.

Okuwdan soň Hajy bilen Yklym ýanköçeden özara gürleşip barýarlar. Hajy egnine kakyp, Yklymy saklaýar.

--Sen maňa bir zady aýt, Yklym. Aýläle soňky wagtlarda ulumsulanan ýaly bolup görünýär welin, o nämedenkä?

--Men näbileýin—diýip, Yklym egnini gysýar.— Şony menem aňýan.

--Sebäbi-hä bolmalydyr.

--Wiý, biz onuň pikirinem edemizok welin, Aýläle bilim olimpiadasynyň ýeňijisi bolup geldi ahyryn.

--Ondan däldir.

--Nä ýeňiji bolmak oýun zatmy?

--Olimpiada-da baýrak alanyň sany ellä golaý okuwçy. Telewizorda özüm gördüm. Men-ä onuň biraz üýtgemegini olimpiada bilen bagly däl bolsa gerek diýip hasap edýärin. Ol biziň oglanlarymyza gedemlik bilen garaýana meňzeýär. Onuňam bir sebäpjigi-hä bolmalydyr.

--Men-ä ölimpiadany telewizorda-da görmändirin.

--Näme sebäp bolup biler? Aýläläniň durmuşynda-da, biziň durmuşymyzda-da göze görnüp duran özgeren zat ýok.Öňki ýagdaý. Men onuň göwnünden turjak bolup, çakdanaşa uruşgan itimem ýok etdim. Näme üçin ol üýtgemeli? Belkem şol nahal ekişen oglan bilen söýşüp ýörendir?

--Menem şony çaklaman duramok, Hajy. Birine aşyk bolanyň häsiýeti derrew üýtgeýärmiş diýip uly adamlar gürrüň edýäler. Samsyk akylly ýaly, akylly samsyk ýaly, sada ulumsy ýaly bolýarmyş.

--Näme ol nahal ekişen boksýor diýýäniň Aýläläni şol derejä ýetirer ýaly üýtgeşik oglanmy?.. Näme dymýaň?

--Aý, menem ony tanap baramok, Hajy.Diňe ýolda-yzda görýän diýäýmesem. Olam gaty seýrek.

--Daş sypaty nähili?

--Aý, gatybir üýtgeşigem däl… Menden-ä uzynrak…

--Mençe barmy?
Yklym Hajyny şu gün görýän ýaly synlansoň, jogap gaýtarýar.
--Aý, sen ýaly-da.
--Görmegeými?
--Menden-ä görmegeý.
--Mençe barmy.
Yklym Hajynyň ýüzüne seredýär.
--Aý, sen ýalyrak-da.
Hajy esli dymansoň gepleýär.
--Bilýäňmi, Yklym? Aýläläniň şol oglan bilen arasy bar bolsa, biz şol arany sapak ýolan ýaly ýolmaly. Sen şol hakda oýlan.
Yklym baş atýar.

31.

Yklym şäher stadionynyň ýanyndan geçip barýarka, "Bildirişler" tagtasyna gözi düşüp, aýak çekýär. Tagtanyň ýüzüne uly harplar bilen
"Şu ýlyň maý aýynyň on bäşinde biziň stadionymyzyň boks ringinde mekdep okuwçylarynyň hem ýokary okuw jaýlarynyň talyplarynyň arasynda boks boýunça ýaryş geçirilýär. Ýaryşa okde boksçy ýaşlar Gurt Amanow, Sazak Gulmyradow, Berkeli Mämmedow, Ata Ataýew, Aşot Petrosýan, Fikret Atakişi, Jöwher Çaryýew hem başgalar gatnaýşar.Ýaryş sagat 18-de başlanýar".
Bildirişi okap başlan Yklym "Okamda näme? Barybir men bize gerek oglanyň, ýaryşa gatnaşýanam bolsa, adyny, familiýasyny bilemok ahyryn-- diýip içini gepledýär.—Ýöne men bu habary hökman Haja aýtmaly bolaryn".

32.

Hajy bilen Yklym jäher stadionuna tarap barýarlar.Yklym ýoldaşyna söz gatýar.
--Eger ýakyn gatnaşygy bar bolsa, ol oglan şu ýaryşa Aýläläni hökman çagyrandyr. Iň bolmanda, güýçlüdigini görkezip öwünmek üçin.Sport bilen gyzyklanýanlaram birneme göçmeräk hem şöhratparazyrak bolýalar-da.
--Ikimiziň piklirlenişimiz dep-deň, Yklym. Menem şu mahal hut şol barada oýlanyp gelýärdim. Eger şol oglanam ýaryşa gatnaşa, Aýläle bilenem arasy bar bolsa, tomaşaçylaryň arasynda biziň synpdaşymyzam kökman bolar. Biz onuň bardygyny-ýokdugyny hem anyklarys.
--Bar bolaýsa nätmeli bolar?
--Ýaryş gutaranyndan soň Aýläle ol oglan bilen tirkeşip gider ahyryn.Yzlaryna düşeris.
--Düşemizde-de biziň olara görüp biljek çärämiz bolmaz. Ol oglan ikimizi hem bir uranda ýykar.
--Olam-a şeýle—diýip, Haly oýa batýar.—Näme etmeli? Olary arkaýyn duşuşar ýaly-ha etmeli däl.

33.

Stadionyň boks boýunça ýaryş geçirilýän ýeri. Ýagdaý ulu toý dabarasyny ýatladýar.Töweregi sport baýdaklary, al-elwan güller bezeýär.Gulaga ýaklymly

şowhunly saz ýaňlanýar.Ýaryşyň guramaçylary öz aladalary bilen haýdaşyp ýörler. Zaly dolduran adamlaryň agramly bölegi ýaşlar.Olaryň hemmesi-de, edil uly barýamçylyga gelen ýaly keýpli, joşgunly.
Hajy bilen Yklym hem tribunanyň orta gürpünde otyrlar.
--Sen sag tarapy, menem çep tarapy gözden geçireýin.
Ilki Hajynyň, soňam Aklymyň gözleri üýtgeşik bir dürbä öwrülüp, hersi bir tarapy synagdan geçirip ugraýarlar.Dürbüler erkek adamlaryň ýa-da bigörküräk gyzlaryň ýüzlerine gabat gelende, kän saklanman, derrew aňryk süýşýärler. Görmegeý gyzlara sataşanda bolsa dürbüler Aýläle däldigi üçin derrew geçibermeli bolsa-da, geregindenem artyk eglenýärler. Şeýlelikde, iki tarapda-da bar bolan owadandan owadan gyzlar iki ýoldaşyň göz derňewinden geçýärler.
--Aýläle ýok—diýip, Hajy Yklyma habar berýär.
--Aýläle ýok—diýip, Yklym Haja habar berýär.
--Diýmek ol ikisiniň arasynda ýakyn gatnaşyk ýok—diýip, Hajy kesgit edýär.
--Gatnaşygy bar ýigidiniň boks ýaryşyna gelmezligi Aýläläniň onuň bilen gatnaşygynyň ýokdugyny gutarnykly kesgitlemeýär. Belkem bu gün Aýläläniň zerur bir işi çykyp, stadiona gelip bilen däldir.
--Olam mümkin—diýip, Hajy baş atýar.
Boks ýaryşy başlanýar.Ilkinji bolup öňe çykanlaryň hijisi hem garaşylýan ýigit däl. Hajy Yklyma soragly nazar aýlaýar.Yklym “ýok” diýen manyda başyny ýaýkaýar.Iki ýoldaş bokslaşýan ýigitlere onçakly üns hem bermäm, ýene tomaşaçylaryň arasyndan Äýläläni gözläp baýşlaýarlar.Iki ýoldaş ýene bir-birine seredip, hereket bilen “ýok” diýen jogap gaýtarmaga mejbur bolýarlar.
Ikinji gezek ringe ( aýmança) çagyrylan boksçylara gözi düşen Yklym tisginip gidýär.
--Çep tarapda duran uzyn boýly oglan şol.
--Ýalňyşaňokmy?
--Ýalňyşamok. Men ony näçe gezek köçede gördüm. Edil özi.
--Bizden-ä ýaşy ulurak bolaýmasa.
--Mümkin.Ýaryşa diňe mekdep okuwsylary däl, ýokary okuw jaýlarynyň talyplary hem gatnaşýalr.
--Sen ony nireden biýäň?
--Köçedäki bildirşde ýazylgy.

34.

Ikinji tapgyryň çaknyşygy has gyzykly başlanýar. Hajy bilen Yklym öz janköýerlik edýänleri öňe çykan ýaly bokslaşylýan aýmançadan gözleirni aýyrman, tolguna-tolguna tomaşa edýärler.
Kän mahal geçmänkä garşydaşynyň güýçli urgusyna çydamadyk Berekeli ykylýar.Hajy begenjinden ýaňa iki bolup bilmeýär, ýerinden turup el çarpýar. Berkeliniň ýykylanyna Yklym hem az begenmeýär.
Bokslaşygyň emini ýykylanyň ýanyna barýar-da, sanamaga başlaýar. San bäşe ýa-da alta ýetmänkä, Berkeli ýerinden turýar. Bokslaşyk gaýtadan dowam edýär. Tiz wagtdan Berkeliniň jaýdar urgusyndan soň onuň garşydaşy ýere ýazylýar. Öňki ýagdaý gaýtalanýar -- emin “Bir, iki, üç…” diýip, gyşaryp ýatana tarap barmagyny çommaldyp, haýbatly ses bilen sanap başlaýar.Emma 10-a çenli

sanalsa-da, Berekeliniň garşydaşy ýerinden turmaýar. Kömege gelen iki sany adam gop berip, ýeňlen sportsmeni ringden alyp gidýärler. Onuň ýanynda ak halatly lukman peýda bolýar.
Keýpi gaçan Hajy Yklymyň ýüzüne seredýär.Dodagyny dişlän Yklym köp manyly nazar bilen başyny ýaýkaýar.
Berkeli ýeňiji diýlip yglan edilýär.Diktor " Berkeli Mämmedow ýeňiji boldy" diýip radioda habar berýär. "Ady Berkeli, familiýasy hem Mämmedow eken" diýip, Yklym Haja onuň özüniň eýýäm eşiden habaryny gaýtalap aýdýar.

35.

Okuw tamam bolandan soň esasy gapysynyň maňlaýyna "Türkmenistanyň oba hojalyk uniwersiteti" diýlip ýazylan gapydan talyplar çykyp gelýärler.Olaryň arasynda eli diplomatly Berekeli Mämmedow hem bar.Ol bir gyzykly zadyň gürüňini edişip barýan ýoldaşy bilen uly köçä ýetensoň hoşlaşýar.

36.

Giň, uzyn, owadan köçe. Öňünden gabat gelen tanşy bilen baş atyp salamlaşyp geçen Berkeli ulaglaryň duralgasyna ýetip barýarka, özüne tarap gelýän Aýlälä gözi düşüp: " Edil özi. Bu gyzyň şondan başga bolmaga hiç haky ýok"—diýip pyşyrdaýar. Emma ol gyz duralgada saklanyp, eýýäm giň gapylaryny açan trolleýbusa tarap ýönelýär. Duralgada-da, ýanköçede-de adam kän bolansoň, Berkeli ot alan ýaly bolup ylgamagy ýa-da "Saklan, gyz!" diýip, el bylap gygyrmagy uslyp bilmeýär.Ýöne ädimini welin ýygjamladýar.Emma ýeňsesine ullakan edilip "18" ýazylgy trolleýbus Aýläläni gujagyna alyp gidýär.
Näme etjegini bilmän galan Berkeli kem-kem daşlaşyp barýan trolleýbusyň yzyndan keýpsiz garap duransoň, köçäniň gyrasyna çykyp, geçip barýan ulaglaryň birini saklajak bolýar. Ol niýeti hem başa barmadyk ýigit, indiki gelen "18" nomerli trolleýbusa haýdap girýär-de, "ýol çalyp" başlaýar. Emma aýnadan daşaryk gözüni aýyrman seretse-de, ulag duralgalarynda, ýanköçede taparyn diýip umyt eden gyzyny görmänsoň, ýoluny tamamlap bärik aýlanan trolleýbus bilen Berkeli ýene yzyna gaýdýar. Eýýäm tanyş, salonda ýeke özi galyp, yzyna-da gaýdan ýigidi öňündäki aýnadan synlap oturan sürüji mikrofonyny eline alýar.
--Ýaş ýigit, yza gaýdýanyň üçinem pul tölemelidigini unytma! Özüňem-ä bir zat gözleýän ýaly gaty aladaly görünýň.
Ýylgyryp ýerinden turan Berkeli kisesinden çykaran töleg petegine bellik edýär.

37.

Okuw tamam bolupdyr. Aýläle mekdebiň giňden açyk derwezesiniň gapdalynda dur.Geçip barýan synpdaş gyzlarynyň biri:
--Ýör, gideli, Aýläle!—diýýär.—Ýa sen öýlänem okajakmy?
--Siz ýöräberiň! Men Gunça garaşýan.

37-a

Aýläläniň Gunça garaşyp duran ýerinden kyrk-elli ädim uzagrakdan şol uzyn oglana birneme çalymdaşyrak hemem edil onuň özi ýaly gaty uzyndan arryk aýal mekdebiň derwezsine tarap barýarlar.( Olar eneli-ogul bolmaly.)

--Ana, şo derwezäniň öňünde duran gyz bolmaly, eje!
--Bolýa. Sen gidiber.
--Gepletmek üçin sen oňa näme diýjek?
--Ol meň işim. Gep tapylar.
-- Göwnünden turjak bolup gaty çynyňy etgin, eje.
--Maňa akyl öwretme.

Yzyn ýigit gapdala, uzyn aýal mekdebiň derwezesine tarap ýöreýär. Ol deňine ýetensoň, garaşyp duran Aýlälä tarap sowulýar-da, aýak çekýär.

--Salam, daýza!—diýip, Aýläle oňa tarap seredýär.

-- Tüweleme! Tüweleme!—diýip, aýal alçaksyraýar.—Geçip barýan ýat aýala-da salam berýäň gyz terbie görýän, edep-ekramly maşgala bolmalydyr! ö

--Sagat näçe boldy, gyzym? Aýtsana!

Aňyrdan Gunça peýda bolýar.

Sumkasyndan ýan telefonyny çykaryp sereden Aýläle;

--Ik bolmaga on minut bar, daýza!—diýýär-de, ýöräberýär.

Uzyn boýly aýal gyzlaryň yzyndan garap duruşyna hoşwagt bolup başyny ýaýkaýar.

--Gül gunçasy ýaly maşgala eken. Nesip bolsa, men seni sypdyrman! Sen meňki bolarsyň!

37-b

Mekdepden çykyp gelýän Gunça sumkasyndan çykaran gapjygyny açýar-da, akja elýaglyk bilen gözüni süpürip, ony ýene gapjygyna, gapjygyny hem sumkasyna salansoň, derwezä tarap ugraýar.Emma ol elýaglyk çykaranda gapjygyndan dört eplenen ellilik puluň ýere gaçanyy duýmaýar.

38.

Aýläle bilen Gunça ikisi ýanköçä düşüp gözden ýitensoňlar, mekdepden haýdap çykyp barýan Hajy aýak astynda ýatan puly görýär-de, ony alýar.Az-kem oýlanyp duranyndan soňam, ol yzyna dolanyp, öz klaslaryna barýar-da, stol başyna geçýär.Ol sumkasyndan çykaran bir sahypa depder kagyzyna:

“ BILDIRIŞ:

Şu gün mekdebiň töwereginde pul ýitiren adam pulunyň sanynyň näçedigini hem onuň nähili manatlykdan ybaratdygyny dogry bilýän bolsa, 10 “B” synpyň okuwçysy Hajy Nuryýewden habar tutmaly” – diýen sözleri ýazýar.Soňra ol giň zala çykýa-da, ýazan habaryny “Bildirişler” tagtasyndan asýar.

39.

Joralar öýlerine tarap barýarkalar, Gynça:

--“Iki kilo et almaly” diýip, ejem tabşyryk beripdi, Aýläle. Dükana sowlup geçeli-le—diýýär.

--Ýör bäri, anha et dükany!—diýip, Aýläle ýanköçeden sowulýar.

Olar maňlaýyna “Et dükany” diýlip ýazylan gapydan girip gidýärler.

40.

Dükanyň içi. Orta ýaşlaryndaky satyjynyň keýpi çag.

--Geliň owadanja gyzjagazlar!—diýip, ol joralary ýylgyryp garşy alýar—Siz ýaly alyjy köpräk gelse, biziňem söwdamyz oňuberjek welin, et alýanlaryň hemmesi diýen ýaly men ýaly garry-gurty.

--Bize iki kilo et çekiň!—diýip, Gunça derek Aýläle gepleýär.

--Hem çorbalyk hem palawlyk bolmaly—diýip, Gunça aýdylanyň üstüni ýetirýär.

--Eti köpräk, süňki azyrak bolmaly!—diýip, Aýläle degişýär.

--Iki kilo hem çorbalyk hemem palawlyk et çekmeli. Jylkasy köpräk, süňki azrak bolmaly.Baş üstüne! Iň gowy ýerinden çekeris…

Çekilip, sellofan halta salnan eti alansoň, gapjygyny barlan Gunça aňk-taňk bolup durýar.

--Pulum ýok, Aýläle. Ýarym sagat mundan ozalam bardy.Gapjygymdan gaçyrypdyryn. Tutuş ellilikdi özem.

Satyjynyňam, gyzlaryňam keýpi gaçýar.

Gunça eti yzyna uzadýar.

--Äkidäýiň, pulunam ýene bir gezek getirersiňiz-dä. Iki kilo et üçin siziň şäheri terk edip gitmejegiňize men ynanýan—diýip, ýaňky şadyýan satyjy indi agras gypata girip gepleýär.

--Ýok, biz eti bahasyny bermän alyp gitmäli…--diýip, Gunça jogap gaýtarýar.

--Görüň-dä, men-ä çynymy aýdýan—diýip, satyjy uzadylan eti yzyna alýar.

Keýpsiz joralar gapa tarap ýönelýärler.

41.

Gurban baýramy döwri.Şäheriň meýdançalary toý lybasynda.Belentden gurulan hem dürli bezegler, elektrik çyralary bilen bezelen owadan hiňňildikleriň üstinde hiňňildiklerdenem beter bezenen gelinler, gyzlar, ýigitler şady-horram bolup uçup ýörler.Aýdym-saz ýaňlanýar.Şaman otdan bökülýär, ýaglyga towsulýar.

Hiňňildik iki-üç sany bolsa-da, uçmak meýilli adamlaryň sany kän bolansoň, nobata duranlaryňam sany az däl.

Hiňňildige nobaty ýeten iki sany oglanyň biri, yzrakda nobata duran Gunça bilen Aýlälä tarap el bulaýar.

--Gyzlar, nobatyňyza garaşsaňyz kän durmaly bolarsyňyz, geliň, biz bilen uçaýyň!

Ilki bir-biriniň ýüzüne seredişip, biraz güýmenen gyzlara olaryň gapdalynda duran bir ýaş aýal.

--Çagyylýakaňyz baryň-da!—diýýär.—Kim bilen uçaňda näme? Barybir gurbanlykda günäňi dökmekdir-dä.

--Biziň nä günämiz barmyka?—diýip, Gunça Aýläläniň ýüzüne geň galyjy nazar bilen seredýär.

--Siz düşünmediňiz, gyzlar. Men size günäňiz bar diýemok.Gurbanlykda hiňňildik uçulanda şeý diýläýýändir—diýip, ýaş aýal Gunçanyň sözňne gyzlardanam beter geňirgenýär.—Ol günä barlykdan ýa-da ýoklukdan däl.Türkmeniň adaty şeýle.

--Bagyşlaň! Biz düşünmändiis—diýip, Gunça aýala ýüzlenýär.
Aýal ýylgyrýar-da:
--Oglanlaň çakylygyna siz barmajak bolsaňyz, biz barjak--diýýär.
Gunça bilen Aýläle oglanlaryň ýanyna baryp, hiňňildige münärler.
Göçgünli iki ýigit gyzlary al howada kemsiz uçurýarlar.

42.

Hajy bilen Yklym hem hiňňildikli meýdanyň şatlyk-şowhunyň içinde. Hiňňildik uçup ýören gyzlara gözi düşen Yklym.
--Ana, olaran bar eken—diýip seslenýär.—Hiňňildik uçup durlar.
--Olar diýäniň kimler?
--Aýläle bilen Gunça.
Iki ýigit synpdaş gyzlarynyň uçýan hiňňildiginiň ýanyna baryp durýarlar.Wagt agşam bolansoň, elektrik yşygynyň düşmegi bilen hiňňildik uçýanlaryň eşikleri zer çaýylan ýaly bolup görünýär. Gelin-gyzlaryň gülýakalary, gupbalary, şaý-sepleri göz gamaşdyryjy şöhle saçýar.

43.

Başda keýpi çag Hajynyň Aýläle bilen Gunçany nätanyş iki sany oglanyň hiňňildikde uçurýandyklaryny göreninden soň, derrew keýpi gaçýar.
--Men nirä barsamam, hemme kişiden gijä galmaly bolaýýan-aýt. Bu nä beýlekä? Ine, bu ýerde-de eýýäm başga oglanlar menden öňürdipdirler.
--Hiňňildige gijä galmak hiç-de. Esasy meselede öňürtmeli.
--Esasy mesele diýýäniň näme?—diýip, Hajy Yklymyň ýüzüne seredýär.
-- O diýdigim, kimdir biri ýene senden öňürdäýmez ýaly, okuw gutarmanka, ejeňi Aýlälelere ibermeli.
-- Mekdebi gutarmadyk gyza…
-- Ýok, hökman gudaçylyga däl. Tanyşmak, gatnaşyp başlamak ňçin.Sebäbi türkmen gyzlarynyň köpüsi orta mekdebi gutaran batlaryna derrew durmuşa-da çykaýýaarlare.Sen ilden öňürti hereket etmeseň, ýene gijä galarsyň. Seň ejeň Aýläleň ejesi bien gatnaşsyn, ysnyşsyn. Soň bir ýyldanmy, iki ýyldanmy gudaçylyga barylsa-da, ozal gatnaşykda bolsaň, tötänden gelen ýaly bolmaz.
--Sen mamla. Arada meň ejemem edil ýeýle pikir aýtdy.
--Seň ejeň dogry pikir aýdypdyr. Ýöne ol dogry pikir aýtmasyn-da, tiziräk dogry hereket eitsin.

44.

Aýläle dagynyň hiňňildigi togtaýar. Hiňňildikden düşen iki jora özlerini uçuranlara:
--Sag boluň, oglanlar!—diýip, ýylgyryşyp bir tarapa ýöreýärler.
--Ikimize aýdylmaly minnetdarlygy ýat oglanlar alýar—diýip, Yklym ahmyr edýär.
--Menem şony aýdýan-da—diýip, Hajy ony tassyklaýar.

45.

Hajy bilen Yklymy gören gyzlar has-da şatlanýarlar.
--Gurban býram gutly bolsun!

--Gurban baýram gutly bolsun!—diýşip, gyzlar synpdaşlaryny, ellerini gysyp mübärekleýärler.
--Ýene hiňňildik uçjakmysyňyz ýa boldy edýäňizmi?—diýip, Hajy gyzlara sowal berýär.
--Ýok-la, ýadadyk. Öýe gitmeli—diýip, Aýläle jogap gaýtarýar.—Siz ýaňy gelen bolsaňyz, uçuberiň. Ertir mekdepde duşuşarys.
Synpdaşlar sagbollaşýarlar.Gyzlar uly köçä tarap ýönelýärler.
Hajy gyzlaryň yzyndan garap durýar-da:
--Ýör, bizem olaryň yzy bilen gideli!—diýýär.—Ýogsam gyzlary hiňňildikde uçuranlar ýene bizden öňürdäýmesinler.
--Ýör!—diýen Yklym ylalaşýar.

46.

Aýläle bilen Gunça ýanköçeden gidip barýarlar. Owadan şäher, ýakymly howa, gündizlik ýaly ýagty köçe. Keýpi çag gyzlar özara gürleşip barşlaryna, käte töweregi ýaňlandyryp, "jak-jak"gülüşýärler.
Hajy bilen Yklym olaryň yzyragyndan garama-garama gelýärler.
--Basym mekdebem-ä tamamlaýas,Yklym. Seň näme maksadyň bar?
--Men gurluşyk tehnikumyna hyýal edýän. A, sen?
--Men entek belli netijä gelemok. Kakam bilen maslahatlaşmaly.

47.

Birdenem gyzlaryň garşysyndan gelýän oglan, ädimini çaltlandyrýar-da, olar bilen gabatlaşansoň, Aýläläniň boýnundaky zynjyry kakyp alyşyna, köçe gyrsyndaky gül ekilen ýer bilen gaçmaga başlaýar.Aýläle bilen Gunça şäheri çirkin sesden dolduryp gygyryşýarlar.Hajy salymyny bermän, ogrynyň yzyndan atylýar. Uzyn satan Hajy aýagy kelte ogry uzaklaşmanka, yzyndan ýetýär-de, aýagyna kakyp ony ýere ýazýar. Kän mahal çeçmänkä, Yklymam, gyzlaram goşaryndan mäkäm tutulyp duran ogrynyň ýanyna gelýärler.
Yklym elinden tutulyp durlansoň, ogry ýigidi urmak üçin ýumrugyny düwüp çöwjeýär.
--Biziň synpdaşymyzyň boýnundaky zynjyry alarça, sen kim bolupsyň? Häzir men seň maňlaýyňy ýaraýyn.
Hajy elindäki zynjyry Aýläle uzadnsoň, Yklymy saklaýar.
--Degme. Muň çäresini polisiýa görer.
Ogry oglan ejizläp ýalbarýar.
--Dostlar, meň günämi ötüň!
-- Biz ogrudan dost tutunmaýarys. Seň çäräňi kanun görer. Ogryňam oturmaly ýeri türme.
Ogry gyzlara bakyp ýalbarýar.
--Jan gyzlar, günämi ötüň! Men ýalňyşdym. Nädip şeýdenimi özümem bilmän galdym.Şeýtan aldawuna gitdim. Günämi ötüň, gyzlar. Häzir meni polisiýa tabşyrsaňyz, ömrüm köýer. Garry ejemem bar. Men polisiýa düşsem ejem näder? Meni goýberiň! Bu maňa gaýdyp beýle iş etmezligime sapak bolar. Gaýrat ediň, doganjyklar!

Aýläle Haja ýüzlenýär.
--Hajy, geliň munuň aýdanlaryna ynanalyň. Belkem bu eden işi, dogrudanam, muňa sapak bolar.
--Hökman sapak bolar—diýip, ogry aýdylany tassyklaýar.-- Maňa rehimiňiz insin, doganjyklar!
--Göýberse-ne, Hajy!—diýip, Aýläle hajynyň egninde elini goýýar.
--Goýber, Hajy!—diýip, Gunça-da töwella edýär.
Hajy ogrynyň elinden elini aýyrýar.
--Sen şu gyzlardan minnet çek. Ýogsam…
Ogry baş egip, minnetdar bolup gidýär.Ol esli ýöränsoňam, yzyna gaňyrlyp:
--Taňry ýalkasyn, gyzlar! Siz meni halas etdiňiz!—diýip gygyrýar.
--Indi biz sizi öýňüze çenli ugratmasak ynjalmarys—diýip, Hajy gyzlara ýüzlenýär.
Aýläle zynjyrynyň halkasyndan sypan ýerini eli bilen düzedip boýnuna dakansoň, uly köçä tarap ýöremänkäler :
--Men saňa örän minnetdar, Hajy!—diýýär.—On alty ýaşym dolanda ejemiň alyp beren ýadygärligidi bu zynjyr.Yklym ikiňiz yzymyzdan gaýtmadyk bolsaňyz, bu zynjyry gaýdyp görmezdimem, dakynmazdymam. Ejemem gaty gynanardy.

48.

Gyzlardan bäş -on ädim yza galyp barýarkalar, Yklym Haja ýüzlenýär.
--Indi sen ejeňi Aýlälelere arkaýyn gudaçylyga iberip bilersiň, Hajy.”Ýok” diýen jogap almajagyňyza men kepil geçýän.
--O näme üçin?
--Sen bu gün Aýläläniň gözüne Görogly bolyp görnensiň.Dogrudanam, sen uly iş etdiň. Eger şu bolan waka polisiýanyň işgärleriniň biri şaýat bolaýan bolsa “Edermen ýigit” diýip sen hakda gazýete makala ýazardylar, suratyňy hem çykarardylar.
Hajy ýylgyrýar.

49.

Mekdepde “Arassaçylyk güni” geçirilýär.Her okuwçy bir iş bilen meşgul. Berdi mugallymyň 10 “B” synpy penjireleri, stol- stullary süpürişdirýärler,diwarlaryň tot- tozanyny aýyrýarlar.
Gunça bilen Aýläle jaýyň ýokarsyndaky ullakan lýustra seredip durlar.Çyranyň şahlarynyň bir tarapynda garalyp ugran aňsyz kerep bar.Gyzlar şol kerebi aýyrmagyň aladasynda. Aýläläniň elinde yjy kese agaçly pol ýuwulýan taýak bar.Ol taýagy ýokaryk uzadyp, lýustra ýetjegini-ýetmejegini deňäp görýär-de:
--Taýagyň ujuna esgi daňmaly bolar—diýýär.
--Näme, taýagyň özi bulen aýryp bolmaz öýdýäňmi?
--Aýryp bolar welin, lýustra-da jäç ýa çüýşedir. Gaty agaç degip döwäýmez ýaly, taýaga esgi daňsak ätiýaçly bolar. Onsoňam kerep bir ýelek ýaly ýeňiljek zad-a, gaýtam, ýumşak esgi ony gowy aýrar.
Gunça tapyp gelen esgisini Aýläläniň elindäki agajyň ujuna saraýar.Aýläle taýagy ýokaryk galdyranda, onuň ujundaky esgi oralan kese agaç lýustranyň iki

şahynyň arasyna girýär-de, hiç tarapa-da süýşmeýär. Aýläle taýagy aýyrjak bolup agdygrak güýç sarp edýärmi-nämemi, alty şahly jýustranyň iki şahy döwlüp aşak gaýdýar.Eger gapdalynda duran Gunça öz wagtynda iteklemäge ýetişmedik bolsa, giň klasa täk özi ýeterlik ýagtylyk berýän uly çyranyň agyr iki şahy depesinden gaçyp, Aýläläni iň bärkisi, ýaraty etmegi-de ahmaldy. Aşakdaky stoluň üstünden düşüp döwlen lýustra bölekleriniň şaňňyrdysy, gyzlaryň çirkin sesleri goňşy synpdaky okuwçylara çenli bu ýere ýygnaýar. Haýdap gelen Berdi mugallym ýüzlerini ak tam edip duran, gözleri ýaşly gyzlaryň ýanyna barýar.

--Özüňiz aman galdyňyz dälmi? Ýara düşen ýeriňiz ýokmy? “Tiz kömege” til edeýinmi? –Gyzlar ýok diýip baş ýaýkanlaryndan soň birneme ynjalan mugallym ilki ýokaryk, soňam pytraşyp ýatan jýustra böleklerine seredýär.—Hudaý sowupdyr. Şol iki şahyň biri depäňizden düşäýen bolsa, lýustranyň bahasy hakda oýlanmazdyk welin, bu çyranyň bahasam az-küş däldir…

--Lýustranyň bahasyny tutuş synp bolup ýygnaýarys welin, gymmatdygy-da duýulmaz—diýip, okuwçylaryň arasyndan kimdir biri saýlanýar.

--Näme üçin hemmämiz tölemeli? Döwen adamyň özi tölesin! --diýen ses hem eşidilýär.

--Şol lýustrany men döwdüm, ýoldaş mugallym!--diýip, Hajy kesgitli gepleýär.—Enem-atam bilen maslahatlaşmaga ertire çenli maý beriň, hemem siz şular ýaly lýustranyň bahasynyň näçedigini aýdyň…

--Entek siz lýustranyň bahasyny ýadyňyzdan çykaryň-da, etmeli işleriňizi ediberiň.

Mekdebiň direktory—gözi änekli, ýüzi gorkuly semiz adam ylgap diýen ýaly peýda bolýar.

--Howply zat ýokmy, Berdi Möwlamowiç, howply zat ýokmy?—diýip, ol aljyraňňy ses bilen synp ýolbaşçysyna ýüzlenýär.

--Gyzlar birneme gorkupdyr diýäýmeseň, hemem gymmatbaha lýustra döwüldi diýmeseň, başga heläkçilik ýok, Sapar Amanowiç. Döwlen iki şah bolsa-da, lýustrany tutuş çalşyrmaly bolar.

Sapar Amanowiç ilki gyzlara, soňam pytraşyp ýatan jäç böleklerine göz aýlap, nazaryny synp ýolbaşçysynda saklaýar.

--Adama şikest ýetmedik bolsa, lýustra hiç-le. Heläkçiliksiz geçeni üçin men bir lýustranyň bahasyny öz kisämden tölemäge-de razy…

Sapar Amanowiç synpdan çykanda, Berdi mygallym onyň yzyndan ýetýär.

--Lýustranyň bahasyny ýeke özüň tölejek bolma, Sapar Amanowiç.Menem ýanyňa goş. Okuwçylaryň özlerem, her haýsy başarşyndan pul ýygna.maga taýyn. Şeýdip, deňňene etsek, ýeňil düşer.

Sapar Amanowiç aýak çekýär.

--Beýtmämizde-de biz bir garyp ýurtda ýaşamyzok ahyryn, Berdi Möwlamowiç. Öýlän häkimligiň bilim bölüminiň müdiriniň ýanyna baryp ýagdaýy aýdaryn welin, bir lýustranyň bahasyny berip bolmaz diýmez.Sen onuň aladasyny etme.Okuwçy gyzlaram biynjalyk bolup ýörmesinler

50.

Aýläläniň ýaşaýan öýi..Aýläle öýde ýok.Ejegül daýza içeriniň aladasy bilen güýmenip ýör.Gapy jyrlaýar.”Bu kimkä? Aýläläň geler wagtyndan-a entek ir”.
--Salam, Ejegül!—diýip, Hajy Nuryýewiň ejesi  Aýnabat daýza gaty alçaksyrap bosagada peýda bolýar.—Öýde bar boilaýbilseýdir diýip gelýädim welin, gowy bolaýdy. Niýetim ýaly ýolumam açyk-da meň. Meni tanamadyň öýdýän?
--Gören ýüzüme meňzedýän welin…--diýip, Ejegül ýasama gülümjireýär.—Ýöne nireden tanaýanymy hakydama getirip bilemok.
--Aýläle jan ýaly gyz ýetişdiren enäniň gapysyny gowy niýet bilen açan nätanyş köpeler.Menem şol gowy niýetlilrtdrn bolsaamam, entek irräk hasaplaýan.Ýöne men özümi saňa nätanşam hasaplamok.
--Geçiň, oturuň!
Aýnabat diwana geçip oturýar.
--Meň adym Aýnabat.Ikimiziň ilkinji hem iň soňky gezek nirede görşenimizi men saňa ýatladaýyn. Bäş ýyl mundan ozal mekdepde ene-atalaň ýygnagy bolanda,  bileje oturupdyk.
--Indi ýadyma düşjek bolýar.
--Oglumyň adyna-da Hajy diýýäler…
--Wiý! Hajy bolsa,  araky ogry kakyp gidende, yzyndan ýetip, gyzymyň zynjyryny alyp beren oglandyr ol. Şol dälmi?
--Edil özi!—diýip, Aýnabat tekepbir dillenýär.
--Taňry ýalkasyn, gyz! Ogluňa-da biziň minnetdar bolandygymyzy aýt. Ömri uzak bolsun! Aýläle jan bolan wakany aýdyp beripdi. Özi kiçi bolsa-da, bahasy kiçi däldi o zynjyryň. Gidäýen bolsa, gaty gynanardym. Aýläle janyň on altysy dolanda özüm sowgat edipdim.
--Meň Hajym “Şeýle waka boldy, ogryň yzyndan ýetip zynjyry alyp berdim” diýip,ejesiniň ýanynda-da, kakasynyň ýanynda-da asyl dilem  ýaranok-da. Bizem ol bolan wakany ilden eşitdik. Men, Ejegül dogan, öz çagamy bu ýerde öwüp otursam, gelşiksiz bolar. Ýöne Hajy ýaly tertip-düzgünli, edepli, akylly-başly oglan az-azdyr. Mekdepde okadýan mugallymlaram ony gowy görýäler.Ynanaý.
--Ynanýan, ynanýan…
--Aýläläň, ogryň, Hajymyň bir köçede, bir mahalda gabat gelmeklerem tötänden däl bolsa gerek, Ejegül jan. Belkem ol bize ertirki gün ullakan gowulygyň garaşýandygynyň  kiçijik alamatydyr.
--Belki.
--Ömrümiziň ahyryna çenlem gatnaşmagy, bile bolmagy, zerur mahaly birek-birege ýardam edişmegi  Hudaý bize miýesser etsin, Ejegül jan!
Aýnabat sumkasyndan gymmatbaha şokolad süýjüleri çykaryp, diwanyň, kreslonyň, bufetiň, düşekleriň üsti bilen paýradyp seçmäge başlaýar.
--Bu nämäniň alamaty, Aýnabat?—diýip, Ejegül ýylgyrýar.
--Süýjülikde kabul et, süýjülikde  gatnaşaly!.. Çagalammyzyň mekdebi gutarmagyna-da  göni ýigrimi bir gün bar. Olam üç hepde.
Gapy jyrlaýar.
--Açykdyur, giriberiň!

Ýedi-sekiz ýaşly oglanjyk öe girýär.

--Ejegül daýza, ejem agşamlyp pişme toýa gelsin!—diýdi.

--Sag bol, Dörtguly. Ejeňe aýt, hesip etse, daýzam hökman geler diý.

Dörtguly gidýär.Ejegül myhmana ýüzlenýär.

-- Gyzymyň synpdaşynyň gapymdan gelen ejesine çaý hödürlemän durmaýyn.

--Çaý berseň, uly höwes bilen içerin, Ejegül dogan. Gidemde-de düwünçege çaý bilen içer ýaly üç-dört bölejik ak gant salsaň-a, hasam göwnüm biter.

--Beýtmek entek irräk bolaýmasa.

--Men gyssanamok—diýip Aýnabat ýylgyrýar.—Göwün edýän-dä.

Ejegül pytraşyp ýatan süýjülere göz aýlaýar-da:

--Men çaý demläýin—diýip aşhana girip gidýär.

Aýnabat kitap tekjesiniň öňünde duran Aýläläniň çalarak ýylgyryp oturan kiçeňräk portetini synlaýar.

--Hajymyň meni gyssamasynyň esasam bar eken. Bu gyzy elden gidirmeli däl.Asylly ýylgyryşam müň gyza degýär.Bular ýaly maşgalany gelin edinip bilsek, bizde arman galmaz!

Aýnabat ikinji kitap tekjesine tarap süýşende, elini agzyna ýetirip, aňk bolup durýar.Sebäbi ýurduň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň Aýlälä sowgat gowşuryp duran pursatynyň suratyna nazary düşýär.

Aýnabadyň içgepletmesi: “Hakyt Prezidentimiziň özi sowgat gowşurýa-da. Bu hemme kişä ýetdirýän bagt däl ahyryn. Men seni sypdyrman, gyz. Ýwene bäş ýyl garaşmalam bolsa garaşaryn. Ejeň bäş gezekde göwnemese, on gezek gelerin. “Bermezek Taňrydan irmezek awçy alar” diýip ýöne ýere aýdan däldirler. Men şol irmezek awçydanam beter bolaryn. Men seni sypdyrman, enşalla!—Aýnabat soňky seredip duran suratyny üç gezek dagy ýüzüne sylýar.—Sen meň gelnim bolarsyň!”

51.

Günortanlar.Ejegül öz öýünde.Ol diwanda oturup, telewizorda bir gyzykly gepleşige tomaşa edýär.Ol kä ýylgyrýar, kä gaşlaryny çytyp, geň galýandygyny aňdyryp, agzyny eli bilen tutýar.

--Eje otyrmyň?—diýip, eli sumkaly Aýläle okuwdan gelýär.

--Ýadow görünýäň-le, gyz?

--Bu gün goşmaça-da bir sagat okadyk.Gutardyş synaglaryna taýynlyk görýäs.

--Okuwdan dynmagyňyza-da ýigrimi bir gün galdymy?

Aýläle ejesiniň ýüzüne geň galyp seredýär.

--Biz okaýarysmy ýa sen okaýaň, eje? Asyl sen biziň haçan mekdebi tamamlajagymyzyň gününi sanap ýören ekeniň-dä?

--Beýle däl, gyz. Meň siziň günüňizi sanamakdan gaýry aladam ýokmy?. Seň geljekki hyrydarlaň gije ýatman hasap çykarýar ekenler. Menem şu gün ýigrimi bir gün diýen sany öýe gelen şol hasapçylaryň birinden eşitdim.

--Hasapçy geldi? Öýe geldi?

--Hawa, öýe geldi.

--Men-ä seň aýdýanyňdan many çykaryp bilen däldirin, eje—diýip, Aýläle ejesine geň galyp seredýär.—Hyrydar näme? Hasapçy näme? “Kim? Näme? Nire?” diýen ýaly…

--Gaty ajykmadyk bolsaň, bir minutjyk ýanymda otursaň, men şol ýigrimi bir güni kimden, nämeden, nireden eşidenimem, ondan has geňräk bir habaram aýdaýyn.

Sumkasyny stoluň üstünde goýan Aýläle ejesiniň ýanyna geçip oturýar.

--Hany diňläli, nähili geň habar aýdýarkaň.

--Şu gün seň synpdaşlaň biriniň ejesi bize salamlaşmaga, ýakyndan gatnaşmak niýet bilen salamlaşmaga geldi. Göni aýtmas-da, men oň maksadyna düşünýän.

--Ine, bu dogrudanam, geň habar!

--Şol-a meň üçinem geň.

--Kimkä ol?

--Adyna Aýnabat diýdi.Emeli alçaksyraýamy ýa-da özi bir alçak aýalmy, asyl iciňe-daşyňa geçip barýar.

--Aýnabat?!—diýip, ilki geňirgenen Aýläle soňam iki elinem serip ýylgyrýar—Aýnabat? Aýnabat daýza meň synpdaşym Hajy Nuryýewiň ejesi bolmaly.

--Hajyň ejesi bolsa, Hajyň ejesi-dä! Näme, sen ol aýalyň ogly bilen bilgilimiň? Ol gaty ynamly gepleýär-le? Ýa-da onuň özi, gaýa ýok, gopuz ýok ýerden oda düşen ýaly bolup ýörmi?

--Men onuň ogly bilen bilgili bolan bolsam, ol aýal seniň ýanyňda emeli alçaklygam etjek bolup azara galmazdy. Başga äheň bilen gepleşerdi. Dogry dälmi?

--Dogry aýdýaň.

-- Ikinjidenem, men biri bilen bilgili bolsam, saňa ony Aýnabat daýzadan öňürti aýdardym. Ol maňa ejemden ýakyn däl ahyryn.

--Menem şýle bolarmyka öýdýän. Nahar taýýardyr.

--Aýnabat daýzadan beter ogly oda düşýändir.Ol şeýleräk-dä…

Aýläle aşhana girip gidýär.

52.

Hajynyň otagy.Içerde häzirkizaman ýigitleriniň halaýýan radio-tele-kompýutor gurallary, bar.Yklym diwanda.Stol başynda oturan Hajy diwardaky sagada seredýär.

--Ejemiň gidenine iki sagat boldy…

--Näme, on minutdan geljek diýipmidi?

--Sagat ýa minut-ha aýtmandy welin…

--Ejeň eglenenini dileg et.

--Näme üçin? Ejem Aýläläň ejesi bilen uzyndan-uzak gybat edişmäge gidenok ahyryn? Tanşyp, salamlaşyp gaýtmak üçin gitdi.

--Eglenýän bolsa, gürrüň uzaga çekýändir. Ilkinji tanyşlykda-da gürrüň uzga çekse gowulygyň alamaty.

--Adamyň ýüregini bilip bolýan bolsady. Menem Aýläläniň maksadyny bilerdim. Biderek ugrunda gezmez ýaly…

--Aýläläniň maksadyny biljek bolma-da, sen onuň göwnünden turjak bol.

--Göwnünden turmak üçin men näme etmeli?

Yklym esli oýlanyp jogap gaýtarýar.

--Oňa bagyşlap goşgy ýazmaly.Durmuşa çykmadyk gyzlaryň hemmesi özlerine bagyşlanyp goşgy ýazylsa gowy görýärmişler.

--Goşgy ýazyp bilmeseň näme etmeli?

--Söýgi temasyndan ýazanlaryňkydan gyrp-çyrp edibermeli. Aşyklar hemişe-de şeýdýär ekenler.

Hajy ýylgyryp ýerinden turýar-da, aýnadan daşaryk seredýär, şatlanyp ellerini owkalaşdyrýar.Ol aýdym aýdýan ýaly sözleri süýkdürip gepleýär.

--Ejem gelýä-är! Ejem jan gelýä-är! Ejem bize näme habar getirýärkä-ä?

Yklym hem aýdym äheňinde:

--Ejeň gowy habar getirýä-än-dir—diýýär.--Ikimiziň opera ýazaýmagymyzam ahmaldyr, Yklym.

--Opera-ha ýazarys welin, oňa dirižýor tapylmaýmasa, Hajy.

--Dirižýorlygynam özümiz ederis. Ejem gelýä-är! Ejem gapydan ýylgyryp girse-hä, gowy habar bilen gelenligi. Ýylgyrman, keýpsiz girse-de…

--Sen, dogrudanam, Mežnuna dönüpsiň, Hajy.

Gapy jyrlaýar.Hajy işigi açýar.

--Aýnabat daýzamyň ýüzünden näme okadyň, Hajy?—diýip, Yklym oturan ýerinden gygyrýar.

Hajy:

--Düşnüksizlik—diýip jogap gaýtarýar.

Aýnabat daýza içerik girýär.

--Aýnabat daýzaň ýüzünde hiç mahal düşnüksizlik bolýan däldir, açyklyk bolýandyr, Yklym jan.

--“Ýuwaşdan arama çenli şemally hem bulutsyz howa!”

--Edil özi. Bir übtügem bulut ýok, açyk howa.

-- Hany onda, açyl-da, näme jogap getireniňi bize aýt, eje!

Aýnabat sumkasyndan çykaran sellofan haltajygy stoluň üstünde goýýar-da, agzyny açýar. Bir penje ýaly ak gandy gören oglanlar biri-birlerine soragly nazar aýlaýarlar.

--Ine getiren jogabymyň öňi.

--Gantdan jogap bolýamy, eje? –diýip, Hajy geňirgenip sowal berýär.--Aşakdaky dükanda olar ýaly gant tonnalap alsaňam bar ahyryn.Oň üçin gudaçylyga gitmek gerek däl. Dükança puluňy uzadaýmaly.Näçe gerek bolsa, gysganyp duranok.

--Gant gantdyr-da, Aýnabat daýza—diýip, Yklymam özüniň düwünçegiň manysyna düşünmändigini ýüze çykarýar.—Gant diýilýän zat siz çagakaňyz gyt eken. Indi…

--Düşünmediňizmi? –Hajy bilen Yklym başlaryny ýaýkansoňlar:-- Men näme niýet bilen baranymy aýtmasamam Ejegiül, samsyk däl, düşünendir.Türkmençilikde gyzly öýden içi ak gantly düwünçek alyp gaýtmak gowlulygyň, ýoluň ak bolmalydygynyň alamaty hasap edilýär.Süýjürnip gatnaşaly diýildigi bolýar.Bujagaz düwünçekdäki gantlar hoş habaryň buşlukçysy bolmaly, oglanlar.Siz bu däbi ýatdan çykarmaň!

--Dogrudanam, gowy däp—diýip, Yklym baş atýar.

Hajy Yklymyň ýüzüne ýylgyryp seredýär.

Yklym başam barmagyny görkezýär.

53.

Mekdep okuwçylary şäheriň eteginde ozal eken saýaly agaçlaryna ideg edýärler: oňly eýikmedik nahallaryň düýbüne suw guýýarlar, başgalarynyňam çöp-çalamyny çapyşdyryp, düýplerini ýumşadýarlar.

Çal saçly synp ýolbaşçysy okuwçylarynyň arasynda aýlanyp, edilýän işlere gözegçilik edip ýör. Ol Aýläle bilen Gunçanyňam ýanynda aýak çekýär.

--Gaýrat ediň, gyzlar! Şu siziň eken agaçlaryňyza okuwçy hukuklykaňyz iň soňky gezek ideg edişiňiz bolar. Ýöne, mekdebi gutaranyňyzdan soňam, bu ýerlerden geçeňizde, öz eliňiz bilen eken agaçlaryňyzyň gür bag bolanyny görüp guwanarsyňyz. Okan mekdebiňizi, ýaşlygyňyzy ýatlarsyňyz. Ol gaty täsirli ýatlama bolar.Ýaşlyk ýatlamasy bolar. Ýaşlygyňam öz wagtyda gadryny bilmeli.Olam duýdurman geçip ötägidýändir. "Ýaşlygym, dolan!" diýip gygyraňda-da dolanmaz.Ol ýöne manysyz hem gülkünç gykylyk bolar.

Mugallym baş atyp, ýylgyryp, gyzlaryň ýanyndan gidýär.Ol aňyrrakda Hajy dagynyň işläp ýören ýerine ýönelýär.

Mugallym gidensoň, Gynça:

--Mugallymymyzam ýaşlygyny küýseýär öýdýän… Küýsäňde näme?

--Küsäňde näme diý-de goýaý.

"Aýym" diýemde näme?

"Günüm" diýemde näme?

Ol Aýlar ýaşdy gitdi,

Ol Günler öçdi gitdi".

-- Beýle sözleri özüňden tapýaňmy, gyz?

--Ýok-la, arada Atamyrat Atabaý diýen şahyryň täze kitabyndan okadym. Olam ýaňky Berdi mugallym ýaly ýaşlygyny küýseýän goja bolsa gerek.

-- Goja bolany üçinem dogry aýdýar. Ýaşlygam, ömürem geçip gidensoň çagyranyňdan peýda ýok.

--Hawa-da, birinji synpa okuwa gelenimiz düýn ýalydy welin, eýýäm onunjyda okap ýörüs. Ýene sanlyja günden mekdep bilenem hoşlaşmaly bolar.Ol düýş ýaly bolup galar.

( Gyzlar pile söýenip. ýöne gürrüň edişip duranoklar.Olar gürrüňi iş arasynda edýärler.)

--Bolsa-da, men-ä henizem özümi çaga hasaplaýan.

--Biz özümizi çaga hasaplaýas.Ýöne biziň çaga däldigimizi bilýän adamlar eýýäm biz üçin gudaçylyga gelip başladylar—diýip, Aýläle ýylgyrýar.—Olam biziň çagalykdan bireýýäm saýlanandygymyza şaýatlyk edýän tutaryk.

--Garaşylmadyk täzelik.Özi-de düşnüksiz täzelik.

--Belkem düşnüklidir.

--Açylaýsa-na, Aýläle jan.Kim, kime, kim nirä, kim kim üçin gudaçylyga barýar?

--Soň aýdaryn.

--Uzagyndan biziňem şu wagtky gara saçymyz ýaňky Berdi mugallymyňky ýaly çap-çal bolarmyka, Aýläle?.. Ýoge-eý!—diýip, gaşlaryny çytan Gynça ertirki geljek garrylykdan şu gün ýaýdanýar.
--Gorkma, Gunça jan, ýene ýüz ýyldanam seň saçyň şu mahalky garalygynda durar.
--Men oňa düşünýän. Ýöne garry kempir bolunmagyny islämok-da.Men şu mahalky Aý ýaly Aýläläni aýagyny zordan süýräp barýan garry aýal diýip göz öňüne getiip bilemok. Getiresimem gelenok.
--Wagt seň isläniňe, islemäniňe garanok, jora jan. Ölüm bilen wagt iň adyl kanun diýýäler.
--Ölümi bir ýatlamaly welin, şeýdip, ýaşlygymyzyň geçdigi bolarmyka? Geçenden soňam gaýdyp gelmese… Eý, Hudaý…
Aýläle nahalyň düýbüni ýumşadyp durka:
--Geçen ýaşlygyň onlarça ýyldan soň yzyna aýlanmajagy-hä hakykatdyr welin, ýaşlygyň hut düýnki güni-de, näçe arzuw etseňem, gaýdyp gelenok.Ýaşlygymyň düýnki güni dolansa, men özümi bagtly gyz hasaplardym. Düýnki gün gaýdyp gelse, men şu nahaly ýaňadandan ekerdim, özümi hem öňki gezekkimden başga hili alyp barardym. Öňki gezek goýberen ýalňyşymy gaýtalamazdym.
Gunça aňk-taňk bolup, Aýlälä geň galyp seredýär.
--Näme samraýaň, gyz? Ýa eýýäm garrylyga ýetip, özüňi aňy gaçan kempir hasaplap ýörmüň?
--Ýok, Gynça jan, meňki kempirligiň samramasy däl-de, ýaşlygyň arzuwy, ýaşlygyň joşguny.
--Ýaşlygyň bar arzuwy bir düýp nahal ekmek bolsa, ol arzuwa ýetmek kyn däl-le. Cen çukur gazarsyň, menem kömekleşerin…
--Ýok, sen kömekleşmeli däl.Şu nahaly eken günümiz geçip barýan bir gowy ýigit maňa kömekleşdi. “Söýgi bir bakyşda dörär” diýlen kesgitlemäniň hakykatdygyna men öz mysalymda göz ýetirdim. Men ozal görmedik, tanamadyk ýigidime bir minudyň üçinde aşyk boldum. Ol oglan gep-söz diýmän, maňa çyn aşyklygyň nämedigini düşündirdi.Men ozal dessanlardaky aşyklaryň özlerini käte dälirän ýaly alyp baryşlaryny hem ýeňilkellelik hasaplaýardym. Men ýalňyşypdyryn. Beýle däl eken.Aşyklyk adamy maýmyn edip oýnaýar eken (gözlerini süzýär). Nahal ekişmäge sen kömekleşmeli däl, şol gabat gelen oglan kömekleşmeli, jora jan. Şony göresim gelýär.
--Nä ony görmek kynmyşmy?
--Adyny bilmeseň, familiýasyny bilmeseň, nirede okaýandygyny ýa-da nirede işleýändigini bilmeseň, ony nädip tapjak?
--Adyny bileňok, özüni tanaňok, nirede okaýanyny, nirede işleýänini bileňok… Sen-ä muny “Bir bar eken, bir ýok eken” diýen ertekä öwürdüň goýaýdyň, Aýläle jan.
--Dogrudanam meňki erteki ýaly boldy.Hyýalymda şony gözleýän.Şol ýigidi göresim gelýär.
--“Hyýalymda seň yzyňy yzlaýan,
Şeýdip gije-gündiz seni gözleýän”—diýip, Gunça köne aýdym setirlerini hiňlenýär.

--Dogry aýdýaň. “Şeýdip gije-gündiz şony gözleýän” Ýöne indi her näçe gözlämde-de, netije bolmaýmasa.

Bolmanda-da üç aý mundan ozal ýeke gezek gören ýigidiň “Men şol saňa nahal ekişen oglan bolmaly” diýip özi aýdaýmasa, pete-pet gabat gelseňem, sen ony tanamarsyňam.

--Ýalňyşýaň, Gunça gyz. Men ony, diňe kirpigini görsemem, elli metr aralykdanam tanaryn.Sebäbi ony ilki göremde, meniň gözüm fotoapparat bolup, onuň ýüzüni surata aldy.Ol suraty hem men mydama kalbymda göterip ýörün.

--Haja nebsiň agyranokmy?

--Ýok. Sebäbi Haja-da ýürek berer ýaly mende iki ýürek ýok ahyryn.

--Hajy hem erbet oglan-a däl, Aýläle.

-- Onuň erbet däldigini menem bilýän..Erbet däl Haja Gunça gyz ýüregini beräýsin-dä.

--Ýalbaryp, köýüp, ýüregiňi eýelemek islemeýän adama özüň ýüregiňi hödürleseň, ýüregiň gadyry bolmaz, Aýläle jan.Dogry dälmi?

--Dogry aýdýaň, gaty dogry.

Biraz dymyşlykdan soň Aýläle asmana seredip pyşyrdaýar.

--Indi barybir men oňa sataşmaýmasam…

--Muşakgat ýagdyrma, Aýläle. Dessanlardaky aşyk- magşuklaňkam gülala-güllük bolmandyr ahyryn.

--Meňkem şeýle bolaýmasa, Gunça jan. Bir gezek gören şol oglanym gözümiň öňünden gidenok-da.

--Seňkiden netije bolar. Sebäbi seň sataşmagyň dessandakylara däl-de, ertekilerdäkä meňzeýär. Hemme ertekileriňem başy bulaşyk bolsa-da, soňy oňatlyk bilen gutarýar.

--Haý, näbileýin!

--Ynha görersiň, seňem ertekiň soňy toý bilen gutarar. Ýöne Haja-da meň nebsim agyrýar.

--Hajy hem nebsiň agyrmagyna mynasyp oglan.

--Sen gören oglanyňam öwýäň, Hajynam öwýäň. Indi sen mendenem syr saklajak bolýaňmy? Bu ýerde bir düşnüksizlig-ä bar. Maňa aýt, aýtma—ol öz işiň.

--Syr saklaýan bolsam, nahal ekişen oglan hakda-da saňa hiç zat aýtmazdym ahyryn? Ýaňky gudaçylyk diýýänimem Hajynyň edýän hereketi. Men Hajyny gowam göremok, ýigrenemogam. Men Haja ýetmek arzuwy bilen däl-de, şol nahal ekişen oglany görmegiň arzuwynda ýaşap ýörün… Şu nahaly şol oglan ekişipdi. Men ol oglana sataşman. Ýöne onuň ekişen nahaly çynar ýaly belent daragt bolar.Şonda-da men mahal-mahal şol daragtyň saýasynda durup ony ýatlaryn.

--Şol hem hakyky söýgi bolar.

--Bolmanda-da, çyn söýgi ýetilmeýän söýgi bolýarmyş.

--Dogry aýdylan gep.Ýetilen söýgi ýuwaş-ýuwaşdan sowaşmak bilen bolýa diýýäler.

Aýläle pilini ýere direýär-de, enaýy bolup ösüp oturan nahala gözleri doly höwes bilen, arzuw bilen seredip durýar.

Ony synlan Gunça:
--Seň ertekiň erteki däl-de, çyn ýaly-la, Aýläle jan?
--Ol çyn, Gynça, çyn. Meseläniň kynlygam şonuň çynlygynda… Arça dakylan nyşany görýäňmi?
Gunça seretse-de,hiç zat gözüne ilmänsoň:
--Men-ä hiç zat göremok—diýýär.
--Oňatja syn et!—diýip, Aýläle ýylgyrýar.
Gunça gaýtadan synlansoň, arçanyň bir şahasynda, gaty üns beräýmeseň göze-de kaklyşmajak, açara dakylýan kinniwanja, ýöne owadan halkajygyň sallanyp durandygyna gözi düşýär.
--Waý, hawa-da! Açara dakylýan halkajyk-da!
--Ojagaz halkany men bu nahal ekilenden bir aý geçensoň, ýörite gelip dakyp gitdim, Gunça.
--Seň gara çynyň eken, Aýläle jan!
Aýläle gözüni süzüp baş atýar.

54.

"Çatynjalar öýi" diýen dükanyň işiginde garaşyp duran Gunçanyň ýanyna Aýläle gelýär.
--Kän garaşdyrdymmy, Gunça?
--Ýok. Meniň gelenime-de geçen bolsa, üç minut geçendir.
--Meni çagyrdyň welin, näme üçin çagyrandygyň manysyna düşünip bilemok. Näme etmelidigimi bir aýt ahyryn.
--Seniň näme etmelidigiň sebäbini özümem bilip baramok. Ýöne, ýene bir hepdeden maňa gelneje bolmaly gyz—Gülnara "Aýläle joraňam çagyr. Fatany bile saýlalyň" diýensoň, men saňa jaň etdim.
--Fata saýlaşar ýaly, men nä ozal fata geýip görüpdirinmi?
--Geýmeseň, geýersiň. Bu gün Gülnara fata saýlaşsaň, ertir özüň üçin almaga geleňde-de ýeňil düşer… Ana, Gülnara-da jigisi bilen gelýär.

55.

Gülnara hem onuň on-on iki ýaşly gyz jigisi Laçyn gelip, gyzlar bilen salamlaşýarlar.
Dükanyň içi. Diýseň kaşaň geýnen owadan satyjylar gyzlary, az-kem ýasamaragam bolsa, alçaklyk bilen garşylaýarlar.
--Biz-ä fata almaga geldik!—diýip, Gunça habaryny aýdansoň:
--Gaty gowy-da!—diýip,dilewar satyjymy ýa-da alyjylaryň maslahatçysymy görmegeý ýaş gelin gelenleri yzyna tirkäp, salonyň törüne tarap ugraýar hem endik bolup giden sözlerine başlaýar.—Fata almaga gelen bolsaňyz, alnyňyz-bagtyňyz açyk bolsun! Açyk bolaram enşalla! Biziň dükanymyzdan alynan fata diňe bir düşümli däl, eýesine hem abraý hem döwlet getirýär. Bäş ýyl bäri ýörite yzarlap, hasap ýöredýäris. Biziň fatamyzy geýip durmuş toýuny guran gyzlaryň bäş ýylda diňe üç sanysynyň maşgalasy bozuldy. Galan ýüzlerçe maşgalanyň durmuşy bal bilen şeker ýaly.Beýle ýokary görkeziji tutuş dünýäde-de ýokdur. Enşalla, siziňem durmuşyňyzy keseden görenler arzur eder. Saýlaň!

--Sizem kömekleşiň-dä!—diýip, Gunça ýaş aýala ýüzlenýär.
--Saýlamak özüňize bagly—diýip, aýal iki sany Fata tarap elini salgaýar.—Fatalaryň hemmesem oňat welin, soňky wagtlarda durmuşa çykýan gyzlar, näme üçindir, şu iki görnüşde tikilene kän üns berýärler.

Gyzlar harytlary telim gezek gözden geçirip, asylgy duran fatalardan birki görnüşini saýlap, Gülnara geýdirip görýärler, ony uly aýnanyň öňünde durzup, öňünden-yzyndan, sagyndan-çepinden syn edýärler.

Ýaşajyk Laçynam ýetişen gyzlardan pes däl.Ol hem fatanyň o ýerinden-bu ýerinden çekişdirip, hemme zat bilen gyzyklanýar, asylgy harytlara höwesgär seredýär.

Gunça Laçynyň höwesekligini kesesinden synlap "Ojagazy görýäňmi?" diýýän ýaly, Aýlälä tarap çalaja ümleýär.

--Gyz-da!—diýip, Aýläle baş atýar.

Gürrüňiň özi hakda gidendigini aňan Laçyn utanjyraýar-da, ýüzüni aşak salýar.

Egnindäki fatany kemsiz synlandan soň, Gülnara ony çykarýar-da, Aýlälä ýüzlenýär.

--Aýläle jan, ikimiziň böýumyzam, inimizem bir deňräk bar. Şu fata-ha göwnümden turman duranok welin, nähili oturýandygyny egindekä-de bir synlaýyn. Sen geýsene!

Fata geýen Aýläläni üns bilen synlan Gülnaranyň nebsewür hem hyrydar bakyş bilen seredýändigi kesesindenem bildirýär.

--Saňa ýeke zat ýetmeýär eken, Aýläle…

--O nämekä, gyz?—diýip, beriljek jogaby öňünden bilýän ýaly, Aýläle henekli ýylgyryş bilen Gülnara seredýär.

--Fata ýetenok—diýip, Aýläläniň geýen fatasyna seredip duran Gülnara içki syryny daşyna çykarýar.

--Nesip eden güni biýem ol ýetmezçiligini düzeder-dä—diýip, Gunça geljekki gelnejesine jogap gaýtarýar.

Owadan fatany geýip, aýnada özüni synlaýan Aýläle hyýal kölüne gark bolýar. Birdenem onuň gapdalynda duran uzyn boýly inçesagt Gülnara gyzlykdan ýigitlige öwrülýär. Onda-da gabat gelen ýigidem däl. Ol Aýläläniň ýitigi --Berekeli.Onuň özi-de toý lybasynda. Häzir olar Fata söwdasyny edip, göni toýhana tarap gitmeli.

Egni ak fataly Aýläläniň elinden tutup dükandan çykaran Berkeli ony gapyda toý bezegi bilen bezelen ak maşyna mündürýär.

Toýhanada Aýlälämiň hemme tanyşlary, ýakynlary ýigit bilen gyzy gül desseleri bilen garşylaýarlar.Birdenem Berkeli ümüriň içinde ýitip gidýär-de, onuň ornuny Gülnara eýeleýär.Kellisini silkip özüne gelen Aýläle fatany çykarmak bilen bolýar.

--Menem şuny haladym—diýip, ol Gülnara ýüzlenýär.

--Seniňem göwnüňden turan bolsa, onda şuny alýarys!

56.

Hajy bilen Yklym bazardan bir desse gül alyp, ýanköçeden ýöräp gelýärler. Gül Hajynyň elinde.

--Gudaçylyga barylsa-da, ejemiň aýtmagyna görä, garşy bolunmasa-da, Aýläläniň maňa bolan garaýşynda hiç hili özgerme ýok, ýakynlaşma-daşlaşma duýlanok, Yklym. O näme üçin beýlekä?

--Näme, ejeň gudaçylyga barany üçin Aýläle begenjinden ýaňa ylgap gelip seň boýnuňdan gujaklamalymy?

--Onyňam dogry welin, bir üýtgeşiklik bolaýmaly ýaly-da.

--Belkem, gudaçylyga barylanyny ejesi oňa aýdan däldir?

--Aýdylmazlygy mümkin däl.

--Hemme zat ýuwaş-ýuwaşdan, ädimme-ädim ýüze çykar-da. Ol gün ejeň gudaçylyga bardy—bir ädim. Bu gün sen Aýläläni doglan güni bilen gutlap bir desse gül alyp barýaň—bu ikinji ädim.Ädim urmak üçin ýene-de bahana tapylar durar.

57.

Okuw başlanmazyndan ozal Aýläle bilen Gunça synpa girýärler.Synpda şol ikisinden başga hiç kim ýok.Aýläläniň oturýan stolunyň üstünde duran bir desse owadan güli gören joralar aňk bolup, aýak çekýärler.

--Seň ýeriňde!—diýip, Gunça gözlerini petredýär.

--Meň ýerimde!—diýip, Aýläle tassyklaýar.

--Erteki hakda saňa aýdan sözlerim ýadyňdamy, Aýläle jan? Erteki hakykata öwrülip başlady.

--Ýok, ol çemen ertekiniň iberen çemeni däl., hakykatyň getireni bolmaly.Men ony anyk bilýän…

Aýläle çemene golaý gelende, ýapraklaryň arasynda gizlenen bukja gözi düşýär. Bukjanyň içindäki owadan otkrytka:

“Gadyrly Aýläle!
Men seni ähli synpdaşlayrymyzyň adyndan doglan günüň bilen
tüýs ýürekden gutlaýaryn.Geljekde hem edil biziň mekdebi-
mizi bezeýşiň ýaly tutuş şäherimizi bezemegiňi arzuw edýärin.
Jan saglyk, üstünlik, rowaçlyk hemraň bolsun.Uzak ýaşa.Hajy
Nuryýew”—diýlip ýazylypdyr.

Gutlagy okan Aýläle ony Gunça uzadýar.

--Çakym dogry çykdy.Me, oka!

Gunça gutlagy okap:

--Näme üçin gutlag diňe öz adyndan däl?—diýýär.

--Gutlaýanam özi, gül satyn alanam özi.Ýöne synpdaşlaryň adyndan.Bu hem gowy pirim.Salyhatlylyk.

--O nähili gowy pirim? Seni halaýan bolsa, gutlasy gelýän bolsa, perde tutunmak nänä gerekmiş? Biz orta asyrda ýaşamyzok ahyryn?

--Bolsa-da, Hajynyň bu hereketini men-ä agraslyk, asyllylyk hasaplaýan. Onuň ýalňyş hereketlerem bar. Araky lýustra döwlende “Bahasyny men tölejek” diýmesi ýerlikli bolmady. Ol görnüp duran hile boldy.Hajynyň seniň ýitiren puluňy gaýtaryşyny, pul hakynda bildiriş bermegini men artykmaçlyk hem adamçylyk diýip kabul edýän.

Synpa giren dört-bäş sany oglan-gyz ( olaryň arasynda Hajy bilen Yklym hem bar) Aýläläni doglan güni bilen gutlaýar. Kim ruçka, kim galam, kim bloknot sowgat edýär.Aýläle olara ýakymly ýylgyryş bilen jogap gaýtarýar, minnetdarlyk bildirýär.

Gunça:

--Toý üstüne toý!—diýýär-de, sumkasyndan çykaran çakylyk hatlaryny ýoldaşlaryna paýlaýar.

--Gunçanyň dogany öýlenýär. Gunça sizi "Altyn asyr" toýhanasyna çagyrýar!—diýip, Aýläle çakylyk hatynyň manysyny ýoldaşlaryna düşündirýär.

--Öýlenmek ilki durmuş adamlarynyň köne düzgüni bolsa-da, modadan düşmän gelýär-aýt!—diýip, Yklym degşen bolýar.—Biz nähili yzagalak!

--Ol köne düzgün bolsa sen oňa boýun bolma-da, ömrüň ötýänçä öňde baryjy bolup ýaşaber!—diýip, oglanlaryň biri Yklyma jogap berýär.

--Ýok, men ony etmen. Ýeke özüň ile goşulman ýörseň, il seni halamaz—diýip, Yklym ýylgyrýar.--Menem il ogly bolmaly. Menem il ýaly wagtynda öýlenmeli bolaryn.

--Gepinde durup bilmeýän adam gep tapmaga ökde bolýar-da.

Okuwçylar gülüşýärler.

58.

"Altyn asyr" toý mekany. Aýdym-saz, şagalaň-şatlyk.Myhmanlar naz-nygmat bilen kemsiz bezelen stollaryň başyna geçýärler. 10-njy "B" synpdan toýa çagyrylan okuwçylaryň hemmesi bir ýerräkde oturýarlar.

Az-kem gijä galyp gelen Hajy bilen Yklym peýda bolýar.

--Aýläle dagynyň stolunyň başynda-ha ýer ýok eken!—diýip, Hajy Yklymyň özüniňem görüp duran zadyny oňa habar berýär.

--Şeýle bolmalam-da.

--O näme üçin?

-- Sen mydama "Hemme zatda gijä galýan" diýmek bilen, öz-özüňi hemme zatda gijä goýýaň. Sen gowsundan-gowsuny gözläp, dört sany galstugyň her haýsyny iki gezekden daňyp çözdüň. Şeýdibem on minut wagt ýitirdiň. Ilki dakynanyň bilen gaýdyberen bolsaň, Aýläläniň oturan stolunyň başyndan orun almaga bizem ýetişerdik....

Iki dost Aýläle dagynyň edil gapdalyndaky stoluň başynda ornaşmaly bolýarlar.

Aýdym-saz dowam edýär.

--Hormatly myhmanlar, ýigit bilen gyz gelýär! Täze ojak täze döwlet gelýär! Ýigit bilen gyzy ör turup garşylalyň!—diýip, toýy alyp baryjy zaly ýaňlandyryp göçgünli gygyrýar.—Toýňuz gutly bolsun! Gadamyňyz batly bolsyn! Tagamyňyz mydam datly bolsun! Ojagyňyz mydam otly bolsun! Ýigit bilen gyz gelýär, çuň hormatly myhmanlar!

Gunçanyň synpdaşlary diňe bir ör turmak däl, stol başyndanam gidip, ýigit bilen gyzy ýakyndan garşylaýarlar.Aýläle elindäki sellofan haltadan çykarýan daşy owadan kagyzly süýjülerini çatynjalaryň üstüne penje-penjeden seçýär.Çagalar, diňe çagalaram däl, ulylaram toý süýjüsini çöpleýärler.

Onuň gapdalynda duran Gunça el çarpyşmanyň arasyndan jorasyna ýüzlenýär:

--Aýläle jan, erte durmuşa çykaňda, menem seň üstüňden şeýdip, penje-penje süýji seçerin!

--Ol güne sen gaty kän garaşmaly bolaýmasaň, joram!—diýip, Aýläle gülýär.

Golaýrakda duran Hajy bir Aýlälä, bir-de täze çatynjalara gezek-gezegine seredýär. Toý lybasyny geýnen, toý dabara- şatlygynyň üçinde ýüzüp ýören Aýläle Hajynyň gözüne şeýlebir owadan bolup görünýär welin, toýhanadaky onlarça gözel gyzlaryň hiç biriniňde Aýläle bilen bäsleşip biljek gümany ýok. Hajynyň iki gözi Aýlälede. Birdenem onuň hyýlynda öýlenýän ýigidiň ornuny-ha özi eýeleýär, gelinligiň ak fatasy bolsa ak ýüzli Aýläläniň egnine geçýär.Ak fata ak ýüze, uzyn boýa, gaz boýna, gara saça gelşip gidýär.Hajy bilen Aýläle täze çatynjalar üçin niýetlenen, kejebä meňzedilip edilen "Toý tagtyna" tarap ugraýarlar.Agyr märeke olary aýdym bilen, saz bilen, el çarpyşmalar bilen ugradýar.

Birneme özüne gelse-de, hakyky çatynjalar kejebä ýetensoňlaram, tans üçin niýetlenen aýmançada aňk ýaly bolup, ýeke özi galyp barýan Hajy ýoldaşlarynyň biri stol başyna barmalydygyny egnine kakyp ýatlatmadyk bolsa, entegem şol ýerde saklanjakdy.

## 59.

Onunjy synpy gutarýanlaryň hormatyna gurlan dabara başlanýar.Ol mekdebiň uly zalynda geçýär.Stollaryň üstünde serhoş ediji içgülerden başga hemme zat bar.Zal okuwçylaryň özleriniň çeken degişme suratlary, ýasan zatlary bilen bezelen.Bir uly suratda boýy öz bolşundan telim esse ösdürilip çekilen Yklymyň, boýy öz bolşundan telim esse gysgaldylyp çekilen Hajynyň tirkeşip barýan gülkünç şekilleri bar.Okuwçylar hem mugallymlar ol şekilleri hezil edinip synlaýarlar. Başga bir şekilde Aýläläniň saçy Gunçanyň, Gunçanyň saçy hem Aläläniň boýnuna ( ýa-da biline) oralan. Ol degişme suratyň aşagyna uly harplar bilen "Aýrylmaz joralar" diýlip ýazylypdyr. Ýene bir suratda synp ýolbaşçysy Berdi Möwlamowiç saçy syrylyp, maňlaýyna "2" ýazylan bir okuwçynyň takyr kellesine oturdulan ullakan guýguja böwrüne "Himiýa" sözi ýazylan kürşgeden suwuklyk guýup dur.Ýene bi suratda mekdebiň müdüri böwrüne "10-A. 10-B" ýazylan iki sany gäminiň tanapynyň ujunyň her haýsyny bir egnine alyp ( burlaklar ýaly), ony kenara eltjek bolup azap çekýär..

## 60.

Sahnada eli mikrofonly müdir peýda bolýar.

--Hormatly mugallym-halypalar! Hormatly okuwçy-şägirtler! Siz indi okuwçy hem däl welin okuwçy diýesim gelýär. Sebäbi okuwçyly mugallym, ýagny şägirtli halypa hiç mahal garramaýar, hünärini, ussatlygyny mydama ösdürýär. Okuwçysyz mugallym-- hiç kim, şägirtsiz halypa-da-- boş ýer, boş adam.Men şu mekdebe otuz ýyl müdirlik edýärin.Şonça ýylyň dowamynda şu ýyl mekdebi tamamlan iki synpymyz ondan öňki ähli synplardan ýokary boldy diýen netijä geldim.. Şu iki synpda hemme zat ýerbe-ýer boldy, uruş-sögüş, adatdan daşary ýagdaý bolmady. Meniň pikirimçe, şu iki synpyň okuwçylary biziň döwrümize, garaşsyz

Watanymyza, Prezidentimize tüýs berlen nesil bolup ýetişendir öýdýärin. Iki sany onunjy synp birinji synpdan bäri dostlukly bäsleşikde bolany üçin oglan-gyzlar düşünjeli bolup mekdebi tamamladylar.Bir ýylda bir synpda iki sany altyn medal almak biziň mekdebimiziň taryhynda ilkinji gezek bolýan waka. Mekdebi altyn medal bilen tamamlap, biziň hemmämize uly abraý getiren Aýläle Muhadowa bilen Hajy Nuryýewe men mekdebiň müdirliginiň hem öz adymdan çäksiz minnetdarlyk bildirýärin.Geliň, olara el çarpalyň!.

Hajy bilen Aýläle öňe saýlanýarlar. Hemmeler olara el çarpýarlar.Müdir dowam edýär:

--Şu iki synpyň üstünligi özara ýaryşyň, geçirilen bäsleşikleriň netijesi hasap edýärin. Ýadyňyzda bolsa, şu iki synp on ýylyň dokuz ýylyny bäsleşik, ýaryş bilen geçirdi. Mugallymlaryň hem okuwçylaryň islegine görä, şu gün iki synpyň okuwçylary üçin kakylan soňky jaňyň yzyny hem iki synpyň bäsleşigi bilen dowam etmegi makul bildik. Goý, şol bähbitli bäsleşik, peýaly çekeleşme mähriban mekdep hakyndaky unudylmajak ýatlama bolup, siziň ýadyňyzda galsyn… Oraz Annaýewiç, başlaber!

Gutardyş agşamyna gatnaşýanlaryň köpüsi “HER SOWALA BIR JOGAP” diýen ýazgynyň ýanyna ýygnanýarlar.Bu epizody alyp barýan ýaş mugallym Oraz Annaýewiç öňe saýlanýar-da:

--Her synpdan üç adam bärik çyksyn!—diýýär.

Iki synpdan alty adam mugallymyň ýanyna barýar.(10 “B” synpdan öňe çykanlar—Aýläle, Hajy hem Yklym.)

Mugallym her tarapa bir bloknot bilen bir galam berip, işe girişýär.

--Başladyk. Bäsleşigiň düzgüni köneden gelýän düzgün. “Dutaryň owazy” diýen sazy haýsy kompozitor döretdi? Jogabyňyzy bloknota ýazarsyňyz.

Bäsleşige gatnaşyjylar özara maslahatlaşyp bellik edilen bloknoty mugallyma gowşurýarlar.Mugallym iki bloknota-da seredip:

--Iki tarapam dogry jogap gaýtarýar--diýýär.—Ol sazy döreden kompozitor Nury Halmämmedow. Hasap 1:1 bolup açyldy. Indiki sowal: “Hindistanda ýaşap geçen türkmen şahyry hem serkerdesi”.

Ýaryşa gatnaşýanlaryň ýazan jogaby barlanýar.

--Iki tarapam dogy jogap berýär. “Baýramhan türkmen”. Hasap 2:2. Indiki sowal: “Türkmen kompozitory Çary Nurymowyň döreden islendik aýdymyndan bir bölegini hiňlenmek”

Taraplar maslahatlaşýarlar.Aýläle öňe saýlanyp hiňlenýär.

--Öwsüp barýan mymyk ýeller,
Saňa arzym gowşurmazmy?
Bizi aýra salan ýollar,
Indi gaýdyp duşurmazmy?

--Dogry.

10-njy “A” synpyň wekili öňe saýlanýar.

Obasy bar goşa diňli,
Sowuk suwly, ter öleňli.
Ili gökleň, ady Meňli,

Ol söwer ýardan aýryldym.

Emin mugallym “Dur” diýen manyda elini galdyrýar.

--Nädogry. Magtymgulynyň sözlerine ýazylan ol aýdym kompozitor Çary Nurymowyňky däl-de, Aman Agajykowyňky. Hasap 2:1 boldy. Indiki sowal: “Watan hakda aýdylan gymmatly pikir”.

Bäsleşige gatnaşyjylar bellik eden bloknotlaryny mugallyma berýärler. Mugallym okaýar.

-- “A”synp: “Watan enäniňem sallançagydyr”.

“B” synp: “Watany satyp bilýän bar, satyn alyp bilýän ýok”. Men bäsleşigiň emini kökmünde bu parasatly zözleriň ikisine-de “5”-lik baha bermek isleýärin.

El çarpyşylýar.

--Hasap “B” synpyň peýdasyna 3:1 boldy.

El çarpylýar.

Ak halatly çişik aşpez peýda bolýar.

--Bäsleşik hezil zat welin, naharlaram-a sowaýar, ýoldaş emin! Bu sözlere näme baha berersiň?

--Bu dana sözlere-de men, baş emin hökmünde arassa “5”- lik goýýaryn. Razymysyňyz, hormatly adamlar? Garşy ýokmy?

--Razy!

--Razy!

--Garşy adam ýok!

--Ýaşasyn akyl-parasatly eminimiz hem aşpezimiz!

Mugallym:

--Soňky aýdylan parasatly sözleriňem bahasy “5”-lik.

Gülki, şatlyk, el çarpyşma, saz…

61.

Ejegül gapyny açanda daş işikde Aýnabat daýza dur.Ol Ejegüle ýylgyryp salam berýär.

--Seň gapyňdan ýöne gelesim gelensoň gaýdyberdim, Egegül jan. Gurgunmysyň?

--Hudaýa şükür, janymyz-a sag. Gelen—döwlet. Gel, Aýnabat!

--Janymyz sag bolsa, hemme işimiz rowaç bolar, enşalla. Saglyk bolsa, tutýan maksatlarymyzyňam hemmesine ýeteris.

Myhman bilen öý eýesi stol başyna geçip oturýarlar.

--Ejegül jan, Aýläle janam lukmançylyk instutytyna ýerleşipdir. Gutlaýan. Men-ä gaty begendim.Näme, adamyň soňy garylyk bilen-dä.Öz öýüňde lukmanyň bolsa, oňa ýetesi zat ýok. Meňem oglum diller institutyna girdi. Daşary ýurtlaryň dillerini öwrenjekmiş. Başga dilleri bilseňem gowy-da. Özem ol häzir bize gaty zerur gerek.Telewizorda görýäň-ä, daşary ýurtlardanam saryýagyzmy, garaýagyzmy myhman bary ýöne gelip durandyr.

--Hawa-da, hünär edinip bolsa, oňa ýetyesi zat ýok. Menem seni gutlaýan, Aýnabat. Işiňiz rowaç bolsun!

--Agzyňdam Hudaý eşitsin, Ejegül jan!

Telefon jyrlaýar.Ejegül trubkany göterýär.

--Geliber! Geliber! Men öýde.

Ejegül trubkany goýansoň, Aýnabat:

--Biri gelmelimidi?—diýip soraýar.

--Ýokarky goňşym jaň edýär.Şu köçäň ugrunda bir köne tanşymyzyň garaşdyryp-garaşdyryp, agtyjagy bolupdy.Goňşym bilen şony gutlap gaýdaly diýip dilleşipdik- de…

--Beýle bolsa, siz ýoluňyzdan galmaň!—diýip, Aýnabat keýpsizräk gepleýär.—Menem sizi ýatdan çykaran ýaly bolaýmaýyn diýip gaýdyberdim, dogan.Senden el üzmejegimem aýdyp goýaýyn. Ynha, çagalammyzam okuiwa girdi. Indi ikimizde-de kämillik ýaşyna ýetenok diýer ýaly bahana ýok.

Ejegül ýaýdanyp gepleýär.

--Men-ä, dogan, saňa näme diýjegimem bilemok. Meseläni ýeke özüm çözmeli bolmamsoň…

--Meseläni ýeke özüň çözýän dälsiň, maslahatlaşmalam bor welin, Ejegül jan, edepli gyzyň erki enesiniň elinde bolar-da. Aýläle janam enesine gulak asmajak maşgala däl. Iki tarapyňam bir-birine gözi ýetip durka, haýyr işi yza çekmäli, dogan.

--Seň taryndaşlyk açmaga geleniňi men ozalam gyzyma aýtdym…

--Näme diýdi?—diýip, Aýnabat gyssanýar.

--Açyk hiç zat pyşgyrmady.

Gapy jyrlaýar.

--Garşy çykmadyk bolsa, şoňa şükür. Onsoňam, gyzyň açyk pyşgyrmagy saňa bagly, dogan.

Ejegül ýerinden turýar.

--Men gapyny açaýyn.

--Açyber, açyber! Menem derrew turjak.

--Bu zamanda “Saňa bagly” diýen gepem gaty ynam bilen aýdybermeli däl. Indiki ýaşlar biziň döwrümiziň ýaşlary ýaly däl, Aýnabat. Senem ony mençeräk bilýänsiň.

--Bilýän-ä welin…Men ýene gelerin. Ýöne şu gezegem az-kem begendirip goýberäýse-ne, Ejegül jan!

Ejegül ýylgyrýar-da, gapa tarap ýönelýär.

--Diňe meň ýylgyranymdan saňa peýda ýok-da.

--Seň çalaja ýylgyrmagyňam maňa birneme teselli berýä-dä, dogan…--Aýna-abat Aýläläniň suratyna seredýär.—Tä seni gopar ýançam geler duraryn…

62.

Duralgada garaşsa-da, Aýläläniň münmeli trolleýbusy mahaly bilen gelmeýär. Gyzyň gaty gyssanýandygy kesesindenem aňdyrýar, zol-zol sagadyna seredýär.Duralgada Aýläleden başga-da garaşýanam, sagadyna seredýänem bar. Bir ýaşuly öz pikirini aýdýar. “Trolleýbusyň beýle gijä galýan wagty seýrek bolýardy welin, ýolda bir ýerde sim üzülendir…”

63.

Ulaglaryň duralgasyndan bäş-on ädim öňe ýöräp, uly köçäniň gyrasyna ýeten Aýläle geçip gidýän ýeňil maşynlara el galdyrýar, arasynda käte ýene sagadyna seredýär.

64-a

Köneräk "Žiguliniň" rulunda oturan Berkeli köçäniň beýleki tarapyndan gelýärkä, ulag saklamak üçin el galdyrýan gyzyň Aýjäledigini tanaýar. "Şol gyz! Hökman şol bolmaly!" Berkeli Aýläläniň deňinden esli geçensoň, köçe düzgünini bözup, aýlanmasyz ýerden awariýa howpuny döredip ýoluň Aýläläniň duran tarapyna geçýär. Emma Berekeli Aýläläniň ýanyna ýetmänkä, gyz gelip saklanan ýeňil ulaga münüp ugraýar. Berkeli gyzy alyp giden maşynyň yzyndan kowmakçy bolup, ulagyň tizligini artdyrýar. Emma edil şol magal, asmandan inen ýaly bolup, ýolpolis peýda bolýar. Onuň ala taýagy Berkelä saklanmagy yşarat edýär, üstesine-de ýolpolisiň jürlewgi çirkin jürleýär.Berkeli hyrçyny dişläp, başyny ýaýkaýar: "Bolmajak bolsa, bolaýmaly zadam bolmaz ekeni".

Ýolpolis gelip, düzgüne görä hereket edýär—bir aýagyny ýere urup çest berýär.

--Ýol hopsuzlygy gullugunuň kapitany Hojamuhammedow. Siz yza aýlanmaga rugsat berýän görkezijiniň ýok ýerinen, basylmasyz gyzyl "çyzygy" basyp öwrüm etmek bilen köçe düzgünini gödek bozduňyz. Dokumentleriňizi beriň!

--Men günämi boýun alýan. Ýöne men näme edenem bolsam, edil şu mahal saklamasaňyz ömrüm ötýänçä size minnetdar bolup ýaşardym.

--Köçe düzgünini bozýanlardan henize çenli beýle gepi eşitmändim welin, näme doktora gyssanýaňmy? Ýüz-gözüňem-ä näsag adam-a meňzänok…

--Dogrymy aýrtsam, gaty kän wagt bäri ýolda-yzda bolsa-da sataşmagynyň arzuwynda gezen gyzym şu ýerde tötänden gabat geldi welin…

--Hut şöň üçinem köçe düzgünini bozduňmy?

--Wah, siz gabat gelmedik bolsaňyz men oň bilen duşuşardym welin, siz meni güýmeýänçäňiz ol başga bir ýol maşyna mündi-de gidiberdi.—Berekeli gyzyň münüp giden maşynynyň yzyndan seredýär.—Ol eýýäm göze çala görünýär.--Häzirem saklamasaňyz…

Berkeliniň beren dokumentlerini görüp duran ýolpolis:

--Gyzyň münüp giden maşynynyň yzyndan kowmakçymyň?—diýýär.

--Dogrymy aýtsam, kowup ýetmekçi. Häzir meň üçin diňe minut däl, sekundam gaty gymmatly.

--Bu köçede ýokary tizlik altmyş km. Eýýäm ara açan maşynam altmyşdan barýan bolsa, sen nädip onuň yzyndan ýetjek?

Berkeli ýylgyrýar.

--Aşklyk köp zadyň, howply erbetligiňem üstünden eltip bilýär. Sen gaty gyssanýan bolsaň, az salym garaş!

Berkeliniň dokumentlerini alan kapitan köçäniň beýleki tarapynda duran gulluk maşynyna tarap gidýär.Ol maşyna girip bir zatlar ýazyşdyrýar.Berkeli biynjalyk bolup garaşýar.

Ýolpolis howlukman ýöräp gelýär-de, Berkelä dokumentlerini gaýtaryp berýär.

--Jerimäni tölenmeli ýerine tölärsiň. Gidiber, ýaş ýigit!

--Aý, gardaş, indi gidemde-gitmämde-de parhy ýok. Ol maşyn gözden ýitdi… Hakykaty aýtsam, rehimiň inip, ýagşylyk edäýermikäň öýdüpdim welin…

--Onsuzam men saňa uly ýagşylyk edendirin, ýaş ýigit. Belki-de men seni maşyn kowalap baýarkaň döräýmegi ahmal betbagtlykdan halas edendirin.

--Gözüm bar ahyryn... Belkem beýle howpdan sowlup geçjek bolardym.

--Bizem "Gelin bolmasagam, gädikden garap görüpdik".Söýýän adam kör bolýandyr, ýagşy ýigit. Işiň şowly bolsun!

Ýolpolis geçip barýan başga bir maşyna týagyny galdyrýar.

Maşynyň içinde keýpsiz halda oturan Berkeli duralga gelip saklanan trolleýbusa seredýär. Onuň ýeňsesinde ullakan "18" ýazylgy. Berkeli uludan dem alýar.

65.

Uly şäheriň esasy bazarlarynyň biriniň girelge-çykalgasynyň golaýynda, köçe gyrasynda tötänden sataşan iki sany elli ýaş töweklerindäki aýal bir-birine gözleri düşüp, birbada aňk bolup durýarlar. Soňra-da olar garsa gujaklaşýarlar, tolgunmanyň döreden gözýaşlaryny süpürýärler. Diňe şondan soň saglyk-amanlyk soraşmak sowal-jogabyna geçilýär. Golaýdan geçip barýanlar iki aýalyň biri-birine beýle alçaklyk edişlerine geň galyp seredişip geçýärler.

Aýallaryň biri-- Aýläläniň ejesi Ejegül, beýlekisi --Berekeliniň ejesi Aýjan bolmaly.

--Käte seni ýatlaýan-da, hasaplaýan. Ikimiz göni on bäş ýyl bäri görşemizok.

--Alty ýyl goňşy oturup, alty ýyl bir ýerde bile işläp, çagalammyzy iki ýyl bir baga gatnadyp, şäheriň başga- başga ýerinden täze jaýa göçüleni üçin on bäş ýyllap görüşmedik diýseň, kim ynanar, Ejegül jan? Hiç kim ynanmaz.

--Ikimizden başga hiç kim ynanmaz…

Üsti uly-uly ýaşşiklerden münder edilen, aşagy goşa-goşa tigirden doly mähnet maşyn iki aýalyň duran çatrygynyň ýanyndan aýlanjak bolanda, gabarasy örän uly bolansoň, olaryň gaty golaýyndan geçmeli bolýar.Aýallar abanýan howpa ünsem bermeýeýärler.Uly kabinada çaga ýaly bolup görünýän uly adam aýnadan boýnuny çykarýar-da:

--Gybaty köçeden geçip edäýeniňizde lezzeti gaçýarmy?—diýip jabjynýar.—Iň ýigrenýänim ýol üstünde durup gybat edýän garry heleýler welin, olaram haýsy çatryga barsam, maňlaýyma ýazylan ýaly öňümde durlar.

Öz günälerini boýun alansoňlar, ýakymsyz sözleri gülki bilen garşylan iki aýal gürrüňiň arasyny bölüp, ýanýolça geçmeli bolýar.

--Ana, garry heleýem bolduk, dogan—diýip, Ejegül ýylgyrýar.

--Bolmanda-da elli ýaşaňsoň, agzy ýaşmakly gelin boljakmydyň? Tüweleme, çagalammyz uly adam bolup ýör.

--Läle jan-a uly guz bolandyr? Şo kiçijikkä görşüm-dä. Häzir öňümden çyksa-da, özi kimdigini aýdaýmasa, tanamaýanam.

--Hawa, institutda okaýr—diýip, gyzyndan göwni hoş Ejegül tekepbirlik bilen jogap gaýtarýar.—Ökdeje doktor bolup ýetişer diýýäler. Dişiň agyrmasyn, agyrsa baryber.Eýýäm praktika geçip ýör.

--Entek arkasyny-ha ýapan dälsiň?

--Ýok. Häzirlikç-ä öz dulumda.

--Gyzyň durmuşa çykmadyk bolsa, seň gapyňdanm näsaglap barman, garyndaş bolmaga baraýmaly-da onda?

--Nesibe işidir!—diýip, Ejegül ýylgyrýar, birdenem geňirgenýär—Wiý, sen henizem ogluňy öýereňokmy?! Men-ä seni telim agtygyň enesi bolansyň öýdüp ýördüm. Berkeli meň Lälämdenem üç ýaş uly bolmalydyr-a.

Aýjanyň ýüzi agraslanýar.

--“Henizem” diý-de, goýaý sen, dogan. Ilki-hä, instituta gireýin diýdi, indem instituty gutaraýyn diýýä. Tomus yssymyş, gyş sowukmyş. Garaz sapalak atmaga bahana tapylyp dur. Şeýdip meni hantama edip ýör. Ýogsam men öňräk gelin edinmekçidim welin…

--Hawa-da, aý-günem geçýändiginem duýdurman geçip dur.

--Menem oňa şony aýdýan-da. Şol meselede günde-günaşa diýen ýaly aramyzda çaknyşyk bolýar.Kakasam maňa igenýär. Özi rugsat bermese, menem guda bolaly diýip, iliň gapysyny açyp bilemok.

--Kakasy öňki işindemi?

--Hawa, şol gaz-nebit bilen.

--Birki ýyllykda telewizorda Ataga meňzeş birini gördüm-de, şoldur öýtdüm.

--Ahmal. Gazçylary ýygy-ýygydan telewozorda görkezýäler..

66.

Berkeli bu gün praktika geçýän ýerine öňküsinden birneme irräk ugraýar.

--Näme, maşynsyz gitjekmi?—diýip, Aýjan diwardaky sagada seredýär.

--Bu gün hemmämizem edara irräk barmaly bolýas.

67.

Berkeliniň maşyny öňki gezek Aýläläni alyp giden ýeriniň golaýyna, awtobus duralgasyna ýetmänräk saklanýar. Ol maşynyň içinde oturup, duralga gelýänleri synlaýar.

Esli garaşylansoň, ýeňsesine “18” ýazylan täze çykan uzyn trolleýbus Berkeliniň maşynynyň gapdalyndan wazlap geçip gidýär.Trolleýbus duralga ýetende, Berkeli aňyrdan haýdap çykan Aýläläni görüp galýar.Uzyn trolleýbus ony Berkelä ýetirmän, alyp gidýär.”Köçesiniň gutaran ýerinde öňünden çykmalymy? A, birden başga alada bilen ýolda düşüp galsa…”

Berkeliniň maşyny trolleýbus dursa durup, ýörese ýöräp, onuň yzy bilen gidýär.Berekeli trolleýbus her gezek duralgada saklananda düşýänleri gözden geçirýär. Birdenem, orta ýola ýetilende, ýaňy bat alyp ugran torolleýbusyň iki şahynyň biri ýokarky siminden sypýar. Ol ýöne bir simden sypmagam däldi-de, şahyň bir ýeri döwlen ýaly şatyrdy hem asfaltyň ýüzünde bir bölejik demirem peýda bolýar, birbada daş-töwerege penje-penje ot uçgünlary syçraýar. Elbetde, sürüji ulagyň mundan aňry gidip bilmejegini aýdandyr-da, trolleýbusyň giňden açylan gapylaryndan ýolagçylaryň hemmesi daş çykyp başlaýarlar.Kim golaýdaky duralga tarap ýöreýär, kim köçä çykyp, ýüzugra gidýän ulag tutmak bilen bolýar.

68.

Trollleýbusdan düşen Aýläle öňdäki duralga tarap ýönelýär. Berkeliniň maşyny Aýläle bilen öňki duşuşykdaky etmeli bolan hereketi gaýtalaýar. Emma maşyn deňine baryp saklansa-da, oňa tarap ýüzünem öwürmedik gyz, ýoluny dowam edýär.Bu gezek tizligini birneme ýokarlandyran maşyn gyzyň birki ädim deňinden geçip saklanýar.Sürüji maşyndan çykýar.Ony görüp ädim ätmesini goýan gyz, ýakyn tanşyna sataşan ýaly mylaýym ýylgyrýar.

--Salam, arça ekýän gyz!

--Salam, arça eken gyza kömekleşen oglan.

--Ikimiziňem ýadymyz erbet däl.

--Bagban guyzyň ady näme?

--Aýläle.

--Menem Berkeli… Maşyna münseň-ä barjak ýeriňe elteýin.

Aýläle maşynyň yzky oturgyjynda ornaşýar.Ýigit bilen gyz şondan soň bir-birini öňdäki aýna arkaly görüp gepleşýär. Gepleşik oýun-degişme ýaly bolup geçýär.

AÝLÄLE. Trolleýbusyň siminiň sypjakdygyny öňünden bilipmidiň?

BERKELI. Ony öňünden bilmändim-de, şeýle bolmagyny öňünden diläpdim, isläpdim.

--Diýmek, maňa ýamanlyk isläpsiň-dä? Adamyň adama ýamanlyk islemegem durmuşda bolman duran zat däl.

--Ýok, bu gezek ýalňyşýaň. Men saňa ýamanlyk islemändim-de, özüme ýagşylyk isläpdim.

--Birine ýamanlyk etmekdenem özüňe ýagşylyk gazanyp bolýarmyka? Bolýanam bolsa, şol gowy däl.

--Meňki ýamanlyk islemek däl-de, tötänden bolan ýagdaýdan özüň üçin bähbitli netije çykarmak.

--Onda gowulyga garaşmak üçin erbetlige sataşmalymy?

-- Ýene düşnüksizlik döredi. Men “Gowulyksyz erbetlik bolmaýar” diýen gadymdan gelýän nakyla indi hasam ynanýan.Trolleýbusyň simi sypmadyk bolsa, saňa sataşmazdym.Erbetlik gowluk getirdi.

--Biziňki indi öňki aýdylanyň gaýtalanmagyna barýar.

--Beýle bolsa, gürrüň şu ýere ýetende, filosofik çekişmämizde arakesme yglan edeli.

--Men garşy däl.

--Gepleýşiňden çak etseň-ä dilçi bolmaly.

--Ýalňyşdyň—diýip Aýläle ýylgyrýar.—Dilçi däl, dişçi. “Diş bejeriş merkezinde” praktika geçýän

--Menem praktikada. Ýöne suw ugundan.

“Diş bejeriş merkezine” ýetilensoň, Aýlälänň yşaraty bilen maşyn saklanýar. Ol maşyndan düşjek bolanda, Berekeli:

--Telefonuň nomerini berip biljekmi?—diýýär.

--Indiki gezek.

--“Öňüm gelenden soňum gelsinmi?”-diýip, Berkeli ýaňsylaýar.

Aýläle ýylgyrýar-da, bir elini galdyyp, Berkeli bilen hoşlaşýar, birdenem yzyna aýlanýar.--66-dan 41-23-44.

Berkeli aýdylan sanlary özüniň ýan telefonuna geçirýär. Gyz Berkeli bilen gaýtadan hoşlaşyp poliklinikäniň gapysyna tarap ýönelýär.Berkeli esli salym gyzyň giden ugruna seredip oturýar.

69.

Hajy täzeje "Toýotanyň" rulunda.Ýanynda Yklym bar.Olar maşyn münip, keýpine şähere aýlanýarlar.

--Seň-ä kakaň maşyn alyp berjek diýen gepinde duraýdaýt! Ol mert adam eken.

--Sen diňe kakamy öwüp oturma-da, onuň ogluna-da " mert" diý ahyryn. Menem beren gepimde duranym üçin kakamam aýdanyny etmeli boldy.

--Olam dogry. Senem mekdebi aýratyn bellik bilen gutardyň.

--Şonuň üçinem kakamda sapalak atar ýaly çykalga galmady. Mejbur boldy. Ýöne onuň gepinde durmagynda ejemiňem oýnan roly gaty uly boldy.Ýogsam kakamda hilegärlik etmek pikiem ýok däldi.

Gapdaldan çykan maşyn, köçe düzgünini mazaly bozup, Hajynyň öňüne sowulýar.Hajynyň maşyny jygyldap tormozlanýar.

--Görýäňmi?—diýip, Hajy başyny ýaýkaýar.

-- Wagtynda tormoz beräýdiň. Ýogsam-a…

--Maşynama-a edinsek edindik welin, dostum, indi Aşgabatda ulag sürmegem ýeňil-ýelpaý iş däl. Maşyn gün-günden köpelýär.Özüň ägä bolanyň bilenem…

--Dogry aýdýaň. Ýaňky ýagdaýda-da sen günäkär däl ahyryn.

--Iki taraplaýynam hüşgär bolmaly…Heý, boksýory görýäňmi, Yklym?

--Şu çaklarda ýolda-yzda-da şoňa gabat gelemok. Men-ä Aýlälänem mekdebi gutaralymyz bäri ýekeje gezek köçede gördüm. Sen-ä ýygy-ýygydan görüşýänsiň-le? Roman dowam edýär dälmi?

--Romany ýeke özüm dowam edýän.Gahrymanymdan hereket ýok.Şonuň üçinem ol ýazylsa-da, gyzyksyz ýazylýar.Ahyram netijesiz bolaýmasa.

--Ruhdan düşme, Hajy. Meň kakam käte "Towşany araba bilen kowalap tutmaly" diýen nakyly getirmegi gowy görýär.

--O nakyly men goldamaýaryn.Çöp-çalama, çarkandaklyga urup giden towşany araba bilen kowalap tutup bolmaz. Gaýtam, arabaň tigrini döwersiň. Sen arabaňy tigirleýänçäň, aňyrdanam motor münen bir awçy çykaýsa, ol arabalydan öňürder.

--Nakyl göçme manyda aýdylýar-da. Howlukman hereket edibermeli diýldigi bolýa-da.

--Wagtyragynda netije bermese, hereket etmegem irizýär, Yklym.

--Olam dogry.Ýöne umytsyz ýaşamaly dälmiş.

--Umytly ýaşanyňda-da, umydyň netije bermän ýörse nätmeli?

Maşyn uly köçeden sowlup, kiçi köçä düşýär-de, bir jaýyň deňinde saklanýar.

--Öýüňe geldiň, gadyrdan!—diýip, Hajy ulagdan düşüp ugran Yklyma ýüzlenýär.—Ynjytmanjyk getirdim dälmi?

--Getireniň üçin sag bol!

--Senem sag bol welin, bu zamanda-da maşynlaryň benzin bilen ýöreýändiklerini sen bileňokmy?

--Bilýän. Bilemde näme?

--Bilýän bolsaň, töle-dä—diýip, Hajy elini serýär.

Jübüsinden çykaran puluny Haja uzadan Yklym, birdenem elini yza çekýär.

--Näme boldy?—diýip Hajy soraýar.

--Men häzir saňa pul bersem¸sen ony ýitirersiň. Gowsy, men muny agşam öýňüze eltip gaýdaýaýyn.

--Bir—nol!—diýip, Hajy ýylgypyp, el çarpýar.

Iki dost ellerini galdyrşyp hoşlaşýarlar.

70.

Ejegüliň ýany myhmanly. Myhman –Aýnabat hem onuň adamsy Batyr.Batyr ýygyrlyp oturan ýywaş adam.Ol kim näme diýse, şony hem tassyklap, baş atyp otyr.

--Ejegül jan, maksadymyň gaty çyndygyny tassyklamak üçin adamymam ýanym bilen alyp geldim.

Batyr aýalynyň aýdanyny tassyklap baş atansoň:

--Gaty çynymyzdyr, Ejegül—diýýär.

--Hem tanşarsyňyz hem gürleşersiňiz. Adyna Batyr diýýälelr.

--Tanşarys, gürleşeris—diýip, Batyr baş atýar.

--Oba-hojalyk ministrliginde hasapçy bolup işleýär..Ulumsulygy, gedemligi ýok, ýetimçilikden adam bolan özem.

--Halamaýanym ulumsy adamlar—diýip, Batyr baş atýar.

--Gaty gowy-da—diýip, Ejegülem aýdylany çalaja baş atmak bilen tassyklaýar.

--Şu gün, özi-de şenbe güni—diýip, Aýnabat gürrüňini dowam edýär.—“Şenbe – şow” diýilýär.Belki biziňem işimiz şow bolsun-da!

Aýalynyň aýdanyny öňki hereketeleri bilen goldan Batyr bu gezek söz nobatyny hem alýar.

--Ejegül, biziňem Hajy ýeke oglumyz bolansoň, gözümiziň ýetip duran ýeri diýip, siz bilen garyndaşlyk açjak bolýarys.

Bu gezek adamsynyň roluny aýaly oýnaýar. Batyra derek Aýnabat baş atýar-da, aýdylany gaýtalaýar.

--Hawa, dogan, gözümiziň ýetipjik duran ýeri diýip gelýäs size. Seň çagaň biziňem çagamyza öwrüläýse, biz ony iki tarap bolup söýeris. Maksadymyza ýetsek, uly geplemäýin welin, elimiziň aýasynda saklarys, zada mätäç etmeris, öýmüzde nämämiz bar bolsa özi eýelik eder.Biz ýöne daşyndan guwanar ýöreris.Uly umyt bilem gapyňdan geldik…

Batyr baş atýar.

--Gyzyňy elimiziň aýasynda saklarys, Ejegül.

Ejegül kynlyk bilen, ýaýdanybrak gepleýär.

--Gelenňiz gowy zat.Gapymdan siz ýaly adamlar gelse, menem ýaman göremok. Men siziň aýdýan sözüňize-de ynanýan, özüňize-de ynanýan.Ýöne…

--“Ýöne” diýmese-ne, Ejegül jan, “bolýa” diýsene!—diýip, Aýnabat söz nobatyny alýar.—Razylaşsak, senem ynjalarsyň, bizem ynjalarys.

--Ol şeýle welin, Aýnabat, men öňki gezek aýdanlarymy gatalamaly bolýan.Diňe meniň razylygym meseläni çözenok, dogan.Ynha, sizem ogluňyzyň aýdanyndan çykyp bilmän meniň gapymdan gelýäňiz.Men ony aňýan. Şeýle dälmi?

--Onyň hakykat.
--Ol çyn—diýip, Batyr baş atýar.
--Meňem aýdýanym hakykat. Bu meselede menem gyzymyň aýdanyndan çykyp bilmen.Üstesine-de, dört ýyl mundan ozal kakasam ýogalansoň, menem ýarym göwün gyzymyň garşysyna gidesim gelenok.
--Sen gyzyňa gowulyk isleýäň-ä, Ejegül jan.Sen ol barada Aýläle jana çynyň bilen düşündir.
--Asylly maşgala enesiniň öz gyzyna ýamanlyk etmejegine akyl ýtirer-ä—diýip, Batyr ýene baş atýar.
-- Hemme aýdýanlaňňyzam dogry. Ýöne men sizi umydygär edip ugradyp biljek däl.Şu günde-ertede men gyzym bilen gutarnykly gürüň edeýin—diýip, Ejegül ellerini owkalaşdyrýar.—Men häzirlikçe size şondan başga söz berip bilmerin, doganlar.
--Gaýrat et, Ejegül jan,
--Gaýrat et, dogan!
--Men gaýrat ederin welin, sizem maňa dogry düşüniň.
--Sen gaýat etseň, hemme zat güläle-güllik bolar, Egegül jan
Batyr bu gezek has çyny bilen  baş atýar.
--Aýnabat dogry aýdýar, Ejegül. Sen ene ahyryn!
Aýläle gapydan girende, myhman aýal ýylgyrjaklap ýerinden turýar.Batyr hem hähili hereket etjegini bilmeýän ýaly söm bolup dur.
--Geldiňmi, Aýlele jan?—diýip, Aýnabat gyzyň ejesinden öňürti gepleýär.—Häliden bäri çep  gaşym çekip durdy welin…
Aýläle myhmanlar bilen baş atyp salamlaşýar.
--Aýläle jan, tanyş bol!—diýip Ejegül gyzyna ýüzlenýär.—Myhmanlammyzyň biri-hä Aýnabat daýza, birem onuň adamsy—Batyr daýy.Seň klasdaşyň Hajyň ejesi bilen kakasy. Biz bilen garyndaşlyk açmaga  gelipdirler. Ol barada men saňa ozalam aýdypdym..Gürleşeliň, gepleşeliň, bularam ýöne hantama edip gatnadyp ýörmän şu gün bellisini edeliň, gyzym. Ýogsam, gelýänleň öňünde menem özümi bir hili duýýan.
---Aýläle jan, geldiňmi, bagtym? Saňa öz öýňüzde sataşmagam nesibämde bar eken—diýip, Aýnabat alçaksyraýar.
“Men näme üçin seň  bagtyňmyşym? Bagtly boluň, ýöne meň bilen bile däl, aýratynlykda” diýip sessiz jogap gaýtaran Aýläle içki otaga girip gidýär.
Aýnabat bilen adamsy öý eýesine  hantamaçylykly hem mähirli nazar bilen garaýarlar. Aýnabat ýylgyrýar.
--Özüňem gaýrat edewerin, dogan!
--Şeýdeweri, Ejegül!—diýip, Aýnabadyň adamsy hem  baş atýar.
--Men gaýrat ederin welin, şü zamanaň çagalarydyr-da. Bular öz pikirleri bilen ýaşaýamyşlar…
--Oglumyz Hajy  janam Aýläle diýip hoz-hozanak bolup ýör.Başga ýere gudaçylyga gitmäge-de rugsat berenok.
--Meň ýaňky aýdýanym-da, dogan.
Aýläle içki jaýdan çykýar.

-- Aýläle jan, Indi biz Aýnabat daýzaň bilen Batyr daýyňa näme jogap bermeli?

--Men bulara ýene dört-bäş ýyllap durmuşa çykmak meýlimiň ýokdugynyň habaryny ýetiripdim, eje. Bir jogaby telim ýerde, telim gezek gaýtalanyň üçin manysy üýtgänok.—Myhmana ýüzlenýär.—Aýnabat daýza, sizem rentgene salyp, meniň içimi görjek bolup durmaň-da, dil bilen aýdylanyny kabul edäýiň. Men Hajy bilen on ýil bile okadym.Men ony sylaýan, hormat goýýan, akyl-paýhasyna guwanýan. Synpymyzda şondan edepli, şondan ýiti oglanam ýokdy.

--Ana, ana!—diýip, Aýnabat begenýär.

--Dogry! Dogry!—diýip, Batyram begenýär.

--Ýöne men Hajyny hut süýtdeş doganym ýaly gowy görýän.Men ony özüme dogan hasapalaýan. Biz ömrümiz ötýänçä-de Hajy bilenem, siz bilenem gatnaşarys.Ýöne men size gelin bolup bilmen. Sebäbi musulmançylykda-da, hiristýançylykda-da, hiç bir dinde, hiç bir milletde-de dogandan dogana nika düşmeýär.Ony siziň özüňizem bilýnsiňiz…

Aýnabat bilen adamsy bir-birlerine seredişýärler.

Aýläle beýleki jaýa girýär-de, gapyny hem içinden mäkäm ýapýar.

Aýnabat ýapylan gapa tarap garaýär.

--Garyndaşlyk açmak islän öýümiziň gapysy hem şol gapynyň ýapylyşy ýaly berk ýapylaýdymyka?

--Şeýle ýaly—diýip, Batyr aýalynyň aýdanyny tassyklap, baş atýar

Kyn güne galyp, nätjegini bilmän, aşaky dodagyny dişlän duran Ejegül sesini çykarmaýar.

71.

Sirkiň agşamky görkezlişiniň iň soňky nomeri dowam dýär. Howa akrobatçylary al-asmanda täsin hem howply maşklar edýärler.Aşakda tomaşaçylar zalynda Berkeliniň ýanynda oturan Aýläle ýokarda bolup geçýän ýüregiňi artykmaç titredýän hereketlere uzak seredip bilmän, ýüzüni aşak salýar-da, ýoldaşyna gysylýar.Berkeli ýuwaşlyk biln onuň egninden tutup özüne tarap çalaja çekýär.

72.

Sirk gökezlişi tamam bolýar.Tomaşaçylar salkyn giçligiň ýakymly howasyndan dem alyp, öýli öýüne tarap ugraýarlar.Olaryň arasynda Aýläle bilen Berkeli hem bar.Olar çalarak gol tutuşyp seýil baga meňzeş giň hem gür agaçly köçäniň gyrasy bilen barýarlar.

--Awtobusa münýäsmi?—diýip, Aýläle soraýar.

--Şu salkyn howada, şu ýakymly agşamda awtobusa münmekden pyýada ýöräniň gowy dälmikä?

--Sowalyma “ýok” diýen jogap bermediň. Ýöne men saňa düşünýän hem goldaýan—diýip Aýläle Berkelä çalaja gysmyljyraýar.

Uzaklaşansoň bir göwrä meňzäp ýanaşyk barýan iki göwre elektrik şöhlesinden hem Aý nurundan ýasalan ajaýyp agşam kölüne siňip barýar.

73.

Berkeliniň ejesi Aýjan Ejegül jorasynyň öýünde myhmançylykda. Çaý-nahar edinilendigini saçagyň üstündäki görnüş habar berýär.

--Ejegül jan, maňa rugsat ber, turaýyn.

--Otursa-na, dogan! On bäş ýyldan soň bir gezek gpymdan geldiň welin…

--Indiki sapar sen bize baraňda uzagrak oturaýarys.

Aýjan gaýtmakçy bolup gapa ýetensoň:

--Läle jan bilenem salamlaşyp ötägitjekdim welin, nesibämde ýok eken.

--Ýaňadandan gatnaşyp başlarys nesip etse. Indi ýygy-ýygydan görşer ýöreris.Öňki ýaly birek-biregi on bäş ýyllap ýatdan çykarmarys.

Aýjan bosagada aýak çekýär.

--Senden içimi gizlemesem, araky garyndaşlyk açmak hakda eden oýnam-çig gepimizi çyna öwräýsemmikäm diýmänem duramok, dogan. Sen şol hakda-da birneme oýlangyn.

--Pylan diýmäýin.Nesibesir, joran…Men-ä gyzym ýetşendirem öýdemokdym welin,--diýip, Ejegül gülümjireýer.-- Iliň gözi ýiti. Eýýäm gudaçylyga gelip ýörenem bar.

--Özüňem edil ýaga depjek ýalysyň. Menem şeýle. Görýäniň, eşidýäniň oňlulyk däl. Şu gün baryşyp, ertesi aýrylyşybam ýörler häzirki döwrüň ýaşlary.Utanç-haýa-da ýok bularda.

--Wah, men seň bilen guda bolmaga iki elläp razy-la…Nesibedir-dä!

-- Özüň razy bolsaň, nesibedir diýmäň näme?

--Onuň sebäbi, sen bu döwrüň ýaşalaryny tanaýaň-a, jora jan. Jygba-jyga gelende, olar öz sähetlerini özleri belleýäler,! Şzlerem bozýalar.Arada Lälämiň bile, bir synpda on ýyl okan ýoldaşynyň ejesi bilen kakasy gudaçylyga geldi welin, gyzyň özi olary gaýdyp gelmez ýaly edäýdi.

--Ýüzlerini aldymy?

--Ýok.Gödek söz diýmedi, ganatman kesdi. Ikimiziň döwrümizde gyz halky başgarakdy.

--Läle gyz Aýjan daýzasy gelse mylaýymja gepeleşer, nesip bolsa.Kesjegem bolmaz, gatatjagam bolmaz.

--Belki.

--Sag otur, Ejegül. Habarlaşaly, duşuşaly.

--Sag bol, joram!

Ejegül bilen Aýşan gadyrly hoşlaşýarlar.

74.

Berkeli bilen ejesi öýde. Ogly agşamlyk naharyny iýýänçä Aýjan oňa seredip oturýar.

--Nahar iýýänçäm garaşdyň, eje. Sag bol! Indi başlabereli!—diýip, agzyny süpüren Berkeli ýylgyrýar.

--Nämä başlamaly?—diýip, Aýjan geňirgenýär.

--Toý etmek gürrüňine.

Oglunyň jogabyna Aýjanyň keýpi bozulýar.

--Ýaňsylap janymy ýakma!—diýende, onuň gözlerinde ýaş görünýär.-- Ýigrimi üç ýaşyň dolýa. Ýene iki-üç ýyl sallah gezseň, deň-duş gyzlaň hemmesi durmuşa

çykyp gider welin, garran oglan diýip hiç kim saňa gyzynam bermez… Bir hoş habar aýdaýjakdym welin, keýpimi bozanyň üçin aýtjagam däl.

Aýjan gap-gaçlary ýygnaşdyrmaga başlaýar.

--Men nahar iýýänçäm garaşyp, bir zat aýtjakdygyňy aňdym. Sebäbi agşamlyk sen meni irden işe ugradan ejemden üýtgeşigräk göründiň. Indi aýdaýsa-na! Gelin edinýäsmi?

Aýjan çalaja ýylgyrýar.

--Iki tarapam göwnese, edinýäs—Berkeli ýylgyransoň.—Ýylgyran bolma. Sen Ejegüli tanaýaňmy?

--Seň bilen bir mahal dokma fabriginde işlän Ejegül daýzamy? Sen o hakda aýdýadyň. Özi ýadyma düşenok.

--Öz gözümiň ýetip duran ýeri. Joram. Gül ýalam gyzy bar. Biz şony gelin edinmeli. Mejbur edemok.Öňürti görüşiň, gepleşiň…

--Özüň beri ony gördüňmi?

--Çagaka, seň bilen baga gatnaýarka her gün görýädim..

Berkeli arkan-ýüzin gaýşyp gülýär.

--Ýa eje, senem-ä, käte şeýlebir top atýaň welin, demirgazyga çenäp atan okuň günortada ýarylýandygyna-da üns bereňok.

--Bir ýrde ýarylsa boldy-da.

--Ol bolanok, eje. Çagaka gören gyzjagazyňy ýigrimi ýaşansoň öwmek…

--Ýigrimi ýaşynaky suratyny gördüm. Aý ýaly maşgala bolup ýetişipdir.

--Bolsa-da, diňe suratyna seredip, tanamaýan gyzyňa gowy diýmek…

--O gyzyň ejesi gowy.

--Bolanda näme?

--“Enesini gör-de, gyzyny al” diýpdirler.

--Ony gadym zamanlarda aýdandyrlar. Häzirki zamanda enesini görmän, gyzyny alýarlar.Gyzyny alanlaryndan soňam enesi bilen tanyşýarlar. Gylyk-häsiýet döwre görä üýtgeýär, eje.

--Gylyk-häsiýet üýtgeýär diýib-ä siz dünýäni bulam-bujar etdiňiz.

--Beýle däl, eje.Ýaşlary tankytlamaly bolsa siz uly hyjuw bilen çozuş edýäňiz. Gaýtam biz dünýäň ozal goýberen ýalňyşlaryny düzedýäris… Onsoň o gyz ikimiz biri-birimizi halamasagam, çagaka göreniň üçin sen ony gelin edinmelimi?

--Ony ýagdaý aýdar.Meň duluma asylly ýeriň maşgalasy gelin bolup geçmeli.

-- Duluňa geçjek gelinligiňi ýakyn wagtlarda özümiň saňa görkezäýmegimem ahmaldyr, eje. Sen azajyk gyssanma. Bize gaçmaga-kowmaga salym ber.

--Göz astyna alýanyň bar bolsa, näme üçin şu mahala çenli aýtmadyň? Ýa ol iş öz eneň-ataňdan gizlin bolmaly işmidir?

--Ýaňy tanyşdyk.

--Kim tanyşdyrdy.

-- Tötänden.

--Nirede tanyşdyňyz?

-- Köçede.

--Köçe-de?!—diýip, oglunyň gaýtaran jogabyny halamadyk Aýjanyň sesi süýgüp gidýär. Ol ogly howply bir habar aýdan ýaly gorkuly ses bilen:-- --Haýsy köçede?—diýyp soraýar.

Berkeli ýylgyrybrak jogap gaýtarýar.
-- "Ykbal" köçesinde.
--"Ykbal" köçesi diýen köçe ýok bu şäherde."Ümsüm köçe" bar, "Çetki köçe", "Saýaly köçe" bar. "Nurana", "Owadan köçe" bar.Ýöne seň diýýän köçäň ýok.
--Bolmasa, bolar-da.Biziň ykbalymyzy birikdirse, ol köçä şeýle at dakaýarys.Oňa meň ejemem garşy bolmaz.
--Ejeňmi?!—diýip, Aýjan alarylýar.
--Hawa. Berekeliň ejesi.
Gözüne ýaş aýlanan Aýjanyň sesi pessaýam bolsa, kesgitli çykýar.
--Ejeň ol köçä şeýle at dakylmagyna-da, ol köçede tanşylan gyza-da garşy bolar.Şu habar kakaň gulagyna bir ýetsin… Biz saňa ýat adam bilen köçede tanyşmagy başarýan gyza öýlenmäge ýol bermeris. Oglum bilen köçede tanyşýan maşgala meniň törüme gelin bolup geçmez. Özi geçjegem bolsa, kakaň ikimiz geçirmeris. Joramyň gyzy bilen görşersiň, eger ony halamasaň, kakaň indiki gezek gelende men Balkana gudaçylyga giderin. Şu gepi ýadyňdan çykarma, ogul. Şu gepi köçede tanşyp bilýän gyza-da hökman eşitdir. Bolýamy?

75.

Aýjan ýaşaýan jaýynyň birinji gatynda ýerleşýän dükandan bir zat alyp daşaryk çykanda, onuň çykmagyna ýörite garaşyp duran ýaly, çakdanaşa uzyn boýly bir aýal:
--Goňşy, salam—diýip, ony saklaýar.
"Goňşy" diýse-de, Aýjan ol aýaly ozal bir gezegem görmändigine ynanýar.
--Ikimiz ozal gabat gelşen däl bolsak gerek—diýip, Aýjan aýak çekýär.
--Men edil siziň jaýyňyzda ýaşamok.O jaýda ýaşaýan—diýip, nätanyş aýal aňyrrakda duran köp gatly jaýa tarap elini salgaýar.
--O jaýda ýaşasaňam goňşy bolýaň-da.—diýip, Aýjan özüne salam bereniň göwnünden turmak üçin başynam atýar.
--Bu işleriň arasyna düşmek oňatlyk hasap edilmese-de, ýagdaý siz ýaly gowy maşgala degişli bolansoň, bilýäniňi gizlemegem içigaralyk ýaly bolansoň…
--Sen, goňşy, bir derwaýys zat-ha aýtjak bolýaň welin…
--Derwaýys bolansoň, dükana gireniňi gördüm-de, çykýançaň garawullap durdum.
Gep maýda gep däl.Goňşy aralykda ony ýörüte öýüňe baryp aýtmaly welin, olam birhili…
--Şu ýerde aýdyber.Peýdaly gep bolsa hem peýdalanaryn hem saňa minnetdar bolaryn.
Özüni goňşy diýip atlandyrýan aýal howatyrlanýan ýaly töweregine ser salyp gepleýär.
--Bir haýyşym: meniň saňa aýdan habarym ogluň gulagyna ýetmesin. Saňa ýagşylyk etjek bolup, ogluňy özüme, gaýybana-da bolsa, duşman edinmäýin.Seň gaty gowy ogluň bar diýýäler.Akylly, edepli…
--Arkaýyn gepläber. Gürrüň diňe ikimiziň aramyzda galar, goňşy.
--Soňky mahallarda seň ogluň maşynynda gyzmy, gelinmi—bir aýal maşgala görünýär welin, şondan habaryň barmy?

-- Habarym-a ýok, goňşy. Ýöne çaklaýan. Özi ýaňzytdy.
--Çaklasaň, ägä bol. Bu zamanyň sada hem päk ýigitlerini oýnamaga ökde ökjesi ýeňil gelinleriniň gözlegi seniň ogluň ýaly dokuzy doly oglanlar. Bir gezek çeňňegini ildirse, olar ýalynyň çeňňeginden syparyn öýtmegin.Ogluňam gider, ýaşaýan jaýyňam gider. Özümem şol meselede agzym bişensoň saňa içimi dökäýýän.
--Men minnetdar, goňşy. Ýöne gören bolsaň, aýt. Daş sypaty dagy nähili ol maşgalaň?
--Özüm-ä şoňa meňzeş gelin bilen bir öýde ýaşamazdymam. Boýy seň ogluň boýundan bir garyş uzyn, boýny almaň sapagy ýaly. Yzy hem göni tagta kakylan ýaly tep-ekiz. Öň-de ýok, yz-da. O pisint aýal çaga dogrup bilerem öýdemok men-ä…Ägä bol, goňşy, ägä bol. Ýatyp galaýma.

76.

Her eli içi zatdan doly torly Aýnabat bazaryň derwezesinden çykyp, oglunyň maşynly garaşyp duran ýerine golaýlanda, Aýjana sataşan çakdanaşa uzyn boýly aýal yzyndan ýetýär.
--Dogan, ýekeje munt aýak çek, saňa bir aýtmaly zadym bardy welin, gabat geleniň gowy bolaýdy.
--Aýtmaly zadyň bolsa aýdyber!—diýip, Aýnabat oňa tutuk jogap gaýtarýar.
Uzyn boýly aýal, kimdir birinden heder edýän ýaly sagyna-soluna ser salansoň gepleýär.
--Sizi ýakyndan tanaýan tanyşlarym gaty gowy ogluňyz bar diýýäler. Olar siziň nirä gudaçylyga barýanyňyzy hem aýdýalar. Menem siziň barýan ýeriňizi oňat tanaýan.
--Tanasaň, gowy-da.Gudaçylyga barmak diýilýän zat gizlin syr däl. Hesibe çekse-hä bolarsyň, çekmese-de…
-- Gudaçylyk gizlin syr däldir welin, barýan ýeriň nähilidigine-de göz ýetirjek bolmaly, dogan. O gyz siz ýaly abraýly hojalygyň duluna geçmeli maşgala däldir.Daşy jäjek, içi möjekdir.Daşy aý ýaly bolsa-da, içi tüm garaňkydyr. Bir aý geçmänkä ökünüp ugrarsyň.Tüýs bir ýerinden gelen gyzdyr ol. Şony gelin edinseň, jaýyňam eliňden gider, ogluňam özüňki bolmaz.
Aýnabat ol aýalyň ýüzüne ýakymsyz nazar aýlaýar.
--Şolmy bar aýtjagyň? Haýyr işi bozmak üçin ara düşmek agyr günä bolýandyr. Şony bilýäňmi sen?
--Men haýyr işi bozmak islämok-da, saňa ýagşylyk etmek üçin hakykaty aýtdym.
--Adam ýamanlamakdan ýagşylygam bolmaz, hakykatam. Biziň gudaçylyga barýan ýerimiziň maşgalasyny özümizden gowy tanaýan adam ýokdur.—diýen Aýnabat elindäki torlary eýýäm özüne golaýlan ogluna berýär.
Ýüzüne urlana dönen uzyn boýly aýal yzyna aýlanýar.
Torlary maşyna salan Hajy;
--Sen ýaňky aýaly tanaýaňmy, eje?—diýýär.—Şol aýalyň iki metr dagy boýly ogly üç ýyl mundan ozal biziň goňşy mekdebimizi gutardy. Men olary käte bile

barýarkalar görýädim. Şol oglanyň özem  sapak gutaran mahaly, bir zat gözleýän ýaly käte biziň mekdebimiziňem töweregine aýlanyp gidýärdi.
--Şolar ýaly bir zat tapsa-na! Eneli ogluň tutýan maksady düşnükli onda.
-- Ol aýal, tanamaýan halyna seni näme üçin saklady? Senlik näme aladasy barka?
--Ýetişen ogly bar bolsa, onuň aladasynyň sebäbine indi düşündim.
--Araňyzda bir täsin gep-ä bolan ýaly, eje?
Aýnabat elini  silkip  jogap berýär.
--Aýal gybatlarynyň hemmesini eşitjek bolup ýörmezler, Hajy. Sen erkek oglan ahyryn…
Eneli ogul ulaga münýär.
Maşyn göni köçä düşýär.

77.

Daş çykan Aýläle diş merkeziniň öňündäki aýmançada maşynynyň ýanynda duran Haja gözi düşýär. Hajy Aýläleä Aýläle Haja tarap ýöreýär.
--Salam, Aýläle.
--Salam, Hajy.Oňatçylykmy? Ejeň, kakaň dagy hem gurgunmy?
--Olaryňam soňky gezek size baryp gaýdanlary bäri keýpleri ýok. Ejemiň-ä ilki günler gan basyşam ýokarlandy.
--Ol işe gaty ynam bilenem ýapyşmaly däl, Hajy. Sen akylly oglan ahyryn. Durmuşda hemme maksadyňa ýetibem bolanog-a.
--Bolmasa-da, seniň meni özüňe dogan saýmagyňy entek-entek menem islämok, Aýläle.Şol sözüňi yzyna alaýsaň-a, men özümi bagtly saýardym.
--Sen onsuzam betbagt däl ahyryn. Synpdaşlarymyzyň hemmesi akylda—paýhasda-da, ýaşaýyş manysynda-da Hajy Nuryýewiň  derejesine ýetmek isleýärdiler.Häzirem şeýledir.Tüweleme, seň hemme zadyň  ýerbe-ýer.
--Senem  doganlyk barada diýen sözüňem yzyna alaýsaň, men özümi hemme manyda işi oňan adam hasaplardym.
--Alardym welin. Seniň maňa doganlyk ornundan aýrylyp ýetmek isleýän ornuňy başga biri eýeledi.
--Men oňa ynanamok, Aýläle.
--Sen şoňa ynan-da, özüňi maňa dogan hasapla, Hajy. Şeýtseň, özüňem ynjalarsyň, menem ynjaldarsyň. Sen maňa ynan.
--Enteg-ä ynanasym gelenok… Nirä ugradyň?
--Öýe.
--Ýör,onda  men seni öýňüze çenli maşynly äkideýin!
Aýläle çalaja ýylgyrýar.
--Nämä ýylgyrdyň? Ýa maňa janyňy ynanaňokmy?
--Ol hakda däl. Men ýüregimiň uzak wagtlap sag bolmagyny isleýän.Lukman alymlar bolsa “Ýüregiň dermany aýakda” diýipdirler.
--Maşyn münmän, pyýada ýöremeli diýildigi bolýa-da. Ýöne şony diýýän alymlaryň özlerem maşyn münýärler.Olaryň pyýada gezip ýörenlerini görmersiň.
--Biz özümiz alym bolmamyzsoň, alymlaryň edenini etmän, et diýenini edýäris. Maşyny  alymlyga ýetenimizden soň münübereris.

--Düşnükli. Gepiň keltesi sen pyýada gitjek-dä.
--Ýadaýançam.
--Onda sag bol.Bir ýadow günüň gabat gelerin-dä.
Öňki synpdaşlar sagbollaşýarlar.
Aýläle öz ugruna ýöreýär.Maşynyna giren Hajy gyzyň ädim uruşyny synlap oturýar.Emma uzak pyýada gitmedik Aýläle aňyrrakda duran köne maşyna baryp münýär.Hajy onuň münüp giden maşynynyň yzyndan sürüp, deňinden geçiberende, rulda oturan ýigidiň keşbini ýadyndan çykarmadyk Berkelidigini görýär-de, olardan ozmasyny goýup, yza galýar.Ol maşynyny köçäniň gyrasynda saklap, esli oýlanyp oturanyndan soň:
--Sen örän bagtly ýigit ekeniň, gadyrdan—diýýär.-- Ýöne sen öz bagtlydygyňa gowy düşünýärmikäň?
Hajy maşynyň ruluna maňlaýyny goýup esli oturanyndan soň, başyny galdyrýar-da, el telefonuna ýapyşýar.
--Aleo! Yklym? Salam.Men Hajy . Seniň maslahatçylyk etmegiňde ýazyp ýören romanymyň hut şu mahal soňky nokadyny goýandygymy saňa aýdaýaýyn diýip jaň edýän.
--Onda seni gutlabermelimi?
--Ýalňyşýaň. Meni gutlamaly däl. Gutlanmaly adam Berkeli boksçy.
--Düşünmedim.
--Düşünmeseň, häzir men Aýläläniň Berkeli boksçynyň maşynyna münüp gidenini gördüm.
--Nätdiňaýt?
--Hakykat.
--Men ony hemmämiziň gözümizden, ýadymyzdan hemişelik uçandyr öýdüp ýördüm…
--Ol uçupdyr-da, bireýýäm Aýläläniň ýüregine baryp gonupdyr.Biziň bolsa beýle ýagdaýdan habarymyzam ýok.Utuldyk. Onuň üçin Aýläläni ýigrenmerisem. Utulsaňam mert bolmaly.
--Durmuş gaty çylşyrymly zat eken. Ruhdan düşme, Hajy.Roman ýazmak üçin ýene tema, material tapylar.Başymyz ýaş-a.
--Görmeli-dä… Sag bol!
Hajy ýene maşynyň ruluna kellesini goýýar.

## 78.

Gapyny açyp, bosagada duran Aýjany gujaklap, ogşap aýrylan Ejegül:
--Jaň edip gelmeli ekeniň-dä—diýip, nägilelik bildirýär.—Taýynlyk görerdik. Gel, geç, dogan!
Içerik birki ädim giren Aýjan Aýläläni görüp dünýäni unudýar.
--Aýläle-da şü!---diýip, Ejegül ylgyrýar.
--Men seni on bäş ýyl bäri göremok, Aýläle jan!—diýip, Aýjan ony bagryna basýar, ýaňagyndan ogşaýar.
Zordan onuň goltugyndan sypan gyz:
--Aýjan daýzamy?—diýip ejesinden soraýar.
--Tanadyňmy?

--Ýok, çak etdim.
--Özüne ýakynyň kimdigini aňmaly-da, kalby syzmaly-da!—diýip Aýjan hoşwagt bolýar.

Aýläle ýylgyrýar.Ýylgyryş ony Aýjana öňküsindenem owadan edip görkezýär. Aýjan oňa seredip durşuna içini gepledýär: “Ine meň gelnligim, Ine meň törüme geçmeli maşgala!”

Aýjanyň özüni gözi bilen gujaklap, sözi bilen sypalap durşundan birneme utanan Aýläle, ondan sypmak üçin:

--Çaý goýaýynmy, eje?—diýýär.

--Çaýy özüm goýaryn. Sen dükana gidip gel. Aýjan daýzaňy üýtgeşik süýji-kökeler bilen hezzetlemesek bolmaz.

Aýläle çykyp gidýär.Ejegül aşhana girýär.Aýjan onuň yzyndan barýar.

--Aýjan dogan, dulugyň biraz çişäýipmi? Dişiň agyrsa, Läläň ýanyna baraýgyn. Ökdejemiş diýýäler.Barmazyňdan bir gün öň maňa jaň etseň, duýduryp goýaýaryn.

--Dişim -ä agyranok welin, birki gün bäri dulugym çişýä. Ýöne, diş-piş hiç-le, Ejegül jan. “Göleli sygyrdan gürrüň edeli-le”. Ýaňky gyz meň gelinligim bolmalymy?

--Öňki gezegem aýdyşdyk; bular öz göbegini özleri kesýän çagalar-da.

--Adaglysy bar diýip ýüregimi ýarmasaň bolýa, dogan. Galan meseläni özümiz oňarjak bolarys.

--Näbleýin..

-- ………???

--Bar bolsa menem aňardym-la…

--Tas ýüregimi ýarypdyň. Şeý diýip meni ynjalt ahyryn!

79.

Ejegüliň öýi. Agşamlyk owkadyndan soň eneli-gyzyň arasynda Aýläläniň ykbaly barada gürrüň başlanýar.

--A gyz, senem indi ýigrimi ýaşdan geçdiň…

Aýläle çalaja ýylgyrtp gepleýär.

--Näme diýjek bolýanyňy aňýan, eje.

--Aňsaň, oňa ýetesi zat ýok.

--Men seň ýekeje çagaňam welin, eýýäm irizäýipdirin öýdýän?

--Akyllyja geple. Men senden başga kime guwanmaly, kimiň aladasyny etmeli? Hemişeler uzak wagtlap arkasy ýapylman oturan gyz kemli ýa-da betbagt hasap edilýärdi… Gapymdan geleni Aýnabat daýza jogap berşiň ýaly etjek bolsaň, işigimizi açanam tapylmyýa.

--Şol meselede biraz gyssanma eje.

--Gyssanma diýip, bir hokga çykaraýmagyn, gyz. Özüňem menden syr saklamagyn. Nä biri bilen tanyşdyňmy? Şol Aýnabat daýzalaram gurply, abraýly ýermişin…

--Men o daýzaň ogluny tanaýan, eje.

--Indi ogluny tanaman özüni tanaýanyň gelmekçi. Şonda näderkäň?

--Gapymyzdan hyrydar gelýän bolsa, näme üçin men ondan bihabarkam?

--Wagty-sagady gelende habardar edilersiň. Biri bilen tanşan bolsaň-a aýt.—Aýläläniň “hawa” ýa-da “ýok” hem diýmän dymmagy Ejegüli gyzyklandyrýar.—Nirede tanyşdyň?

--Köçede—diýen Aýläle ýene bir zatlar aýtjak bolýar, emma ejesi ona gepini dowam etmäge maý bermeýär. Ejegül gaty geň galmklygyň alamatyny görkezip elini öz ýakasyna ýetirýär.

--Indi men kimdir biri bilen köçede tanşyp durmuş gurýan gyzly ene boldummy?

--Bir ýerde tanyşmaly bolar ahyryn? Ýakaňy tutuberýäň- le, eje…

--Seň ejeň ýok. Gepleme.—Ýedi arkasyna belet, gül ýaly joram gapymy açjak bolup durka, men seni köçede tanşylýanyň yzyna tirkäp goýbermen.

Ýagdaý Aýläläni daşky gapa tarap ýöremäge mejbur edýär.

Bokurdagy dolan Ejegül onuň yzyndan gygyryp galýar.

--Indiki hepde-de Aýjan daýzaň ýörite geljekdir. Men oňa belli jpgap bermeli bolaryn. Şony bilip git.

80.

Teatrdan çykylandan soň, Aýläle bilen Berkeli giň şaýoluň gyrasy bilen gündogara tarap pidip barýarlar. Gijeki parahat şäher hasam gowlanypdyr.Owadan agşamyň, ýakymly ýemalyň iki juwanyňam keýpini hasam gowlandyrandygy olara keseden seretseňem bildirýär.Ýöne Aýläle bilen Berkeli el-ele berip baraýanam bolsalar, olaryň häzirki gatnaşygynda ýuwanaklyk, “öňdebaryjy” söýgi alamatlary görünmeýär.

Öňden içgilidigini mazaly aňdyryp, giň ýanköçä zordan sygýan bir adam gelýär. Ol ýigit bilen gyzyň deňine ýetende:

--Aýak çek, ýaş ýigit!—diýip, buýruk beriji äňeň bilen Berkelä ýüzlenýär.

Ins bermän geçibermeli Berkeli, näme üçindir, saklanýar.

--Näme hyzmat?

--Nähili çilim çekýäň? Maňa filtrsizi gerek.

--Men çilim çekemok..

-- Hm-m… Çilim çekmeýändenem erkek bolarmy? Özüňem owadan gyz bilen gezim edýäň. Owadan gyzlar içmeýän, çekmeýän ýigitleri ýigit hasap etmeýäler. Sen şony bilýäňmi?

--Bilýän. Bilýän, ýaşuly.

--Bilýän diýseňem bilýän-ä meňzäňok.

Aýläle Berkeliniň elinden çekýär.

--Ýörsene!

Berkeli ýöräberende serhoş:

--Eýýäm jylawuňy eline beripsiň, gadyrdan. Indiden beýläk aýak ýoluna gitmeli bolsaňam şondan rugsat sorap gidersiň, bagty ýatan. Häzirki zamanyň erkekleri şeýle süpük boldular-da. Biz ýaly hakyky erkekleň adyna ysnat getirdiňiz…

--Gürleşesiň gelýän bolsa, saňa men gürrüňçi bolaýaryn.Ýör, tizräk!—diýip, Aýläle Berkelini gyssaýar.

Ýöräp ugran Berkeli:

--Serhoşyňky ýaly özboluşly gep taparmyň?—diýýär.

--Ony-ha başarman—diýip, Aýläle gülýär.

Ýene bile esli ýöränsoňlar Aýläle özüni bir tatapa çekýän Berkeliniň elinden elini aýyrjak bolýar. Emma başarmaýar. Gaýtam, ýigit gyzy az-kem gyra, leýlisaçyň şelpelerine tarap çekýär.Olar şol ýerde az-kem saklanýarlar.Berkeli asmandaky dolan Aýa seredýär. Şu mahal başga hem söz tapmadyk gyz:

--Nämä seredýäň?—diýen sowal berýär.

Owadan şäher, owadan Aýly ýagty agşam Berkeliniňem agzyna söz salyp berýär.

--Asmanyň öz Aýlälesi-- ýokarda. Meniň Aýläläm-- ýanymda…

Aýläle bilen Berkeli bir-birege golaýlaşýarlar.Aý şöhlesine lowurdaýan leýlisaç şelpeleri perdä öwrülip, juwanlary görer gözden gizleýär.

81.

Ýigit bilen gyz Aýlälaniň ýaşaýan ýerine ýetip barýarlar.

--Sagbollaşamyzda näme diýmeli?

--"Ykbal köçesinde" duşuşýançak diýmelimi?—diýip, Aýläle gülýär.—"Ykbal köçesi" diýen sözi ikimiziňem ejemiz halanok.

--Halamasalar halar ýaly täsir etmeli bolar.

--Nädip?

--Men seni öz ejem bilen duşurmaly, Aýläle…

82.

Agşamara. Aýläle telewizorda bir filme tomaşa edip otyr. Aşhanadan Ejegül çykýar-da, diwana geçip oturýar.

--Hany, şol telewizoryňy ýap, gyz.

--Gyzykly kino gidýär, eje…

--Meniň seň bilen etjek gürrüňim telewizoryň kinosyndan müň esse wajyp.

--Ana, gutardam-la.

-- Hudaýa şükür! Meň wajyp diýänim ýene şol öňki gürüň.

--Aňýan.

--Aňsaň, Aýjan daýzaň gelmekçi…

--Gelse-ge, men edil häzir gutarnykly bir zat aýdyp biljek däl, eje. Gowysy, sen ony umydygär etme-de, jogabyny beräý.

--O nähili jogap?  Näme diýmeli?

--"Jora jan, men seni gaty gowy görýän. Ýöne sen bir aý—ýarym aý gijä galdyň" diýäýmeli. Ol akylly aýal. Gepe düşüner.

Ejegül eýýämden gaharlanyp başlaýar.

--Sen Aýjanyň aklyny kesgitlejek bolma-da, öz ykbalyň aladasyny et.—Aýläle uzak wagt dymansoň.—Sen meni geplemän ýeňjek bolýaňmy? Eneň seň ýamanlygyňa çapýandyr! Çül-çüp  çagaly öýüň dördünji gelni bolup düşen gyzlaryň günündenem habarymyz bar. Sen päliňden gaýt-da, ejeň diýeni bilen bol. Ýalňyşma. Öz eliň-öz ýakaň bolar. Aýjandanam adam let iýmez. Men oňa belet. Ölýänçä seni eliniň aýasynda saklar.Oglam akylly-başly ogul bolmaly. Gaýnata boljagam parahat, akylly adam.

--Men onuň ogluny görmesem, tanamasam…

--Seni şu gün süýräp äkidýän ýok, gyz. Sen Aýjanyň ogly bilen görüş, tanyş. Belkem, sulhuňyz alşar… Aýjan daýzaň dişem agyrýamyş. Baraýsa dagy oňatja serediň. Özüň başarmasaň, saňa iş öwredýän mugallymyň seretsin.”Ejemiň jan ýaly jorasy” diý.—Aýläle ýylgyransoň.—Nämä ýylgyrýaň?

--Ejeň jorasy bolsa-ha “oňatja”, başgalara-da “erbetje” seretmelimikä? Gippokratyň kanuny bar. Doktor hemme näsary deň göz bilen görmeli.

--Men seň Gippekratyň bilenem, Mekgekratyň bilenem işim ýok.Meň öz kanunym bar.Senem şol kanun bilen bolmalysyň. Ejeň jorasy barsa, oňa başgalardan başgarak seretmeli.

--Bor, eger barsa, men oň dişli meselesi üçin elimden geleni ederin. Ýöne ikinji meselesini çözmek meniň elimden gelenok, eje.

--Eliňden getirmeli bolarsyň, Aýläle!—diýip, Ejegül gaty ynamly gepleýär.

83.

Aýläläniň poliklinikadäky praktiki okuw geçýän otagy. Aýjan näsagyň oturgyjynda otyr. Üöne ol diş bejertmäge däl-de, ony bahana edinip gelene meňzeýär. Ol ýüzüni bir tarapa sowup, Aýläläniň elindäki guraly agzyna eltdirmeýär.

--Men siziň dişleriňizi barlaýyn, Aýjan daýza. Eger çylşyrymlyrak bolup, bejermek özüme başartmasa, bize diş bejermegi öwredýän mugallymy çagyraýaryn.Ol goňşy otagda.

--Ýök-ýök, del adam çagyrma.Henize çenli diş agyrydan adam ölüpdir diýip eşidemizok. Menem ölmen. Seň bilen entek ikiçäk gürrüňimem bar meň. Diş üçin ullakan alada-da etjek bolma.Sen-ä, Läle jan, meň dişimi görersiň, menem seni görerin diýip gaýdyberdim.

--Men oňa gaty ynaýan, Aýjan daýza. Ýöne siz biraz geplemän oturyň. Men bejeremesemem, geleniňize görä dişleriňizi barlaýyn.

--Ýok! Tersine edeli-le. Ilki gepleşeli, dişe soň geçeli… Gije-gündiz Hudaýdan edýän dilegim—seni meň törümde oturtsa.

--Öýde ejemden her gün eşidýänimem şol gürüň. Indi bu ýere gelen Aýjan daýzamam gürrüňini şondan başlaýar.

--Sebäbi ejeň bilen Aýjan daýzaň saňa ýagşylyk arzuw edýär-dä. Aýdýan-a meň Hudaýdan dilegim sen.

Aýläle içinden: “Hudaýdan dileg etmek aýyp däl, Aýjan daýza. Ogluň ogul bolsa, törüňem boş durmaz”.

--Men-ä saňa-da, jorama-da gaty bil baglaýandyryn, Läle jan…

AÝlÄLE: “Bil baglanyňdan netije ýok, Aýjan daýza. Sen gijä galdyň”

Aýläle diş gyrýan maşyny eline alýar.

--Gyýçak ýaly bolyp duran diş bar.Şony azajyk gyraýyn. Ýogsam ol agzyň içini ýaralar.

AÝJAN. Şu hazanyň sesini eşitsem, dünýäm daralyberýä-dä meň.

AÝLÄLE. Şunuň sesini halaýan adam ýok.Kalbyňyzy giňräk tutuň, Aýjan daýza! Aýjan agzyny açmga mejbur bolýar.

84.

Aýläle uly köçäniň gyrasyndaky owadan agajyň saýasyndaky skameýkada ýeke özi otyr.Durmuş joş urýar—köçeden dürli kysymly, dürli reňkli maşyn bary nirädir bir ýere gaty howlugýan ýaly eňşip barýarlar.Ýanköçeden gidip barýan pyýadalar ulaglardanam beter.Olaryňam arasynda gyssanyp öňden barýandan ozyp geçýänem, äwmezlik bilen ýuwaş ädim urup barýanlaram bar. “Şunça adam—şonça-da dünýä. Her kimiň öz maksady, öz aladasy.” diýip Aýläle içini gepledýär. Birdenem onuň nazary giň köçäniň beýleki tarapyndaky jaýyň ýüzündäki “1950” (mysal üçin) diýlip ýazylan sanlarda saklanýar. San köçäniň ada derek goýlan nomeri. Aýläle oňa üns bilen seredip otyrka, diwardaky nomeriň ýüzüni ilki duman basýa-da, sanlara derek harplar bollýär. Harplar “YKBAL KÖÇESI” diýen manyny aňladýar. Aýläle çalaja ýylgyrýar. “ Şu köçe, dogrudanam, Berkeli ikimiziň ykbalymyzy birleşdirjek köçe bolup galaýjakmyka?”

Aňyrrakda ýanköçeden Berkeli peýda bolýar.Ol Aýläläni görüp, elini galdyrýar. Aýläle hem oturan ýerinden Berkeliniň hereketlerini gaýtalaýar.

Berkeli gelip skameýkada ornaşýar.

--Kän garaşdyrdymmy?

--Känem däl. Diňe şu köçäniň san adyny söz ady bilen çalşyrmaga ýetişdim.

--Düşünmedim—diýip, Berkeli geňirgenýär.

Aýläle köçäniň beýleki tarapyndaky 1950 diýen sana tarap seredýär.

--Ana, şol sana derek başga at ýazdym.

--Indi düşündim.Dogrudanam, boş sana derek “Ykbal köçesi” diýseň has gelşikli bolaýjak ýaly.

--Ol şeýle welin, onda “Ykbal köçesinden” ozal “Ykbal arçasy” ýa-da “Ykbal çynary”diýen ady hem ulanmaly bolar.

--Sen şol eken nahalyňy ýatlaýarmyň.

--Ikimiziň bile eken nahalymyzy. Ikimizi ilki sataşdyran şojagaz nahal boldy ahyryn. Şol nahaljyk bolmadyk bolsa “Ykbal köçesi-de” döremezdi.

--Onyň dogry.

-- Sen häzir şol maňa ekişen arçaňy tanarmyň, Berkeli?

--Kyn mesele. Ýüzlerçe bir meňzeş bolup ösüp oturan agaçlaryň içinden şojagaz nahaly gözläp tapaýmak hiç kime-de başartmaýmasa.

--Maňa başardar—diýip, Aýläle ýylgyrýar.

--Ynanman…

--Men seni oňa ynanar ýaly edäýerin.

Aýläläniň ýüzüne aýdylana ynam etmeýän many bilen sereden Berkeli egnini gysýar.

85.

Aýläle bilen Berkeli şäher etegindäki arçalykda.

--Arça ekilen meýdanyň aňyrsyna göz ýetenok welin, sen şol arçany taparyn diýp ynam bilen geplän bolýaň. Hany tap-da.

--Taparyn.

--Ýöne sen şol nahal eken ýeriň töweregindäki gabat gelen arçany görkezibem “Ine, şol!” diýseňem, maňa ynanaýmakdan başga çykalga galmaýar.

--Birinjiden-ä, men iňňe ýaly zatda ýalan sözlesemem tutylýan, Ikinjidenem, men saňa ynanmazçylyk etmäge ýol goýman.

--Hany, göreli!

Aýläle hiç tarapa sowulman, göni “öz arçasynyň” ýanyna baryp durýar.

--Ine şol arça.Ikimiziň arçamyz.

Berkeli başga bir arça nahalyna tarap elini salgaýar-da, ýylgyrýar.

--Ýok, biziň arçamyz ol bolmaly.

--Ýaňsylan bolma. Näzir men seni ýaňsylamaz ýaly ederin.—Aýläle Berkeliniň görkezen arçasynyň ýanyna barýar.—Hany şu arçanyň şoldugyny ynandyrar ýaly deliliňi gökez-dä onda.

--Mende-hä delil ýok welin, sende-de ýokdur.

Aýläle “öz arçasynyň” ýanyna barýar.

--Hany, bärik gel!—Berkeli gelip duransoň ol özüniň arça şahasyna dakan “nyşanyna” tarap elini uzadýar.—Şuny görýäňmi? Şu meýdandaky müňlerçe düýp arçanyň diňe ýekejesinde şeýle bellik bardyr.

Aýläläniň belligini eli bilenem elläninden soň Berekeli:

--Dogudanam sen mamla!—diýip, haýrangalyjylyk bilen başyny ýaýkaýar.—Indi ynanýan.Bu biziň arçamyzdyr.

--Biziňki!—diýip, Aýläle ýylgyýar.

86.

Aýjanyň öýünde. Agşamlyk naharyny iýip bolan Berkeli;

--Eje!-- diýip gygyrýar.Ejesi aşhanadan çykyp gelensoň, keýpi kök ogly ýylgyryp gepleýär.—Agşamlyk naharymam iýip boldum welin, gürrüňiňe başlaňok-la?

--Ynha, erte-birigün kakaň gelende hakyky gürrüň başlanar-- Ýüzi birneme gaharly Aýjan oglunyň garşysyna, stol başyna geçip oturýar.

--Gepiňi gyşardan bolma, ogul. Şu gün seň bilen iň soňky gezek aýgytly gürrüň bolar.Şu günem maňa hä diýmesem, goý, senli meseläni kakaň özi boýnuna alsyn.Men saňa aýda-aýda ýadadym, ogul.

--Başlaber!

--Başlasam, men joram bilen dilleşdim. Birigün agşamlyk sen meň bilen olara myhmançylyga gidýäň-de, joramyň gyzyny görýäň, tanyşýaň…Sen ony görseň…

--Seň göwnüňi ýykmaýyn, gideýin, eje.

--Mynyň aýry gep. Şeýdip senem adam bol-a.

--Ýöne, bir şert bilen.

-- Men hemme şertiňe razy, gitseň bolýa. Sen o gyzy görseň…Hawa, şertiň näme?

-- Halaýan gyzyňy görmek üçin birigün agşam men seň bilen gidýän. Meň halaýan gyzymam ertir saňa görünmäge gelýär.

--Başy başlanan döwletli işi sen oýun-henege öwürjek bolma, ýigit. Özüne gaýnene boljagy-bolmajagy entek belli hem däl nätanşyň üstüne utanman, öz aýagy bilen özüni hödürlemäge gelip bilýäň maşgalany men gelnim diýip duluma geçirip bimen.Ony men görjegem bolmaýyn.

--Muny beýtmäli, eje. Men seň şertiňe durýan, senem meň bilen ylalaş. Eger meniň ertir getirjegim göwnüňe ýaramasa, birigün seň diýýäniňi görmäge gidýäris.

Aşaky dodajyny dişlän Aýjan, sesini çykarman ýere bakýar.

87.

Berkeli bilen Aýläle Aýjanyň öýüne tarap pyýadalap barýaralar.Aýläle başyny ýaýkaýar.

--Gelşikli-hä däl, Berkeli. Seň göwnüň üçin gözümi ýumaýmasam, gelşikli däl.

--Sen meň göwnüm üçin, men ejemiň göwni üçin… Göwünler ýykylmasa gowy.

--Kyn öz-ä…

--Nämesi kynmyş? Bararsyň, salamlaşarsyň, gaýdarsyň…

88.

Aýjanyň ýaşaýan köp gatly jaýy.Ýigit bilen gyz ikinji gata galyp, ýüzüne “4” ýazylgy gapynyň öňünde saklanýarlar.Berkeli gapynyň jaňyny görkezip, Aýlälä “bas” diýip ümleýär-de, ýylgyrýar.Egnini gysan gyz onuň aýdanyny goldaman, başyny ýaýkaýar. Jaňy Berkeliniň özi basmaly bolýar.Aňyrdan açaryň şakyrdysy eşidilýär.Utanýan hem tolgunýan Aýläle ýaýdanýar. Onuň elleri, eginleri çalaja titreýär. Gyzyň uly planda görkezilýän gyzaran maňlaýynda, ýaňaklarynda der damjajyklary peýda bolýar…

2009.

ATAJAN TAGAN

# Y K B A L K Ö Ç E S I

(powest)

Aşgabadyň merkezinde gurlan täze mekdebiň onunjy synpynda sapak geçip gutaran, saçyna çal sepen mugallym Berdi Möwlamowiç okuwçylaryna gaýtadan ýüzlendi.

--Aşakda asylan bildirşden eýýäm habarlysyňyzam welin, meseläni gaty wajyp hasaplaýanymyz üçin menem ony size gaýtalap ýatlatmaly edýärin…

Ýaşuly mugallym ýurdy gür baglyga öwürmegiň manysyny onunjy synpyň okuwçylaryna däl-de, alty-ýedi ýaşly çagalara düşündirýän ýaly gaty agras görnüşe girip, gürrüňi örän aňyrlardan aýlap başlady.Ýurdy saýaly ýa-da miweli agaçlara bezemegiň medeniýetlilikden, döwletlilikden nyşan bolany sebäpli, oňa gadymy grek imperiýasy zamanynda-da uly üns berlendigini, öz topragymyz barada aýdylsa on- on birinji asyrlarda dünýäniň gözel şäherleriniň biri bolan Merwde jahanyň dürli ýerlerinden gelen taryhçylary, alymlay haýran eden çarbaglaryň köp bolandygyna çenli aýdyşdyrdy. Şonuň üçinem ertir paýtagtdaky hemme orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylary, ýokary okuw jaýlarynyň talyplary üçin ýowar yglan edilmeginiň aýratyn bähbitli işdigini nygtady.Mugallym sözüni şeýle tamamlady.

--Tutuş mekebimize, şol sanda biziň onunjy “B” synpymyza-da oturtmak üçin belli bir san nahal bölünip berildi. Okuwçylaymyz bu derwaýys işde hiç kimden yza galmaz diýen ynam edýärin.Ýowara siziň synp ýolbaşçyňyz hökmünde meniň özümem gatnaşýaryn.Ýöne ertirki döwletli işe gözegçilik etmegi Hajy Nuryýewe tabşyrýaryn. Garşy dälmisiňiz?

Inçesagtdan görmegeý oglan ýerinden turanda, synpy dolduran elçarşyşma, mugallymyň teklibiniň goldanýandygynyň alamaty bolup ýaňlandy.

Okuwçylar synpdan çykyp ugranlarynda, jorasy Gunça bilen tirkeşip barýan Aýläle Hajynyň egnine çalarak kakyp goýberdi.

--Men seni başlyk saýlanmagyň bilen çyn ýürekden gutlaýayn, Hajy Batyrowiç Nuryew!

--Başlyk saýlananymy çyn ýürekden gutlanyň üçin menem saňa halys ýürekden minnetdarlyk bildirýäin, Aýläle Şadyewna Muhadowa!—diýip, Hajy hem Aýlälä özüniňki ýaly äňeň bilen jogap gaýtardy.

Aýläle bilen Hajynyň arasynda bolan gep atyşmasyna, Aýläläniň synpdaşynyň egnine kakyp geçmesine hiç kim üns hem bermedik ýalydy welin, asyl beýle däl eken.Ikinji gatyň basgançagyndan aşak düşüp barýarkalar, Yklym atly pes boýly, dykalanan ýaly semiz hem çypar sary oglan uzyn boýly, çakdanaşa arryk ýoldaşyna degişýändigem çynyny aýdaýandygam onçakly düşnükli bolmadyk tukat ses bilen ýüzlendi.

--Ýolbaşçylyga saýlanan bolsam, synpymyzyň iň owadan gyzy Aýläle meňem egnime kakyp geçerdi.

--Näme, egniňe kakylmaýany üçin kemsinýäňmi? –diýip, ýylgyryp jogap gaýtaran ýoldaşy Yklymyň egnine bat bilen urup goýberdi.—Me, oň üçin kemsinip ýörme.

Entireklän Yklym ýykylmakdan zordan saklandy.

--Sen Aýläle däl ahyryn. Saňa Artyk diýýäler. Bedeniňde-de et bolman diňe süňk bolany üçin eliňem daş ýaly—diýip, Yklym urlan egnini tutdy.—Aýläläň Hajynyň egnine kakan eli seňki ýaly gaty däldir. Men kemsinibem duramok welin, egnime saňa derek Aýläle kaksa ýakymly bolardy.

--Aýlälä gowy görünjek bolsaň, senem Hajy ýaly uzyn bol, görmegeý bol.

Artygyň sözleri Yklymy öňküsindenem tukat geplemäge iterdi.

--Hiç mahalam meň boýum uzyn bolmaz…
--Alada et, sporta gatnaş, azrak iý. Irden öýňüzdenem garnyňy doýrup gaýdýansyň. Mekdebe gelibem her arakesmede bir bulka iýýäsiň.Beýtseň, boýuň özmez, iniň öser. On sekizem ýaşaňok welin, agramyň ýüz kilodan geçýär.
--Bulka iýýänim hakda aýdýanyň dogry. Ýöne agram hakda aýdanyň nädogry.Men ýüz däl, segsen dokuz kilo çykýan.
--Şu boýuňa şonam az göräňmi?
--Az göremok. Ýöne men üç günde bir bulka iýip oňup bilemok. Ajygsam aşgazanym titräberýä.Soňam başym aýlanýa. Ýöne, men aç gezsemem boýum ösmez. Sebäbi kakamam keltejik.Ejemiňem boýy uzyn däl. Ejesi bilen kakasy kelte oglan uzyn bolmaýamyş.
--Olam gaty dogry däl welin, kelte boýlularam söýýäler ahyyn. Aýläle-de seni birden söýse-de söýüberer. "Söýgi görk islemez" diýýäler.
--Ol mümkin welin, hiç kim söýmese-de, boýuň uzyn, görmegeý bolsaň gowudyr-la.
--Ol başga gep. Öne egnine kakyp geçeni bilenem sen Aýläle Hajyny halaýandyr öýtme.
--Meni halaman, seni halaman, Hajyny halaman, Aýläle onda kimi halaýarka?
--Biziň mekdebimizde okaýan uly oglanlaryň hemmesi Aýläläni halaýar, Aýläle bolsa olaryň hiç birini-de halamaýar.
--Ahyrsoňy olam biri bilen dumuş gurmaly bolar-a? Ýa ol durmuş gurmak hakda pikir etmeýärmikä?
--Sen onuň durmuş gurmagynyň pikirini etme-de, oňa özüňi halatmagyň aladasyny et. Belkem maňlaýyň çüwer.
Süýem barmagyny çekgesine ýetiren Yklym ýoldaşyna "Kelläň ýok" diýen yşarat etdi.
--Beýden bolma. Durmuşda her hili ýagdaý bolýar. Ynha, meň kakam bigörk, ejemem gaty owadan. Özem kakamdan on bir ýaş kiçi. Halaşyp toý edipdirler. Senem Aýläleden tamakin boluber.
--Aý, Aýläläni birneme götergileýälerem. Hajy Nuryýewem dörtlülsiz okaýar. Ýöne bilim olimpiadasyna welin Aýläläni iberjekmişler.
--Dogrusyny dogry aýtmaly, Yklym. Himiýa gezek gelende mekdebimizde Aýläleden ökde okuwçy ýok. Ynha, görfersi, olimpiada iberselžer ol hökman ýeňiji bolar…
Iki ýoldaş mekdebiň gapdalyndan geçýän köçä ýetenlerinde, bir owadan ýaş aýalyň özünden kän uludygy mese-mälim bildirip duran, çekgesi mazaly çalaran hem bigörk adamyň tirseginden tutup gelýändigini gören Artyk ýoldaşyny çalarak hürsekläp, olara tarap ümledi.
--Düşündim—diýip, Yklym ýylgyrdy.
--Düşünen bolsaň, göwnüçökgünlik etme.
Aýal bilen erkek köçäiň beýle tarapyna geçip, golaýda duran täzeje "Toýotanyň" ýanyna bardylar.Çalsaç adam maşynyň gapysyny açyp owadan aýaly aýratyn bir hormat bilen ulaga mündirdi-de, özi hem rula geçdi. Bu gezek Yklym Artyga yaşarat etdi.
--Menem düşündim—diýip, Artyk jogap gaýtardy.

--Eşitdiňmi? Hajy Nuryýew mekdebi dörtlüksiz gutarsa, ene-atasy oňa ýeňil maşyn sowgat etjekmiş—diýip, Yklym habar berdi.
--Ony-ha eşidemok welin, kakasynyň Haja uruşgan it alyp berendigi-hä gulagyma degdi. Maşyn edinse-de gowy-da. Gabat gelse, barjak ýerimize elter.
--Puluny tölerseň.
--Tölemeseňem mündirer. Hajy beýle gysganç däl-ä…

*

Şäheriň etegindäki giň meýdan adaty däl bir görnüşe geçipdi. Adamlaryň kändigi bu ýere diňe bir nahal ekmäge däl-de, başga bir has wajyp iş bilen üýşülen ýaly ýagdaý döredýärdi. Ýük maşynlary ekilmeli nahallary getirýärdi. Başga bir maşyndan pil, bedre, dyrmyk düşürýärdiler.Ullakan çeleginiň böwrüne "Suw" diýlip ýazylan ulaglaram peýda boldy.Telim ýere üýşürlip otlanan haşal otlardan görerilýän ýeňiljek tüsse asmana galyp gözden ýitýädi.Ses güýçlendirýän gurallardan ýaňlanýan ýakymly saz giň meýdany gurşan herekete dabara goşýardy.
Okuwçylaryny daşyna üýşüren synp ýolbaşçysy Berdi mugallym ellerini hereketlendirip, ýaşlara bir şatlar aýdyşdyrýardy. Ahyrsoňy onuň özi-de pile ýapyşdy.Kim çukur gaşýardy kim maşynlardan nahal, kim bedreläp suw getirýärdi.
Işleýän adam sany kän bolansoň, aňyrsy iki-üç sagadyň dowamynda çägi-serhedi ýok ýaly bolup duýlan giň meýdana göni hatarlar bilen ekilen ýaşajyk agaç nahallary eýýäm göwün göteriji görk berýärdi. Nahallar ekilensoň sandyklary, nahallara suw guýlansoň çelekleri boşan ulaglar ýuwaş-ýuwaşdan gaýdyp başladylar.
Hajynyň synpaşlary hem edilmli işlerden dynyp, bir ýere ýygnanyp ugradylar. Emma ýoldaşlaryndan uzagrakda az-kem eglenen Aýläle ekilmän galan bir düýp arçany gördi-de, ony taşlap gitmäge ýüregi etmän, güýmenmeli boldy. Uranyňda pili yza zyňyp duran gataňsy ýerde çukur gazmak gyz maşgala ýeňil düşmedi. Emma garaşylmadyk ýerden kömekçi tapyldy duruberdi. Bäş-alty ädmlikdäki ýodadan geçip barýan uzyn boýly, inçsagt oglan gyzyň çukur gazjak bolup kösenip duranyny gödi-de, aýak çekdi.
--Gaty ýerde çukur gazmak saňa aňsat düşmez, gyz—diýip, ol aýak çeken ýerinden Aýlälä habar gatdy.—Garşy bolmasaň, men kömekleşäýeýin?
--Garşy däl—diýip, elindäki pile söýenen Aýläläniň kalbynda ýylgyryp duran görmegeý ýigide çalarak hyrydarlyk duýgusy oýandy.—Sizem arça ekmäge geldiňizmi?
--Hawa. Bu gün tutuş şäher ýowrda… Hany, pili bärik ber!
Ýigit (onuň ady Berkelidi) pili alanda, eli tötänden Aýläläniň eline degdi. Ol iki taraplaýyn çaknyşykdan inçe duýgynyň uçgunlary syçran ýaly boldy. Bir-birine garan gara gözler seretmäge utanýan ýaly, derrewen nazary başga tarapa gönükdirdiler.
Berkeli derrew çukur gazdy. Aýläle hem ekilmän galan arça nahalyny çukura oturtdy-da, aňyrrakda duran suwly bedräni alyp geldi. Bedrä tarap gidende-de, bedräni alyp gelýärkä-de, ýanyna gelip duranda-da Berekeli Aýläläni assyrynlyk

bilen synlady. Aýläle çukura suw guýansoňam, Berkeli aljyran ýaly hiç hili hereket etmän durdy.

--Suw guýlansoň, çukura gum atmaly ahyr,oglan!—diýip.Aýläle ýigide ýüzlendi.

--Wiý, ýogsa-da…--diýip, ol sözlerden soň özüne gelen ýaly bolan Berkeli goýberen hatasyny düzetmäge durdy.Ol nahalyň düýbüne gum atyp bolýança-da gulagynda Aýläläniň "oglan" diýen näzik sesi gaýtalandy durdy…

Aňyrrakda ýük maşynynyň ýanynda üýşüp duran synpaşlarynyň arasyndaky Yklym Aýläläniň haýsydyr bir nätanyş ýaş ýigidiň ýanynda güýmenip duranyny gördi-de, başgalara duýdurman, Hajy Nuryýewe ümledi. Ýagdaýy gören Hajy Aýlälä tarap ugradanda, Yklym hem onuň yzyna düşdi. Ýöne olar Aýläläniň ýanyna ýetýänçäler, gyza kömekleşip bolan Berkeli ol ýerden eýýäm ara açypdy. Hajy bilen Yklym gidip barýan nätanşyň diňe yzyndan seredip galmaly boldular.

--Ýaňky oglan kim, Aýläle?—diýip, Hajy başlyklyk äheňi bilen sowal berdi.

--Men häbleýin onuň kimdigini—diýip, sowala geňirgenen Aýläle öýkeli ýaly ses bilen jogap gaýtardy.—Öz-ä biz ýaly arça ekmäge gelenleriň biri bolmaly.

--Adyny soramadyňmy?

--Tanalmaýan adamyň adyny näme üçin soraýyn?

--Tanalmaýan halyna ol näme üçin seniň ýanyňa gelýär? Sen ony ozal görüpmidiň?

--Birinji gezek görýän.

--Seň bilen näme işi barmyş oň?

--Geçip barýar eken-de, çukur gazjak bolup kösenip duranymy görüp sowlaýdy.

--Çukur gazdyrjak bolsaň, öz oglanlammyzyň birini çagyraýmaly eekeniň-dä. Biz entek ol oglanyň kimdigini tanamaly bolarys.

--Men onuň kimdigini bilerin—diýip, Yklym hem Berkeliniň giden tarapyna seretdi.

--Ony tanamak näme gerekmiş?—diýip.Aýläle Hajynyň ýüzüne garady.

--Gerek, Aýläle—diýip, Hajy uly bir ýykgynçylygyň sebäpkärini gözleän sülçi ýaly bolup, agras gepledi.—Başga bir mekdebiň oglany biziň gyzymyza kömekleşen kişi bolup üstümizden gülmeli däl. Gaýdyp sokulmasyz ýerine sokulmaz ýaly oňa sapak bermeli bolar.

Hajy Aýlälä duýduman Yklyma gözüni gypdy. Yşaratdan dürs many çykaran Yklym syr bildirmeýän kişi bolup aňyrlygyna ýöredi.Hajy blen Aýläle hem iş gurallaryny alyp, synpdaşlarynyň üýşüp duran ýerine ugradylar.

Egni sport eşikli Yklym uly ýaryşyň öňünden türgenleşik geçýän sportsmen ýaly ylgawyny ýazdyrman Berkeliiň deňindenem geçip, esi gidensoň yzyna aýlandy. Ol şeýle hereket bilen yza tarap gaýdanda, garşysyndan gelip, Berkeliniň ýüzüni elin görmekçi bolýardy. Ol maksadyny amala aşyryp, Berkeliiň deňinden elli ädim çemesi geçenden soň aýak çekdi. Ýadawlykdan ýaňa demi demine ýetmeýän Yklymyň ýüregi agzyndan çykaýjak boldy. Ol sojap-sojap gepledi.

--Sen näme, bedip, öljek bolup ýörsüň? Aýlälä kim çukur gazyşanda näme? Onuň azary saňa ýetipmi, samsyk?

…Okuwçylar getirilen iş gurallaryny maşynlaryna ýükläp bolan batlaryna Yklym hem peýda boldy. Ol assyrynlyk bilen Hajynyň ýanyna bardy.

--Ýetdim. Ylgap, deňindn geçen boldum, yza gaýdan boldum… Men ol oglanyň haýsy mekdepde okaýandygyny-ha bilemok welin, ýüzünden tanaýan. Özem biziň töweregimizde ýaşaýa. Käte köçede gabat gelýä.

Aýdylany üns bilen diňlän Hajy tabşyrygy ýerine ýetirilen komandir ýaly bolup razyçylykly baş atansoň:

--Sen Aýläläniň ol oglany tanamok diýen gepine gatybir ynanyp barmagyn — diýdi-- Ol gyz şeýtanlygyny edýändir.

--Dogry aýdýaň. Tanamaýan bolsa, ol oglan öz ýoldşlaryndan aýrylyp, biziňem gapdalynda ýokdugymyzy peýläp, Aýläläniň ýanyna gelmezdi ahyryn.

--Ýogsam näme!—diýip, ýoldaşynyň çaklamasy bilen ylalaşan Hajy Yklyma täze tabşyryk berdi.—Sen ony yzarla. Biz ony öz mekdebimiziň gyzlaryna tarap seretmäge-de ýaýdanyp duran ýalyetmeli bolarys.

Tabşyrygy kabul edýän ýaly Yklym agraslyk bilen baş atdy.

*

Myhmanhananyň owadan jaýynyň öňi gül-gülälekler bilen bezelendi. Jaýyň maňlaýyndaky gyzyl matanyň ýüzüne “Türkmenistanyň mekdep okuwçylarynyň arasynda gtçirilýän bilim olimpiadasyna gatnaşýanlara üstünlik arzuw edýäris” diýen sözler ýazylandy.Myhmanhananyň öňündäki giň aýmançda üç-dört sany uly awtobus garaşyp durdy.

Birdenem eginleri owadan sport eşikli olimpiadaçy ýaşlar myhmanhanadan çykyp başladylar.Olaryň Arasynda Aýläle Muhadowa-da bardy. Ýaşlaryň daş çykmagy bilen töwerege dolan gowur uzaga çekmedi.Ýaşlar şadyýan galmagallaryny öz ýanlary bilen awtobuslara alyp girdiler. Kän mahal geçmänkä-de awtobuslar tämiz hem giň köçä düşüp, ilerik, daga tarap ugradylar.Dürli etraplardan gelen oglan-gyzlaryň nazary awtobusyň daşyndady. Olar kaşaň jaýlary, owadan gülli arassa meýdançalary nebsewürlik bilen synlaýardylar.

Awtobuslar şäheriň etegindäki “Urgan ýoluň” öýjüklerine münülýän ýerine gelip saklandylar. Ýaşlar, has beterem paýtagtdan başga ýerlerden gelenler “howa ýoluna” haýran galyp syn etdiler. Kän mahal geçmänkä olaryň özlerem “howa gämisiniň” ýolagçysy boldular.Ýöne şol pusatdan ozal bu ýere ýygnananlar üçin geň bolup duýlan bir waka boldy. Daşyndan göräýmägä dokuz-onunjy synpyň okuwçysy hasap ediläýmeli gödegräk bir oglan “howa gämisine” münmekden boýun gaçyrdy.

Oglanlaryň biri oňa:

--Sen nä gyz maşgalalarça-da ýokmy? Gyzlaňam hemmesi gorkman münýäler ahyryn—diýdi.

--Nähli söz bilen kemsitseňizem, men şoňa münüp biljek däl—diýip, oglan kesgitli jogap gaýtardy.—Siziň müneniňizi görsemem, ýüregim agzymdan çykarmyka öýdýän.

--Beýle ynjyk ýürek bilen sen olimpiada nädip gatnaşjak?

--Olimpiada simden sallangy kabinada geçenok ahyryn. Onsaňam meni sim üzüler diýp gorkýandyr öýtmäň. Meň bolşum şeýle. Kakamam beýiklikden gorkýa. Belkem ol kesel ýaly bolup nesil yzarlaýandyr.

Oglan-gyzlary goltugyna alan "Howa gämisi" ýuwaşjadan hereket edip ugranda, täk özi ýerde galan oglan ýoldaşlaryna tarap seredip bilmän, tersine bakyp durdy-da:

--Ýere sag-aman dolanyp geliň!—diýip pyşyrdady.

Howa deňzinde sessiz ýüzýän "gämä" atlanan ýaşlar al-asmandan ýere seredip, hezil etdilr.Uly ak şäşer Aşgabat, onuň beýik ymaratlary belentden synlasaň, öz eliň içinde ýaly bolup görünýärdi. Aňyrrakda döwlet baýdagy pasyrdaýardy, Garaşsyzlyk binasy hem şoňa meňzeş belli-belli nokatlar gaýry nyşanlardan tapawutlanyp görünýärdi. Aşgabat aeroportundan asmana galan ak uçar gündogara tarap süýnüp barýardy, golaýrakda bolsa bir bürgüt howada gaýyp ýördi, yzakda türkmeniň ýaşyl sährasy, ondan aňyrda sary çöl ýaýylyp ýatyrdy.Beýle gönüüşi siňe synlap oturan kimdir biri:

--Üstünde gezip ýöremizsoň, ünsem bermändiris welin, asyl biziň çölümizem gözel çöl eken!—diýip gygyrdy.

Başga bir oglan bolsa, ol sözleri ýapyşalga edinip, göçgünli ses bilen aýdyma gygyrdy:

--Çölümiz gösel,
Ilimiz gözel.
Geljege barýan,
Ýolumyz gözel.
Ilimiz gözel,
Ýolumyz gözel…

Aýdyma gygyranyň dirižýorlyk etmeginde "howa gämisindäki" oglan-gyzlaryň hemmesi soňky iki setiri hor bolup, telim gezek gaýtaladylar.

Aýläläniň gapdalynda oturan oglan:

--Aýläläniň örän ýakymly sesi bar eken—diýdi.—Oňa "Howa gämisiniň" birinji baýragyny bermegi karar edýäris. Makulmy?

--Makul!

--Gaty makul!

Ýoldaşlayndan galan oglanyň dileg edişi ýaly, "Howa gämisi" sag-aman yza dolanyp geldi.Ýaşlar ýere düşenlerinde aşakda ýlgyryp duran oglany görenleriň biri:

--Asmana syýahat edip hezil edinen-ä biz welin, ýerde galan nämä ýylgyrýarka?—diýdi.

--Siziň ene topaga sag-aman dolanyp geleniňize begenjimden ýylgyrýan. —Aşakdan seredip durmak münüp gitmekdenem kyn eken. Siz bilen bile giden bolsam gowy bolardy gaýtam.

*

Prezident köşgündäki kiçeňräk zala bilim olimpiadasyna gatnaşanlar hem başga-da çagyrylan adamlar ýygnanypdylar. Kän garaşdyrman, ýurduň Prezidenti peýda boldy-da, ozaldan duran memmeriň arkasyna geçip çagyrylanlara ýüzlendi.

--Mekdep okuwçylarynyň arasynda ýurdumyz boýunça geçiilen bilim olimpadasyna gatnaşan gadyrly ýaşlar!

Hormatly emin agzalary!

Gadyrly myhmanlar!

Ýurdumyzda medeni, tehniki, sport forumlary, oba hojalyk, senagat sergileri ýygy-ýygydan geçirilip dur. Beýle çäreleriň hemmesi-de Watanymyzyň öňe gitmegine ýardam edýän çärelerdir.Ýöne siziň şu günki tamamlan mekdep okuwçylarynyň bilim boýumça olimpiadasyna men has aýratyn üns beremek isleýärin. Sebäbi ylym, bilim bolmasa islendik ýurtda beýleki ugurlardanam öňe tutarlyk ösüş bolmaýar. Ylymly hünärmenleri ýok ýurt, yza gitmese-de öňe gitmeýär. Geçen olimpiadanyň diňe ýaşlar olimpiadasy bolmagy has-sa guwanmaly çäre. Sebäbi siz, ýaşlar biziň şu günümiziňem, ertämiziňem daýanjy bolup durýarsyňyz. Şu güni hem ertesi ýaş, hyjuwly, zehinli hünärmenler bilen üpjün ýurduň birigünininiňem, ýeneki günlerininiňem rowaçlyga sepleşjekdigi öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Atalaryňyzyň, agalaryňyzyň ýeten ýeňişli sepgitlerini dowam etmek indi siziň nobatyňyz. Biz size guwanýarys, ynanýarys, buýsanýarys. Geçirilen olimpiada gatnaşanlaynyň ýokary orun almadyklarynyňam ýekejesi-de utuşsyz däldir. Olayň şeýle jogapkärli, hemmämiz üçinem bähbitli bäsleşige gatnaşmagynyň özi-de uly utuşdyr. Siziň aň-düşünjäňiziň giňemegi mähriban Watanymyzyň mundan beýläk-de ösmegine ýardam eder.Biziň öňe gitmek üçin tutan ýoilumyz biziň durmuşdaky maksadymyzdyr, ykbal köçämizdir. Şol ykal köçesinde halkymyzyň rahat ýöräri ýaly ony çarkandaksyz  saklamakda siziň edip biljek işiňiz örän uiludyr. Ertirki şol jogapkärli borjuňyzy siziň berjaý etjekdigiňize ynam döretmäge şu gezekki ýaşlar olimpiadasynyň netijeleri hem şaýatlyk edýär.Emin agzalaryna, uly çäräniň guramaçylaryna minnetdarlyk bildirýärin.Işiňiz rowaç bolsun! Indi bolsa olimpiadanyň ýeňijilerine Türkmenistanyň hökümediniň hem öz adymdan ýadygärlik sowgatlaryny gowşurmaga rugsat ediň!

( Eger ssenariniň olimpiada epizodunda Prezidentimiziň keşbiniň döredilmegi makul bilinmese, onda ol epizodda çykyş etmeli ( real bolmasa-da) döwlet ýolbaşçylarynyň biri gutlag sözüni aýdyp biler. Ýöne  Prezidentiň tabşyrygy bilen geplän adam biziň baş gahrymanymyza  Gurbanguly Berdimuhammedowyň “Türkmenistanyň dermanlyk otlary” diýen kitabyny welin gowşurmaly bolar.)

Olimpiadanyň ýeňijisi bolan ýedi-sekiz sany okuwçy öňe çykýar.Prezidente ýardamçylyk edýänleriň biri ýeňijileriň atlaryny okap başlaýar. Olaryň arasynda Aýläle-de bar. Aýläläni gutlap, kitap hem gowşuran Prezident:

--Aýtjak zadyň barmy, Aýläle?—diýýär.

Aýläle utanjyrap egnii gyssa-da, ortada duran mikrofonuň öňüne barýar.

--Hormatly Prezidentimiz! Bilim olimpiadasyna ga atnaşanlary kabul etmäge wagt tapanyňyz üçin, aýdan atalyk sözleriňiz, gutlagyňyz üçin biz size çälksiz minnetdarlyk bildirýäris. Biz Watanymyzyň güllemegi üçin amala aşyrlýan uly işlerde size ýardamçy bolup ýetişmegi arzuw edýäris.Mem yrymçy bolmasamam, siziň maňa öz ýazan “Türkmenistanyň” dermanlyk otlary” diýen kitabyňyzy hut yrymçy adam ýaly bolup kabul edýärin. Sebäbi mem lukmançylyk institutyna girmäge taýynlyk göýärin.Siziň meniň nirä okuwa hyýallanýandygymy bilmeýän

halyňyza maň hut lukmançylyga degişli kitabyňyzy sowgat bermegiňizi diňe bir uly sowgadam däl-de, meniň maksadyma ýetjekdigimiň alamaty hökmüde kabul edýärin.Sag boluň, uzak ýaşaň!

Aýläläniň aýdan sözlerini diňlän adamlar el çarpdylar, Prezident hem çalarak ýylgyryp baş atýar.

*

Aýläle jorasy Gunça bilen dokuz gatly jaýda ýaşaýardy.Şonuň üçinem ejesiniň tabşyrygy bilen dükandan çörek almaga ugran Aýläle üçin gapysy açylan liftde Gunçanyň durmagy garaşylmadyk ýagdaý bolmady.

--Nirä ugradyň?—diýip öňürti gunça sowal berdi.Aýläläniň jogabyndan soň ol, näme üçindir, ýylgyrdy. -- Maksadymyz bir eken.

Joralar goňşy jaýdaky dükana girmänkäler, şäheriň gyraragy bolansoň, giňişlik bolup görünýän meýdanda bir topar adamynyň üýşüp durandyklaryna nazary kaklyşan Aýläle:

--Adamlar o ýere näme üçin üýşdükäler?—diýdi.

--Şu ýerde ýaşasaňam, seň habaryňam ýokmy?—diýip, Gunça biraz geňirgendi.—Täzeden bäri mahal-mahal o ýerde it uruşdurýalar. Ikiumiziň synpdaşymyzam olaryň arasynda görünýämiş. Hajy Nyryýew.

--Hajy Nuryýew it edinipmip diýip gulagyma degipdi ýogsamam. Ýöne men ony guwanmak üçin alandr öýdüpdim.

--Men henize çenli it uruşyny göremok-da, Aýläle—diende, Gynçanyň gözleri uçgunakklap gitdi.

--Menem edli sen ýaly—diýp, ol hem gürrüňi edilöän it urşuny synlasa kem görmejekdigini boýun alýan ýaly bolup ýylgyrdy.

Şonlukda joralar it uruşdyrylýan ýere bardylar.Emma ol ýerde ozalam üç-dört sany aýal hem bar bolansoň, gyzlaryň gelip duranyna hiç kim ünsem bermedi.

Her kim, şol sanda Hajy hem öz itiniň boýnundaky ýüpünden tutup durdy. Aýläläniň göwnüne bolmasa, Hajynyň iti beýlekilerden hem daýawdy hem hyýrsyzdy. Synpdaş gyzlaryna birden gözi düşen Haly ilki-hä geňirgenýän ýaly, soňam biraz gabarylýan ýaly boldy.

Adamlary uzak hem garaşdyrman it uruşy başlandy.Öňürti Hajynyň iti bilen başga bir iti orta çykardylart. Hajynyň iti garşydaşyndan güýji ökdedigini garpyşan badyna tomaşaçylara äşgär etdi.Ol beýlekini ilki-hä mazaly dalady, soňam onuň bokurdagyndan agyz salyp, derrew ysgynyny aldy. Hajy itiniň rüstemdigine gabarylyp, “Gördüňizmi!” diýýän ýaly zol-zol gyzlara tarap seretdi.

Garşydaşy ýykylanyndan soňam Hajynyň iti onuň bokurdagyndan agzyny aýyrmady. Hajynyň itiniň ýüzünde, beýleki itiň bokurdagynda gan tegmilleri göründi. “Bes ediň! Öldürmänkä aýryň!” diýen haýbatly sesler ýaňlandy.Bolýan wakany gören Aýläle iki eli bilenem ýüzüni tutup, aşak oturdy. Ol tolgundy, aljyrady, gözleri ýaşa doldy. Birdenem onuň göreçleriniň öňünde başga bir waka janlandy: orta çykyp uruşýanlar itler däl-de, itleriň eýeleri—Hajy bilen başga bir adam boldy. Iki sany it bolsa gyrada durup, eýeleriniň biri-birine ýumruk salyşlaryna tomaşa etdiler.Hajynyň garşydaşy uruşgan eken. Onuň salýan ýumruklary Hajynyň maňlaýynda, ýaňaklarynda ganly tegmil galdyrdy.Emma şonda-da Aýläläniň öz klasdaşyna onçakly haýpy hem gelmedi.

--Hajynyň iti ýeňdi, Aýläle!—diýip, Gunça gygyranyndan soň Aýläle özüne gelen ýaly boldy.

--Ýeňmän geçsin!—diýip ol ýerinden turanyndan soň, pyşyrdady-da aňyrlygyna ýöräberdi.Gunça hem onuň yzyna düşdi.

Itiniň ýňpňni ýanynda duran ýoldaşynyň eline beren Hajy gyzlaryň yzyndan ugrady.

--It uruşdurmak nähili erbetlik eken!—diýip, Gunça özüne habar gatýan ýaly ýuwaşja gepledi.

--Erbetlik diýme, Gunça, wagşylyk diý!. Onda-da baryp ýatan wagşylyk.Men şu gün ömrümde ilkinji hem iň soňky gezek it urşuny görüp, sähelçe-de bolsa adamçylygy bar adam, rehimdarlygy bar adam it uruşdurmaz diýen netijä geldim.Iki sany itiň biri-birini çeýnemeginden lezzet alyp bilýän adam adam däldir, haýwança-da ýokdur…

Gyzlara golý gelensoň, Aýläläniň soňky sözleri gulagyna ýeten Hajy aýak çekmäge mežbur boldy. Onuň göwnüne bolmasa, Aýläläniň "It uruşdurmakdan lezzet alyp bilýän adam adam däldir, haýwança-da ýokdur" diýen sözleri müň esse ulaldylan ses bilen asmanda ýaňlnan ýaly boldy.

Hajynyň gelip duranynam görmedik gyzlar ol ýerden daşlaşdylar.

*

Ýowar güni Aýlälä arça nahalyny ekişen ýigit Berkeli egninden köplenç sportsmenleriň göterýäni ýaly alabeder sumka asyp, uly köçäniň ýanýodasyndan gidip barýardy. Köçäniň beýle tarapyndaky awtobuslaryň saklanýan ýerinde ulaga garaşyp duran Yklym birden Berkelä gözi ildi-de, derrew gitmeli ugruny üýtgetdi. Ol köçäni kesip geçdi-de, Berkelini garama-garama yzarlap başlady. Berkeli bolsa uzak hem gitmän, şäher stadionunyň derwezesinden girip gitdi. Aňtalýan ýigit belli bir ýere sowulýança Yklym hem onuň yzyndan galmady. Ahyram ol Berkeliniň giren gapysyna ýetip aýak çekdi-de, giň zalyň öňündäki aýna penjiräniň gapdalyna çekilip, yzarlanýanyň indiki etjek hereketlerine garaşyp durdy.

Egnindäki geýimleini çykaryp, sport eşigine giren Berkeli el-aýagyny ýazmak üçin az-kem maşk etdi, towsaklady, oturup-turdy, soňam boksýor elligini geýdi-de, özünden birz öň gelip, "söweşe" taýyn bolup duran ýoldaşynyň ýanyna bardy.Olar salamlaşan badyna-da, aňyrdan peýda bolan sport eşikli , çekgesi çalaran, ýüzi agyr adam elini çarpyp, iki ýigidi ringe "söweşe" çagyrdy. Berkeli bilen ýoldaşy aýaklaryna ot basylan ýaly towsaklaşyp bokslaşyga başladylar.Trener käte-käte olaryň "çaknyşygynyň" arasyny bölüp, hereket bilen söz blen bir zatlar öwretdi. Iku ýoldaş baş atyşyp, aýdylan belligi kabul edýändiklerini tassyladylar, "söweşe" ýaňadandan girişdiler. Berkeli gaçgaklap-gaçgaplap, maýyny tapansoň, bir gezek jaýdar urdy welin, garşydaşy tüwdürlip gitdi.Trener Berkelä başam barmagyny görkezdi, beýleki ýigidr bolsa ýene el hereketi bilen "käýinç berdi". Käýnji kabul eden ýigit ýerinden turanyndan soň, bäzleşik ýene dowam etdi. Ringde bolan hereketleri başdan-aýak synlan hem ondan özüçe netije çykaran Yklym başyny ýaýkady-da, stadiondan çykmak bilen boldy…

*

Şol gün gije Berkeli düýş gördi. Düýşde onuň Aýlälä sataşyşy bolşy-boluş ýaly gaýtalanmaga başlady.Bir düýp nahaly ekmek üçin çukur gazyp bilmän kösenip duran Aýläläniň ýanyna sowlan Berkeli:

--Kömekleşeinmi, gyz?—diýýär.

Gyz oňa ýylgyryp seredýär.

--Kömekleşseň-ä kem görjek däl, oglan.

Gyzyň ajaýyp ýylgyryşy, mylaýym sesi Berkeliniň gözünden girip, ýüreginiň teýine baryp ornaýar.

--Hany, pili ber bärik!

Pili oňa uzadan gyz:

--Seň adyň kim?—diýip soraýar.

--Meň adm Berkeli. Seň adyň näme?

--Saňa meň adymy bilmek hökman däl.

Berkeliniň ýere uran pili topraga çüýlenen ýaly gymyldaman durýar. Sowalyna kanagatlanarly-ha däl, has gödek jogap alan ýigidiň özi-de piliň ýanynda doňup galýar.

Düýşüň wakasy şol pursata ýetende, ukudan oýanan Berkeli ýaňsyly ýylgyryp, özüne igendi.”Onuň adyny bilesiň gelen bolsa, düýşüňe girende soraman, hakykatda ýanyndakaň soramaly ekeniň-dä. Indi sen ony, juda bagtyň çüwäýmese taparynam öýtmeghin. Adyny bilkmeseň, familiýasyny bilmesň, okaýan mekdebini bilmeseň…”

Berkeli dikeldi-de, başujunda duran magnitofony açdy.

“Başky söýgüm, şatlyk-gaýgym, nirde sen?
Ala gözli ak maralym, nirde sen?”

“Dogrudanam, şol gyz meniň başky söýgüm bolaýmasyn? Henize çenli ondan has owadan gyzlaram beýdip ünsümi çekmändi ahyryn.Hiç kim düýşüme-de girmändi. O gyzyňam, ýaňky aýdymda aýdylyşy ýaly ala gözlüdigem çyn, ak maraldygam. Ýöne ol saňa düýşde-de adyny aýtmak islemdik bolsa, gözläňde-de tapylmaz”. Şeýle pikir edenem bolsa, ýaş ýigit öz hyýalyny ymytsyz aheň bilen tamamlamak islemedi. “Düýşde göreniň tersine bolarmyş!”

…Berkeli, ejesi, kakasy üçüsi erirlik çaýyny içip otyrkalar, adamsynyň ogluna seredip oturşyny synlan Aýjan:

--On bäş gün aýra gezýäň welin, ogluňy gaty göresiň geläýýär öýdýän, Atak?—diýdi.—Siňe-siňe seredäň-le oňa…

--Men bu mahal Bewrkelä seredip, ogul hakda däl-de, gyz hakda oýlanýan, Aýjan.

--O nä gyz?—diýip, bir ýakymly gepiň bardygyny çaklan Aýjan derrew gyzyklandy.

--Geologiýadaky işgärlerimiziň biriniň ýetişen gyzy bar welin, her gezek öýüne myhmançylyga baramda gözüm gidip gaýdýan. Özlerem Balkanabat şäherinde ýaşaýalar. Şol maşgalany gelin edinip dulumyza geçiräýsek, men-ä arman çekmezdim welin, Berkelem ykbalyndan närazy bolmazdy. Edepli, işeňňir, ortaça görmekli gyz. Öňňil orta mekdebi tamamlady özem.

--Berkeli bilen gözlüje ýaşyt-da onda—diýip, tarypy edilýän maşgalany eýýäm törüne geçirip barýana dönen Aýjan durşy bilen begenje öwrüldi.

--Şol-a meň maňzyma batýa, Aýjan. Ogluň ikinji kursy gutaran badyna aýagyny duşaklaýsak nädýä?

--Men-ä seň aýdýanyňa garşy däl, Atak…

--Sen garşy bolmasaňam, men garşy, eje. Entek öýlenmek diýen gürrüň bolmaz. Instituty gutarmaly, aspirantura hyýallanmaly. Prezidentimizem aspianturanyňam, akademiýanyňam işini täzeden ýola goýdy.

--Öýleneňsoňam instituty gutaryp bolar, ogul. Gaýtadan açylan akademiýa-da, aspirantura-da hiç ýere gaçyp gitmez. Özümiň giç öýlenenime-de henizem ökünüp ýörün. Mekdebi gutaran badyma öýlenäýen bolsam, bu mahala çenli iki-üç agtygyň atasy bolardym.

--Menem gaty garramankam agtyga guwanmaly ahyryn—diýip, Aýjan ogluna agras nazar aýlady.

--Ir öýlenýänleňňem ökünip ýörenleiniň bardygyny siz bilýäňiz-a.

--Sen hökman şol ökünýänleriň hatarynda bolaýmalymy?—diýip, Atak oglunyň aýgydyna garşy çykdy.—Hemme zat tebigatyň kanunyna görä, öz wagtynda boplsa gowy. Ýaz pasly gelmeli wagtyndan gijä galyp gelse, güýzem ir düşse, şol ýyl daýhan oňly hasyl almaz. Durmuş gurmak meselesi hem edil şonuň ýaly. Meniň bir akylly işgärim “Ajala sataşmakdan gaýry zada gijä galmaly däl” diýýä. Senem oýlan. Men o gyzyň suratynam ele saljak bolaryn.

Çaýyny içip bolan Berkeli ýylgyrdy-da, başyny ýaýkap ýerinden turdy.

--Kelläňi ýaýkan bolma, ogul!—diýip enesi oňa gyýa garady.

Atak käsesine çaý guýdy.

--Şu meselede men gara çynymy aýdýandyryn, Aýjan. Sen şony bil.

--Bilemde näme? Aýdýan gepini özüňem eşitdiň ahyryn. Men nä saňa garşy gopýanmy?

--Garşy gopmaýanyňy bilýän. Ýöne bu işde esasy ýüki sen götermeli bolarsyň. Men-ä nä, özüň bilýäň, öýe myhman. Berkeliň hemme islegine baş atyp otursaň, saçy çalarýança-da öýlenmez. Indiki ýaşlar şeýleräk-dä.

Aýjan aýdylany tassyklap baş atdy.

*

Berdi Möwlamowiç sapak geçýärdi. Ol aňyrsyny bakyp duşuna gara tagtanyň ýňzüne san baryny ýazyşdyrypdy.

Hataryň ortaragynda oturan Hajy bir bölek kagyza: “Aýläle! Men uruşgan itimi kakamyň tanyş çopanyna berendigimizi saňa duýdurmak ňçün şu haty iberýärin” diýen sözleri ýazyp, gabat yzynda oturan Aýlälä uzatdy. Aýlalä hem: “Itiňi çopana sowgat edendigiň hakyndaky habaryňy aldym. Men ol habara gaty şat” diýen jogap gaýtardy.

Bir sekuntlygam bolsa gapdala garanda yzda bolýan hereketleri gömäge ýetişen mugallym:

--Bu ýer hat gatnadýan poçta däl, bu ýer bilim ojagy—diýdi-de, ýene öz işini dowam ediberdi. Mana düşünmedik okuwçylaryň käbiri birek-birege sowally nazar bilen seredişdiler.

…Okuwdan soň Hajy bilen Yklym ýanköçeden özara gürrüň edişip barýardylar. Birdenem Hajy egnine kakyp Yklymy saklady.

--Sen maňa bir zady aýt, Yklym. Aýläle soňky mahallarda ulumsulanan ýaly bolup görünýär welin… Şo nämedenkä?

--Ol olimpiadada ýeňiji boldy ahyryn.

--Ondan däl bolaýmasa. Olimpiadada ellä golaý okuwçy, birinji bolmasa-da baýrak aldy… Özem biziň oglanlammyza göwnüýetmezçilik bilen garaýan ýaly. Oň bir sebäb-ä bolmalydyr.

--Näme sebäp bolsun? Aýläläniň durmuşynda-da,şol olimpiadadan başga göze görnüp duran özgerme-hä ýok.

--Men oň göwnünden turjak bolup uruşgan itimdenem dyndym… Ol näme üçin üýtgmeli? Belkem şol nahal ekişen oglan bilen söýşüp ýörendir? Eger şeýle bolsa, ol ikçisiniň arasyny sapak ýolan ýaly ýolmaly bolar. Bir çykalga tapmaly.

Yklym şol çykalganyň tapylajgyna ynanmaýan ýaly Hajynyň islegini jogapsyz galdyrdy.

*

Bir gezek Yklym şäher stadionunyň ýanyndan geçip barýarka "Bildirşler" tagtasyndaky ýazga gözi düşüp aýak çekdi. Tagtanyň ýüzünde uly harplar bilen Ýazylan bildiş bardy: "Şu ýylyň maý aýynmyň on bäşinde biziň stadionumyzyň ringinde mekdep okuwçylarynyň hem talyp ýaşlaryň arasynda boks boýunça ýaryş geçirilýär.Ýayşa ökde boksçy ýaşlar Gurt Amanow, Sazak Gylmyradow, Berkeli Mämmedow, Aşot Petrosýan, Ata Ataýew, Fikret Atakişi, Jöwher Çaryýew hem başgalar gatnaşýarlar. Ýaryş sagat 18-de başlanýar".

Bildirişi okap başlan Yklym: "Okamda näme. Men barybir bize gerek oglanyň adyny, familiýasyny bilemok ahyryn"—diýip içini gepletdi.—Ýöne bu habary barybir Haja aýtmaky bolar".

*

Iki dost şäher stadionuna tarap barýardylar. Yklym:

--Eger ýakyn gatnaşygy bar bolsa, özem bokslaşýan bolsa, ol oglan Aýläläni şu ýaryşa hökman çagyrandyr.—diýip, Haja söz gatdy.--Iň bolmanda, öwünmek üçin. Sportsmenlerem birneme göçmeräk bolýa-da.

--Ikuimizem bir meňzeş pikir edýäs, Yklym. Menem şu mahal edil şol barada oýlanyp gelýärdim. Çakymyz dogry çyksa, biziň synpdaşymyzam stadionda kökman bolar.

--Bar bolsa nätmeli bolar?

--Ýaryşdan soň Aýläle ol oglan bilen tirkeşip gider ahyryn. Yzlaryna düşeris.

--Düşemizde näme!—diýip, Yklym ýylgyrjak boldy.—Ol oglan ikimizem bir uranda ýere ýazar.

--Hökman ýumruklaşmak däl. Nämäniň nämedigini-hä anyklarys-da…

Stadionuň boks boýunça ýaryş geçirilýän ýeri adamdam huryn-dykyndy. Ýagdaý toý dabarasyny ýatladýardy—töweregi baýdajyklar, al-elwan güller bezeýärdi, gulaga ýakymly saz ýaňlanýardy.Ýaryşyň guramaçylary öz aladalary bilen alakjaşyp ýördüler.Zaldakylaryň agramly bölegi ýaşlardy.Olar edil baýramçylyga gelen ýaly oňat geýnüwlidi, joşgunlydy.Hajy bilen Yklym hem tribunanyň ortaragynda otyrdylar.

--Sen sag tarapa, menem çepe—diýip, Hajy görkezme berdi.

Hajynyň “sag-çep” diýmesiniň manysy iki dostuň seretmeli tarapy bilen baglydy.Iki tarapda-da bar bolan owadandan owadan gyzlar Hajy bilen Yklymyň göz dürbüsinden geçip başladylar. Göz derňewi derňemeli ölçegini derňäp bolandan soň:

--Ýok—diýip, Hajy Yklyma habar berdi.

--O tarapda-da ýok—diýip esli salym geçensoň, Yklym hem “derňewiň” netijesini Haja ýetirdi.

--Diýmek, ol ikisiniň arasynda ýakyn gatnaşyk ýok—diýip, Hajy kesgitli gepledi.

--Stadiona gelmezlik gatnaşygyň ýokdugyny doly kesgitlemeýär—diýip, Yklym resmi karar okaýan ýaly pert-pert aýtdy—Belkem zerur işi çykyp, Aýläle bu gün stadiona gelip bilen däldir.Beelki ol oglan bu ýaryşa gatnaşýan däldir.

--Olam mümkin—diýip, Hajy aýdylanlar bilen ylalaşmaly boldy…

Boks ýaryşy başlandy.Ilkinji tapgyrda orta çykan iki boksçynyň hiç biri-de garaşylýan ýigit däldi.Hajy Yklyma sowally naazar aýlady, Yklym “ýok” diýen manyda başyny ýaýkady.

Iki ýoldaş bokslaşýanlara onçakly üns hem bermän, ýene tomaşaçylaryň arasyndan Aýläläni gözlemäge başladylar.Iki ýoldaş ýene bir-birine seredip hereket bilen ýene “Ýok” manyny aňlatmaly boldular.

Ikinji tapgyrda aýmança çagyrylan boksçylara gözi düşenden, Yklym tisginip gitdi.

--Çep tarapdaky uzyn boýly oglan şol —diýip. Yklym gyssanmaç gepledi.

--Ýalňyşaňokmy?

--Ýok. Men ony telim ýyl bäri köçede görýän ahyryn. Ýalňyşamok.

--Bizden-ä ýaşy ulurak bolaýmasa—diýip, Hajy keseden kesen nyrhyny diline getirdi.

--Mümkin. Bu ýaryşa ýokary okuw jaýlarynyň talyplary hem gatnaşýalar ahyryn.

--Sen ony nireden bilýäň?

Yklym ýylgyryp jogap gaýtardy.

--Köçedäki bildirşde ýazylgy.

Ikinji tapgyryň bäsleşigi has gyzykly başlandy.Hajy bilen Yklym öz janköýerlik edýänleri orta çykan ýaly, bokslaşylýan ýmançadan gözlerini aýyrman, tolguna-tolguna tomaşa seretdiler.

Kän mahal geçmänkä, garşydaşynyň güýçli urgusyna çydamadyk Bekeli entirekläp-entirekläp, ahyram ýykyldy.Daş sypatlaryndan hiç zat aňdyrmasalaram, Hajy bilen Yklym Berkeliniň ýykylanyna begenmänem durmadylar.

Bokslaşygyň emini ýykylanyň ýanyna bardy-da, her sany aýdanda-da gyşaryp ýatana tarap sag eliniň süýem barmagyny hem hereketlendirip, haýbatly ses bilen sanamaga başlady. San bäşemi ýa alta ýetende, Berkeli ýerinden turdy. Bäsleşik gaýtadan dowam etdi. Tiz wagtdan Berkeliniň jaýdar urgusyndan soň garşydaşy ýere ýazyldy.Eminiň sanamak endigi gaýtalandy.Emma ona çenli sanalsa-da, Berekeliniň garşydaşy ýerinden turmady.Kömege gelen iki adam ýykylan spotsmeni gop berip gyra çykardy.

Keýpi gaçan Hajy Yklymyň ýüzüne seretdi.Yklymdan jogap herekedi bolmady.

Berkeli ýeňiji diýlip yglan edildi. “Obahojalyk uniwersitetiniň talyby Berkeli Mämmedow ýeňiji boldy” diýip radio habar berdi.”Ady Berkeli, familiýasy Mämmedow, talyp” diýip, Yklym diktoryň aýdanlaryny birneme gysgaldyp gaýtalady.

*

Okuw tamam bolansoň, esasy gapysynyň ýokarsyna “Tükmenistanyň obahojalyk uniwersiteti” diýlip ýazylan jaýdan talyplar çykyp gelýärdiler. Olaryň arasynda Berkeli hem bardy.Ol uly köçä çykylan ýerde bile gelýän ýoldaşy bilen hoşlaşdy. Ol öňünden çykan tanşy bilenem üzugra salamlaşyp ulaglaýň duralgasyna ýetip barýarka özüne tarap gelýän gyza gözi düşüp: “Şol!” diýip pyşyrdady.Emma Aýlälemi ýa-da Aýlälä meňzeş bolup görnen gyz duralgada saklanyp, eýýäm gapysyny açan trolleýbusa girip, gözden ýitdi. Ýanköçede-de, duralgada-da adam kän bolansoň, Berkeli ot alan ýaly bolup ylgamagy ýa-da “Saklan, gyz!” diýip, el bulap gygyrmagy uslyp bilmedi. Ýöne ädimini welin ýygjamlatdy.Emma ýeňsesine ullakan “18” ýazylan ulag arzuw edilen gyzy gujagyna alyp gitdi.Näme etjegini bilmän galan Berkeli kem-kemden daşlaşyp barýan trolleýbusyň yzyndan keýpsiz garap duransoň, köçäniň gyrasyna baryp, geçip barýan ýeňil ulaglaryň birini saklamaga hyýallandy.Ol niýeti hem derrew başa barmansoň, ol indiki gelen 18-nji trolleýbusa haýdap girdi-de, “ýol çalmaga” başlady. Emma aýnadan daşaryk gözüni aýyrman seretse-de, ulag duralgasynda, ýanköçede görerin öýden ýitigine gözi ilmänsoň, geçmeli ýoluny tamamlap, yzyna aýlanan trolleýbus bilen gaýtmaly boldy. Salonda ýeke ýzi galyp, ýene yza-da ugran ýigdi öňündäki aýnadan synlap oturan sürüji mikrofony eline aldy.

--Yza gaýdanyň üçinem pul tölemelidigini unutma, ýaş ýigit. Özüňem-ä bir zat gözleýän ýaly aladalay görünýäň.

Ýylgyrasy gelmese-de ýylgyrmaga mežbur bolup ýerinden turan Berkeli töleg petegine bellik etdi.

*

Okuw gutaransoň, Aýläle mekdebiň howlusynyň öňünde haýsydyr bi alada bilen eglenen Gunçanyň gelmegine garaşyp durdy.

Mekdepden çykyp gelýän Gunça bosagadan ätlän ýerinde gapjygyndan akja elýaglyk çykary-da, gözüni süpürensoň, ony gapjyga, gapjygy hem sumkasyna saldy-da, ýöräberdi. Ýäne welin ol elýaglygyny çykaranda gapjykdaky dört eplenen ellilik puluň ýere gaçanyny görmän galdy.

Aýläle bilen Gunça ikisi uly köçä düşüp gözden ýitensoňlar, haýdap mekdepden çykyp barýan Hajy bosaganyň öňünde ýatan puly gördi-de, ony aldy, az-kem oýlanyp duranyndan soňam, yzyna dolanyp, öz okaýan synpyna girdi, stol başyna geçdi.Ol depderiň bir sahypasyna:

> “Bildiriş.Şu gün mekdebiň töwereginde pul ýitiren adam pulunyň sanynyň näçedigini hem onuň nähili manatlykdan ybaratdygyny bilýän bolsa. 10-njy “B” synpyň okuwçysy Hajy Nuryýewden habar tutsun”—diýen sözleri ýazdy.Soňra ol giň zala çykdy-da, ýazanyny “Bildiriş tagtasyndan” asdy.

*

Gunçanyň ejesiniň tabşyrygy bilen et almak üçin dükana giren joralary alçak satyjy güler ýüz bilen garşy aldy.

--Geliň, owadanja gyzjagazlar!

--Owadanja gyzjagazlara iki kilo et gerek, agam!—diýip, käte degişmegi-de halaýan Aýläle hem satyjydan pes oturmady.—Eti köpäk, süňki azrak bolmaly.

--Ýary palawlyk, ýary hem çorbalyk bolmaly—diýip, Gunça hem jorasynyň aýdanynyň üstüni ýetirdi.

Daş sypatyna hem ýaşyna gelişmeýän ýeňil hereket eden satyjy dilini hem aýnadyp gepledi.

--Ikki kilo göşt.Bitde kilosy çorbalyk, bitdesi palawlyk. Süňki azrak, jylkasy köpräk.Başa düşdüm!

Sellofan halta salnan eti alansoň, gapjygyny açan Gunçanyň gözleri petredi.

--Pulum ýok, Aýläle.Ýarym sagat mundan ozalam bardy.Gapjygymdan gaçyrypdyryn. Özem tutuş ellilikdi.

Satyjynyňam, gyzlaryňam keýpi gaçdy.

Gunça eti yzyna uzatdy.

Ýap-ýaňy-da dilini aýnadyp duran satyjy indi agras gepledi.

--Äkidäýiň. Pulunam ýene bir öwra getirersiňiz-dä. Iki kilo et üçin siziň gaçyp gitmejegiňiz belli ahyryn.

--Puluny bermän äkitmäli—diýip, Gunça başyny ýaýkady.

--Görüň-dä, men-ä çynymy aýdýan—diýen satyjy eti yzyna aldy.

*

Gurban baýramy günlerinde jäheriň meýdançalarynyň hemmesi diýen ýaly toý lybasyndady.Belentden dikilen hem dürli bezegler, elektrik yşyklary bilen keşdelenen hiňňildikleri, hiňňildiklerdenem bezemen gyz-gelinler, ýigitler has-da görke getirýädiler..Aýdym sazyň bir ujy asmana ýetýerdi.Şaman otdan bökýärdiler, ýaglyga towusýardylar.

Bu meýdançadaky hiňňildik iki bolsa-da, uçmak meýilli nobata duran adamlaryň sany hem kändi.

Uçmak nobaty ýeten iki sany ýaş ýigidiň biri aňyrrakda duran Gynça bilen Aýlälä tarap el bulady.

--Gyzlar, nobatyňyza graşsaňyz kän durmaly bolarsyňyz.Geliň, biz bilen uçaýyň!

Ilki bir-biriniň ýüzüne seredişip, biraz güýmenen joralara gapdaly ýetişen gyzly duran bir gelin:

--Çagyrylýakaňyz baryň-da!—diýip maslahat berdi.—Kim bilen uçaňyzda näme? Barybir gurbanlykd günä dökmekdir-dä.

--Biziň nähil günämiz barka?!—diýip, Gunça Aýläläniň ýüzüne geňgalyjy nazar aýlady.

--Men size günäňiz bar diýemok ahyryn—diýip. Gelin gunçanyň sözüne haýran galdy.—Girbanlykda hiňňildik uçulanda şeý diýäýýändirler, gyz. Ol günä barlykdan ýa ýoklukdan däl. Türkmeniň adaty şeýle.

--Bagyşlaň, men düşünmändirin—diýen Gunça gelinden ötünç sorady.
--Düşünmändigiňi aňdym—diýip, gelin ýylgyrdy.—Oglanlaň çakylygyna-da siz barmasaňyz, biz barjak.
Ol sözleden soň Gunça bilen Aýlälä hiňňildige tarap ýörediler.
Göçgünli iki ýigit gyzlary bir sellem al howada guş ýaly edip uçurdy.
Hajy bilen Yklym hem hiňňildikli meýdançanyň şatlyk-şowhunynyň üçindedi.Hiňňildik uçup ýören gyzlara birden gözi düşen Yklym:
--Ana, olaram bar eken!—diýip gygyrdy.
--Olar diýýäniň kim?
--Aýläle bilen Gunça.
Oglanlar synpdaşlarynyň uçýan hiňňildiginiň ýanyna baryp durdular. Wagt agşam bolansoň elektrik yşygynyň düşmegi bilen hiňňildik uçýan gelin- gyzlaryň şaýly eşikleri eýeleriniň ýüzünem ýagtyldyp, edil zer çaýylan ýaly edip görkezýärdi, gülýakalr, gupbalar göz gamaşdyryjy şöhle saçýardy.
Bu ýere gelen mahaly keýpi kök Hajy gyzlaryň başga ýigitler bilen hiňňildik uçup ýörendiklerini göreninden soň, tutuk ses bilen:
--Men nirä barsamam, hemme kişiden gijä galmaly bolaýýanaýt!—diýdi.—Ine, bu ýerde-de başga-başga oglanlar bizden öňürdipdirler.
--Hiňňildige gijä galmak hiç-le—diýip, Yklym edil garry adam ýaly bolyp, öwüt beiji äheňde gepledi.--Esasy meselede öňürtmeli.
--Esasy mesele diýäniň näme?
--Esasy mesele kimdir biri ýene senden öňürdäýmezi ýaly, okuw gutarmanka, ejeňi Aýlälelere gudaçylyga ibermeli. Sebäbi türkmen gyzlarynyň köpüsi mekdebi gutaran batlaryna derrew durmuşa çykmak bilen bolýalar. Tiziräk hereket et diýjek bolýan.
--Sen mamla, Yklym. Arada meň ejemem şolar ýalyrak gürrüň etdi.
--Ejeň dogry gürrüň edipdir—diýip, Yklym indi Hajynyň ejesiniňem maslahatçysy ýaly boldy.-- Ýöne ol dogry gürüň etmesin-de, çaltyrak dogry hereket etsin.
…Aýläle dagynyň münen hiňňildigi togtady.Hiňňildikden düşen iki jora özlerini uçuran oglanlara minnetdarlyk bildirdiler-de, ýylgyrşyp, bir tarapa ýörediler.
-- Ikimize aýdylmaly minnetdarlygy ýat oglanlar alýarlar—diýip, Yklym Hajyny giňňeleýän ýaly gep tapdy.
--Menem şony aýdýan-da—diýen Hajy ýüreginden turan sözleri baş atyp tassyklady.
Synpdaşlaryny gören gyzlar has-da şatlandylar.
--Gurban baýram gutly bolsun!
-- Gurban baýram gutly bolsun!-diýşip, gyzlar oglanlary öňürti gutladylar.
--Ýene hiňňildik uçmakçymysyňyz ýa-da boldy edýäňizmi?—diýip, Hajy olara sowal berdi.
--Ýok-la, ozalam nobata durup ýadadyk.Öýe gitmeli—diýip, Aläle jogap gaýtardy.
Sabollaşylansoň gyzlar uly köçä tarap ýöneldiler.
Hajy olara tarap garap durka:

--Ýör, bizem yzlary bilen gideli!—diýdi.
Sesni çykarmasa-da, Yklym aýdylany goldaýandygyny aňdyryp, gyzlaryň giden uguna tarap ýöräberdi.
…Aýläle bilen Gunça ýanköçeden gidip barýardylar.Owadan şäher, ýakymly howa, gurban baýramynyň hormatyna asslan kiçijik baýdaklaryň ýuwaş pasyrdysy, gündizlik ýaly ýagty köçe, nämedir bir gyzykly gürrüň edişip barýan iki joranyň jak-jak gülküsi…
Hajy bilen Yklym olaryň yzyndn garama-garama gelýärdiler.
--Basym mekdebem taamamlaýas. Seň näme maksadyň bar,Yklym?
--Gurluşyk tehnikumyna hyýal edýän. A, sen?
--Men entek belli netijä gelemok. Himiýanam halaýan, başga-başga dilleri öwrenmegem isleýän. Garaz…
Birdenem, gyzlaryň garşysyndan gelýän bir ýaş ýigit olara golaýlansoň, ädimini ýygjamlatdy-da, gabatlaşan pursaty Aýläläniň boýnundaky zynjyry kakyp alyşyna, köçe gyrasyndaky gül ekilen ýerler bilen gaçmaga başlady.Aýläle bilen Gunça şäheri gorkunç sesden dolduryp,çirkin gygyryşdylar. Salym sypdyrman, ogrynyň yzyndan atylan Hajy onuň aýagyna kakdy.Ogry ýere ýazyldy. Kän mahal geçmänkä gyzlaram, Yklymam ol ýerde peýda boldular. Yklym elinden mäkäm tutulyp duran ogryny urjak bolup, onuň üstüne çöwjedi.
--Biziň synpdaşymyzyň boýnundaky zynjyry alarça sen kim bolupsyň!?
Emma bir eli bilen ogryny saklap duran Hajy Yklyma ýumruk salmaga maý bermedi.
--Häzir zat degme. Çäresini polisiýa görsün—diýen Hajy elindäki zynjyry Aýlälä uzatdy.
Ogry ejizläp başlady.
--Meň günämi öýtüň, dostlar…
--Biz ogrudan dost tutunmaýas—diýip, Yklym haýbatly gepledi.—Seň çäräňi kanun görer. Ogrynyňam barmaly jaýy türme.
Ogry bu gezek gyzlara ýalbardy.
--Jan gyzlar! Jan doganjyklar! Günämi ötüň! Men ýalňyşdym. Nädip şeýdenime indi özümem akyl ýetirip bilemok. Aldawçy şeýtanyň aldwuna gidipdirin. Meni bagyşlaň, doganjyklar. Häzir meni polisiýa tabşyrsaňyz ömrüm köýer.Heniz ýigrimi ýaşymam dolanok. Näsag ejemem bar. Rehim ediň, gyzlar!
Aýläle Haja ýüzlendi.
--Geliň, muň aýdanlaryna ynanalyň, Hajy. Şu günki eden işi, belkem ömürlik sapak bolar.
--Ömürlik sapak bolar!—diýip, ogry Aýläläniň aýdanyny gaýtalady.—Maňa rehmiňiz insin.
--Goýberse-ne, Hajy!—diýip. Gunça-da rehimdarlyk etdi.
Hajy ogrynyň elinden elini aýyrdy.
--Sen şu gyzlardan minnet çek. Ýogsam…
Ogry baş egip, minnetdar küýkerip gitd. Ol esli ýöränsoňam, aýak çekip, yzyna gaňryldy.
--Taňry ýalkasyn, gyzlar, Siz meni halas etdiňiz…
--Bu gün biz sizi öýňüze çenli ugratmaly bolarys—diýip, Hajy ýylgyrdy.

Aýläle zynjyrynyň halkasyndan sypan ýerini eli bilen düzedip durka gepledi.
--Men saňa gaty minnetdar, Hajy. Siz gabat gelmedik bolsaňyz, men bu zynjyry gaýdyp gömezdimem.Ejemem gynanardy. On alty ýaşym dolanda sowgat edipdi…
Gyzlary öýlerine golaýladyp yza aýlananlarynda Yklym Haja ýüzlendi.
--Idi sen ejeňi Aýläle üçin arkaýyn gudaçylyga iberip bilersiň, Hajy. “Ýok” diýen jogap almajagyňa men kepil geçýän.
Hajy ýoldaşynyň aýdanyna, indiki aýtjaklaryna-da kemsiz düşünse-de, at oýnatdy.
--Näme üçin?
--Sen bu gün Aýläläniň gözüne Görogly bolup görnensiň. Dogrudanam, sen uly iş etdiň. Eger ýaňky waka polisiýanyň işgärleriniň biri şaýat bolaýan bolsa, “Edermen ýigit” diýip, sen hakda gazete makala ýazardylar, ýylgyryp duran suratyňam çap ederdiler.
--Şol suratda senem meň ýanymda durardyň!—diýip, Hajy ýaňsylady, ýaňsynyň ýany bilenem gudaçylygyň pikirini etdi.

*

Mekdepde arassaçylyk güni geçirilýärdi. Her okuwçy bir iş bilen meşguldy. Berdi Möwlamowiçiň 10-njy “B” synpy aýnalary, lýustralary arassalaýardylar, diwarlara ýelmeşen, çala göze ilýän gara-guralary süpürişdirýärdiler..
Gunça bilen Aýläle synp otagynyň ýokarsyndaky ullakan lýustra esli salym seredip durdular-da, çyranyň iki şahasynyň arasyndaky garalyp ugran kerebi aýyrmaly etdiler.Aýläläniň elinde ujy kese agaçly, pol ýuwulýan yzyn taýak bardy. Ol taýagy ýokaryk uzadyp, çyra ýetjegini-ýetmejegini barlady. Taýak ýetýär eken.
Gunça:
--Taýagyň ujuna esgi daňmaly bolar—diýdi.—Ýogsam aýnadanmy, jäçdenmi ýasalan çyra gaty taýak degse…
Aýläle tapylan esgini taýagyň ujuna dolady-da, ýokaryk uzatdy. Esgili taýak çyranyň iki şahynyň arasyna girmesine-hä girdi welin, çykmasyna çykmady. Aýläle taýagy lýustradan aýyrjak bolup, artygrak güýç sap etdimi- nämemi, alty şahaly çyranyň iki şahasy döwlüp aşak gaýtdy. Eger-de ýokaryk seredip, ýanynda hüşgär duran Gunça öz wagtynda iteklemedik bolsa, tutuş jaýa ýagtylyk beren uly lýustranyň bölegi depesinden gaçyp, Aýläläni iň bolmanda, ýaraty edäýmegi ahmaldy.
Aşakdaky stoluň üstünden düşüp döwlen lýustra bölekleriniň şaňňyrdysy hem iki gyzyň gykylygy goňşy synpdaky okuwçylara çenli bu ýere ýygnady.Haýdap gelen Berdi Möwlamowiç ýüzlei ak tam, gözleri gorkuly gyzlaryň ýanyna bardy.
--Özüňiz aman galdyňyz dälmi? Ýara düşen ýeriňiz ýokmy? “Tiz kömegi” çagyrmalymy?—Mugallym diňe şol üç sowaldan hem olara gaýtarylan howpsuz jogapdan soň ilki ýokaryk, soňam pitraşyp ýatan jäç böleklerine nazar aýlady.—Hudaý sowupdyr. Şol iki ýaha depäňizden düşäýen bolsa, lýustranyň bahasy hakda oýlanmazdyk welin, bu çyranyň bahasam az-küş däldir.
--Lýustranyň bahasyny tutuş synp bolup ýygnrys welin, gymmatdygy bildirmezem —diýip, okuwçylardan biri seslendi.

--Näne üçin hemmämiz tölemeli? Kim döwen bolsa, şolam tölesin—diýen başga bir pikirem döredi.

--Lýiustrany men döwdüm, ýoldaş mugallym. Bahasynam özüm tölejek—diýip Hajy tekepbir äheň bilen gepledi.

Berdi Möwlamowiç bir zat aýtjak boldy, ýöne mekdep müdiriniň—gözi äýnekli dolmuşrak adamyň synpda peýda bolmagy mugallyma aýtjagyny aýtdyrmady.

--Howply zat ýokmy, Berdi Möwlamowiç, howply zat ýokmy?—diýip, okuwçylarynyň öňünde tolgunýandygyny basyrjak bolsa-da, doly basyryp bilmedik müdir ilki iki gyza, soňam pytraşyp ýatan jäç böleklerine seredip durka, howlugýan ýaly bolup sowal berdi.

--Gyzlar biraz gorkupdyr diýmeseň, hemem lýustranyň döwlenini hasap etmeseň, galan zat oňat, Sapar Amanowiç.Döwlen iki şahasy bolsa-da, lýustrany tütüş çalşyrmaly bolar.

--Adama zelel ýetmedik bolsa, lýustranyň bahasyny öz kisämden tölemäge-de razy-la--diýip, Sapar Amanowiç potologa seredip gepledi.—Aralyk ep-eslem bar eken-ow!

Sapar Amanowiç gapydan çyklanda, synp ýolbaşçydy onuň yzyndan ýetdi.

--Lýustranyň bahasyny ýeke özüň tölejek bolma, Sapar Amanowiç. Menem ýanyňa goş. Okuwçylaram üýşüp pul ýygnamaga taýyn. Şeýdp, deňňene etsek ýeňil düşer.

--Beýtmämizde-de biz garyp ýurtda ýaşamyzok ahyryn, Berdi Möwlamowiç—diýip müdir aýak çekdi.—Ertir häkimligiň bilim bölümine bararyn welin, bir lýustranyň bahasyny berjekgäl diýip durmazlar-la…

*

Ejegül daýza içeriniň aladsyna güýmenip ýörkä, gapy jyrlady. “Aýläläň geler wagtyndan-a entek mahal ir” diýip içini gepleden öý eýesi gapyny açanda, bosagada duran Hajynyň ejesi Aýnabatdy.

--Salam, Ejegül jan! Öýde bar bolabilsedir diýip gelýädim welin, niýetime görä boldy—diýip, Aýnabat alçaksyrady.—Niýetim ýaly ýolumam açyk-da meň…Tanadyňmy?

--Gören ýüzüme-hä meňzedýän welin, hakydama getirip bilenok-da---diýip, Ejegül ýasama gülümjiredi.

--Aýläle jan ýaly gyz ýetişdiren enäniň gapysyny gowy niýetli nätanyşlaryňam açasy geler durar. Ýöne men özümi saňa nätanşam hasap edemok.Meň adym Aýnabat.

--Gel, töre geç, Aýnabat!

Aýnabat mürähet edilerine mähetdel, derrew içki jaýa girdi-de, diwanda oturdy.

--Men saňa, Ejegül jan, ilkinji gezek nirede gabatlaşanymyzy ýatladaýyn. Bäş ýyl mundan ozal mekdepde ene-atalaň ýygnagy bolanda, ikijigimiz bile oturypdyk.

--Şol ýygnag-a ýadyma düşjek bolýa…

--Ýygnak ýadyňa düşse, menem ýadyňa düşerin. Oglumyň adyna-da Hajy diýýäler. Aýläle bilen Hajy bir synpda okaýalar…

--Wiý, Hajy bolsa, araky ogry kakyp gidende, yzyndan ýetip, gyzymyň zynjyruny alyp beren oglandyr. Şol dälmi?

--Edil özi!—diýip Aýnabat tekepbir süýnüp- sarkdy.
--Taňy ýalkasyn, gyz. Ogluňa minnetdar bolup ýörün. Aýläle jan bolan wakany aýdyp beridi. Özi kiçi bolsa-da, o zanjyryň bahasy kiçi däldi. On alty ýaşy dolanda özüm sowgat edipdim gyzyma.
--Meň Hajym "Şeýle waka boldy" diýip ejesiniň ýanynda-da, kakasynyň ýanynda-da dil ýarmady-da. Bizem ony ilden eşitdik. Men, Ejegül dogan, seň ýanyňda öz oglumy öwüp otursam gelşiksiz bolar welin, Hajy ýaly edepli, akylly oglan az-azdyr. Okadýan mugallumlaram ony gowy görýäler. Ynanaý.
--Ynanýan, ynanýan.
--Seň Aýläläň, meň Hajymyň, şol ogrynyň bir köçede, bir mahalda gabat gelmeklerinem men-ä tötänlikldir öýdemok, Ejegül jan. Belkem ol ertirki gün bize ullakan gowulygyň garaşýandygynyň kiçijik alamatydyr.
Mana oňly düşünmedik Ejegül ýöne gep ugruna:
--Býelki—diýip goýberdi.
-Ömrümiziň ahyryna çenlem gatnaşmagy, serur mahaly birek-birege hossar bolmagy Hudaý bize rowa görsün. Belkem guda bolmak miýesser eder. Seň-ä gyzyň ýetişdi, meňem oglum…
--Men-ä, dogan, entek ýetişen gyzym bardyram öýdemok—diýip, Ejegül ýylgyryp jogap gýtardy.
--Ene öz perzendi otuz ýaşasa-da  çagadyr öýdýär. Emma şol ene iliň çagasynyň çagalykdan saýlananyny şol çaganyň enesinden öňürti görýär… Ejegül jan, bu zamanda durmuş gurmak aňsatlaşdy-da, durmuş bozmak hasam ýeňilleşdi. Indiki ýaşalar "Häsýet gabat gelmezlik" diýip, ozal eşidilmedik bir ýapyşalga tapdylar. Şoň üçin bizem ýaýdanýas, dogan…
--Ogluň bolsa-da kyn, gyzyň bolsa-da.—diýip, kän gepleýän myhmanynyň öňünde ýöne dymyp oturmagy gelşiksiz hasaplaýan Ejegül Aýnadadyň aýdýanlaryna  islese-islemese  "hä", "hawa" bermeli boldy. Myhman bolsa öý eýesiniň gysgajyk jogabynam uzak sözler bilen uzaldýardy.Bu gezegem şeýle boldy.
--Dogry aýdýaň, dogan. Ogluň bolsa-da aňsat däl, gyzyň bolsa-da. Şoň üçinem gözüň ýetip duran ýeri bolsa, göwnüň küýsäp duran ýeri bolsa bu meseläni kän uzgaga-da çekdirmeli däl.
Birdenem owadan sumkasyndan gymmatbaha şokolad  süýjülerini çykaran Aýnabat oturgyçlaryň, düşekleriň, burçdaky telewizoryň üstinden  paýradyp seçmäge başlady.
--Bu nämäň alamaty?—diýip, edilen herekediň manysyny çalarak aňsa-da, Ejegül sowal berdi.
--Süýjüligi kabul et, süýjünip gatnaşmak nesip etsin!
--Niýetiň gowam bolsa, meň öýümde süýji seçmekden entek ir bolaýmasa, Aýnabat.
--Ir diýen zat bolmaz, dogan jan. "Dogan jan" sözüň yzyndan "Guda jan" sözünem aýdasym gelip dur meň-ä. Okuwyň tamamlanmagyna-da göni ýigrimi bir gün bar.Olam üç hepde. Nesibe çekip, garyndaşlyk açmaga umyt dörese, ýirimi bir gün däl, biz ýigrimi bir aý garaşmaga-da biz razy.

Birneme gepläýmese, myhmanynyň ynamly hüjümini peseltmejegine göz ýetiren Ejegül ony umydygär etmezlik üçin:
--Aýläläň kakasynyň ýogalanyna-da heniz üç ýylam dolanok…
--Onam bilýäs, dogan. Nätjek? Takdyr şeýledir-dä. Ätjek? Gideniň yzyndan gidimeýer-dä1…
--Onsoňam, Aýnabat, bi zamanda ogul-gyz ene- atasynyň guda bolmak isleýän ýerini mydama unabam duranok— Şu sözleri aýdan Ejegül edilýän gürüňiň arasy kesilse, muhmany hörpüni birneme peselder öýdüp öz ýanyndan gaçybatalga tapan boldy.— Gyzymyň synpdaşynyň ejesine bir käse gök çaý bir bereýin…
--Şeýt,dogan!—diýip Aýnabat begendi.—Gök çaýyň başynda çözülmejek mesele bolýan däldir. Derläpjik gök çaý içenimizden soňam men bu gapydan ýylgyryp çykmaly bolaryn. “Ýagşy niýet—ýarym döwlet”. Gidemde-de düwünçege derek üç-dört bölek akja gant salsaň-a hasam göwnüm biter.
Ejegül onda-munda pytraşyp ýatan süýjülere göz aýlady-da:
--Çaý goýaýyn—diýdi.
Ejegül aşhana girip gidensoň, ýerinden turan Aýnabat hatar goýlan kitapdan doly tekjäniň öňüne bardy.Ol Aýläläniň kitaplara söýelgi duran çaklaňja potretini siňe synlady-da:
--Bular ýaly maşgalany gelin edinip bilsek, bizde arman galmaz!—diýip pyşyrdady.—Müň gezek gatnamaalam bolsa gatnaryn seň seň üçin…

*

Yklym gelende öýde Hajynyň ýeke özüdi.Hajy dostunyň öýde näme bilen meşgullanýandygyny soranda:
--Ejemiň gelerine garaşýan—diýen geň jogap aldy.—Gaty garaşsaň, bir minut üç minut ýaly bolup uzaýar eken.
Hajy ejesiniň nirä, näme üçin gidendigini düşündirende:
--Beýle bolsa, eglenenini dileg et—diýip, Yklym begendi.—Gudaçylyga giden yzyna derrew dolansa, iş bitirmän geldigi bolýamyş.
Şu mahla çenli umyt bilen garaşan Hajy, birdenem ejesiniň ýakymsyz habar getirjegine ynanýan ýaly keýpsizlendi.
--Mesele bir tarapa çözülse bolýa. Ahyry bolmajak zatdan hantama bolup ýörmez ýaly.
--Beýdip ruhdan düşüberme. Özüňem Aýäläniň maksadyny biljek bolma-da, göwnüden turjak bol. Onuň maksady seniň aladaňa bagly.
Aýnanyň öňüne baryp, daşaryk sereden Hajy yzyna garaman:
--Gyzyň göwnünden turjak bolsaň näme etmeli?—diýip sorady.—Goşgy ýazmalymy? Ol köne zamanda şeýdilipdir. Gyzlar sadaka, gyzlar ynanjaňka.
--Häzirki zamanda nä gyzlar akyllanandyr öýdýäňmi?
Birdenem ýylgyryp bärsini bakan Hajy çaga ýaly şatlanyp:.
--Ejem gelýä-är! Ejem näme habar getirýär-kä-ä?—diýip, sesini süýkdirdi.
Yklym hem aýdym aýdýan ýaly äheňde:
--Ejeň gowy habar getirýändi-ir—diýip jogap berdi.
Şol mahalam gapy jyrlady.

Hajy gapyny açmaga gidende:

--Aýnabat daýzamyň ýüzünden näme okadyň, Hajy?—diýip, Yklym oturan ýerinden gygyrdy.

--Düşnüksizli okadym—diýip, Hajy hem entek içki otaga girmänkä, bosagadan jogap gaýtardy.

Yklymyň ýanyna gelip, onuň beren salamyny alan Aýnabat daýza oglunyň aýdanyna düzediş girizdi.

--Aýnabat daýzaň ýüzünde hiç mahal düşnüksizlik bolan däldir, Yklym jan, mydama açyklyk bolandyr.

--"Ýuwaşan arama çenli şemally we bulutsyz howa"—diýip, Yklym radioda howa maglumaty aýdylanda mydama eşidýän sözlerini ýaňsylap gaýtlalady.

--Edil özi. Bir übtügem bulut ýokdur, açykdyr!-diýip, Aýnabat daýza gabarylýan ýaly bolup hekgerildi.

--Hany, onda, düşnükli bolar ýaly biziň öňümizde-de açyl, eje!—diýip, belli jogaba garaşýan Hajy gyssandy.

Aýnabat sumkasyndan çykaran sellofan haltajygyň agzyny açdy-da, ony stoluň üstünde goýdy.

--Getiren jogabymyň öňi ine, şü!

Bir penje çemesi ap-ak gandy gören oglanlar biri-birlerine sowally nazar alaýarlar.

Hajy uzak saklanyp bilmedi.

--Iki ýüz gram gantdan jogap bolýarmyşmy, eje? Aşakdaky dukanda olar ýaly gant tonnalap alsaňam bar. Oň üçin gudaçylyga gitmek gerek däl.

--Gant gantdyr-da, Aýnabat daýza—diýip, Yklymam içi gantly haltajygyň manysyna düşünmeýändigini ýüze çykardy.—Gant diýilýän zat siz çagakaňyz gyt eken. Indi…

--Düşünmedňizmi?—Iki ýigit düşünmeýändiklerini aňdyryp baş ýaýkansoňlar Aýnabat daýza dowam etdi.—Şuň manysyny bilmeýän halyňyza ýene meni aý ýaly gyza gudaçylyga iberýäňiz… Gudaçylyga barana gyzyň öýi içi ak gantly düwünçek salsa, ýoluň ak, maksadyň rowaç boljakdyhyň alamaty hasap edilýär.Süýlürnip ghatnaşaly diýildigi bolýar. Şu gantlar hoş habaryň buşlukçysy bolmaly. Siz bi gowy manyly däbi ýadyňyzdan üykarmaň, oglanlar!

--Dogrudanam gowy däp—diýip Yklym baş atdy.

Hajy dostunyň ýüzüne ýylgyryp seretdi.

Yklym başam barmagyny görkezdi.

*

Okuwçylar şäher etеginde ekilen ýaşajyk arçalara ideg edýärdler: eýikmän oturan nahallaryň düýplerini ýumşadýardylar, çöp-çalamdan halas edip, suw guýýardylar. Berdi Möwlamowiç okuwçylarynyň arasynda aýlanyp, edilýän işlere ser salýardy.Ol Aýläle bilen Gunçanyňan ýanynda aýak çekdi.

--Gaýrat ediň, gyzlar. Şu siziň okuwçy hukuklykaňyuz öz eken agaçlaňňyza iň soňky gezek ideg etdigiňiz bolar. Ýöne mekdebi gutaranyňyzdan soňam bu meýdana gelnende, bujagaz nahallaň gür bag bolanyny görüp guwanarsyňyz., okan

mekdebiňizi, ýaşlygyňyzy atlarsyňyz… Ýaşlygyňam öz wagtynda gadryny bilmeli. Ol bir geçensoň dolanmaz.

Synp ýolbaşçysy gyzlaryň ýanyndan gidensoň, aňyrrakda işläp ýören oglanlara tarap ýöneldi.

--Mugallymmyzam ýaşlygyny küýseýär öýdýän—diýip, Aýläle güldi.—Küýsäňde näme!

“Aýym” diýemde näme?

“Günüm” diýemde näme?

Ol Aýlar ýşdy gitdi,

O Günler öçdi gitdi—diýp, Aýläle garaşylmadyk ýerden goşgy okap, lorasyny geňirgendirdi.

--Sen goşgam ýazýaňmy, gyz?

--Atamyrat Atabaýewiň täze çykan kitbyndan okadym. Olan ýaňky Berdi mugallym ýaly ýaşlygyňy küýseýän goja bolsa gerek. Ýaşlygam, garrylygam geçer gider…

--Hawa-da, birinji synpa okuwa girenimiz düýn ýlydy welin…--diýip, Gunça uludan demini aldy.—Bolsa-da, men-ä özümi çaga hasaplaýan.

Biz özümizi çaga hasaplaýas.Ýöne çagalykdan saýlanandygymyzy bilýän adamlar bolsa bize gudaçylyga gelmek üçin eýýämden ýol arçaýalar—diýip, Aýläle ýylgyrdy.

--Ine, bu asla garaşylmadyk täzelik. Özi-de düýpden düşnüksiz täzelik. Açylaýsana, gyz. Kim? Näme? Nire?

--Ol sowalyňa soň jogap bererin. Her kim, garry bolsa-da, onlarça ýyl mundan ozalky ýaşlygyna dolanmagy küýseýär. Men bolsam, üç aý munan ozalky ýekeje günüň gaýtalanmagyny isleýän. Şol gün gaýtalansa, öňki goýberen ýalňyşymy gaýtalamazdym. Şu bir düýp arça nahalynam gaýtadan ekerdim.

Aňk-taňk bolan  Gunça Aýlälä geň galyp seretdi.

--Näme samraýaň, gyz? Ýa özüňi aňy gaçan kempirlige ýeten hasaplap ýörmüň?

Aýläle gapdalynda ýetilmeli arzuiwy duran ýaly Gunça däl-de, bir tarapa seredip gepeledi.

--Ýok, Gunça jan, meňki kemirligiň samramasy däl-de, ýaşlygyň azuwy.

--Ýaşlygyň arzury bir düýp nahal oturtmak bolsa, beýle arzuwa ýetmek kyn däl. Men çukur gazaryn, senem kömekleşersiň…

--Ýok, joram, çukury sen däl, başga kişi gazmaly.—Aýläle düşündiriş bermezinden öň gapdalynda  enaýy bolup gögerip oturan arça nahalyna trap elini salgady.—Şu nahaly ekemde, geçip barýan bir gowy ýigit maňa kömekleşdi. “Söýgi bir bakyşda döreýär” diýen gepiň çyndygyna men şonda göz ýetirdim. Men ozal görmedik, tanamadyk ýigidime bir bakyşda aşyk boldum.Ol oglan aşyklyk hakda ýeke söz hem diýmän, çyn aşyklygyň nähili bolýandygyny maňa düşündirip gitdi. Men ozal dessanlardaky aşyklaryň özlerini alyp baryşlaryny ýeňilkellelik hasap edýärdim welin…

--Näme, ony gömek kynmyşmy?

--Adyny bilmeseň, familiýasyny bilmeseň, nirede okýany ýa işleýäni näbelli bolsa…

--Seň mynyň-a “Bir bar eken, bir ýok eken-e” baraýdy. Üç aý mundan ozal bir gezek çala göreniň öňüňden çyks-da tanamarsyň.

--Ýalňyşýaň, Gunça jan, gaty ýalňyşýaň. Meniň nazarym onuň ýüzüni fotoapparat bolup surata aldy. Ony ýene bäş ýyldan elli metr aralykdan görsemem tanaryn.Ýöne indi men oňa sataşmaýmasam. Sataşmasamam, käte-käte gelip şu arçany synlap giderin…

--Sataşarsyň, Aýläle. Hemme ertekileriňem soňy gowulyk bilen gutarýa…

Aýläle Gynçanyň ýaňsylaýandygynam, çynyny aýdýandygynam seljerip bilmedi.

Birdenem Aýläle pilini ýere diredi-de;

--Ony göýäňmi?—diýip arçanyň şahajygyna tarap barmagyny uzatdy.

Şol tarapa siňe sereden Gynça açara dakykýan halka ýaly kinniwanja bezegiň şahadan sallanypjyk duranyny gördi.

--Ol seň dakaň belligiňmi? Seň ertekiň erteki däl-de, çyn ýaly-la?

Aýläle-hä tassyklap baş atdy, Gunça-da geň galyp baş ýaýkdy.

*

“Çatynjalar öýi” diýen dükanyň öňünde garaşyp duran Gunçanyň ýanyna Aýläle geldi. Olar salamlaşanlaryndan soň Aýläle:

--Meni çagyrdyň welin, näme üçin çagyrandygyňa düşünemok, Gunça—diýdi.

--Şoňa meň özümem onçakly düşünip baramok. Ýene bir hepdeden maňa gelneje bolmaluy Gülnara “Aýläle joraňam çagyr, fatany bile saýlalyň” diýensoň men saňa jaň etdim.

--Fata saýlaşar ýaly men nä ozal fata geýip görüpmişimmi?

--Geýmeseň, geýersiň-dä—diýip, Gunça ýylgyrdy.—Ana, Gülnara-da jigisi bilen gelýär!

Gülnara hem onuň on-on iki ýaşly jigisi Laçyn gelip, garaşýanlar bilen salamlaşanlaryndan soň, olaryň dördüsem dükana girip gitdiler.

Diýseň kaşaň geýnen dükan işgärleri, az-kem ýasamaragam bolsa, gyzlary alçaklyk bilen garşy aldylar.

--Biz-ä fata saýlamaga geldik—diýip, bu dükana gelinmegiň manysy öz-özünden düşnükli bolsa-da, Gunça satyjylaryň birine ýüzlendi.

--Gaty gowy-da!—diýip, alyjylara haryr saýlamakda maslahat beriji owadan gelin gelenleri yzyna tirkäp, salonyň törüne tarap ugrady hem iş ýagaýyna görä endik bolup giden sözleri gaýtalamaga başlady.—Fata durmuşyň başy. Fata—toý. Fata—şatlyk. Fata almaga gelen bolsaňyz, bagtyňyz açyk bolsun! Açyk bolaram enşalla! Biziň dükanymyzdan alynan fata eýesine hem abraý, hem döwlet getirýär. Bäş ýyl bäri ýörite derňäp, hasap ýöredýäs. Biziň fatamyzy geýip toý tutan ýüzlerçe gyzyň diňe üç sanysynyň durmuşy bişeýkel boldy. Galanlarynyň guran durmuşy bal bilen şeker ýaly alşyp gitdi. Enşalla, siziň durmuşyňyz ýaly bagtly durmuş gurmagy keseden görenler arzuw ederler…

--Näme hödürleýäňiz?—diýip, ýene Gunça gepledi.

--Saýlamak özüňize bagly—diýip, maslahatçy gelin ortadaky iki sany fata tarap elini salgady.—Biziň fatalarymyzyň hemmesem oňat welin, soňky wagtlarda gyzlar, näme üçindir, şu ikisiniň birini saýlaýalar.

Maslahatçy şeýle baha berensoň, şol iki fata beýlekilerden üýtgeşik dälem bolsa. gyzlaryň gözüne üýtgeşik bolup göründi.Şonuň üçinem şol iki fatanyň birini saýlap alan Gunça töründe uly aýna duran,toý tutubermeli giň kabina girensoňlar onuň tutusyny ýapdy.

--Saýlanan Fatany Gülnara geýdirip gördüler, ony aýnanyň alnynda duruzyp, öňünden-yzyndan, sagyndan-çepinden synladylar.Ýaşajyk Laçynam ýetişen gyzlardan kem galmaýardy.Ol hem geýlen fatanyň o ýerini, bu ýerini elleşdirip, çekişdiip, hemme zat bilen haryt alýanyň özündn beter gyzyklanýardy.

Gunça Laçynyň fatany synlamaga höwesekdigini kesesinden görüp "Ojagazy görýäňmi?" diýýän ýaly Aýläle tarap çalaja ümledi.

--Gyzjagaz-da!—diýip, Aýläle baş atdy.

Uly aýnada görünýän egni fataly gözel gyz Gülnarany kemsiz synlan hakyky Gülnara saýlan eşigini çykardy-a, Aýlälä ýüzlendi.

--Aýläle jan, ikimiziň boýumyzam, inimizem bir deňräk bar. Şu fata göwnümden turmanam duranok. Nähili oturýandygyny egindekä-de synlaýyn. Sen geýse-ne!

Fatany geýmek üçin Aýläle daşky köýnegini çykaranda, Gülnaranyň onuň owadan bedenine hyrydar göz bilen garaýandygy kesesindenem mese-mälim bildirdi.

Owadan fatany geýip, özüni aýnada synlan Aýläle hyýal kölüne gark boldy: Onuň gapdalynda duran inçesagtdan uzyn boýly Gülnara birden ýaş ýigide öwrüldi. Onda-da ol ghabat gelen ýaş ýigide-de däl-de Aýläläniň ýitigine aýlandy. Berkeliniň özi-de toý lybasyndady. Häzir olar dükandan fata saýlanlaryndan soň göni "Toý mekanyna" gitmeli. Egni ak fataly Aýläläni elinden tutup dükandan çykaran Berkeli ony gapyda garaşyp duran bezegli toý maşynyna mündirýär. Toýhanada bolsa, iki tarapyňam ýakyn adamlary täze çatynjalary gül desseleri bilen garşylaýarlar.Birdenem Berkeli ümüriň içinde ýitip gidýär-de, onuň ornuny Gülnara eýeleýär.Şeýdibem Aýläle üçin dabaraly başlanan toý, uzaga çekmänem dabarasyz tamam bolýar.

*

Okuw başlanmazyndan ozal synpa giren iki jora Aýläläniň patrasynyň üstünde goýlan bir desse çemene gözleri düşüp, bir-biriniň ýüzüne seredişdiler.

--Seň ýeriňde—diýip, Gunça jorasynyňam görüp duran zadynyň habaryny berdi.

--Meň ýeimde—diýip. Aýläle-de çemeniň öz ýerinde duranyny bilse-de, Gunçanyň aýdan habaryny tassyklady.

--Erteki hakda saňa aýdanlarym ýadyňdamy, Aýläle jan? Seň ertekiň hakykata öwrülip başlady.

--Ýok, ol çemen ertekiden gelen çemen däl—diýip, Aýläle bu gezek jorasynyň aýdanyna goşulmady.--Men ony kimiň getirenini çaklaýan.

Aýläle çemene golaý gelende, ýapraklaryň arasynda gizlenen gök kagyzdan edilen bukja gözi düşdi. Bukjanyň içindäki owadan otkrytka şeýle sözler ýazylan eken:

" Gadyrly Aýläle!

Men seni synpdaşlaymyzyň hemmesiniň adyndan doglan günüň bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.Geljekde hem edil häzir biziň mekdebimizi

bezeýşiň ýaly tutuş şäherimizi bezemegiňi arzuw edýärin.Üstünlik hemraň bolsun! Hajy Nuryýew".

Gutlagy okan Aýläle ony Gunça uzatdy.

--Eden çakym dogry çykdy.

*

Mekdebiň uly zalynda onunjy synpyň gutardyş dabarasy başlandy. Stollaryň üstünde serhoş edişi içgilerden başga näme diýseň bardy.Zalyň diwarlaryny okuwçylaryň özleriniň çeken degişme suratlary bezeýärdi. Bir uly suratda boýy öz boýundan telim esse uzyn edilip çekilen Yklymyň, boýy öz boýundan telim esse gysgaldylyp çekilen Hajynyň bile tirkeşip barýan gülkünç şekilleri bar.Başga bir suratda Aýläläniň saçy Gunçanyň, Gunçanyň saçy hem Aýläläniň boýnuna oralan. Ol suratyň aşagyna "Aýrylmaz joralar" diýlip ýazylpdyr. Ýene bir suratda synp ýolbaşçysy Berdi Möwlamowiç saçy syrylan, maňlaýyna "2" ýazylan bir okuwçynyň takyr kellesine oturdylan guýguja böwrüne "Ylym" sözi ýazylan kürşgeden suwuklyk guýýar.Iň uly suratda bolsa mekdebiň müdiri Sapar Amanowiç böwürlerine 10 "A" hem 10 "B" ýazylan iki sany gäminiň tanapyndan çekip, olary "Kenar" diýip ýazylan serhede tarap süýräp barýar.

Eli mikrofonly Sapar Amanowiç sahna çykýar.

Hormatly okuwçy—şägirtler! Siz indi okuwçy hem däl welin, okuwçy diýesim gelýär. Sebäbi okuwçyly mugallym, ýagny şägirtli halypanyň özem, hünärem hiç mahal garramaýar. Okuwçysyz mugallym, mugallymsyz okuwçy—boş ýer. Men şu mekdebe ini otuz ýyla golaý müdirlik edýän.Şu ýyl mekdebi tamamlaýan iki sany onunjy synpy men şu mahala çenli mekdep tamamlan onunjy synplaryň hemmesinden ýokarydyr diýip çak edýän. Şu iki synpda hemme zat isleýşimiz ýaly ýerbe-ýer boldy.Onuňan sebäbi şu iki synpyň arasynda mydama dostlukly bäsleşik dowam etdi.Şol hem synplaryň ikisini-de gowy netijelere  geirdi. Şonuň  üçinem şu günki dabaraly agşamy hem bäsleşikden başlamagy makul bildik… Oraz Annaýewiç, başlaber!

Gutardyş agşamyna gatnaşýanlar"On sowala on jogap" diýen ýazgynyň ýanyna ýygnandylar. Bu bäsleşii alyp barýan ýaş mugallym Oraz Annýewiç:

--Her synpdan üç adam öňe çyksyn!—diýip gygyrýar.

"B" synpdan Aýläle, Hajy hem ýene bir ýaş ýigit öňe saýlanýar.

Her tarapa bir depder bilen bir galam beren mugallym işe girişýär.

--Bäsleşigiň düzgüni köneden gelýän düzgün. "Dutaryň owazy" diýen sazy haýsy kompozitor döretdi? Jogabyňyzy depdere ýaşarsyňyz.

Bäsleşige gatnaşýan taraplar özara maslahatlaşyp bellik edilen depderi mugallyma gowşurdylar. Mugallym iki depdere-de seredip:

--Iki tarapam dogry jogap gaýtardy. "Dutaryň owazy" diýen sazy ýazan meşhur kompozitor Nyry Halmämmedow. Hasap  bir-bir bolup çyldy. Dowam edýäs.Sowal: "Hindistanda ýaşap geçen türkmen şahyry hem serkerdesi".—Ýaryşa gatnaşýanlaryň ýazan jogaby barlandy.—Iki tarapam dogry jogap berýer. Baýram han türkmen… Hasap iki-iki. Dowam edýäs. Türkmen kompozotory Çary Nurymowyň döreden islendik aýdymyndan islendik dört setirini hiňlenmek.

Taraplar maslahatlaşanlaryndan soň Aýläle öňe saýlanýar.

“Öwsüp barýam mymyk ýeller,
Saňa arzym gowşurmazmy?
Bizi aýra salan ýollar,
Indi gaýdyp duşurmazmy?”

--Dogry! Aýdymyň sözi şahyr Italmaz Nuryýewiňki. Onungy “A” gezek sizden!

“A” synpyň wekili öňe saýlanyp hiňlenýär.

“Obasy bar diňli-diňli,
Sowuk suwly, ter öleňli.
Ili Gökleň, aday Meňli,
Ol söwer ýardan aýryldym.”

Emin mugallym elini galdyrýar.

-- Nädogry. Magtymguly Pyragynyň “Aýryldym” ýygrynyň sözlerine ýazylan ol aýdym Çary Nurymowyňky däl, kompozitor Aman Agajykowyňky. Hasap 2:1 boldy. Indikl sowal: Watan hakda aýdylan gymmatly pikir.

Iki tarap hem depderi gowşurnsoň mugallym okaýar.

--“A” synp: “Watan enäniňem sallançagydyr.” “B” synp: “Watany satyp bilýän bar, satyn alyp bilýän ýok”.Men bäsleşigiň emini hökmünde soňky jogaplaryň iukisine-de “5-lik” baha berýärin. Hasap onunjy “B” synpyň peýdasyna 3:2 boldy.

Birdenem, garaşylmadyk ýerden ak halatly aşpez peýda boldy.

--Bäsleşik gowy zat welin, naharlaram-a sowajak, ýpoldaş emin. Bu habara nähili baha berjek?

--Bu dana habara arassa bäşlik goýýaryn. Zähmet çekilip bişirilen naharlary sowatmaly däl.Muňa hiç kimem garşy bolmaz.

Soňky degişmeler köpçüligi el çarpmaga mejbur etdi.

*

Ejegül gapyny açanda, daşişikde Aýnabat daýza durdy.Ol öý eýesine ýylgyryp salam berdi.Yzyndanam uly adamynyň aýtjak sözlerine meňzemeýän sözleri tapdy.

--Şu gapydan ýöne gelesim gelip duransoň gaýtdym, Ejegül jan.

--“Gelen döwlet”. Gel!—diýip, Ejegülem ýylgyran boldy.

Myhman bilen öý eýesi diwana geçip oturan batlaryna, mydama gepläsi gelip duran adama meňzeýän Aýnabat gepläp başlady.

--Ejeül jan. Aýläle janam lukmançylyk institutyna ýerleşipdir. Gutly bolsun! Men-ä gaty begendim oňa. Näme, indi öňümiz garrylyk-da, lukmanyň öz öýüňden örse gowy-da.Meňem oglum diller unstitutyna girdi. Bir topar dil öwrenmekçi bolýa. Bir topar dil bilseňem gowy-da. Telewizorda görýäň-ä. Saryýagyzmy, garaýagyzma, ýöne daşary ýurtdan myhman gelip durandyr bize.

--Hawa-da, hünär edimip bolsa, oňa ýetesi zat ýok—diýip, myhmanynyň ýanynda ýöne dymyp oturan ýaly bolmazlyk üçin Ejegülem gep atyp galdy.—Işiňiz rowaç bolsun, Aýnaabat!

Telefonuň jyryldysy Aýnabadyň aýtjak bolan sözleriiň nobatyny eýeledi. Trubkany göteren Ejegül:

-- Geliber,geliber! Men öýde” diýdi.

Ejegüliň kimdir birine “Geliber” diýmegi göwnüden turmadyk Aýnabat keýpsizräk äheň bilen:

--Näme, biri gelmelimidi?—diýip sorady.

--Ýokarky goňşym jaň edýä. Şu köçäň ugrunda ýaşaýan bir köne tanşymyzyň kän garaşdyran agtyjagy boldy. Şony gutlap gaýdaly diýip goňşym bilen dilleşipdik-de…

Aýnabat içini gepletdi. “Agtyk gutlamaga gitmek sagat bellenen toýa barmak däl. Haçan baraňda näme? Goňşyňa ýene bir sagatdan gideli diýibem bolardy ahyryn. Meň bilen uzak gürleşip oturmak islenmän edilýän hereketmikä bi?” Bolsa-da Aýnabat sypaýçylygam elden bermedi.

--Sen ýoluňdan galma, Ejegül. Menem sizi ýatdan çykaran ýaly bolaýmaýyn diýip gaýdyberdim. Senden el üzmejekdigimem aýdyp goýaýyn.Ynha, çagalammyzam okuwa-da ýerleşdiler…

--Men-ä, dogan, saňa näme jogap gaýtarjagymam bilemok—diýip, gapynyň jyrlamagy bilen myhmanyny ynjaltman sözüni gutarmaly bolan Ejegil diwandan turdy.—Men işigi açaýyn…

*

Duralgada garaşsa-da, Aýlälä gerek trolleýbus mahaly bilen gelmedi. Gyzyň gyssanýandygy kesesindenem bildirýärdi, zol-zol sagadyna seredýärdi. ”Beýle garaşdyrýan wagty ýokdy welin, bir sebä bolandyr-da!” diýip, bir ýaşuly hiç kim soramasa-da, duranlaryň köpüsiniň hyýalynda bar sowala degişli pikirini aýtdy.

“Diş merkezinde” praktika geçip başlan Aýläle ol ýere ýekeje minudam gijä galyp baraýmaly däldi. Hünär praktikasyndan okadýan mugallym şeýle bir işine sakdy welin, talyplar ony görenlerinde ýaýdanyberýärdiler. Ol mugallyma ýöne ýetre “Ýowuz professor” diýen lakam berilmändi.Ýekeje minut giç gelneni üçin ol özüniň-ä gaharyny getirýärdi, talybyňam keýpini bozýardy. Ol professoryň “Bäş ýyl okuw bir ýana, bäş aýlyk praktika bir ýana” diýen düşnüksizräk, ýöne manysy boýunça zerur kesgitlemesi bardy.

“Ýowuz professory” ýatlan Aýläle ýene sagadyna seretdi-de, ýol maşyn bilen gitmeli diýen netijä geldi. Duralgadan bäş-on ädim öňe ýöräp, köçäniň iç gyrasyna ýeten gyz geçip barýan ýeňil maşynlara el galdyrmaga başlady, käte ýene sagadyna göz aýlady.

Birdenem, saklanmagyna yşarat edilmedik köneräk “Žiguli”, Aýläle sagadyna seredip durka, onuň aýagyna öň tigirini degrip diýen ýaly saklandy. Gyz goşaryndaky aýnasy tegelek sagatdan nazaryny aýyrsa-da, gözüne başga hili, ýöne has uly sagada meňzeş tegelek şekil kaklyşdy.Ol maşynyň tigriniň ortasynda lowurdap duran ak nikeldsen edilen bezegidi.

--Gaty gyssanýan ýaly bolup görünýäň-le, gözel gyz?!—diýip, rul başynda oturan ýaş gigit, bir tarapdan-a ýaňsylaýan ýaly, beýleki tarapdaanam ozaldan tanyş ýaly bolup dillendi.

Aýläle ýigidiň sowalyna geňirgenmedi. Sebäbi müşderileriniň göwünden turmak isleýän kireýkeşleriň köpüsiniň dili süýji, agzyndan çykýanam köplenç şoňa meňzeş sözler bolýar.

--Şu gezeg-ä ýalňyşmadyňyz.

Açylan yzky gapa tarap ýüzüni öwren ýigit nirä gitmelidiginem soraman:

--Beýle bolsa, mün!—diýdi.

Maşynda ornaşansoň, nirä gitmelidigini aýdan Aýläläniň ýigidi synlamagyna öňdäki aýna kömekleşdi.. Aýnadan sürüjiniň diňe ýüzi görünýärdi. Gyzyň takmynan kesýän bahasyna görä, ýigrimi bäşi töwereklän bugdaýreňk ýigit köçede ýörite kireý edip ýörelerden-ä däl ýalydy. Onuň agras, ýöne ulumsylyk düşnügi ýok gara gözleri Aýläläniň kalbynda mähremlik duýgusyny oýardy.Ýigit gyza köp mahal bäri tanyş ýaly bolup göründi.Şonda-da Aýläle ony şäger eteginde arça ekişen, ýadyndan çykmaýan, bir günden bir gün gabat gelmeginden hantama bolup ýören ýigididir öýdüp eger-eger pikirem etmedi. Jorasynyň ýanynda "Ýene bäş ýyldan elli ädimden görsemem tanaryn" diýip öwünen gyz ol bir adim ýaly golaýynda oturanam bolsa tanamady.Oňa garamqzdan, mundan ozal nätanyşlaryň ýanynda geplemegi halamaýan gyz bu gezek, gaýtam özüne erk edip bilmeýän ýaly geplemän oturup bilmedi.

--El galdyrmankam saklandyň welin, gyssanýandygymy näbildiň?

Beren sowalynyň juda ýöntemdigi Aýläläniň ösüne-de bildirdi, bolsa-da, ýigitden jogaba garaşdy.

--Sähel salymda iki gezek sagadyna sereden adamyň gyssanýandygy düşnükli-dä.

Aýläle sesini çykarmasa-da, näme üçindir ýylgyrdy.

Berkeli gyzyň ýylgyrmasyny aýnadan görünýän nazary bilen garşy aldy.Iki göreç sähel salymlygam bolsa duşuşdy.Aýläle gyz edepliliginiňmi, utanjaňlygynyňmy akymyna düşüp, gabaklaryny aşak goýbermeli boldy.Bolsa-da:

--Sen nirede işleýäň?—diýip, sowal bereninden soň bolsa: " Ýene bir gezek göreriňden görmeziň ýakyn adamyň nitrede işleýäni bilen s näme işiň bar?" diýip, hyýalynda öz ýalňyşyna dogry baha berdi.

--Suw hojalyk ministrliginde önümçilik praktiklasyny geçýän.

Aýlalä tas "Menem praktika geçýän" diýpdi welin, özüne erk edip geplemän oturtdy.Şol bir bagtda hem ol şu gezekki bolşuna kesesinden baha bermäge synanyşdy. Ol toý-tomguda ýanaşyk oturmaly bolýan, ozaldan tanyş oglanlarynyň ýanynda-da özüni beýle erkin alyp barmandy.Şonuň üçinem ol barylmaly ýere ýetilýänçä geplemän oturdy.

Maşyn alyn tarapyna "Diş bejeriş merkezi" diýlip ýazylan uly jaýyň öňüne ýeip saklananda, Aýläle sürüjä pul uzatdy.

--Men kireýkeş däl—diýip, ýigit ýylgyrdy.—Gyssanýandygyňy aňdym-da, duraýdym.

--Minnetdar!—diýip, ulagdan düşen gyz "Her gyssanýana beýdip dözmezçilik etseň, maşynjygyň tiz tozaýmasa!" diýip, içini gepledip gitdi.

Diş merkezinden iki ýüz metr ýaly daşlaşan Berkeli özüne gelen ýaly bolup tisgindi-de “Indi ýadyma düşdi.Şol gyz bolmaly ahyryn!”- diýip öz-özüne gyjalata ýuwrulan habar berdi.

*

Şäheriň merkezi bazarynyň girelge-çykalgasynyň gapdalynda, köçe gyrasynda tötänden sataşam iki sany elli ýaşlaryndaky aýal bir-birlerine gözleri düşüp, ilki-hä aňk bolup durdular. birdenem ukudan açylan ýaly bolup, garsa gujaklaşdylar, tolgunmadan dörän ýeňiljek gözýaşlaryny süpürdiler.Olar diňe şondan soň saglyk-amanlyk sowal-jogabyna geçdiler.

Aýallaryň biri Aýläläniň ejesi Ejegül, beýlekisi hem Berkeliiň ejesi Aýjandy. Olar ýigrimi ýyl mundan ozal dokma fabriginde bile işleýärdiler hem duldegşir goňşy bolup ýaşaýardylar. Ol mahallar toýmy, çagalaryň doglan gününi bellemek bahanasymy—adamlar ýygy-ýygydan gatnaşyk edýärdiler. Edaranyň ýardam etmegi bilen aýallaryň ikisine-de meýdany giň jaý berildi. Ýöne nesibe şeýle bolup, köne goňşulara berlen jaýlaryň hersi uly şäheriň bir ýerinden düşdi. Uzakda galan dokma fabrigine gatnamak üçin tutuş şäheriň üstünden geçip, ýolda gaty kän wagt ýitirmeli bolýardy. Şonuň üçinem olaryň ikisi-de ýaşaýan ýerleriniň golaýyndan amatlyja iş tapdylar.Gitdikçe hojalyk hysyrdysynyň artmagy, göçgünli ýaşlygyň kem-kem dşlaşyp, ozalkylar ýaly ýygy-ýygydan gatnaşmak höwesiňem peselmegi öňki goňşulara bi-biregi onçakly küýsetmedem. Şeýlelikde ozalky gadyrly goňşular, şu gün, on bäş ýyl töweregi wagt geçensoň, birinji gezek, onda-da tötänden gabat gelişdiler. Şonuň üçinem şonça ýyl görüşmedik iki aýalyň bir-birege berip biläýjek sowallarynyň soňy gelmedi. Olar häzirki duran ýerleri-hä hasabam däl welin, tutuş şäherde-de özlerinden başga adam ýok ýaly töweregi duýman, gaty-gaty gepleşýärdiler, bazara girip çykýan adamlaryň käbiri hem aralary golaý duran, ütüşýän ýaly ellerini hereketlendirip seslerine bat berýän iki aýala tarap geň nazar bilen garap geçýärdiler.

Ejegül bilen Aýjan ýanýoda-da çekilmegi unudyp, uly köçäniň iç gyrasynda saklanypdylar. Üsti uzyn-uzyn tagtadan münder edilen, aşagy goşa-goşa tigirden doly mähnet maşyn iki aýalyň gapdalyndan aýlanjak bolanda, gabarasy ýere-göge sygman, olara gaty golaýlamaly boldy.

Mähnet maşynyň uly tamyň penjiresinden seredýän ýaly bolup özi uly bolsa-da kiçi görünýän gaharly sürüji aýnadan boýnuny çykardy-da:

--Gybaty köçeden geçip edäýseňiz lezzeti gaçýamy?—diýip jabjyndy.—Meň iň ýigrenýänim ýol üstünde durup gybat edýän garry heleýler welin, olaram haýsy çatryga barsam alnymdan çykaýýalar-aýt! Ýylanyň ýigreneni narpyz…

Öz ýalňyşlaryny boýun alýan ýaly, ýakymsyz sözleri gülki bilen garşylan iki aýal gürrüňiň arasyny kesip, ýanýoda çekilmeli boldy.Gep-gürrüň şol ýerde dowam etdi.

--Garry heleýem bolduk, dogan!—diýip, Ejegül ýylgyrdy.

--Näme, ýogsam, elliden ätläňsoň, agzy ýaşmakly gelin boljakmydyň sen?

Ýaşlygyň garrylygyň ýatlanmagy ogul-gyzly sowallaryň üstündn eltdi.

--Aýläle jan-a indi uly gyz bolup gidendir?—diýip Aýjan öňürti sorady.—Şo kiçijikkä görşüm-dä. Şu mahal pete-pet gabat gelse-de tanajak gümanym ýokdur.

--Hawa, uly gyz diý-de goýaý. Lukmançylyk institutynda okaýa. Ikinji kursy gutaryp-gutarman, eýýäm praktika-da geçýäler. Dişiň agyrmasyn, agyrsa göni baryber—diýip, Ejegül magtanmak däl-de, ýaňsylaýan ýaly äheň bilen jogap berdi.

--Entek arkasyny-ha ýapan dälsiň?

--Häli-häzirlikçe-hä öz dulumda. Maňlaýy açyljak sähetli güni bardyr-da.

--Aýläle jan heniz durmuşa çykmadyk bolsa, seň gapyňdan näsag bolup barman, guda bolmaga baraýmaly bolar-da.

--Nesibe işidir!—diýip, Ejegül hem ýylgyrdy.

Aýjan köne jorasynyň ýylgyrşyndan gowy many çykardy.

Ejegül bolsa:

--Sen henizem ogluňy öýereňokmy?—diýip, Aýjanyň ýigrimi iki-ýigrimi üç ýaşly oglunyň entek öýlenmezligi ilde seýrek bolýan waka ýaly geňirgendi.

Wawwaly ýerindn basylan Aýjanyň ýüzünde närazylyk alamaty peýda boldy.

--“Henizem” diý-de goýaý, dogan.Il-kä instituta girmek, soň okamak bahana boldy. Tomus yssymyş, gyş sowukmyş, garaz tapylyp dur.Özüň bilýäň, olam indi on bäş ýaşynda däl.

--Hawa-da, aý-günem, geçýändiginem duýdurman geçip dur.

--Menem şony aýdýan-da.

--Bolsa-da, seňki ýeňil-le.

--O nähili ýeňilmiş?

--Ýeňil diýýänim, durmuş gurmak meselesinde gyz bilen oglanyňky başga—başga-da. Ogul üçin gudaçylyga baran ýeriň unamasa, başga gapydan barybermeli. Gyzly öýüň ykbaly iliň elinde…

Şuinça ýyllap duşulmansoň,  köne goňşular  kän-kän gepiň başyny agyrdyp, kän-kän tanşyň gulaklaryny şaňladyp, ahyram soňky mahallarda telim gezek çalşylan telefon nomerleriniň iň soňkusyny alşyp hoşlaşdylar.

…Bazarlyk işini bitirip, awtobus duralgasyna baran Aýjan garaşmaly bolan wagtynyň hemmesini köne goňşusynyň gyzy hakda oýlanmak bilen geçirdi. Dört-bäş ýaşyndaka-ha ol gurjak ýaly gyzjagazdy.Tertiplidi, akyllydy. Indi institutda dagy okaýan bolsa göze, göwne ýakymly maşgala bolup ýişen bolmagam ahmaldyr. “Enesini gör-ge, gyzyny al”—Ejegüle çeken bolsa-ha ol baran öýüňe rusgal getirmeli maşgaladyr.

Belkem, Aýläläniň rysgal-döwlet getirmeli öýi Aýjanyň öz öýi bolup çykar? Bolaýmagy mümkin zat. Durmuş tötänlikden düzülýär ahyryn.Köne goňşularyň hut şu gün, hut şol pursat bazara çykmaklary, edil bazaryň öňüne-de  bir wagtda peýda bolmaklary ýöne bir manysyz gabat gelişlik bolmaly däldir. Şu gün haýsy gün? Şenbemi? “Şenbe—şow” diýipdirler. Belki, Hudaý…

Öz pikirlenmelerini hem ýanyna alyp ulaga münen Aýjan oturgyçda ornaşansoňam ýakymly hyýllaryndan daşlaşmady, has dogrusy daşlaşjagam bolmady.

*

Ilkinji duşuşykdan soň ara kän wagt düşmegi bilen, ýadyndan çykarmasa-da, hyýaly höwesinden birneme sowaşan Berkeli, düýn-öňňun “Diş merkezine” eltip gaýdylan gyzy hahal eken gyzdyr öýdüp çaklansoň, yşk joşgunyna täzeden aklyny aldyryp başlady. Gyzyň praktika geçýän ýerinde garaşyp durmagy onçakly uslyp bilmedik ýaş ýigit garawullamak hereketini Aýläläniň öňňun awtobusa garaşan duralgasyna geçirmeli etdi.

Berekeli duralga golaýlap maşynyny saklanda, ol ýerde üç-dört sany gyz bardy. Ýöne olaryň arasynda sataşmak islenýän gyz ýokdy.

Birdenem täze çykan uzyn trolleýbuslaryň biri enaýy ses edip, Berkeliniň deňinden geçip gitdi. Ol ýigrimi-otuz ädim öňdäki duralga ýeten bdyna Berkeli aňyrdamn haýdap peýda bolan gyzy görüp galdy. Hawa, Berkeli ony diňe görüp galdy.Sebäbi gyz bilen tolleýbusyň arasy dört-bäş ädim bolsa, Berkeli bilen aralyk açygrakdy.Şonuň üçinem ak trolleýbusyň gujgynda gizlenen gyz göze kaklyşan salgym ýaly bolup, ýigidiň nazaryndan uçdy.

Gyzy gören badyna ýitiren Berkeliniň kellesine trolleýbusyň yzyndan garama- gara sürübermek pikiri geldi. Iň bolmanda öňňunky baran ýerine ýetilensoň-a ulagdn düşer-dä. Birdenem ol öz gelen netijesini ýerliksizräk hasaplady, başga nähili hereket etjegini bilmedi. Garaz, ýigit belli bir pikir nokdynyň üstünde saklanynça, onuň ömründe ilkinji gezek şeýle sulhy alan gyzyny özüne derek gujagyna alan ak trolleýbus barha daşlaşdy. Berkeliniň özi maşynyň içinde oturanam bolsa, iki gözi uzaklaşyp barýan trolleýbusyň üstündäki iki şahy bilen gitdi. Birdenem, goşa gözden sypman barýan goşa şah simindan sypyp gitdi. Şahyň töweregine ot uçgunlarynyň syçrandygy göründi. Trolleýbus togtady. Beerekeli “Gowulyksyz erbetlik ýok” diýen nakyly ýatlady. Erbetlik-hä adam baryny barýan ýolundan tesdirip, trolleýbusyň saklanmagydy, erbetlikden gelip çykýan gowulygam trolleýbus ýoluny dowam etmese, adamlar, iň esasam, ýigidiň sataşmak isleýän gyzy ulagdan düşmelidi.

Özi üçin ýörite döredilen ýaly ýagdaýdan peýdalanmak islän Berekeli derrew maşynyny otlady.Onuň bu gezekki islegi amala aşdy.Ol ulagdan düşen Aýlälä gözi kaklyşandan öňki gezekki duşuşykda goýberen säwligini goýbermezligi özüne pent etdi.

Öňdäki duralga tarap gidip barýan gyz deňinde saklanan maşynyň sürüjisine gözi düşüp, ýöremesini goýdy-da, çalarak ýylgyrdy. “Hudaýa şükür!” diýip, tanalanyna begenen ýigit maşynyň yzky gapysyna elii uzatdy.

Aýläläniň gepbaşylyk üçin:

-- Rugsat soraman maşyna münäýdim-le?—diýen sowaly onuň özüne berilýän ýaly bolup ýaňlandy.

--Rugsat soramak hökman däl—dýensoň, Berkeli gyzy açyk geplemek bilen ýeňmeli etdi.—Men seni ýörite gözläp ýörkäm, rugsat soramak nämä gerek? Meni saňa staşaýsam, öňi bilen gyz ýatkeşliginiň nähili bolýanmdygyny bilmekçidim…

--Nädip?

--Bir sowalyň üsti bilen.

--Men ol sawaly çaklaýan. Hany, eşideli?

--Bu sowal seni öňki gezek göremde berilmelidi welin… Iki ýyldanam gowrak mundan ozal, ýowar güni…
Aýläle sowalyň soňuna çenli garaşmaga özünde kanagat tapmady.
--Ýowar güni sen maňa arça ekişmäge kömekleşipdiň.
Sowalynyň soňunyň jogaba öwrülip, gyzyň dili, gyzyň sesi bilen aýdylansoň, Berkeli üýtgeşik bur zada gabat gelen ýaly, hatda maşynyň tizliginem özünden erksiz haýallatdy.
Çaklamanyň gabat gelenine Aýläle-de az begenmedi. Ýeýle hem iki ýyl mundan ozal nahal ekişşen ýigidi görmek üçin näçe wagtlap oda-köze düşen gyz, ony ýollardan-ýodalardan gözlän gyz, gel-gel indi oňa sataşanda-da ah urman, içini çekmän, tolgunman oturyşyna özi hem haýran galdy.
-- Ikimiziň eken nahalymyz häzir bir enaýy bolup otyr.
--Sähel salymlygam bolsa köçeden ünsüni bölen Berkeli Aýläläniň ýüzüne geňlik nazaryny aýlap goýberdi.
--Ony näbilýäň?
Iki tarapdanam açyk gürrüňe başlananam bolsa, hemme gepde açyklyk höküm sürmedi—gyz edalylygy Aýlälä kalbyndakynyň doly daş çykmagyna ýol bermedi. “Ikimiz ekenimiz üçin şol arçany ýörite görüp gaýdýan” diýilmäge derek:
--Käte şol ýerlerden ýolum düşse görýän-dä—diýildi.
Herhal ýaňy tanşylany sebäpli gyz bilen ýigit arasyndaky bolaýmaly, aýdylaýmaly gep-sözleriň agramly bölegi iki tarapyňam ýüreginde bolsa-da, diline gelmedi…
“Diş bejeriş merkesine” ýetilende, Aýläle maşyndan düşjek bolanda Berkeli:
--Telefonuň nomerii berip biljekmi?—diýip sorady.
Aýläle telefonynyň nomerii, näme üçibdir, esli garaşdyrandan soň aýtdy.
Berkeliniň maşyny yzyna aýlandy.

*

Hajy bilen Yklym keýpine şähere gezelenç edip ýördüler. ”Toýota” maşynynyň rulunda oturan Hajydy.Yklym ol ulaga şu gün birinji gezek münmeýänem bolsa:
--Seň-ä kakaň maşyn alyp berjek diýen sözünde durdy—diýdi.
--Kakam sypmaga hjyýallandy—diýip, Hajy ýylgyrdy.—Ýöne sapalak atmaga esas tapmady.Menem oňa beren sözümde durdum. Attestaty dörtlüksiz aldym. Üstesine-de, ejemem çyny bilen meniň tarapymda durdy…
Gapdaldan çykan maşyn köçe düzgünini mazalay bozup, Hajynyň öňüne sowuldy.Hajynyň maşyny jygyldap tormozlandy.
--Wagtynda tormoz beräýdiň—diýip, Yklym Hajynyň eden herekedini makullady.
--Maşynam-a edinsek edindik wlin, indi Aşgabatda ulag sürmegem aňsat däl, Yklym. Maşyn gün-günden köpelýär. Özüň ägä bolaňda-da..—Maşyndan başlanan gürrüň birdenem ugruny üýtgetdi.—Boksçyny görýäňmi?
--Şu çaklarda-ha oňa hiç gabat gelemok. Men-ä Aýlälänem mekdebi tamamlanymyzdan soň iki gezejik gördüm. Sen-ä ýygy-ýygydan görüşýänsiň-le.

Roman dowam edýärmi?
Hajy gaýtarjak jogabynyň sözlerini saýlaýan ýaly kän garaşdyransoň gepledi.
--Romany ýeke özüm ýazýan. Baş gahymanymymam hereket edenok. Şonuň üçinem ol, ýazylsa-da gyzyksyz ýazylýar. Ahyry hem netijesiz gutaraýmasa.
--Ruhdan düşme, Hajy!—diýip, mydama bolşy ýaly Yklym bu gezegem dostunyň göwnüni götermäge çalyşdy.—Meň kakam “Towşany araba bilen kowalap tutmaly” diýen nakyly gaýtalamagy gowy görýär.
--O nakyl orta asyrlara degişli—diýip, Hajy ilki-hä ýaňsyly ýylgyrdy, soňam agras keşbe girdi.—Birinjiden-ä, çöp-çalama, çarkandaklyga urup giden towşany araba bilen kowalap bilmersiň.Gaýtam arabaň tigrini döwersiň. Towşan düz ýerden gaçsa-da, bir motorly awçy peýda bolar-da, seň arabaňy yzda galdyrar.
--Nakyl göçme manyda aýdylýar, Hajy. Her bir işde howlukman hereket etmeli diýildigi bolýar-da.
--Wagtyragynda netije bermeýän hereket irizýär, Yklym.
…Saga sowlup, darajyk köçä düşen maşyn kän gitmän, bir jaýyň gabadynda saklandy.Yklym maşyndan düşende, hähilidir bir gep tapyp,öz keýpini götermek islän Hajy:
--Ynjytmanjyk gapyňa getirenim üçin, iň bolmanda, benziniň bahajygyny bir töle, gadyrdan—diýen boldy.
Sagbollaşyp ugransoň aýak çeken Yklym jübüsine elini sokdy-da sägindi.
--Bir manat töläýjekdim welin… ony agşam öýňüze eltip beräýerin. Ýogsam sen ýitirersiň.
--Bir -- nol!—diýen Hajy,bu gezek çyny bilen ýylgyrmaga mežbur boldy.

*

Ejegüliň ýany myhmanlydy. Ýene Aýnabat gelipdi. Bu gezek ol ýeke-de däldi, tutýan maksadynyň gaty düýplidigini tekrarlamak üçin bolsa gerek—ýany bilen adamsy Batyry hem alyp gelipdi.
--Hem tanşarsyňyz, hem gürleşersiňiz diýdim…
Batyr kän geplmeýän, boýnyboş, aýalynyň aýdanyna-da hiç mahal däl diýmeýän adam bolansoň.Aýnabadyň ilki aýdanyny söz bilen däl-de, baş atmak, onda-da iki gezek baş atmak bilen tassyklady.Bir tarapdan-a onuň boluşy özerksiz adamynyň roluny oýnaýan artiste-de meňzeýärdi.
--Obahojalyk ministrliginiň baş hasapçysy.Ulumsulygy, gedemligi ýok adamdyr—diýip, Aýnabat häsýetnana doldurýan ýaly bolup, adamsyny Ejegül bilen içgin tanyşdyrdy.
Ejegülem başga aýdara sözem tapmansoň:
--Ulumsy bolmasa gowy-da—diýdi.
--Şu günem şenbe güni. “Şenbe-de—şow” diýipdirler, Ejegül jan—diýip, Aýnabat aňyrdan kalbynda besläp gelen sözlerii öý eýesine aýdyp başlady.—Biziňem işimiz şow bolsun-da.
Aýalnyň aýdanlaryny öňki hereketini gaýtalap goldan Batyr bu gezek gep nobatynuy hem aldy.

--Hawa, Ejegül dogan, biziňem Hajy üç gyzyň yzyndan berilen ýurt eýämiz bolany üçin, gözümiziň ýetip duran ýeri bilen garyndaşlyk açmak isleýäs.

Bu gezek adamsynyň roluny aýaly oýnady: Aýnabat Batyra derek baş atdy-da, onuň aýdanlaryny sözme-söz diýen ýaly ýaňadandan aýtdy.Aýdanlarynyň üstüni hem özüçe ýetirdi.

--Maksadymyza ýetsek, uly geplemäýin welin, gyzyňy elimiziň aýasynda saklarys, zada mätäç etmeris. Seň çagaň biziňem çagamyza öwrüler. Öýmüzde nämämiz bolsa, özi eýelik eder. Biz ýöne daşyndan guwanar ýöreris. Uly umyt bilen gapyňdan gelendiris, dogan.

Aýalynyň hemme aýdany, her gezek hereket bilenem tassyklanmasa nyşana degmejek ýaly, Batyr bu gezegem öňirti baş atdyp, soň gepledi.

--Gyzyňy elimiziň aýasynda saklarys. Hemmämiz şoň hyzmatynda bolarys.

Aýnabat bilen adamsynyň ýagdaýy çözülmejek meseläni, bolmajak işi süýji sözler, arkaly, ynama girmek akaly, ýalbaryjy aheň arkaly amala aşyrjak bolýan adamlaryňka meňzeýärdi. Şonuň üçinem Ejegüliň olara nebsi agyrýardy. Şonuň üçünem oňa geplemegem aňsat düşmedi, öz pikirini açyk beýanam edip bilmedi. Ol öý eýesini yrmak üçin gözşýaş etmegi-de kiçilik bilmejek myhmanlayrnyň göwüni göwnünleini göteräýjek söz gözledi.

--Geleniňiz gowy zat. Gapymdan siz ýaly gowy adamlar gelse, menem ýaman görüp durjakgäl. Siziň aýdanlaryňyza-da ynanýan, özüňize-de ynanýan. Ýöne..

Özlerinde ynam oýaran ýakymly sözleriň yzndan getirilen “ýöne” sözden soň aýdylmaly pikir öňki gowluklar bilen bap gelmeli däldi.. ”Ýöne” sözi gowulykdan erbetlie ýa-da erebetlikden gowulyga geçirýn köprüdi. Oňa düşünýän Aýnabadyň derrew keýpi bozuldy.Ol entek yzyny eşitmänkä:

--“Ýöne” diýmese-ne, Ejegül jan—diýende, sesi naýynjar çykdy.

--Ýöne diýmesemem, men öňki gezek aýdanlarymy gaýtalamaly bolýan. Diňe meň razylygym meseläni çözenok, Aýnabat. Ynha, sizem ogluňyzyň aýdanyndan çykyp bilmän şu gapydan gelip ýörsüňiz-ä.

--Ol hakykat—diýip, Ejegüliň ugrundan gopsa, iş bitäýjek ýaly, Aýnabat aýdylany derrew tassyklady.

--Ol çyn, Ejegül dogan—diýip, Batyram aýalyna kömege ýetişdi.

--Meňem aýdýanym çyn. Menem gyzymyň raýyny ýykyp bilmen.

Meseläni öz bähbidine çözmäge dyrjaşýan Aýnabat:

--Asylly maşgala öz enesiniň ýamanlyk etmejekdigine akyl ýetirer, Ejegül jan--diýip, aňyrsy gärnüp duran hilegärlikdenem ýapyşalga gözledi.—Sen bizlik bolsaň…

Garaşylman durka, Aýläläniň gapydan girmegi myhmanlaryň ikisinem tisgindirdi, olaryň ýüzlerem, birhili, üýtgän ýaly boldy, aljyrana çalym eden Aýnabat ýerinden turanynam özi duýman galdy.

--Geldiňmi, Aýläle jan?—diýip, ol gyzyň enesindenem öňürti gepledi.

Aýläle myhmanlar bilen baş atyp salamlaşdy.

--Tanşyp goý. Myhmanlammyzyň biri-hä Aýnabat daýza, birem oň adamsy Batyr daýy.

--Aýnabat daýzany men tanýan, eje—diýip, Aýläle ýuwaşja gepledi.

--Gizläp oturs y zat ýok, gyz. Bular saňa gudaçylyga gelipdirler…
Enesi sözüni gutaryp-gutamanka, myhmanlar üçin garaşylmaýan ýagdaý boldy—Aýläle gepledi.
--Men ýene üç-dört ýylsyz durmuşa çykmajagymyň habaryny ozal bulara ýetiripdim, eje.—Birdenem ol ejesinden nazaryny sowup, göni Aýnabadyň ýüzüne garady.—Aýnabat daýza, sizem bir berlen jogap bilen ynjalaýyň. Men Hajy bilen on ýyl bile okadym.Men ony sylaýan, synpdşlarymyzyň arasynda iň gowy görýänim Hajy. Ýöne men ony doganym hökmünde gowy görýän. Men size gelin bolup bilmen. Dogandan-dogana nika düşmeýänine siz mendenem gowy düşünýänsiňiz.
Myhmanlaryňam, hatda Ejegüliňem asla garaşmadyk sözlerini aýdan Aýläle içki jaýa girdi-de, gapyny hem berk ýapdy. Ol hereket diňe bir otagyň gapysynyň däl, açylar öýdülen garyndaşlyk gapysynyňam mäkäm ýapylandygyny gudaçylyga gelenlere düşündirdi.

*

Sirkiň agşamky gökezilişiniň soňky nomeri dowam edýärdi. Howa akrobatlary al-asmanda täsin hem tomaşaçylar üçin gaty howply bolup görünýän maşklar edýärdiler. Berkeliniň gapdalynda oturan Aýläle ýokarda bolup geçýän, ýüregiňi bolmalysyndan artykmaç urdurýan hereketlere uzak seredip bilmän, ýüzüni aşak saldy-da, ýigide tarap biraz gysyldy. Ýene-de şol "Gowulyksyz erbetlik ýok" diýlen boly—Berkeli ýokardaky howpuň özi üçion döreden mümkinçiliginden peýdalandy.Ol tanşylaly bäri birinji gezek Aýläläniň egninden emaý bilen tutdy-da özüne tarap çekdi.
Sirk görnişi tamam bolandan soň, daş çykan adamlar agşamyň salkyn howasyna siňip ugradylar. Olaryň arasynda Aýläle bilen Berkeli hem bardy.
--Awtobusa münýäsmi?—diýip, Aýläle Berkelä ýüzlendi.
--Şu salkyn howada, şu şypaly agşamda ulaga nünenden pyýada ýöräniň gowy dälmikä?
--"Ýok" sözüni aýtman, sowalyma ýok jogap berdiň. Ýöne men düşündim hem seni goldaýan—diýip, başga bir düşnüksiz dilde gepleýeän ýaly bolup öz pikirini beýan eden Aýläle ýylgyrdy.
Uzaklaşylansoň bir göwrä meňzäp barýan iki göwre elektrik şöhlesinden hem Aý nurundan ýasalan ajaýyp agşamyň ýagty kölünde ýüzüp gitdi.

*

Şäheriň merkezi bazarynyň ýanynda bolan duşuşykdan soň, Aýjan daýza Aýläle hakdaky pikirini kellesinden çykaryp bilmedi. Süýji arzuw, döwletli alada, elbetde gowulykdan nyşan. Nä wagt, nä zamana.Heňňam üýtgemese-de, döwür üýtgedi. Döwrüň üýtgemegi adamlaryň hüý-häsiýetlerini-de özgertdi. Öňküler ýaly jalbarynyň dyzy deşilse, ýama salyp geýäýjek, çaý bilen çöregi bolsa oňňut edäýjek adam indi ýok. Häzirki zamanyň ýaşlary-ha aýratyn gürrüň. Olar her etmeli-hesip etmeli relin, birek-birekden artyk, belent bolup görünmeli. Hawa, belent bolmak hökman däl-de, belent bolup görünmeli.

Ýeri, onsoň Aýjan bilen Atagyň gözlerini dikip oturan ýeke perzendiniňem nesibesinden ýumruk ýalylygyndan ýüpek parça dolanyp ýöreniň biri çykaýsa, nädip bolar? Ýüpek parça dolanmak akylsyzlyk däl-de, ýüpek parça dolanmagy akyllylyk hasap etmeklik akylsyzlyk. Ýaşlaryň birnäçesi, has beterem gyzlaryň arasynda soňky "akyllylaryň" hataryna girýän köpeldi.. Şu gün agyr märekeli toý toýlap, edil bir hepdeden nikasyny bozýan gyz gytmy? Aýjan sadadan akylly ogly üçin özi kybapdaş, iň esasam ulumsy däl gelinlik gözlemeli. Ol hem, megerem, Ejegüliň gyzy bolup çykar. Tersine boljak bolsa Aýjan Ejegülli pikirden bireýýäm daşlaşardy ahyryn. Aýjan ol barada entek çynlakaý oýlanmaýyn diýse-de, oýlanman bilenok. Ejegüliň gyzy içen suwy bokurdagynyň daşyndan görnüp, ýaňagynyň şöhlesi ýüzüni ýagtyldyp duran uz owadandan bolup ýetişendgi gümana bolsa-da, ejesine çekip,sadadan pespäldigine ynanmak bolar.

Şýle oýlanmalar Aýjany Ejegüliň üstüne gitmäge itekledi. Ol nähili-de bolsa, ýene bir gezek jorasyna sataşsa, ogully-gyzly iki aýalyň arasynda olaryň "aýaklaryny deňlemek" gürrüňiniň üstünden hökman baryljagyny çaklap, birinji gezek, hälki bir myhmançylyga baran adam boldy.

Aýjan Ejegül bilen telefonda gepleşende, myhmançylyga barmagy giç öýläne belledi.Onuňam sebäbi, şol mahala çenli Aýläle-de okuwdanmy, hünär paktikasyndanmy dolanar öýdüp çaklady.Aýläläni görmek hem Aýjanyň myhmançylyk saparynyň esasy maksatlarynyň biridi. Emma Aýjan şol arzuwyna welin ýetip bilmedi. Nahar iýilýäçä, nahardan soňky gep-gürrüňli çaý içişlik gutarýmç-da Aýläle oýe dolanmady. Şonuň üçinem myhmançylykdan gaýtmazynyň öň ýany Aýjan:

--Aýläle jan bilenem salamlaşyp gidäýjekdim welin, nesibede ýok eken— diýip entek üsti doly ýapyk maksadynyň bir çetini çalarak açmaly etdi.— Men-ä, gyz, araky garyndaşlyk açmak hakda eden oýnam- çig gepimizi çyna öwräýsemmikämem diýmňn duramok.

Aýnabat daýzanyň eden "çozuşlaryndan" soň gudçylyk gep-gürüňleri bilen indi birneme öwrenşen Ejegül:

--Nesibe işidir—diýip ýylgyrdy.—Göwnümize sala salyp göreli, joram. Bu bir kyn mesele-dä.

Aýjan Ejegüliň "göwün" diýýäniň manysyna düşünýärdi, "göwün" Aýläle bolmalydy.Ondan bimaslahat meseläniň çözülmejegi hakdy. Ejegül ol pikir bilenem ylalaşýardy. Mesele ogul-gyzsyz çözüläýýän bolanlygynda onuň özi üç-dört ýyl mundan ozal duluna gelin getirip, eýýäm agtyk hüwdülejekdi ahyryn.

*

Aýjan içindäki syryny daş çykarmak üçin şunça howluksa-da, ogly agşamlyk naharyny iýip bolýança kanagat etmeli boldy.

Ejesiniň öz garşysynda ýüzüne garap oturşundan bir many aňan Berkeli agzyny süpüren badyna:

--Nahar iýýänçäm garaşdyň, eje. Indi aýdyber!—diýdi.

--Nämäni?—diýip, çlarak ýylgyran Aýjan geňirgenip sorady.

--Toý etmek gürrüňini.
--Sen ony nädip aňýaň?—diýen ene öňküsindenem beter geňirgendi.
--Ikimiziň soňky wagtlarda nä şondan başga gürrüňimiz barmy?
--Gepiňi gyşardan bolma, ogul—diýende, Aýjanyň gözleri nemlendi.—Ýigrimi iki ýaşyň dolýa basym. Ýene iki-üç ýyl boý gezseň, seň deň-duş gyzlaň hemmesi durmuşa çykyp gider… Bir hoş habar aýdaýjakdym welin, badymy alanyň üçin aýtjagam däl.
--Aýdaýsa-na!
Ogly bu gezegem ýaňsyly ýaly äheň bilen geplese-de, habaryny aýtmaga suw meýilli Aýjan ol äheňe ünsem bermedi.
--Iki tarapam göwnese, biz gelin edinýäs, Berkelim!
Berkeli eginlerini gysyp gepledi.
--Soňky aýdan sözleriňi eşiden adam hezil edip gülmeli welin, häzir men gülsemem, seň gaharyň geler, eje.
--Men nä gülkünç zat aýdýanmy?
--“Iki tarapam göwnese” diýýäniň, elbetde, gülkünç. Iki tarap göwnemese, toý bolmaýar.
--Gep gyşardan bolma-da, maňa gulak as. Sen Ejegüli tanaýaňmy? Ýadyňdamy?
--Bir mahal seň bilen dokma fabriginde işlän Ejegül daýzamy? Sen o hakda ozal kän gürrüň edýädiň. Gaýybana tanaýan.
--Şoň gül ýaly gyzy bar. Biz şony gelin edinmeli!—Hoş niýetlere çolanan Aýjan bu sözleri ýlgyrybrak, ýeňillik bilen aýtdy.—Ikiňiz görüşmeli.
--Özüň  bir gördüňmi ony?
--Çagaka, seň bilen baga gatnaýaka her gün görýädim.
Berkeli bu gezek çyny bilen gülmeli boldy. Oglunyň gülküsi Aýjanyň gaharyny getirdi.
--Gülen bolma. Ejegüliň gyzynyň erbet maşgala bolup ýetişmäge haky ýok.”Enesini gör-de, gyzyn yal”.
Berekeli bu gezegem güläýmelidi welin, ejesini hasam gyzdyraryn öýdüp saklandy.
--Häzirki zamanda gyzyny alyp, ondan soň enesini görýäler.
--Şeýdib-ä siz dünýäni bulam-bujar etdiňiz… Meň duluma asylly ýeriň asylly maşgalasy gelin bolup geçmeli.
--Duluňa geçmegi müňkin bir maşgalany ýakyn wagtlarda saňa görkezmegimem ahmaldyr, eje.
Ogly gaty bir howply habar aýdan ýaly Aýjan tisginip gitdi.
--Beýle bols, näme üçin şu mahala çenli dymdyň?
--Ýaňy tanyşdyk.
--Kim tanyşdyrdy?
--Özümiz tötänden tanyşdyk.
--Nirede?
--Köçede.
Oglunyň soňky jogabyby sowal edip:

--Köçe-de?!—diýende, Aýjanyň sesi süýgüp gitdi.Şonuň bilenem eneli-ogul arasyndaky sowal-jogap gutaraýmaly ýalydy welin:--Haýsy köçede?—diýen pessaý ses bilen aýdylan sowal peýda boldy.

Berkeli ýylgyrybrak joşgap berdi.

--Ykbal köçesinde.

Aýjan ogluna tarap dikanlap seredip oturşuna, esli salymdan soň kesgitli gepledi.

--Aşgabatda "Ümsüm köçe" bar, ""Salkyn köçe" bar, "Nurana köçe" bar. Ýöne "Ykbal köçe" diýen köçe ýok. Men bi şähere çagalygymdan bäri belet.

--Bolmasa, bolar-da. Biziň ykbalymyzy birikdirse, oňa şeýle at dakaýarys.

Aýjan pessaý ses bilenem bolsa, gaharlaýandygyny aňdyryp gepledi.

-- Ejeň ol köçä şeýle at dakylmagyna-da, şo köçede tanşylan gyza-da garşy çykar. Men saňa köçede tanyşmagy başarýan gyza öýlenmäge ýol bermen, han ogul. Şony bilip goý. Ugruňa kowulsa-da, çygşylda uraňda, jylawuňdan çekilmez öýtmegin. Erte-birigün ataň geler, tomaşany ýonda görersiň sen…

Berkeli jogap berjek boldy. Birdenem, bu mahal ejesine gep düşündirmegiň wagty däldigi barada oýlanan ogul gürrüňi soňa goýmaly etdi.Ol ejesini birneme köşeşdirmek isläp, ýasama ýylgyrdy.

Elbetde, oglundan eşiden geň habaryndan soň, Aýjan ýasama däl, hakyky ýylgyryş bilenem köşeşerli däldi. Ol öýke-kinesinden birneme düşüşmek üçin gapjygy bilen torbasyny aldy-da, dükana gitmek meýli bilen gapa tarap ýöneldi. Ol işikden çykanda-da, basgnçakdan düşende-de, uly köçäniň gyrasy bilen ýywaş ýöräp barýarka-da ogly bilen "Ykbal köçesinde" tanşan gyz hakdaky pikiri kellesinden çykaryp bilmedi. Ýogsam ol gyz bilen tanşylan köçäniň niredediginem, ol gyzyň daş sypatynyň nähilidigenem çaklamaýardy. Çaklamasa-da, onuň göwnüne bolmasa, ogluna çem gelen gyzy sataşdyran köçe-de ibaly köçe bolmaly däldi, ol gyzam oňly gyza meňzemeýän bir ataýry ýaly zatdy. Aýjan ol gyzy öz hyýalynda-da gowy gyzdyr öýtmek islemedi. Sebäbi her bir ene ýaly ol hem öz ogluny hemme eneleriň ogullaryndan gowy hasaplaýardy. Diňe bir gowy hasaplamagam däl, Aýjanyň ynam bilen kesýän nyrhyna görä, onuň Berkelisi ýaly edepli, onuň Berkelisi ýaly edenli, akylly ogul ýok, bolsa-da gaty seýrek bolmaly.Şeýle ogla mynasyp, gaýnenesiniň bir tabşyranyny iki gezek gaýtalatmaýan, gaýnatysyny eliniň aýasynda saklaýan, görkde-görmekde-de goňşusynyňky ýaly gaty owadan bolmasa-da, görklüje gelin gerekdi.Üstesine-de Aýjanyň gelniniň ene-atasy-da, hälki bi arak-şerap içip ýörenlerden däl, atly – abraýly tohumdan bolmaly. Elbetde, Aýjanyň isleg şertiniň hemme şahasyna gabat geljek maşgala tapmagam arzuwda aňsatdy. Taňrymyz bolsa öz iki aýakly bendesini örän düşnüksiz hem gaty täsin edip dünýä inderýär. Käbir daşyndan dokuzy düzüw ýaly bolup görünýän hojalykda terbiýe alan maşgalanyňam akly-huşy ýukarak çykýar, ädim urşy, otur-turşy maňzyňa batmaýar. Kete-sde il-günüň sylamaýan, agramsyz, arsyz ene-atadanam özüne ilhany saýlaýmaly diýdirýän ogulam döräýýär. Garaz durmuş gaty çylşyrymly närse. Adam pahyr diňe özi hakda pikir ýüwürdip, şol çylşyrymlylykdanam özüne çylşyrymsyzragyny gözleýär. Hany, ceniň hemme diýeniň hasyl bolaýýarmy. Ogul öýerýän eneler iliňkiden zyýat maşgala agtaryp,

iliňkiçe ýok maşgala nesibesinden çyksa-da kaýyl bolup ýörler welin, mesele çözülýänçä ýaýdanýlýar-da.

Aýjanyň kalbyna siňe seretseň, ol entek jorasy Ejegül bilenem garyndaşlyk gapysyny açyşmaga onçakly döwtalap hem däl. Köne nakyly aýtsalaram aýdybersinler welin, Aýjan "enesini göreni" bilenem, ur-tut gyzyna ýapyşybermez. Ene-ata başga-başga, ogul-gyz başga -başga. Öňi bilen şol başgalyk barada oýlanmaly. Aýjan oýlanýaram.Berkeliniň göwnünden turaýanda-da, olam Berkelini halaýanda-da, Ejegüliň gyzynyň boý-syratyny, görk-görmegini, agramyny öz göz dürbüsinden geçirmese, öz köne terezisinde agramlap görmese, Aýjan ynjalmaz. Köne terezi bilen köne dürbi bolsa ony aldamaz.

"Ajygan ölmez, alňasan öler" diýipdirler-ä welin, diýselerem, biziň Aýjan daýzamyz birneme howlugaýsa-da kem görenok. Ýogsam, giňden- giň "Ykbal köçesiniň" ortarasynda durup, ýat ýigit bilen tanyşmagy başarýan gyz ( Şony başarýan bolsa gyzmyka beri?) esasy meselede-de Aýjandan öňürtmegi başarar. Suw seňrikden agyp, bolmasyz iş bolansoňam, ýer ýumruklanyňdan ne peýda! Gaýtam öz ýumrugyňy agyrdanyň galar.

Aýjan aljak zatlaryny alyp, dükandan çykanda,ýörite garawullap durana meňzeýän, çakdanaşa uzyn boýy özüni betgelşik edip görkezýän elli ýaşlaryndaky nätanyş aýal salam-heliksiz gepläp başlady.

--Goňşy jan, bu meselede ýörite öýüňe baryp gören ahwalatyňy aýtmaly welin, uslyp bilmedim. Haýyr işi bozýan şermende ýaly bolup görnäýmäýin diýdim. Siziň maşgalaňyzy gowy tanamasamam, gowy adamlar gowudygyňyzy aýdýalar. Şoň üçinem dükana gireniňi gördüm-de, çykýançaň garaşaýayn diýdim.—Uzyn boýly aýal çep tarapda, ses ýetimdenem açygrakda duran on iki gatly jaýa tarap elini salgap goýberdi.—Men, ana, ho jaýda ýaşaýan. Goňşy bolýa-da.

--Aýdyber, goňşy!—diýip, nätanşyň nätanşa garaşyp näme wajyp gep aýtjagyny bilen öňünden gyzyklnan Aýjan oňa tarap birki ädim süýşmek bilen diňlemägä döwtalapdygyny aňdyrdy.

Uzyn aýal kimdir birine görünmekden heder edýän ýaly sagyna-soluna ýaltaklady.

--Gürrüň ikimiziň aramyzda galsyn, goňşy…

--Arkaýyn gepläber.

--Geplesem, soňky wagtlarda seň ogluň maşynynda, gyzmy, gelinmi—bir aýal maşgala görünýä welin, özüň habarlymyň?

--Habarly däl, goňşy. Ýöne çaklaýan.

--Çaklasaň, ägä bol, goňşy. Olar ýalynyň gözlegi seň ogluň ýaly porýadoçnyý ýigitler.

--Daşyndan görmäge nähili, o maşgala?

--Maşgala diýip, ony arsyz adama öwürmese-ne. Özüm-ä şolar ýala sataşsam, bir jaýda-da ýaşamazdym. Boýy seň ogluňdan bir garyş uzyn.Boýny gara sapak ýaly.Syrtyna-da göni tagta kakylan ýaly. Yz-da ýok, öň-de. Olar ýaly aýal çaga dogrup bilerem öýdemok men-ä. Dopgursa-da göz eglener ýaly zat-ha dogurmaz. Gözleri içiňden geçip gelýän jükburun özem. Ýeňseçukuram erkek

adamyňky ýaly päki bilen syrylan keltesaç.Saçynam älemde ýok reňke boýapdyr welin…

Aýjanyň gulagy dykylan ýaly bolup, soňky aýdylanlary doly eşitmedi. Ýöne ozalky eşidenlerem ony öüüne sowulman, göni dälihana gidibermeli derejä ýetiriberdi. Ol elinden gaçyp pytran kükürt gutularyny çöpläp dikelende, özüni goňşy atlandyran aýalyň daşlaşyp barýandygyny gördi. Şol pursadam Aýjan käte telewizorda görünýän, elindäki syryga daýanyp ýokaryk towusýan saçlary syrylan uzynsatan gyzlary göz öňüne getirdi. “Ýok, olar ýaly harteçjaly gelin edinip bolmaz…”

Alada astynda galyp, zordan öýüne dolanan Aýjan, özüni diwana taşlady-da, gözlerini ýumup, oýa batdy… Ýuwaşjadan açylan gapydan yzyna bir nätanyş aýal maşgalany tirkäp, Berkeli içerik girýär. “Ykbal köçesinden tapanym-a şu bolmaly, eje. Tanyş bol, hem kabul et. Sen hut ertiriň özünde şu gyzyň ejesiniň öýüne gudaçylyga barmaly. Men senden hiç zat gizlämok. Bu gyzyň kakasam bar.Ýöne ol türmede.Adam pyçaklap düşüpdir.Men öz söýen gyzym bilen hemme meseläni bişirdim. Aýal gudaň saňa garaşyp otyr.” Hyýalam bolsa, göz öňüne getirme Aýjanyň dünýäsini çepbe çöwürýär. Gel-gel, indi sen özi köçede kaňkap ýöreni, kakasy adam pyçaklap bilýäni gelin edinmelimi? Üstesine-de, Berkeliniň yzyna düşüp gelen çöp bu oýde ýaşamaga mynasyp çöp däl ahyryn. Görk kaýda, görmek kaýda. Haýwanat bagyndan gelen ýaly. Beýle zenan duluňa geçen dessine öüüňden bereket göteriler.Ol gyz gele-gelmäe-de, Aýjany gujaklap ogşaýar. “Mam!” diýende, onuň agzyndan temmäkiniň ysyndanam agyr hem ajymtyk ys göterilýär, geýim-gejimem aňkap dur.Gaýnenesine “mam” diýip ýüzlenýän nä milletkä? Kakasy türmede oturan gyz nireden görüm görsün? Häli görseň, eejesem arakhordyr. Aýjanyň bagty ýatdy. Ýok, beýle däl. Berkeli ýaly akylly ogul dogran aýal alasamsyk hatynlardan däldir.Ol Bekeliniň ýalňyşy bilen bulaşan bagtyny özüniň enelik paýhasynyň güýji bilen düzeder.

*

Her eli içi zatdan doly torly Aýnabat bazaryň derwezesinden çykyp, Hajynyň maşynly garaşyp duran ýerine golaýlanda, Aýjana sataşyp başyny agyrdan uzyn boýly aýal onuň yzyndan ýetdi.

--Dogan, ýekeje munt aýak çek. Saňa eşitdirmeli zerur bir habarym bardy welin, gabat geleniň gowy bolaýdy.

Gözi kaklyşandan maňzyna batmadyk aýaly Aýnabat tutukdy kabul etdi.

--Aýtmaly zadyň bolsa, aýdyber.

Uzyn boýly aýal edil Aýjana sataşanyndaky hereketlerini gaýtalady: sagyna-soluna ýaltaklap gepledi.

--Maşgalaňyzy ýakyndan tanaýan tanyşlarym siziň akylly-başly gowy ogluňyz bar diýýäler.Olar siziň nirä gudaçylyga barýandygyňyzam bilýär ekenler.Menem siziň barýan ýeriňizi oňat tanaýan.

Aýnabat gudaçylyga barýan ýerinden indi tamasyny üzenem bolsa, nätanyş aýalyň öňünde syryny paş etmedi.

--Tanasaň, gowy-da. Gudaçylyga barmak gizlin zat däl, nesibäň çekse-hä guda bolarsyň, bolmasa-da…

--Gizlin syr däldir welin, barýaň ýeriň nähilidigine-de göz ýetrjek bolmaly, dogan. O gyz siz ýaly abraýly hojalygyň duluna geçmeli maşgala däl. Daşy jäjek, içi möjekdit oň. Çilimem çekýändir. Heý, gyz maşgala-da çilim çekermi? Şony gelin edinseň jaýyňam eliňden gider, ogluňam özüňki bolmaz.

--Şümi bar aýtjagyň?—diýip,Aýnabat ol aýalyň ýüzüne ýakymsyz nazar aýlady.-- Haýyr işiň arasyna düşmegiň agyr günä bolýandygyny bilýäňmi sen?

--Men haýyr işi bozmak islämok-da, saňa ýagşylyk isleýän…

--Adam ýamanlamakdan ýagşylyk bolmaz. Biziň gudaçylyga baran ýerimiziň maşgalasynuy özümizden gowy bilýän ýokur—diýip, Aýnbat elindäki torlary eýýäm ýanyna gelen ogluna berdi-de, ýöräberdi.

Ýüzüne urlana dönen arryk aýal hem yzyna aýlandy.

--Sen ýaňky aýaly tanaýaňmy, eje?—diýip, Hajy entek torlary maşyna salmanka sowal berdi."Ýok" jogabyny alansoňam, dowam etdi.—Şol aýalyň iki metr boýly, özündenem hor ogly bar. Bizden iki-üç ýyl ozal goňşy mekdebi gutardy.Men ýaňky aýaly käte ogly bilen bile barýakalar köçede görýädim. Şol oglanyň özem sapak gutaran mahaly, bir zat gözleýän ýaly mydama biziň mekdebimiziň töwereginde köw-söw urup gezýädi.

--Şolar ýaly bir zat tapsana! Eneli ogluň tutýan maksady düşnükli indi.

--O nähili maksat?—diýp Hajy gyzyklandy.

Aýnabat elini silkip goýberdi.

--Erkek oglan aýal gybatyna goşulmaz…

*

Aýläle daş çykanda "Diş merkeziniň" öňündäki aýmançada maşynyň ýanynda kimdir birine garaşýan ýaly bolup duran Haja gözi düşdi. Hajy Aýlälä, Aýläle Haja tarap ýöredi. Olar düýnki synpdaşlar hökmünde gadyrly salamlaşdylar.Aýläle hatda Hajynyň ejesiniň, kakasynyň ýagdaýlary bilenem gyzyklndy. Ol hem Hajyny Aýlälä aýtmak isleýän gepine başlabermegine tutaryk boldy.

--Olaňam soňky gezek size baryp gaýdanlary bäri keýpleri ýok—diýip, Hajy gönüsinden geldi.—Ejemi-hä birbada ganjoşma-da heläk etdi. Indi ýagşy.

-- Ganjoşma döremez ýaly o meselä gaty ynam bilen ýapyşmaly däl, Hajy. Durmuşda hemme tutýan maksadyňa ýetibem bolanog-a.

Aýläläniň aýdýanyny Hajy, islemese-de makullýardy. Emma ol ýene bir gezek "sypaldan ýapyşan ýaly" bolsa-da, bagtyny synap görmek isledi.

--Ol şeýle. Ýöne ýetiläýmeli maksada ýetilse gowy-da. Men entegem şol arzuwymdan el üzemok, Aýläle. Şoň üçinem meni dogan saýmak hakdaky gepiňi yzyna almagyňy isleýän. Şony ýeýtseň, men özümi bagtly hasap ederdim.

Gürrüňi uzaldyp durmak islemedik Aýläle agras sypata geçip gepledi.

--Ony yzyna almak indi giç, Hajy. Seniň doganlyk ornuňdan aýrylyp ýetmek isleýän ornuüy eýýäm başga biri eýeledi.

Hajy böwrüne dürtülen ýaly tisginende, onuň gözlerindenem uçgun syçran ýaly boldy.

--Men oňa ynanamok, Aýläle—diýende bolsa, onuň sesi ýdylan habara ynanmaýanyň däl-de, ynanýandygy üçin kemsineniň sesi hökmünde naýynjar bolup çykdy.

--Sen şoňa ynan-da, özüňi maňa dogan hasapla, Hajy. Şeýtseň, özüňem ynjalarsyň, menem ynjaldarsyň.Aýdýanymyň hakykatdygyny bolsa wagt görkezer.

--Ynanasym gelenok—diýende Hajy ýokary okuw gaýynyň talybyna däl-de, çagalar bagyna gatnaýan oglanjyga meňzedi.—Nirä ugradyň?

--Öýe.

--Ýör, men seni öýňüze çenli maşynly äkideýin.—Aýläle çalaja ýylgyransoň Hajy sowal berdi.—Nämä ýylgyrýaň? Ýa maňa janyňy ynanaňokmy?

--Gep onda däl. Men öz ýüregimiň uzak ýyllaryň dowamynda sagat işlemegini isleýän. Alym lukmanlaryň biri bolsa "Ýüregiň saglyk damary aýakdan gaýdýar" diýipdir.

--Maşyn münmän, pyýada ýöremeli diýildigi bolýar-da—diýip, Hajy baş atdy.—Ýöne şony diýýän alymlaryň özlerem maşyn münýändirler.

--Biz özümiz alym bolmamyzsoň, alymlaryň aýdanyy etmeli bolýarys-da.

--Gepiň keltesi, sen pyýada gitjek-dä?

--Ýadaýançam.

Synpdaşy bilen sagbollaşan Aýläle öz ugruna ýöräberdi. Maşynyna giren Hajy gyzyň ädim urşuny synlap oturdy. Emma pyýadalap uzak gitmedik Aýläle aňyrrakda duran "Žiguliniň" ýanynda aýak çekdi-de, onuň yzky gapysyny açdy.

Elbetde, ol ýagdaý Hajyny öňküsindenem keýpsizlendirdi.Ol durmalymy, sürmelimi—näderini bilmedi.Ahyram Aýläläni alyp gideniň kimdigini bilmek höwesi döräp, ol derrew maşyny otlady. "Toýota" ýuwaş gidip barýan "Žiguliniň" yzyndan derrew ýetdi. Iki maşyn deňleşende, rulda oturan, keşbi hakydasyndan çykmadyk ýigidi görenden soň oalky ozmak meýlini goýan Hajy yza galdy. Ol maşynyny köçäniň gyrasynda saklap, esli salym oýlanyp oturdy, "Sen gaty bagtly ýigit ekeniň, gadyrdan!—diýip üçini gepletdi.—Ýöne sen bagtlydygyňa gowy düşünýärmikäň?"

Maşynyň ruluna maňlaýyny goýan Hajy esli salymdan soň başyny galdyrdy- da, telefona ýapyşdy.

--Yklym, salam. Men Hajy. Seniň maslahatçylyk etmegiňde ýazyp ýören romanymyň hut häzir soňky nokdyny goýandygymy aýdaýyn diýip jaň edýän.

--Onda seni gutlabermelimi?—diýende, Yklymyň sesi begençli çykdy.

--Ýalňyşýaň, gadyrdan. Gutlanmaly adam Berkeli boksçy.

--Düşünmedim.

--Düşünmeseň, düşün. Häzir men Aýläläniň onuň maşynyna münüp gidenini öz gözüm bilen gördüm.

--Ýalňyşýan bolaýma?

--Ýalňyşasym gelýär. Ýöne ýalňyşmaga ýol ýok. Ol hakykat…

Telefony gapdala taşlan Hajy maňlaýyny ýene rula goýdy.

*

Gapyny açanda ýylgyryp duran Aýjany gören Ejegül ony ýaňagyndan ogşap, gujaklap içerik saldy.

--Gökden düşdüňmi gyz?! Gökdenem ýagyş bilen gardan başga-da, şeýle gowlygam düşmeli ahyryn.

--Şu töwereklere ýolum düşdi-de, ýüzüňi görüp geçeýin diýip sowlaýdym.

Aýjan jorasynyň öňünde ikilik etdi. Ol bu töwereklere ýoly düşeni sebäpli tötänden sowulmndy-da, ýörite gelipdi. Özüni goňşy diýip atlandyran uzyn aýlaýň gulagyna ýetiren geplerinden soň Aýjan oýa wagtam öňki Aýjan däldi, ukuda wagtam.Ol özüne ýer tapmaýardy. Şonuň üçinem indiki gezek çyny bilen gelmezinden ozal Ejegüli birneme yrbaslamak, taýynlamak, iň esay-da Aýläläni görerin diýen niýet bilen gaýdypdy.Aýjan öz ýanyndan her hili taslama tapýardy. Eger-de, Aýläle öz göwnünden turup, oglunyň göwnünden turmaýsa, ol derrew Balkan tarapa jaň edip, Berkeliniň kakasyny gyssagly ýagdaýda Aşgabada geler ýaly etjekdi. Aýjan şol goňşynyň Berkeliniň maşynyna münýär diýip, keşbini suratlandyran, ýeňseçukury päki bilen syrylan jyndan sypmak üçin hiç zatdan gaçjak däldi. Ony şu gün bu ýere gyssagly gelmäge mejbur edenem keşbi Aýjanyň kellesinden çykmaýan gyzdy. Enäniň göwnüne bolmasa,gyssanaýmasa ogly elden gidip barýan ýalydy.

Öýde bardygyny-ýokdugyny bilmek üçin telefon etmän gaýtsa-da, Aýjanyň asmanda aýlanýan dilegi Ejegň öýünde gowuşdy. Ol gelende diňe jorasy däl, jorasynyň gyzy hem bar eken.Hudaý hemme zady ugruna edäjek ýaky.

Aýlälä gözi düşen Aýjan oglunyň maşynyna münýän ýeňseçukury syrylan gyzyň daş sypaty uzyn boýly aýalyň suratlandyryşynyň tersine bolaýanda-da, onuň üstüne atanak çekdi. Ol bir görende sulhy almak bilen kalbyna jaýlaşan Aýläläni, mesele diňe özünden çözülmeýänem bolsa, derrew öz tarapyna geçirdi. Şonuň üçinem Ejegül bilen howul-halat egin kakyşan Aýjan Aýläle gyza garsa ýapyşyp, ony esli salymlap gujaklap durdy. Şol mahalam onuň kalbynda Ejegüliň gyzyny däl-e, öz ýalňyz gelnini gujaklaýan ýaly duýgy oýandy.

--Waý, Aýläle jan, bi senmiň asyl!? Tüweleme! Tüweleme! Golaýdaky gözden, alysdaky dilden ýokarkyň özi gorsyn!.. Hasap etdim welin, seni görmälime on bäş yil dagy bolup gidipdir. Tüwelem! Tüweleme!—Daşyndan şeýle sözleri diýen Aýjan içinden bolsa “Sen meňki bolmaly” diýen pikiri üç gezek gaýtalady.

--Aýjan daýzaň diýip gürrüňini edýänim şü bolmaly—diýip, Ejegül jorasynyň säginmeginden peýalandy.--Näçe ýyl bir gapydan girip-çykdyk!

--Bir dogan ýaly bolup diýsene!—diýip, Aýjan özüniň bu öýe iň ýakyn adamdygyny Aýlälä ýaňzytmak isledi.

--Dogandanam ýakyn diýsegem bolýa—diýip, Ejegüliň gyzyna eşitdirip aýdan sözleri myhmanyň göwnünden turubildi.—Iýenimiz aýra gitmändi. Ol mahallr biziň fabrigimizde…

Bu mahal uzak ýyllaryň aňyrsynda gizlenen fabrik ýatlanman, şu günüň zerur meselesiniň üstünden barylmagyny isleýän Aýjan, başga zada üns bermen, Aýläläni ölçeg terezisinden düşürmän saklap durdy. Tüýs şoňa geregi. Şiňňir uzynam däl, jortmak kelte-de däl, çykyn-çykyn bolup duran semizem däl.. Aýlä

läniň ýüz keşwi welin Aýjanyň hyýalyndaky gelinliginiň ýüz keşbinen birneme pesräk. Zyýany ýok. Öz maşgalaň çakdanaşa uz owadan bolsa-da gowy dälmiş. Ilem bir zadyň anygyna ýetmän aýgyt etmez.

Eýýäm öz tarapyna geçiren gelinliginiň keşbinden göwni suw içen Aýjanyň telim gün bäri gaty biynjalyk bolup ýören kalby birneme aram tapdy. Ýöne begenjiniň gapdalyndan peýda bolan alada onuň Aýlälä sataşyp dörän keýpini azrak bozdy. Ol hem Berekeliniň "Ykbal köçesinde" tanşan gyzynyň aladasydy. Ýok, her eder-hesip eder welin, Aýjan Aýläläni elden gidirmez. Gerek bolsa, ogly bilenem mazaly dikleşer, adamsyny kömege çagyrar. Aýjan şony şeýtjegine-de Aýläleden gözüni aýyrman durka, edil ant içýän ýaly bolup özüne söz berdi.

*

Eneli-ogluň arasynda her gün diýen ýaly gürrüňiň toýdan başlanyp, toýsyz gutarmagy bu öýde esli mahal bäri düzgün diýen ýaly bir zada öwrülipdi. Şonuň üçinem stol başyna geçip oturan Berkeli çalarak ýylgyrdy-da:

--Bu gün toý hakda gürrüň edemizokmy, eje?—diýip gepini gyşartdy.

--Gepiňi gyşardan bolma, ogul—diýip, Aýgan öýkeli ýaly, ýüzüni kesä sowdy.— Şy gezek meň diýenimi etmeseň, tomaşany erte-birigün kakaň gelende görersiň. Men seň bilen gepleşe-gepleşe ýadadym… Joramyň gyzy hakd-da öten agşam saňa ähli aýtjagymy aýtdym.Sen şondn ýüz öwürseň…--Aýjan gödek bir zat diýmekden özüni saklady.—Meň göwnüme gaty degersiň. Sen diýenimi edäge-de, birigün agşamlyk joramyň öýüne meň bilen myhmançylyga gitseň-ä…

--Men seň göwnüňi ýykmaýyn, gideýin. Ýöne men o ýerde näme etmeli?

Oglunyň Ejegüllere gitmegine razylyk bermegine birneme ýumşam Aýjanyň sesi ýakymly çykdy.

--Oturarys. Bir käse çaý içeris.Sen gyzy, gyz seni synlar.

--Bir şert bilen, eje.Men saňa hä diýýän, senem meň garşyma gitme.

--Men seň ähli şertiňe razy, gitseň bolýa. Sen o gyzy görseň…

--Seň halan gyzyňy birigün agşam gidip görýäs. Menem öz halan gyzymy ertir saňa gökeşmäge getirýän. Razymyň?

Aýjan her hili şerte garaşsa-da, beýle zada garaşmndy. Şonuň üçinem ol ýene keýpden düşüp gepledi.

--Başy-başlanan döwletli işi sen oýun-henek bilen bozjak bolma. Özüni görkezmäge öz aýagy bilen gelýän gyz…

Berkeli ejesiniň elinden tutup gepledi.

-- Gapyňdan gelen bilen salamlaşyp bilersiň ahyryn. Men oňa ýaşaýan ýerimizi görkezeýin diýip söz beripdim. Onsoňam, eje, indi siziň ýaşlyk döwrüňiz ýok ahyryn.Geler, salamlaşar, gider. Beýtmek aýyp däl…

Aýjan esli dymyp durandan soň gepledi.

--Ýeri, bolýa-da. Birigün agşam meň bilen Ejegüllere gitseň bolýa…

*

Şol gün agşam teatrdan çykylandan soň, Aýläle bilen Berkeli giň şaýol bilen gündogarlygyna bakan ugradylar. Spektakl gysgajyk bolany üçin wagt entek

gaty irdi. Parahat şäher agşamara has-da gowlanypdy. Owadan agşamda dag tarapdan öwüsýän jana şypaly aram şemal iki juwanyň keýpine keýp goşýandygyny keseden garasaňam duýmak bolýardy.Ýöne Aýläle bilen Berekeli el-ele berip barýanam bolsalar, olaryň özlerini alyp baryşlarynda ýuwanaklyk, “öňdebaryjy” söýgi almatlary göze dürtülmeýärdi.

Öňden mazaly içgilidigini aňdyryp, giň ýanköçä zordan sygýan, elli ýaşlaryndaky adam peýda boldy.Ol ýigit bilen gyzyň deine ýetende:

--Aýak çek, ýaş ýigit!—diýip, buýruk beriji äheň bilen Berkelä ýüzlendi.

Bular ýaly ýagdaýda aýdylan gepi eşitmediksirän bolup geçibermeli halyna:

--Näme hyzmat?—diýip, Berekeli aýak çekdi.

--Nähili çilim çekýäň? Maňa filtrsizi gerek.—Serhoş adam alan jogabyna öz bahasyny kesdi.—Hm-m.. Çilim çekmeýändenem erkek bormy? Özüňem owadan gyz bilen gezim edýäň. Owadan gyzlar içmeýän, çekmeýän ýigitleri ýigit hasap etmeýäler.Sebäbi olaň ozlerem içýälerem, çekýälerem… Sen şony bil…

--Ýörsene!—diýip, Aýläle Berkeliniň elinden çekdi.

Berkeli ýöräberende, serhoş adam:

--Eýäm jylawuňy eline beripsiň, gadyrdan--diýdi.—Indiden beýläk ýanyňdakyň rugsady bolmasa, aýak ýoluna-da gidip bilmersiň, bagty ýatan.Siz şeýdip, biz ýaly mert erkekleriň adyna ysnat getirýäňiz..

--Gürleşesiň gelýän bolsa, men saňa gürrüňdeş bolaýyn. Ýör tizräk!—diýip, Aýläle gyssandy.

Dört-bäş ädim ýörelensoň Berkeli:

--Serhoşyňky ýaly sözleri taparmyň?—diýdi.

--Serhoşuňkydanam gowysyny taparyn—diýip, Aýläle jak-jak urdy.

Şol mahal hem Berkeli ozal Aýlälä ertir ejesiniň üstüne salama barmak barada goýan meselesini şu güne, şu salkyn agşama geçirmegi haýyş etdi.

Jogap kän garaşdyransoň aýdyldy.

--Umuman, Berkeli, ol türkmençilikde… ol gaty kyn iş. Şol pikir sen aýdalyň bäri kellämden çykanok. Men ýaýdanyp ýörün. Onda-da öňüňi garaňka tutup barmak…

--Aşşamara adamlaň dynç alyp rahatlanýan wagty ikimiziňki ýaly sapar etmek hasam gowy bolar. Barybir sen häzir biziň ýaşaýan ýerimizden geçip gitmeli…Ýekeje minut Aýläle, ýekeje minut. Salamlaşarsyň-da, gýdyberersiň…

Aýläleden belli jogap bolmady.

Gapaldan geçip giden ýaş ýigidiň elindäki magnitofondan:

“Aşgabadyň agşamy,
Aşyklaryň agşamy.
Jeýlisaçlar şaýat bolar,
Päk söýgüniň dogşuna”—diýen köne aýdym setirleri eşidildi.

Aýdymyň sözleri şu gün ozalam birneme joşgunlyrak Berkeliniň keýpini ýene göterdi. Ol Aýläläniň elinden çekip, ony bir tarapa sowmakçy boldy. Gyz elinia sypdyrmaga synanyşdy.Emma başaramady.Ýigit gyzy has gyra, leýlisaç söwütleriň ösüp oturan trapyna çekdi. Olar şol ýerde az-kem eglendiler.Berkeli asmandaky dolan Aýa seretdi.Şu mahal başga-da üýtgeşik söz tapmadyk ýigit

özüni gurşap alan ýagdaýa kybapdaş bolup,birneme göçgünlendi. Owadan şäher, aşaýyp Aýly agşam Berekeliniň agzyna söz salyp berdi.

--Asmanyň Aýlälesi—ýokarda, meniň Aýläläm ýanymda!..

Ol sözler Aýläläni aşak bakdyrdy.

Ýigit bilen gyz ýarym ädim ýaly süýşüp, bir-birlerine has-da golaýlaşdylar. Dolan Aýyň şöhlesine lowurdaşýan leýlisaç şelpeleri juwanlyga hemaýat edýän perdä öwrülip, Aýläle bilen Berkelini görer gözden gizlediler…

Ýigit bilen gyz Aýjanyň ýaşaýan jaýynyň ikinji gatyna galanlarynda, Aýläle üşüdýän ýaly bolup göründi.Olar ýüzüne “4” ýazylgy gapynyň öňüne baranlarynda, işigiň jaňyna tarap ümlän Berkeli “Bas” diýen yşarat etdi, ozalam ýaýdanyp duran Aýäle başyny ýaýkady.Gapynyň jaňyny Berkeliniň özi basmaly boldy.Aňyrdan açaryň şakyrdysy eşidildi. Utanýan hem tolgunýan Aýläläniň elleri, eginleri çalaja titredi. Onuň çygjaran maňlaýynda, gyzaran ýaňaklarynda der damjajyklary peýda boldy.

Murgap, 2009.

Türkmen halky ozal yktysady ýa-da ýakyn medeni gatnaşygy bolmasa-da, Pereňistan ( Fransiýa) diýen ýurda gadymdan bäri uly sarpa goýupdyr.Beýik türkmen şahyry Magtymguly baryp-ha 18-nji asyryň ortalarynda “Rum, Pereň bolsa ýurdum” diýip ýazýar. Bu öz döwriniň ýokary sowatly şahsynyň Fransiýanyň döwletli, belent medeniýetli ýurtdygyna göz ýetirendigini, öz ýurdunyňam şeýle bolmagyny arzuw edendigini aňladýar.

1860-1861-nji ýyllarda Fransiýanyň raýaty 28 ýaşly kapral Gulibef de Blokwil (1832—1903) biziň obalarymyzyň birinde bendilikde bolup, “Türkmenlerdäki 14 aýlyk ýesirlik” diýen gündelik ýazypdyr.Megerem ol türkmen topragyna gadam basan ilkinji fransuzdyr. Blokwil ýesirlik ýagdaýynda-da türkmenleriň däp-dessurlaryny, dilini öwrenmegi, zenanlaryň inçe sungatyna, bagşylaryň zehinine, aksakallaryň parasatlylygyna, çarwa halkyň gahrymançylygyna, watanperligine, özboluşly söweş taktikasyna uly hormat bilen obýektiw baga bermegi başarypdyr. Kalby adamlara ýagşylyk etmek meýlinden doly, sowatly fransuz türkmen çagalaryna, näsaglara elinden gelen kömegi edipdir.

Ýesiriň gündeligi hem Parižde öwrenen dokumentleri esasynda türkmen ýazyjysy Atajan Tagan “Keseki” ady bilen taryhy-dokumental roman döretdi. Türkmen-fransuz gatnaşygy hakynda ýazylan ilkinji romanyň birnäçe dilde 400 müň ekz.tiraž bilen çap edilmegi-de, roman esasynda goýlan spektaklyň indi birnäçe ýyl bäri biziň Puşkin adyndaky teatrymyzyň sahnasyndan düşmän gelmegi-de şeýle ynsanepwer, özi keseki bolsa-da keseki çarwalara rehimdar garan ýokary adamçylykly fransuzyň şu gün üçinem nusgawy obrazynyň açylyp görkezilendigi üçin bolsa gerek.

Göni 150 ýyl mundan ozal Blokwiliň gatnaşmagy blen fransuz hem türkmen halklarynyň arasyndaky inçejigem bolsa gurlan taryhda ilkinji adamçylyk köprüsiniň biziň döwrümizde barha giňejekdigine, berkejekdigine, onuň üstündäki dostluk gatnawunyň arasynyň kesilmejekdigine biz halys ýürekden ynanýarys.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimyhammedowyň resmi sapar bilen ilkinji gezek Fransiýa gidip-gelmegi döwür, taryh, ynsan, döwletara gatnaşyklary barada az-kem oýlanýan adamyny gaty kän zat barada oýlanmaga mejbur edýär. Türkmeniň "Ýigidi ýoldaşyndan tana" diýen dana gepi diňe bir adama baha bermek üçin aýdylan pähim däl.Ol maşgala, hojalyk, ýurt, döwlet, döwlet ýolbaşçylaryna-da degişli bolmaly.Biziň milli liderimiziň Fransiýa ýaly ýurda şol ýurduň iň hormatly myhmanlarynyň biri hökmüde resmi sapara çagyrylmagynyň aňyrsynda gaty uly many ýatyr. Öz ýyrdumyzy özümiz magtaýan ýaly bolup aýtmanymyzda-da, Fransiýa ýaly ýurduň Türkmenistan bilen yktysady, medeni, syýasy  gatnaşygy berkitmek üçin edýän tagallasy biziň ýurdumyz üçinem uly abraýdyr hem biziň ýurdumyzyň  şu günki ýagdaýyna obýektiw  baha berilýändiginiň, ertirki gününe berk ynam bildirilýändiginiň, milli liderimiziň dünýäniň ösen ýurtlarynyň syýasaty derejesindäki syýasy nem yktysady ýoly alyp baryşynyň goldanýandygynyň alamatydyr.

Fransiýa ýaly yktysady, medeni taýdan ösen 1200 muzeýli, 300 neşirýatly, her ýylda 120 töwwregi film çykarýan, her günde birýarym milliondanam gowrak kitap satylýan ýurt bilen  aragatnaşyk saklamak biziň ýurdumyz üçinem hem peýdadyr hem abraýdyr. Biziň Prezidentimiziň  dünýä  medeniýetiniň Mekge-Medinesi hasap edilýän Parižiň, "Şol şäheri göreňsoň ölmek bolmaýar" diýdirýän Parižiň, ýylda sekiz million tomaşaçy girip-çykýan Juwrly Paižiň, Monmartrly, Eýfel başnýaly Parijiň hormatly myhmany bolmagy-da bir tarapdan bizde öz liderimize buýsanmak duýgusyny oýarsa, beýleki tarapdan onuň Türkmenistany ýokary medeniýetli ýurtlaryň derejesine ýetirmek isleginiň örän düýplüdigine şaýatlyk edýär.

Dünýäniň Fransiýa ýaly belent medenýetli ýurtlarynyň raýatlarynyňam gadym döwürlerden bäri Türkmenistan diýen, ol ýerlerde ady seýrek eşidilýän ili görmek, onuň milli medenieti bilen tanyşmak arzuwynyň bolandygy bizde-de buýsanç oýarýar. Uzak illere syýahat etmegi  ýeňilleşdirýän uçarlaryň, tehniki ulaglaryň ýok zamanynda, Fwropa bilen Garagum aralygyny paý-pyýada geçmäge, söwda kerwenerine daklyşyp, hatda harby ekspedisiýalara goşulyup Türkmenistany görmek üçin agyr ýola düşmäge taýýar adamlaram bolupdyr.Diýmek türkmen topragynda-da ser salar ýaly, ýatda galar ýaly, göz eglener ýaly zatlaryň bardygyny olar bilipdirler. Prezidentimiziň Fransiýa sapar etmegi meni Türkmenistana ýetmek üçin  kellesini etegine salmagha döwtalap jahankeşde adamlaryň birini, onda-da hut Fransiýanyň raýaty bolan adamy ýene bir

gezek ýatlamaga iterdi. Ol adamynyň doly ady Žorj Anri Gulibef de Blokwil. Normandiýada doglup, Parijde ýogalan. Ýaşan ömrüniň 14 aýyny bolsa türkmen obalarynyň birinde—Marynyň etegindäki Goňur obasynda geçiren.

Meniň Blokwil bilen “tanyşmagymam” 1965-nji ýylda tötänden bolup geçdi. Moskwa şäherindäki harby-taryhy arhiwde 19-njy asyr türkmen taryhyna degişli materiallary öwrenýärkäm, Ýewropa awtorlarynyň biriniň Fransiýanyň raýaty Bokwiliň tötänden türkmen topragyna düşendigini belleýän habarynyň üstünden bardym.Ýöne ol gysgajyk habardy, Bokwil hakynda hiç hili maglumat bermeýärdi. Şonuň üçünem men gözlegi dowam etdim.Ahyram isleýän maglumatyma W.I. Lenin adyndaky SSSR-iň ( häzir Russuýanyň döwlet kitaphanasy) kitaphanasynda gabat geldim.

1875-nji ýylda çap edilmegi togtadylan, Sankt-Peterburgda çykýan “Bütündünýä syýahatçysy” diýen žurnalyň 1872-nji ýldaky 1-nji hem 2-nji sanlarynda Žorž Blokwiliň “Türkmenlerdäki 14 aýlyk ýesirlik”diýen ýatlamasy fransuz dilinden terjime edilip çap edilipdir. Şol döwürde keseki bir adamynyň türkmenleriň durmuşyndan galdyran ýazgysy beýle zada ilkinji gezek gabat gelýän student üçin hasam täsin, hasam gyzykly bolup göründi. Men kitaphana telim gün gatnap, ol ýatlamany tutüşlygyna depdere göçürdim. Blokwiliň ýazgysy baradaky “14 aýlyk ýesirlik” ady bilen ýazan çaklaňja makalamy bolsa “Edebiýat we sungat” gazeti çap etdi. Men onuň bilenem kanagatlanmadym. Kän mahal geçmänkä, “Pereňli ýesiriň ýatlamasy” ady bilen powest ýazdym.Powesti şahyr Kerim Gurbannepesow şol wagt özüniň redaktorlyk edýän “Sowet edebiýaty” (häzirki “Garagum”) žurnalynda tutuşlygyna çap etdi. Soňra ol “Uruşdan soňky söweş” diýen powestler ýygyndyma girdi. Kerim Gurbannepesow ýaly şahyryň hem talapgär redaktoryň göwnünden turanam bolsa, metbugatda edebi derňewiň ýokary bahasyny alanam bolsa, ürç edilip okalanam bolsa, powest gowşakdy. Özümiň şy günki edebiýata garaýşym bilen baha bersem-ä, çap edilmäge-de onçakly mynasyp däldi. Çeperçilik derejesi pesem bolsa ony türkmen okyjylarynyň halamagynyň sebäbini bolsa powestiň döreýiş çeşmesiniň gyzyklydygy, saýry bir milletiň wekiliniň türkmen topragyna düşüp ýörmeginiň täsindiginiň özüne çekendigi bilen düşündiresim gelýär.

Ýene bir zat: Blokwil näme üçin Pariži, gowy gününi taşlap, Tährana gitmeginiň sebäbinem, Maşatdan Mara gelmeginiň asyl manysynam, öz ömür beýanynam, hatda haçan, nirede doglandygynam, näçe ýaşynda ýesir düşeninem, maşgala ýagdaýynam ýazgysynda görkezmeýärdi.Şonuň üçinem biziň käbir taryhçylarymyzam ony jansyzdyr öýdüp çaklasa, käbirleri bolsa, ýatlamasyndaky suratlara salgylanyp ony erkin hudožnikdir öýdýärdi. Emma Blokwil beýle çaklamalaryň hiç haýsysyna-da degişli däl eken.

Gahrymanynyň ömür beýanyny doly öwrenmedik awtordan gowy esere-de garaşmaly däl.Ýöne men ol meselede günäni Blikwiliň boýnundan aýryp, öz boýnuma almaly bolýaryn .Sebäbi men çeper eser ýazmak üçin doly öwrenilmedik materialdan eser ýazmaga howlukmaly däldim.Oňa soň akyl ýetirdim.Şeýlelikde men Bloklwiliň ýoluny yzarlap taryhy roman ýazmak maksady bilen onuň durmuşyny ýakyndan öwrenmegi maksat edindim, Fransiýa bilen bagkanyşykly tanyş-bilişlerime, A.Ylýasow, M.Annanepesow ýaly taryhçylarymyza ýüz

tutdum.Hatda Çingiz Aýtmatowdanam Pariždäki terjimeçilerine-da hat ýazmagyny haýyş etdim.Onuň eserlerini fransuz diline geçiren Lili Denidenem kömege garaşdym.Ol maňa şeýle jogap gaýtardy: “Hormatly Atajan! …Paryž arhiwleriniň hiç birindenem Blokwile degişli agyz dolduryp aýdar ýaly zat tapylmady.Ele salynan bary-ýogy 18 sahypalyk işde-de siziň täzeden ýazmak isleýän eseriňize goltgy bolar ýaly ýapyşalga ýok. 16.11.1987.Pariž.” Türkmen taryhçysy Myrat Annanepesowa jogap ýazan fransuz taryhçysynyň hatynda bolsa: “Hormatly professor! Haýpym gelse-de, Blokwiliň çeken suratlaryny ele salmak maňa başartmady.Parižiň milli kitaphanasynda hem siziň haýyşyňyz bilen edilen gözleglerden neyije çykmady.Kitaphananyň hünärmenleriniň aýtmaklaryna görä bolsa, gözleneýän suratlar aýatda bar bolsa, şol ýerde bolmalymyş…”

Gepiň keltesi hat üsti bilen, tanyş- bilişleriň kömegi bilen edilýän hereketlerimden uç çykmajagyna akyl ýetirenimden soň Parižе özüm gidip görmeli diýen netjä geldim. Blokwile gönüden-göni degişli maglumatlara gabat gelmesemem, Parižiň köne köçelerini, 19-njy asyryň ortalaryndan galan ymaratlary, gahrymanymyň gezen ýerlerini öz gözüm bilen görmekçidim. Şeýlelikde men 1989-njy ýylyň 2-nji dekabrynda Parižе bardym.

Meniň ýandepderimde Blokwiliň özüne, maşgala ýagdaýyna, ýaşan döwrüne, ol döwrüň syýasy, harby ýagdýlaryna degişli 26 sany sowal bardy. Özi hem goja taryhyň sahypasyna meňzäp oturan Žak Blokwil sowallaryň hemmesine özünden başga hiç kimiň tapmajak jogaplaryny gaýtardy. Men ol täsin goja çäksiz minnetdarlyk bildirip, bagty çüwen awtor hökmünde, Elen aýtmyşlaýyn, “taryhdan çykamsoň”, Parižiň salkyn howasynda gadymy köçe bilen ýeňil basyp ugradym…

Meniň Žak Blokwil bilen duşuşygym 1989-mjy ýylyň 8-nji dekabrynda bolup geçipdi. Ondan bäri ömrüň ýigrimi ýyly aýlandy.Ondan bäri Gulubeg Bloklwiliň hem Žak Blokwiliň kömegi bilen ýazylan “Keseki” atly taryhy-dokumental roman dünýä indi.

Düýpli medeni hem yktysady gatnaşygy ýok hem bolsa, “Pereňden Gyratyň owazyny getiren” (“Görogludan”) türkmen, “Rum, Pereň bolsa ýurduň” (Magtymguly) diýip, öz iliniň Fransiýa ýaly dabaralanmagyny isläp, onuň bilen gatnaşyk açmak islän türkmen indi arzuwyna ýetdi.

“ KESEKI ”

Ýazyjy Atajan Taganyň 1860-1861-nji ýyllarda türkmen obasynda bendilikde bolan Fransiýanyň raýaty Gulibef de Blokwiliň “Tükmenlerdäki 14 aýlyk ýesirlik” diýen ýazgysy esasynda okyja hödürlän “Pereňli ýesiriň ýatlamasy” atly powesti ozal türkmen, rus, özbek dillerinde 400.000 nusga bilen çap edilip, edebi derňewiň ýokary bahasyna mynasyp bolupdy.Ýöne awtor öz gahrymanynyň geçen ýoluny yzarlamak üçin Fransiýa gitmek, hem onuň ýeketäk diri galan diplomat doganoglany Žak Blokwili tapmak bilen Gulibew hakda entek taryhçylaryňam üstüni açmadyk, ýazyjy üçin örän gymmatly materiallaryny ele saldy. Netijede ozalky powestiň süňňünde “Keseki” ady bilen türkmen-fransuz gatnaşygy barada gürrüň berýän ilkinji taryhy-dokumental roman dünýä indi.

Bendilikde her hili kynçylygy başdan geçirse-de, türkmen-fransuz adamçylyk gatnaşygynyň inçejigem bolsa taryhda ilkinji köprüsini çarwa türkmenler bilen birlikde gurmaga gatnaşan, bu topraga gelende türkmeniň keseki duşmany hasaplanan, gidende türkmeniň ýakyny ýaly bolup giden Blokwil ýatlamasynda: “Gaýdamda obanyň hemme adamy öýlerinden daş çykyp, meni arzyly adam ýaly, esli ýere barýançam ýola saldy”- diýip, iki taraplaýyn hormaty beýan edýär. Ol

türkmeniň dilini, däp-dessurlaryny öwrenýär, aksakallaryň paýhasyna, çarwalaryň söweş taktikasyna, ilatyň watanperwerligine keseki gözi belen ýokary baha berýär.

“Kesekli” romanynda beýan edilýän wakalardan göni 150 ýyl geçenden soň, ýagny 2010-njy ýylyň fewralynyň başynda türkmeniň milli lideri Gurbanguly Berdimuhammedow Pariže resmi sapar bilen gitmek arkaly Fransiýanyň raýaty Blokwiliň gatnaşmagynda düýbi tutulan fransuz-türkmen gatnaşyk köprüsiniň täzeden, has berk, has giň hem mizemez edilip gurulmagyny gazandy.Şol türkmen-fransuz dostluk köprüsiniň üstündäki ikitaraplaýyn gatnawuň hiç mahal arasy kesilmez.

“Keseki” romanynyň baş gahrymany Blokwiliň taryhy-dokumental keşbiniň dürli dünýägaraýyşly halklaryň arasynda adamçylyk gatnaşygyny oýarmagyň şu gün üçünem wajypdygyny tekrarkaýan nusga bolup hereket edýändigi bolsa eseriň esasy leýtmotiwidir.

---------------------------